# Žül Wern

# ÝERIŇ DAŞ-TÖWEREGINE 80 GÜNDE



**Žül Wern. Ýeriň daş-töweregine 80 günde.**

Edebiýatyň ylmy-fantastika žanrynyň düýbüni tutujy meşhur ýazyjy Žül Werniň eserlerindäki gahrymanlar dünýä ýüzüne ýeriň üsti, ýeriň asty, suwuň üsti, suwuň asty, howa boýunça syýahat etdiler. Olar syýahat üçin adaty ulag serişdelerinden başlap, akyla sygmajak täsin serişdeleri hem ulanýarlar. Olar diňe bir ýer ýüzüne däl, aýa we beýleki planetalara hem aýlanýarlar. Şeýle «Täsin başdan geçirmeler» ylmyň dürli pudagyna degişli gyzykly maglumatlar bilen baýlaşdyrylýar.

Eliňizdäki «Ýeriň daş-töweregine 80 günde» atly eser hem Žül Werniň ylmy-fantastika eserleriniň iň naýbaşylarynyň biridir.

Rus dilinden terjime eden Gurbangeldi MÄMMETSÄHEDOW.

# Terjimeçiden

Adatça, ýazyjylar öz durmuş tejribesine esaslanyp, gören, başyndan geçiren wakalary hakynda ýazýarlar. Muňa göz ýetirmek üçin Žül Werniň döwürdeşleri Mopassany, Turgenewi, Bret-Garty ýatlamak ýeterlik bolsa gerek. Olaryň döreden eserleriniň hemmesi öz şahsy durmuşynda galan täsirlere esaslanýar. Žýul Wern babatynda aýdanymyzda bolsa bu düýbünden başgaça. Ol Aýy, beýleki planetalary, suw astyny, ýeriň jümmüşini hasap etmänimizde, hiç haçan Afrikada-da, Awstraliýada-da, Hindistandyr Argentinada-da, Gimalaý daglarynda-da, Nil deryasynda we beýleki künjeklerde-de bolup görmändir. Muňa garamazdan onuň öz eserlerinde suratlandyran ajaýyp wakalary okyjylaryň hyýalyny özüne bendi etdi. Onuň galamyndan çykan ajaýyp eserleriň wagt geçdigisaýy arzysy ýitmän, gaýtda, gymmaty artýar. Çünki, indi ol eserler taryhy gymmatlyga hem eýe bolýarlar.

Žül Werniň bu meşhur eseri dünýäniň ençeme dillerine terjime edildi, bu eser boýunça dünýäniň iň meşhur kinostudiýalarynda çeper filmler, multiplikasion filmler döredildi, bu roman boýunça ýazylan pýesalar dünýäniň iň uly teatrlarynyň sahnalarynda goýlup, sungat muşdaklarynyň söýgüsini gazandy.

Bu eseriň dünýäniň dürli künjeklerinde ýaşaýan, dürli dillerde gepleýän, dürli halklaryň wekilleriniň biragyzdan söýgüsini gazanyp, görlüp-eşidilmedik meşhurlyga eýe bolmagynyň sebäbi nämedekä?

Bu sowala kesgitli jogap bermek mümkin däl, çünki ýeriň daş-töweregine aýlanylan halatynda gije-gündiziň kemelmegine ýa-da artmagyna esaslanýan bu romanyň özüne çekijilik babatda-da, ylmylyk babatda-da artykmaç taraplaryny birbada sanap çykaýmak aňsat däl. Eseriň gahrymanlarynyň henize bu güne çenli görlüp-eşidilmedik jedel sebäpli Ýeriň daş-töweregine segsen günde aýlanmaga ugramaklary, olaryň duş gelýän, haýran galaýmaly wakalary, syýahat edilýän ýerleriň ösümlik we haýwanat dünýäsi... elbetde okyjyny sähelçe salym hem biparh goýmasa gerek.

«Ýeriň daş-töweregine 80 günde» amala aşyryljak bu haýran

galaýmaly syýahat, okyjynyň 80 ýylda hem ýadyndan çykmasa gerek.

Onda näme, «Ýeriň daş-töweregine 80 günde» syýahat etmäge ýola düşeliň.

Gurbangeldi Mämmetsähedow.

# BIRINJI BAŞ

*Bu başda Paspartunyň Fileas Foga gulluga durýanlygy hakynda özara şertnama baglaşylýar.*

1814-nji ýylda Şeridanyň dünýeden öten öýi — Berlington Gardens, Sewil Rou köçesiniň ýedinji jaýynda, 1872-nji ýylda eskwaýr[1] Fileas Fog ýaşaýardy. Londonyň Özgertmeler klubunyň iň özboluşly hem täsin agzasy bolan bu adam il gözüne düşmejek bolup jan edýärdi.

Şunlukda, öz zehini bilen tutuş Angliýany gelşigine getiren, suhanwerlikde şeýle meşhurlyk gazanan Şeridanyň ornuny, ýaňky gürrüňini edýän adamymyz Fileas Fog çalyşdy. Bu geň adam barada diňe onuň iňlis jemgyýetiniň ýokary derejesine degişlidigi, oňat terbiýe alanlygy, onsoňam örän görmegeýligi mälimdi.

Ol Baýrona meňzeýär diýip gürrüň edýärdiler (dogry, diňe ýüzi çalymdaşdy, çünki onuň aýaklarynyň ikisem abatdy), onsoňam bu Baýronyň hakyky Baýrondan tapawutlylykda murty hem-de sakalsapysy bardy. Üstesine-de, bu Baýron «dünýäni suw alsa topugyna çykmajak» diýilýänlerdendi. Zadyň gamyny iýmänsoň, müň ýyl ýaşasa-da garrajak adam däldi.

Fileas Foguň orta barmak iňlisdigine şek-şübhe ýok. Ýöne onuň asly Londonly däl bolsa gerek. Biržada-da, bankda-da, şäheriň beýleki edaralarynda-da asyl onuň garasyny gören adam ýokdy. Londonyň gämi duralgalarynyň ýa bolmasa gämi ussahanalarynyňam hiç-haýsysyna Fileas Foga degişli gämi barmandyr. Bu asylzadanyň ady hökümet derňew ýa-da beýleki toparlarynyňam hiç-biriniň sanawynda durmaýardy. Onuň ady aklawjylar bileleşiginiň sanawynda-da, Templyň, Linkolnyň ýa-da Greýiň hukukçylar korporasiýalarynyň sanawynda-da ýokdy. Asyl ol ýokary raýatlyk Kazyýetinde hem, patyşalyk Kazyýetinde hem, Küşt palatasynda hem, Ybadathana Kazyýetinde hem hiç

1 Eskwaýr - iňlis jemgyýetinde synpy gelip çykyşy boýunça berilýän abraýly dereje.

haçan çykyş etmändi. Ol senagatçam däldi, ekerançam. Söwdagär-täjirem däldi. Onuň «Britan patyşalygynyň jemgyýetine-de», «London institutyna-da», «Amaly-haşam institutyna-da», «Rasseliň institutyna-da», «Günbatar edebiýaty institutyna-da», «Hukuk institutyna-da», galyberse-de onuň alyhezretleri patyşa gyzynyň howandarlyk edýän «Ylym we sungat institutyna-da» eger-eger, birjik-de dahyly ýokdy. Şeýle hem ol Angliýanyň paýtagtynda giňden ýaýran, köpsanly jemgyýetleriňem hiç birine degişli däldi. «Sazçylyk» jemgyýetinden başlap, zyýanly mör-möjekleri ýok etmek üçin döredilen «Entomologiýa» jemgyýetine çenli, birisine dagy agza bolaýsa nädersiň?

Fileas Fog Özgertmeler klubunyň agzasydy, bar bolany şo.

Bu bir töwra adamyň nädip şeýle abraýly assosiasianyň agzasy bolanlygyna kimdir biri geň galaýsa, onda ol bilip goýsun. Ol doganlar Beringleriň hödürnamasy esasynda Özgertmeler klubuna agza saýlandy. Olaryň bankynda Fileas Foguň goýumy bardy. Özem çek ýazan dessine şo bada puly tölenýärdi. Onuň jemgyýetde idegli adam bolmagynyň esasy sebäbem, ine şu ýagdaýlar bilen baglanyşyklydy.

Fileas Fog baýmyka? Bolman näme, elbetde baý. Onda ol nädip baýady-ka? Ynha, bu sowala welin, onuň özünden soraýmasaň, başga hiç kim, hatda, hemme ýere burnuny sokup ýören, bar zatdan habarly adamlaram jogap berip bilmez. Ol jalaýlyk edip pul sowrup ýören adam däldi, ýöne gysganjam däldi. Haýyr-sahawat üçin, ýa bolmasa başga bir il bähbitli asylly işe gerek bolsa ol puluny gysganman, derrew ýetişerdi. Ýöne kömek etse-de, diline alyp ýörmezdi, köplenç adyny gizlärdi.

Bir söz bilen aýdaňda muň ýaly tutuk, domma adamy göz öňüne getirmegem kyn. Geplände-de näçe söz gerek bolsa, ylaýjak şonça söz aýdar. Artykmaç bir agyz söz aýtjak gümany ýokdur. Näçe dymma boldugyça, ol şonça-da syrly görünýärdi. Ýöne, onuň ýaşaýşy hemmeleriň gözüniň alnynda; günüň-gününe edil daşa ýazylan ýaly şol bir edýänini takyk ýerine ýetirerdi. «Muň ýaly durmuşa aňyrsy nädip kanagat edýärkä?» diýäýmelidir.

Ol syýahata gidip gördümikä? Ahmal. Ýer togalagynyň kartasyny-ha şundan gowy bilýän ýok. Näçe daşda ýerleşen künjek bolaýsyn, munda ol hakynda anyk maglumat bardyr. Klubda haýsydyr bir ýiten ýa-da azaşan syýahatçy barada tükeniksiz jedel edilýändir. Bu-da baryp, düşündirip bir-iki agyz aýdar-da jedeliň soňuna nokat goýaýar. Ol bolup biläýjek ahyrky netijäni aýnada gören ýaly aýdar. Wakalaryň gidişem edil şoň aýdyşy ýaly bolar. Edil halatly ýaly, öňünden bilip durandyr. Göýä bu adam hemme ýere baryp gören ýalydyr. Bolmanda hyýalynda, onuň ähli ýere aýlanan bolmagam ahmal.

Muňa garamazdan, Fileas Foguň indi ençeme ýyldyr, Londondan çykyp görmedigi ilik-düwme mälimdi. Ony ýakyndan tanaýanlar, oňa diňe öýünden kluba barýarka, ýa-da klubdan öýüne gelýärkä gabat geläýmeseň, başga hiç ýerde gabat gelmejegiňi tekrarlaýarlar. Fileas Fog kluba gelibem bir-ä gazet okardy, birem kart oýnardy. Gepleşilmän oýnalýan bu oýun, onuň häsiýetine kybap gelip durdy. Özem köplenç utardy. Ýöne onuň utuşlary hiç mahal gapjygyna girmezdi. Ol ähli utanyny haýyr-sahawat üçin sarp ederdi. Ýeri gelende aýtsak jenap Fog utjak bolubam oýnanokdy. Oýun onuň üçin kynçylyklar bilen göreşmekdi, bäsleşikdi. Özem onuň üçin bir ýaňa gitmeli däl, azap etmeli däl. Oturan ýeriňden göreşip oturmaly kynçylyk bilen; kän bir ýadadanogam. Bu-da, onuň häsiýetine gabat geýärdi.

Mälim bolşuna görä, Fileas Fog sopbaş sallahdy. Abraýly adamlaryň arasynda oň ýalysy-da gabat geläýýär. Onuň garyndaşam ýokdy, dostam. Ana, muň ýalysy welin, juda seýrek duşýar. Sewil Rou köçesindäki jaýda onuň ýekeje özi ýaşaýardy. Öýüne gelýänem ýokdy. Onuň şahsy durmuşy hakynda gep-gürrüňem edilenokdy. Ýekeje adam oňa hyzmat ederdi. Ertirligini hem-de günorta naharyny ol klubda, takyk bellenilen, şol bir wagtda edinerdi. Özem mydama şol bir zalda, şol bir stolda naharlanardy. Kart oýnaýan ýoldaşlarynam, gaýry adamlaram hiç mahal nahara çagyrmazdy, asla hödürem etmezdi. Laýyk ýary gije bolanda, ol öýüne gaýdardy. Özgertmeler klubunyň müşderileriniň gije ýatmaklary üçin

taýýarlan, ähli amatlyklary bolan ajaýyp otaglarynda ol hiç haçan ýatymlyga galmandy. Ýigrimi dört sagadyň onusyny ol öýde, ýa-ha düşekde, ýa-da özüne seredip, sypanyp geçirerdi. Fileas Fog gezim edende, klubuň syrçaly mermer düşelen zalynda ýa-da porfir daşyndan edilen, lowurdap duran, on iki sany sütüniň üstünde ýerleşen, benewşe aýnaly gümmeziň astyndaky aýlaw eýwanda haýaljakdan ädimläp gezmelärdi. Klubuň aşhanasy, garbanyşhanasy, balyk tutulýan torlary, süýt-gatyk hojalygy, onuň ertirligini hem günorta naharyny aňrybaş naz-u-nygmat bilen üpjün ederdi; uzyn gara geýimli, aýaklary, aşagyna keçe tutulan gara köwüşli, salykatly, heýkel ýaly sessiz-üýnsiz hyzmatkärler, üýtgeşik farfor gapda nahar äberýärdiler; stola sakson dokmasyndan edilen owadan saçak ýazylyp, ol dalçyna ýa-da benewşe gülýapragyna ýatyrylan şerri, portweýn ýa-da klaret içgilerini guýmak üçin niýetlenen gadymy hrustal bugurlar bilen bezelerdi; soňundanam, klubuň buýsanjy bolan, bu içgilere ýakymly tagam berýän, buz äbererdiler. Ol buzlar uly çykdajy edilip, hut Amerikanyň köllerinden, Londona ýörite getirilerdi.

Şeýdip, ýaşaýan adama bir töwra, täkmekli diýýän bolsalar, onda bir töwra, täkmekli bolup ýaşamak ýamanam däl ýaly.

Sewil-roudaky jaý aňrybaş bezelen bolmasa-da, hemme zady üpjünje jaýdy. Hojaýynyň şo bir häsiýeti bolansoň, oňa hyzmat etmegem kyn däldi. Emma, Fileas Fog özüniň ýeke-täk hyzmatkärinden, işine örän jür bolmagy talap ederdi. Ediljek şol gün, 2-nji oktýabrda Fileas Fog öz hyzmatkäri Jeýms Forsteri işinden boşadypdy. Çünki ol, hojaýynyna sakal syrmak üçin suwy Farengeýt boýunça segsen alty gradus ýylatmagyň deregine, segsen dört gradus ýyladaýypdyr. Ynha, indem Fileas Fog täze hymatkäriň gelerine garaşyp otyrdy. Ol ir sagat on birden, on ikiň ýaryna çenli gelmelidi.

Fileas Fog kürside ökjelerini degşirip, elini dyzynyň üstüne goýup, kellesini ýokary tutup, edil dabaraly çärä gatnaşýan esger ýaly, dim-dik bolup otyrdy hem-de pejiň ýokarsyndaky, sekundy, minudy, sagady, güni, hepdäni, aýy, ýyly, garaz birbada baryny

görkezýän sagadyň tiline seredip otyrdy. Laýyk on ikiň ýarynda jenap Fog öňküje endigi boýunça öýden çykyp, Özgertmeler klubuna ugramalydy.

Şu pursat hem Fileas Foguň oturan kiçijik otagynyň gapysy kakyldy.

Işden boşadylan Jeýms Forster:

— Täze hyzmatkär geldi. — diýip, mälim etdi.

Otaga otuz töwregi ýaşan jahyl baş egip girdi.

— Siz fransuz, adyňyzam Jonmy? — diýip, Fileas Fog sorady.

— Merhemet ediň, Žan. — diýip, ol jogap berdi. — Žan Paspartu[2]. Bireýýäm dakylan lakam bu. Her-hili ýagdaý bolsa-da baş alyp çykýanlygym, şondanam görnüp durandyr. Jenap, men özümi dogruçyl adam diýip hasaplaýaryn. Ýöne, şeýle-de bolsa işläp görmedik kärim ýok diýen ýaly. Gezende aýdymçam boldum. Sirkde atam çapdym. Çapyp barýan atyň üstünde aşyr atamda, Leotaryň edil özi diýdirýärdim. Simiň üstünde tans etmekde Blondenden pes oturamokdym. Soňundanam, özümiň ukyp-başarnygymy has gowy peýdalanaýyn diýip, gimnastikadan okuwçylara sapak berdim. Iň soňam, Parižde ýangyn söndüriji bolup işledim. Ýangynlaryň gaty myrtarlarynyň birnäçesiniň öňüni almaga gatnaşanym, zähmet depderçämde ýazylgy durandyr. Ynha, indem Fransiýany terk edenime bäş ýyl boldy. Öýde, hojalygyň asuda durmuşynam bir göreýin diýip, Angliýa-da hyzmatkär bolup işleýän. Işsiz galamsoň, «Jenap Fileas Fog gaty düzgün-tertipli adam, özem Birleşen patyşalykda şoň ýaly öýdeçil adam ýok, asyl öýünden çykanok» diýip eşitdim-de, gaýdyberdim. Meň bar arzuwym Paspartu diýen adymy unudyp asuda durmuşda ýaşamak...

— Siz meniň diýen adamym, Paspartu. — diýip, Fileas Fog jogap berdi. — Maňa sizi salgy berdiler. Siz hakynda mende gowy maglumatlar bar. Meniň şertlerim bilen siz tanyşmy?

— Hawa, jenap.

— Ýagşy. Şu mahal siziň sagadyňyz näçe boldy?

---

2 Paspartu - fransuzça «passe partout» sözünden, sözme-söz «hemme ýerden geçip bilýän» diýen many berýär; Bu ýerde ýeser, ugur tapyjy diýen manyda.

— On bir sagat ýigrimi iki minut — diýip, Paspartu jalbarynyň gapdal jübüsiniň jümmüşinden, kümüşden guýlan mähnet sagadyny çykaryp durşuna seslendi.

— Siziň sagadyňyz yza galýar — diýip, jenap Fog aýtdy.

— Bagyşlaň jenap, ýöne beýle bolmaga haky ýok.

— Siziň sagadyňyz dört minut yza galýar. Ýöne, bu hiç. Esasy zat tapawudyny bilmek. Şeýlelikde, şu pursatdan — ýagny, bir müň sekiz ýüz ýetmiş ikinji ýylyň, ikinji oktýabrynda, çarşenbe güni irden, on bir sagat ýigrimi dokuz minutdan başlap siz maňa gulluga durduňyz.

Şeý diýdi-de, Fileas Fog ýerinden turdy. Başga kelam agyz söz aýtman, çep eli bilen şlýapasyny kakyp aldy-da, ony kellesine oklap çykyp gitdi.

Paspartu daşky gapynyň gürpüldäp ýapylanyny eşitdi. Diýmek, onuň täze hojaýyny çykyp gitdi; onuň yzysüre ýene-de gapy gürpüldedi. Bu bolsa ozalky hyzmatkär Forster çykan bolmaly.

Silwer Rou köçesindäki jaýda Paspartunyň bir özi galdy.

# IKINJI BAŞ

*Bu başda Paspartu, ahyrsoňy özüniň tüýs diýen adamysyna sataşandygyna göz ýetirýär.*

— Çypbakaý çynym, walla, är ýigitler henizem bar eken-ow. Täze hojaýynym ýaly gerçegi, diňe Týusso hanymyň muzeýinden[3] tapaýmasaň, başga hiç ýerden tapmarsyň! — diýip, birneme aljyrap sussy basylan Paspartu hümürdedi.

Londonda uly meşhurlyga eýe bolan Týusso hanymyň muzeýindäki «gerçekleriň» mumdan ýasalandygyny aýtmak gerek. Ol şekiller edil diri ýaly, bir aýby gürläp bilenoklar.

Fileas Fog bilen birnäçe minut gürleşende, Paspartu özüniň

3 Týusso hanymyň muzeýi häzirki döwürde hem uly meşhurlyga eýe. Onda meşhur şahsyýetleriň, syýasatçylaryň, türgenleriň, medeniýet we sungat işgärleriniň şekilleri hakyky ölçeglerinde mumdan ýasalýar we adamlar diri ýaly ýasalan ol şekiller bilen surata düşýärler.

geljekki hojaýynyny ýüzleýrägem bolsa, üns berip synlamaga ýetişipdi. Ol kyrk ýaşlarynda, uzyn boýly, kümüşsowult murty bilen sakalsapysy ýüzüne gelşik berip duran, sadap dişli, bugdaýreňk, görmegeýden asylly adamdy. Maňlaýynda dagy ýekeje gasynam ýokdy. Süňkbaşy iri, daýawlygam onuň kaddy-kamatyna zeper ýetirmän, gaýta ony hasam peşeneli görkezýärdi. Synçy kişiler bu zeýilli adamy «äwmezek ýaly görünse-de, hars urup ýör» diýip suratlandyrýarlar. Bu häsiýet az gürläp, köp iş edýän adamlara mahsusdyr. Derýa ýaly giň, parasatly, nazarkerde, daşyndan biperwaý ýaly görünýän bu adam, iňlis sowukganlylygyna mahsus sypatlary birkemsiz özünde jemleýärdi. Birleşen patyşalykda bu zeýilli adamlar az däldi. Olary Anželika Kaufman öz suratlarynda, az-kem durmuşdan üzňerägem bolsa, örän ajaýyp janlandyrýar. Şu ýasawy adamlar, durmuşda nähili ýagdaý ýüze çyksa-da, bir durkuny saklaýarlar. Edil «Lera» ýa-da «Ernşou» firmalarynyň ýasaýan sagatlary ýaly üýtgejek gümany ýokdur, endamynyň ýeke gyly gymyldamaz. Hakykatdanam, Fileas Fog takyklygyň janlyja nusgasydy. Onuň oturşuny-turşuny synlasaň, el-aýagynyň hereketem muň şeýledigini aýdyň görkezip durandyr. Aslynda, synlamagy başarsaň, ynsan-u-haýwanyň häsiýetini el-aýagy görkezýändir.

Fileas Fog hiç mahal howlukmasa-da, barmaly ýerine laýyk wagtynda barýan, özem her ädimini hasaplap basýan, takyk hasapçyl adamlaryň hilindendi. Ol mydama iň ýakyn ýoly saýlap alar, artykmaç ýekeje ädimem ätmez. Töweregine hem garanjaklamaz, asyl artykmaç ýekeje hereket etjek gümany ýokdur. Onuň mejnun-däli bolup göçüp oturanynam, gam laýyna batyp oturanynam hiç mahal gören kişi ýokdy. Bu adam dünýäde iň äwmezek hemem iň ýetişikli adamdy. Bu zeýilli adamyň tenhalykda, özem dogrusyndan gelsek, jemgyýetden üzňe ýaşajagy öz-özünden düşnüklidir. Ol durmuşda, isleseň-islemeseň adamlar bilen süýkenişmeseň bolmajagyny bilýärdi. Süýkenişmegem, elbetde, hereketi haýalladýar. Şoň üçinem ol, jemagatdan çeträkde bolanyny kem görenokdy.

Paspartu lakamly Žan barada aýtsak, ol hakyky parižlidi. Ýöne-möne parižli hem däl, tutuş durky, on iki süňňi bilen parižlidi. Ol

indi bäş ýyl bäri Angliýada ýaşap, hyzmatkär bolup işleýärdi. Özüne Londondan oňşuklyja hojaýyn gözleýärdi.

Ol özlerinden göwnühoş, gözlerini çakgyň çüýi ýaly edip, tumşuklaryny al-asmana tutup ýören Fronten ýa Maskaril ýalaky utançsyz bihaýalaryň hiç haýsyna meňzemeýärdi. Ýok! Paspartu dogruçyl ýigitdi. Alçak ýüzli, mydama nämedir bir zat iýmäge ýa-da kimdir birini ogşamaga häzirlenip duran pökgüje dodakly, mylaýymdan hyzmata gaýym ýigitdi. Togalak kellesi ony gelşigine getirip durdy. Özem, şol togalak kelläni dosty üçin bermäge, derhal taýyndy. Mawy gözli bu ýigdekçäň gyzaryp duran duluklary şeýle bir galyňdy welin, onuň özüniň duluklaryny görýän bolmagam ahmal. Uzyn boýly, deşlek, çiginleri towlam-towlam bolup duran bu ýigit oglanlyk döwründen bäri yzygiderli maşk edensoň, edil Gerkules ýaly güýçlidi. Onuň gara saçy haçan görseň hüžžerilip durdy. Eger-de gadymy döwrüň heýkeltaraşlary Minerwanyň saçlaryny rejelemegiň on sekiz usulyny bilen bolsalar, Paspartu öz buýrasyny taraşlamagyň diňe bir usulyny bilýärdi: iki-üç sapar daragy geçirer, wessalam — iş tamam.

Bu ýňdarma ýigidiň Fileas Fog bilen oňuşjagyny-oňuşmajagyny öňünden aýtmak mümkin däl. Paspartu hojaýynynyň isleýşi ýaly, birkemsiz takyk hem ýetişikli hyzmatkär bolup bilermikä? Muny iş ýüzünde göräýmeseň pylan diýmek kyn. Ýaşlygyny göçgünli geçiren Paspartunyň göwni indi, ümsümje durmuşy küýseýärdi. Iňlis jenaplarynyň derýa ýaly giňligi, hasapçyllygy hakynda ýoň bolan gürrüňleri birneme diňlänsoň, ol nesibesini gözlemäge Angliýa geldi. Ýöne, häzire çenli oňky ugruna bolmady. Ol hiç ýerde ymykly ornaşmady. Ýogsa, ep-esli ýerde kül döküpdi. Oňa sataşan hojaýyn özdiýenli, ýelesine-ygyna düşer ýaly däl bolup çykaýýardy. Özlerem nirede näme barka diýip göçüp-gonup ýördüler. Onuň soňky hojaýyny, mejlisiň agzasy ýaş lord[4] Longsferrini, polisiýa işgärleri Gaý Marketiň «balykgulakly zalynda» geçirilen agşamdan köplenç göterip äkelerdiler. Paspartu hojaýynyny sylansoň, oňa gowulyk üçin «eýle bolma, beýle bolma» diýdi. Onuň ýagşylyk diýip edenini,

4 Lord - Angliýada iň ýokary synpy dereje.

ýamanlyk diýip kabul etdiler. Onsoň, Paspartu o taýyny terk etmeli boldy. Soňundanam ol, eskwaýr Fileas Fog hyzmatkär gözleýämiş diýip eşitdi. Ol bu jenap barada ondan-mundan sorag-ideg etdi. Şeýle birsydyrgyn durmuşda ýaşaýan, her gün öýünden örýän, hiç ýere syýahata gitmeýän, öýünden ýeke günem hiç ýaňa çykmaýan bu adam Paspartuny doly kanagatlandyrýardy. Şonuň üçinem ol, okyjymyza mälim bolşy ýaly Fileas Foguň ýanyna baryp, oňa gulluga durdy.

Şeýlelikde, sagat on ikiň ýary boldy. Sewil Rou köçesindäki jaýda Paspartunyň bir özüdi. Ol bada-bat özüniň täze ýaşamaly ýerini boýdan-başa, ýerzeminden başlap, üçegine çenli gözden geçirdi. Dokuzy düzüw, abadan, päkize hemem tertip-düzgün pugta berjaý edilýän bu jaý onuň göwnünden turdy. Ol ullakan balykgulagy ýatladýardy. Özem bu balykgulak gaz bilen ýyladylýardy hem-de ýagtyldylýardy. Paspartu üçünji gatda özi üçin niýetlenen otagy aňsatlyk bilen tapdy. Otag onuň göwnünden turdy. Elektrik jaňlary hem-de gepleşik turbajyklarynyň kömegi arkaly, ol ikinji we birinji gatlardaky otaglar bilen baglanyşýardy. Pejiň üstünde, Fileas Foguň ýatýan otagyndaky sagat bilen özara baglaşdyrylan elektrik sagady durdy. Bu sagatlaryň ikisiniňem jaňlary sekuntma-sekunt deňje urýardy. «Bu-ha, tüýs meň diýenim boldy, bu-ha tüýs meň diýenim boldy» diýip, Paspartu şol içinden öwran-öwran gaýtalap ýördi.

Öz otagynda, sagadyň üstünde diwara çüýlenen kagyza onuň gözi düşdi. Ol onuň gündelik ýerine ýetirmeli işleriniň tertipnamasy eken. Paspartu ony okady. Onda sagat sekizde Flieas Fog turansoň, ol tä sagat on ikiň ýarynda Özgertmeler klubuna ugraýança hyzmatkäriň etmeli işleri jikme-jik görkezilipdir. Sekiz sagat ýigrimi üç minutda — ýaga jyzyrdadylan çörek bilen çaý äbermek, dokuz sagat otuz ýedi minutda — sakal syrmak üçin suw taýýarlamak, ona ýigrimi minut galanda saç rejelemek we şuňa meňzeşler onda takyk ýazylypdyr. Soňundanam, ir sagat on ikiň ýaryndan tä ýarygijä çenli, ýagny, jenabyň ýatar wagtyna deňiç edilmeli işler tertiplenip görkezilipdir. Paspartu bu tertipnamany hezil edip okady, soňam ýat tutup başlady.

Jenabyň geýim-gejimi barada aýtsak, ol saýlanyp-seçilip

alnypdyr, özem örän ajaýyp saklanypdyr. Jalbarlaryň, kürtekçeleriň ýa-da beýleki geýimleriň her haýsynyň tertip belgisi bolup, onda giriş hem-de çykyş hasaplary, möwsüme laýyklykda olary haçan geýmelidigi görkezilipdir. Aýakgabam, edil şeýle nusgalyk derejede saklanýan ekeni.

Gepiň tümmek ýeri, meşhur ýöne ýoluny urduran Şeridanyň ýaşan döwründe akan-dökän Sewil-roudaky bu jaý indi hemme zady ýerbe-ýer, abadan, dokuzy düzüw jaýdy. Jaýda kitaphana-da ýokdy, kitabam. Çünki, olaryň jenap Fog üçin zerurlygy ýokdy. Özgertmeler kluby iki sany kitaphanany öz müşderileriniň ygtyýaryna beripdi. Olaryň birinde suhanwerlik sungatyna degişli kitaplar bolsa, beýlekisinde hukuk we syýasy meselelere degişli kitaplar bardy. Fileas Foguň ýatýan otagynda orta ululykda ýanmaýan sandyk bardy. Ol özündäki gymmatlyklary ýangyndanam, ogrulardanam ygtybarly goraýardy. Öýde aw ýaraglaram, harby ýaraglaram ýokdy. Bularyň hemmesi hojaýynyň parahat durmuşyndan habar berýärdi.

Özüniň täze ýaşamaly ýerini ilik-düwme gözden geçirip, Paspartu şatlykdan ýaňa elini owkalady. Erni bir ýere gelmedi. Begenjine:

— Ine bu maňa tüýs laýyk, asyl meň isleýşim ýaly! Jenap Fog bilen biz äbede-jüýje bolarys. Öýdeçi diýibem şuňa diýäýseň! Daşa ýazylan ýaly takyklygyna bir seretsene! Adam däl, ediljek maşynyň bar-da! Asyl tüýs jüpüne düşäýdi, men maşyna gulluk edäýerin, eger-eger a-aý diýmen — diýip, öz ýanyndan hümürdedi.

## ÜÇÜNJI BAŞ

*Bu başda Fileas Foga juda gymmat düşäýmegi ahmal bolan gürrüň bolýar.*

Fileas Fog sagat on ikiň ýarynda Sewil roudaky öýünden çykdy hem-de sag aýagy bilen bäş ýüz ýetmiş bäş, çep aýagy bilen bäş ýüz ýetmiş alty ädim ädensoň Özgertmeler klubuna ýetdi. Pel-Meldäki bu ajaýyp binanyň bahasy üç milliondan arzan däldi.

Fileas Fog göni naharhana bardy. Naharhananyň penjireleriniň

dokuzysy hem ajaýyp seýilgähe bakyp durdy. Bu günler güýz eýýämden baglara altyn öwüşgin çaýypdy. Ol özüniň hemişeki oturýan stolunyň başyna geçdi. Stoluň üstünde onuň çemçedir çarşaklary taýyn durdy. Ertirlik dürli işdäaçarlardan, üstüne «riding» diýlip atlandyrylýan diýseň datly jazly bulamak damdyrylyp buglanan balykdan, kömelegiň çorbasy guýlan sygryň çylka etinden taýýarlanan kakmaçdan, tokaý miweleri bilen yşgyn goşulyp bişirilen gutapdan hem-de bir bölek çester peýnirinden ybaratdy. Iň soňundan bolsa, ýörite Özgertmeler klubunyň sargydy boýunça ösdürilip ýetişdirilen ajaýyp guşdyrnak çaýdan birnäçe bulgur äberilýärdi.

On iki sagat kyrk ýedi minutda biziň jenabymyz ýerinden turdy-da, diwarlaryndan gymmatbaha çarçuwaly suratlar asylan, bezemen, giň otaga bardy. Ol ýerde hyzmatkär oňa «Taýms» gazetiniň täze sanyny äberdi. Fileas Fog onuň sahypalaryny yhlas bilen kesişdirdi. Onuň çakganlyk bilen sahypalary kesişdirişi, bu çylşyrymly işe onuň köp ýyllaryň dowamynda werziş bolup gidenliginden habar berýärdi. Fileas Fog üç sagat kyrk bäş minuta çenli gazet okamaga güýmendi. Soňundanam, günorta naharyna çenli «Standarty» okady. Günorta nahary hem ertirlik naharyna meňzäp durdy. Bir tapawudy günorta naharyna «Britan patyşalyk sousy» atly jazly bulamak goşulýardy.

Ýigrimi minudy kem altyda biziň jenabymyz ýene-de uly otaga dolanyp geldi hem-de «Morning kronikl» gazetini okamaga başlady.

Ýene ýarym sagatdan, Özgertmeler klubunyň agzalarynyň birnäçesi zala geldiler-de, ot ýanyp duran ojagyň başyna geçdiler. Bular Fileas Foguň özi ýaly ölemen kartkeşler, inžener Endrýu Stýuart, bankçylar Jon Selliwan bilen Semýuel Fallentin, piwo taýýarlaýan Tomas Flenagan hem-de Angliýa bankynyň iş dolandyryjysynyň kömekçileriniň biri Gotýe Ralf dagydy. Olaryň hemmesi baý adamlar bolup, hatda senagat hem-de maliýe boýunça iň ýokary derejeli adamlary özünde birleşdirýän şu klubda hem sylaglydylar.

— Hawa, Ralf ogurlyk bilen baglanyşykly işler nähili barýar? — diýip, Tomas Flenagan sorady.

— Bank öz pullaryndan el ýuwmaly bolaýmasa — diýip, Endrýu Stýuart gürrüňe goşuldy.

— Men-ä tersine, eýdip-beýdip ogryny tutjagymyza ynanýan — diýip, Gotýe Ralf onuň bilen ylalaşmady. — Biz polisiýanyň iň ýeser işgärlerini Amerika-da iberdik, Ýewropa-da, olar esasy port şäherleriniň ählisinde bar. Onsoň, bu jenaba sypaýmak aňsat düşmese gerek.

— Diýmek ogrynyň daş sypaty mälim-dä? — diýip, Endrýu Stýuart sorady.

— Ilki bilen-ä ol ogry däl — diýip, Gotýe Ralf çyny bilen aýtdy.

— O nähili! Elli bäş müň funt sterling puly çilen deýýus ogry däl-de kim bolýar?!

— Ýok, ogry däl — diýip, Gotýe Ralf gaýtalady.

— Diýmek, ol peýdakeş bolýar-da? — diýip, Jon Selliwan sorady.

— «Morning kronikl» ol asylly adam diýip tekrarlaýar.

Bu sözler Fileas Foga degişlidi. Ol töwereginde üýşüp duran gazetleriň arasyndan kellesini göterdi, öz ýoldaşlaryna salam berdi. Olaram onuň bilen salamalaşdylar.

Gürrüňi edilýän bu waka üç gün mundan ozal, sentýabryň 29-yna bolupdy. Birleşen patyşalygyň ähli gazetleri bu barada uly şowhun turuzyp, yhlas bilen ýazýardylar. Angliýa bankynyň baş pulhanaçysynyň edara jaýyndan ägirt uly mukdarda pul — elli bäş müň funt sterling ogurlanypdy.

«Muň ýaly uly ogurlyk nädip bolduka?» diýip, adamlaryň haýran galyp berýän sowallaryna bankyň dolandyryjysynyň kömekçisi Gotýe Ralf «Şo mahal pulhanaçy girdeji kitapçasyna üç şilling alty pensiň girenini belläp duran ekeni. Hemme kişä seredip bolýamy, näme?» diýip, jogap bermek bilen çäklenýärdi.

Bu waka hasam aýdyň bolar ýaly bir zady bellemek gerek. «Angliýa banky» diýlip atlandyrylýan bu ajaýyp edara, öz müşderileriniň sarpasyny örän ýokary tutýar. Şonuň üçinem, bu bankyň goragy ýok. Hatda, onda gözenegem ýok. Altyn, kümüş şaýylar, kagyz pullar hemme ýerde üýşüp ýatyr. Ynsaby

çatsa her öňýeten geregini edinip biljek. Bolman näme? Bank öz müşderileriniň dogruçyllygyna müňkür bolup bilmez ahbeti. Iňlis edim-gylymlaryny berjaý edýänleriň biri, hasam täsin wakany gürrüň berýär. Bir gezek ol bank edarasyndaky agramy 7-8 funt töweregi bolan tokga altyny görmek üçin eline alypdyr. Seredip bolansoň, ýaňkyň gapdalynda duran adam ony görmek üçin alypdyr. Olam görüp, gapdalyndaky başga bir adama geçiripdir. Olam ýene birine. Şeýdip, ýaňky bir tokga altyn elden-ele geçip, bankyň eýwanynyň garaňky çüňklerine-de barypdyr. Ahyrsoňy, ýarym sagat geçensoň altyn tokgasy aýlanyp öňki ýerine gelipdir. Pulhanaçy bolsa göwni bir ýaly, eger-eger başynam galdyrmandyr.

Ýöne, 29-njy sentýabrdaky waka az-kem başgaça bolupdyr. Bankyň bir daňy puly yzyna gaýdyp gelmändir. Çek işleri bölümindäki ajaýyp sagat — iş wagtynyň gutaranyny habar berip, bäşiň jaňyny uranda — Angliýa bankyna bu elli bäş müň funt sterlingi çykdajylaryň hasabyna goşaýmakdan başga alaç galmandyr.

Ogurluk bolanlygy kanuny taýdan hasaba alynansoň, polisiýanyň iň bir ýeser aňtawjylary dünýäniň iri portlaryna — Liwerpula, Glazgo, Gawra, Suese, Brindizä, Nýu-Ýorka we beýleki şäherlere iberildi. Iş bitirene iki müň funt sterling, üstesine-de tapylan puluň bäş göterimi baýrak diýlip yglan edildi. Polisiýa derňew işleri başlansoň tiz wagtdan maglumat almaga umyt edýärdi. Olar öz aňtawjylaryna ähli gelýän hem gidýän ýolagçylara pugta gözegçilik etmegi tabşyrypdylar.

«Morning kronikl» gazetiniň nygtamagyna görä, ogurlyk eden adam Angliýanyň ogry toparlarynyň hiç haýsyna degişli däl ekeni. Şol gün, 29-njy sentýabrda oňat geýnüwli, peşeneli, özüni örän salykatly alyp barýan bir jenabyň ogurlyk bolan ýerde, töleg zalynda gezim edip ýörenini köp kişi görüpdir. Derňewçiler badabat bu jenabyň daş sypatyny ýeterlik derejede takykladylar hem-de ony Birleşen patyşalygyň we yklymyň aňtawjylarynyň hemmesine ýolladylar. Gotýe Ralf ýaly käbir öňden görüjiler ogryň sypmajagyna pugta ynanýardylar.

Elbetde, bu wakanyň Londonda we tutuş Angliýada hemmeleriň

üns merkezinde boljaklygyny göz öňüne getirmek kyn däl. Ol hakynda ýiti jedel gidýärdi. Paýtagt polisiýasynyň gazanyp biläýjek üstünligi, uçraýjak şowsuzlyklary barada pikir alşylýardy. Şonuň üçinem, Özgertmeler klubunyň agzalarynyň arasynda hem şeýle gürrüňleriň bolmagy öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Onuň üstesine hem, gürrüňdeşleriň biri hut şol bankyň dolandyryjysynyň kömekçisidi.

Merhemetli Gotýe Ralf bellenilen uly baýragyň aňtawjylary hasam höwslendirjeginden çen tutup, gözlegiň netijesine birjikde şübhelenmeýärdi. Ýöne, Endrýu Stýuart öz ýoldaşy bilen birjikde ylalaşmaýardy. Kartyň başynda hem jedel dowam etdi. Stýuart Flenaganyň, Fallentin bolsa Fileas Foguň gabat garşysynda otyrdy. Oýun gidip durka, oýunçylar gürleşmeýärdiler. Ýöne, bir oýun gutaryp, beýleki başlaýança gürrüň öňküdenem beter gyzyşýardy.

— Men ýene bir gezek aýdýaryn, ogrynyň gaçyp gutulmaga ähli mümkinçilikleri bar. Onuň örän ýeser pyýadadygy görnüp dur — diýip, Endrýu Stýuart janygýardy.

— Ýok-laýt! Oňa gizlener ýaly ýurt ýok ahbeti — diýip, Ralf oňa garşy çykýardy.

— O nähili ýok?

— Hany, onda aýdyň-da, oň nirä gitjegini.

— Edil nirä gitjegin-ä bilemok welin, dünýä giňdir how, gidere ýer tapylar — diýip, Endrýu Stýuart jogap berdi.

— Öň bir mahallar giňdi — diýip, Fileas Fog gürrüňe goşuldy. — Kesiň! — diýip, ol kart dessesini Tomas Flenagana uzatdy.

Oýun mahaly jedel ýatdy. Ýöne, tiz wagtdan Endrýu Stýuart ony täzeden gozgady.

— «Öň birmahallar giňdi» diýýäňiz welin, o näme diýdigiňiz bolýa? Ýa-da ol birdendekgän kiçeläýipdirmi? — diýip, ol sorady.

— Elbetde, kiçelipdir — diýip, Gotýe Ralf jogap berdi. — Men jenap Foguň aýdany bilen ylalaşýan. Onuň daşyna mundan ýüz ýyl ozalkysyndan on esse tiz aýlanyp bolýan bolsa, onda ýeriň kiçeldigi bor-da. Bu hem ogrynyň gözlegini tizleşdirer.

— Ogryň gaçmagyny aňsatlaşdyraýmasa!

— Jenap Stýuart, siz ýöremeli! — diýip, Fileas Fog aýtdy.

Ýöne, özünden başga hiç kime ynanmaýan Stýuart köşeşmedi, oýun gutaran dessine ýene-de öňki gürrüňi gozgady.

— Siz jenap Ralf, ýeriň kiçelenini subut etmek üçin diýseň täsin usul tapypsyňyz! Sizň pikiriňizçe, häzirki döwürde ýeriň daş-töweregine üç aýda aýlanyp bolýan bolsa...

— Bary-ýogy segsen günde — diýip, Fileas Fog takyklady.

— Jenaplar, bu hakykatdanam şeýle — diýip, Jon Selliwan alyp göterdi. — Beýik hindi demir ýolunda Rotal bilen Allahabadyň arasynda gatnaşyk açylansoň, indi ýeriň daş-töweregine segsen günde aýlanyp çykmak, hakykatdanam mümkin. Ynha «Morning Kronikl» tarapyndan düzülen hasabata seredip göräýiň:

Londondan Suese çenli, Mon-Senisiň hem-de Brindiziň üsti bilen otluda we ýolagçy gämisinde...........................................................7 gün

Suesden Bombeýe çenli ýolagçy gämisind................................13 gün

Bombeýden Kalkutta çenli otluda.............................................3 gün

Kalkuttadan Gonkonga (Hytaý) çenli ýolagçy gämisinde..........13 gün

GonkongdanIokagama(Ýaponiýa)çenliýolagçygämisinde...........6gün

Iokagamadan San-Fransisko çenli ýolagçy gämisinde...............22 gün

San-Fransiskodan Nýu-Ýorka çenli otluda.................................7 gün

Nýu-Ýorkdan Londona çenli ýolagçy gämisinde we otluda.........9 gün

Jemi — 80 gün.

— Segsen günde, aý ýoga! — diýip, Endrýu Stýuart aljyraňňylykda, ýalňyşyp oýun ýöräp oturyşyna gygyryp goýberdi. — Onsoňam, bu ýerde ýaramaz howa-da, garşylyklaýyn öwüsýän ýelem, gämidir-demir ýol heläkçiligi hem, şuňa meňzeş bolup biläýjek beýleki zatlaram göz öňünde tutulmandyr ahbeti.

— Hemmesi göz öňünde tutulan — diýip, Fileas Fog karty ýöräp oturyşyna aýtdy. Bu sapar oýun başlansa-da jedel dowam edýärdi.

— Eger-de hindiler ýa-da indeýler demir ýoly sökseler nätjek? — diýip, Endrýu Stýuart gyzyp başlady. — Olar otlyny saklap, adamlary talasalar, ýolagçylardanam tasma alsalar näme?

— Hemmesi hasaba alnan — diýip, Fileas Fog gaýtalady-da, kartlaryny stoluň üstüne oklap: — Oýunlarymyň ikisem uly! — diýip, aýtdy.

Paýlamak gezegi gelen Endrýu Stýuart, kartlary ýygnap otursyna:
— Şeýle hasaplasaň siziňki belki, dogramdyr, jenap Fog, ýöne iş ýüzünde welin...
— Iş ýüzünde hem dogry, jenap Stýuart.
— Nädip aýlanyşyňyzy göresim gelýär.
— Bu siziň özüňize bagly. Bile gidibereris.
— Hudaý saklawersin! — diýip, Stýuart gygyryp goýberdi. — Ýöne, häzirki ýagdaýda şeýle syýahatyň mümkin däldigi hakynda, dört müň funtdan jedel edip biljek.
— Tersine, doly mümkin — diýip, jenap Fog oňa garşy gitdi.
— Beýle bolsa, aýlanyň-da!
— Ýeriň daş-töweregine segsen gündemi?
— Hawa!
— Höwes bilen.
— Haçan?
— Häziriň özünde.
— Bu akylsyzlyk ahyry! — diýip, Endrýu Stýuart sesine bat berdi. Garşydaşynyň keçjallyk edip oturmagy onuň jynyny atlandyryp başlady. — Gowusy oýnumyz bilen bolalyň-la!
— Onda täzeden paýlaň — diýip, Fileas Fog aýtdy. — Siz paýlaňyzda ýalňyşypsyňyz.
Endrýu Stýuart sandyr-sandyr edip kartlary ýygnaşdyrdy. Birdenem, olaryň hemmesini stoluň üstüne oklap goýberdi:
— Bolýa, jenap Fog, men dört müň funt goýýan!
— Gadyrly Stýuart, özüňizi ele alyň, bu oýun ahyry — diýip, Fallentin ony köşeşdirjek boldy.
— Eger-de men jedel edýän bolsam, onda oýun däldir, çyndyr.
— Ber, eliňi! — diýip, jenap Fog seslendi. Soňundanam ýoldaşlaryna öwrülip: — Doganlar Beringleriň bankynda meniň ýigrimi müň funt sterlingim bar. Men uly höwes bilen şol pulumy jedele goýýan...
— Ýigrimi müň funt! — diýip, Jon Selliwan gygyryp goýberdi. — Siziň garaşylmadyk bir ýagdaý ýüze çykyp egleneniňiz üçin ýigrimi müň funt ýitirmegiňiz ahmal-a!

— Garaşylmadyk zat ýok, hemmesi göz öňünde tutulan — diýip, Fileas Fog gaty arkaýyn jogap berdi.

— Jenap Fog, segsen gün möhlet, iň azyndan göz öňünde tutulan wagt ahyry.

— Azy ýerlikli peýdalansaň köpe ýeter.

— Ýöne, gijä galmazlyk üçin siz otlydan gämä, gämidenem otla takyk wagtda, ylgap münmeli bolarsyňyz!

— Men ediljek bolmalysy ýaly, dos-dogry ederin.

— Oýun edýäňiz öýdýän?!

— Hakyky iňlis jedele gezek gelse, asyl-ha oýun edýän däldir — diýip, Fileas Fog jogap berdi. — Jedelleşesi gelýän gelibermeli, kim bolsa bolaýsyn.Ýigrimi müň funt goýup jedel edýän, men ýeriň daş-töweregine segsen güne çenli, ýagny bir müň dokuz ýüz ýigrimi sagatda, ýa-da bir ýüz on bäş müň iki ýüz minutda aýlanyp çykaryn. Kabul edýäňizmi jedeli?

— Kabul edýäris — diýip, Stýuart, Fallentin, Selliwan, Flenagan hem-de Ralf dagy, biraz maslahat edensoňlar jogap berdiler.

— Bolýa, otly Duwra sekiz kyrk bäşde ugraýar. Men şol otly bilen giderin — diýip, Fileas Fog aýtdy.

— Şu gün agşammy? — diýip, Stýuart sorady.

— Hawa, şu gün agşam — diýip, Fileas Fog jogap berdi. — Şeýlelikde, — diýip, ol jübi senenamasyna seredip durşuna aýtdy, — şu gün ikinji oktýabr, hepdäniň çarşenbe güni. Men Londona, Özgertmeler klubunyň şu zalyna, ýigrimi birinji dekabrda, hepdäniň şenbe güni, agşam sekiz sagat kyrk bäş minuda çenli gelmeli; gelip bilmesem doganlar Beringleriň bankynda meniň hasabymda duran ýigrimi müň funt sterling pul kanuny ýagdaýda siziň ygtyýaryňyza geçip, halal puluňyz bolar, jenaplar. Ynha, şol pul üçin çek.

Jedel barada şobada resminama taýýarlanyp, oňa gatnaşýan alty adam tarapyndan duran ýerinde gol çekildi. Fileas Fog gaty arkaýyndy. Ol elbetde, pul utup baýamak üçin jedel etmändi. Şeýlede bolsa, ol öz ähli emläginiň ýarysyny jedele goýupdy. Baýlygynyň ikinji ýarysyny bolsa bu kyn, hatda ýerine ýetirmek mümkin däl ýaly görünýän maksadyna ýetmekde bolaýjak çykdajylara aýryp goýdy.

Onuň garşydaşlary babatynda aýdamyzda bolsa, olary jedele goýlan puluň mukdary biynjalyk etmän, özleri üçin has amatly şertlerde jedel etmekleriniň gelşiksizligi hakynda pikir müýnürgedýärdi.

Sagat ýedi boldy. Ýoldaşlary Foga syýahata taýýarlanmak üçin oýny bes etmegi teklip etdiler.

— Men mydama taýýar! — diýip, bu giňgöwrümli jenap kart paýlap oturyşyna aýtdy. — Oýun kerpiç, siz ýöremeli jenap Stýuart — diýip, ol garşydaşyna ýüzlendi.

## DÖRDÜNJI BAŞ

*Bu başda Fileas Fog öz hyzmatkäri Paspartuny haýran galdyrýar.*

Ýedi sagat ýigrimi bäş minutda Fileas Fog oýunda ýigrimi gineý töweregi pul utansoň, özüniň abraýly ýoldaşlary bilen hoşlaşdy hem-de Özgertmeler klubundan çykdy. Ýedi sagat elli minutda ol öýüniň gapysyny açyp içeri girdi.

Gün tertibini birkemsiz öwrenip ýetişen Paspartu, takyklygy söýýän hojaýynynyň ýalňyşyp, biwagt gelmegine birneme geňirgendi. Gün tertibi boýunça Sewil rouyň ýaşaýjysy öýe ýarygije dolanmalydy.

Fileas Fog bada-bat öz otagyna geçip, ol ýerden:

— Paspartu! — diýip, hyzmatkärini çagyrdy.

Paspartu jogap bermedi. Gygyrsa-gygyrypdyrda, häzir onuň çagyrylmaly wagty däl ahbeti.

— Paspartu! — diýip, jenap Fog sesini gataltman, ýene-de çagyrdy.

Paspartu içeri girdi.

— Men sizi iki gezek çagyrdym — diýip, jenap Fog bellik etdi.

— Hawa, çagyrdyňyz, ýöne häzir ýarygije bolanok ahyry — diýip, Paspartu sagadyny görkezip, jogap berdi.

— Bilýän, şoň üçinem sizi ýazgaramok — diýip, jenap Fog aýtdy. — Ýene-de on minutdan biz Duwra hem-de Kale gidýäris.

Fransuzyň tegelek ýüzi çytylan ýaly boldy. Oň aýdylana gowy

düşünmedigi görnüp durdy.

— Jenap, siz göçýärsiňizmi? — diýip, ol sorady.

— Hawa — diýip, mister Fog jogap berdi. — Biz ýeriň daş-töweregine syýahata ugraýarys.

Paspartu gözüni elek-çelek edip, gaşlaryny bürüşdirdi, ellerini gerdi; onuň birhili ysgyny gaçan ýaly boldy. Aňkaryp durşuna doňup galdy.

— Ýeriň daş-töweregine syýahat... — diýip, ol mydyrdady.

— Segsen günde — diýip, jenap Fog düşündirdi. — Şonuň üçinem biz bir minudam ýitirmeli däl.

— Näme goş almaly? — diýip, Paspartu töweregine aljyraňňy seredip sorady.

— Goş gerek däl. Diňe iki sany ýüň köýnek bilen üç jübüt jorap alsak bolany. Özüňize-de şony alyň. Galanyny ýolda satyn alarys. Meniň ýapynjam bilen ýol ýorgan    çamam alyň. Aýakgabyňam pugtaragyny geýiň. Ýogsa-da, kän bir pyýada ýöräsimizem ýok-la. Baryň, tiz boluň.

Paspartu bir zatlar diýjek boldy, onam başarmady. Ol jenap Foguň otagyndan çykyp öz otagyna galdy, stula ýykylyp gara çyny bilen käýindi.

— Sered-ä muňa, jyn urmuş! Menem indi-hä arkaýyn ýaşaryn diýen bolýan... — diýip ol, hüňür-hüňür etdi.

Soňra, ol ýola taýýarlanmaga başlady. Ýeriň daş-töweregine segsen günde! Ýeldirgän dag-a däldir, onuň iş salyşýany? Göräýmäge-hä, kellesi düzüw ýaly... Ýa-da oýun edýärmikä? Olaryň Duwra gidýändiklerine bolýa diýeli, Kale gitmeklerem bolman duran zat däl. O taýlara gitmek bu dogruçyl ýigdekçäni beýle bir gynandyrybam duranokdy, çünki, indi bäş ýyldyr, onuň watan topragyna gadam goýmadygyna. Belki-de olar Parižе hem bararlar? Şeýle bolaýsa-ha bar onsoň. Ol beýik paýtagty ýene-de bir gezek hezil edip synlardy! Elbetde, şeýle abraýly jenap o taýa degmän geçmez... Ýeri, bolýamyşamda, ýöne şeýle öýdeçi jenabyň göçüp-gonup ýörmesi bir tüýslek.

Sagat sekizde Paspartu kiçijek ýol sumkasyna özüniň hem-de

Jenap Foguň goşlaryny salyşdyrdy. Soňra, henizem aýlandyrylyp goýberilen ýaly bolup ýörüşine, ol öz otagynyň gapysyny gulplap, jenap Foguň ýanyna bardy.

Jenap Fog eýýäm taýyndy. Onuň elinde demir ýoluň we gämileriň ajaýyp maglumat kitapçasy hem-de Bredşouyň ýol görkezijisi bardy. Ol kitaplar syýahat mahalynda oňa kömek etmelidi. Ol Paspartunyň elindäki sumkany aldy-da, onuň içine hemme ýurtlarda ýöreýän, täzeje şakyrdap duran pully daňylary saldy.

— Hiç zady ýatdan çykaraňzok gerek? — diýip, ol hyzmatkärinden sorady.

— Ýok, jenap.

— Meniň ýapynjam bilen ýorganҫamy aldyňyzmy?

— Ynha, olar.

— Örän gowy, sumkany alyň, onda.

Jenap Fog sumkany Paspartuwa uzatdy.

— Göz-gulak bolaweri, bu taýda ýigrimi müň funt bardyr — diýip, ol tabşyrdy.

Paspartu sumkany tas elinden gaçyrypdy. Göýä, sumkadaky pullar altyn şaýylardan ýasalyp, olaryňam ep-esli agramy bar ýaly, Paspartu ony zordan saklady.

Jenap bilen hyzmatkäri öýden çykdylar. Açaryny iki gezek towlap daşky gapyny ýapdylar.

Paýtunlaryň duralgasy Sewil rou köçesiniň aýak ujundady. Fileas Fog bilen hyzmatkäri paýtuna mündiler. Olam şobada, olary Çering Kross demir ýol menziline äkitdi. Bu ýerden Günorta-Gündogar demir ýolunyň şahasy başlanýardy.

Sekiz sagat ýigrimi minutda paýtun menziliň germewiniň öň ýüzünde saklandy. Paspartu böküp ýere düşdi. Onuň hojaýynam paýtunçy bilen hasaplaşdy-da, ýere düşdi.

Şu pursat aýak ýalaňaç, egni ýyrtyk ýaglykly, şlýapasy ýygyrt-ýygyrt bolan, şlýapasyndaky ýelegem döwülen bir aýal çagasynyň elinden tutup, jenap Foguň ýanyna geldi-de, ondan sadaka sorady.

Jenap Fog jübüsinden häki utan ýigrimi gineýini çykardy-da, ony ýaňky aýala uzadyp:

— Al, mähriban, size duşanyma örän şatdyryn — diýdi-de, ýöräberdi.

Paspartunyň gözüne ýaş aýlandy. Täze jenaby bu asylly hereketi bilen onuň kalbyny özüne bendi etdi.

Jenap Fog hyzmatkäri bilen menziliň uly zalyna bardy hem-de Paspartuwa Pariže çenli birinji derejeli iki sany petek almagy tabşyrdy. Yzyna öwrülende Özgeriş klubundaky bäş ýoldaşyna gözi düşdi.

— Jenaplar, onda, men-ä ugramakçydyryn. Meniň gelendigim-gidendigim baradaky pasportuma basylan möhürler, gelenimden soň, size nirelerden geçenimi barlamaga kömek eder. Şonuň üçin pasportumam ýanyma alýan — diýdi.

— Jenap Fog, onuň düýbünden zerurlygy ýok. Biz siz kimin jenabyň sözüne doly ynanýarys — diýip, Gotýe Ralf sypaýçylyk etdi.

— Onda-da şeýdäýsek kem bolmasa gerek — diýip, jenap Fog jogap berdi.

— Siz haçan dolanyp gelmelidigiňizi ýatdan çykaraňzok dälmi..? — diýip, Endrýu Stýuart bir zatlar diýjek boldy.

— Ýene segsen günden — diýip, jenap Fog onuň sözüni kesdi — bir müň sekiz ýüz ýetmiş ikinji ýylyň ýigrimi birinji dekabrynda, şenbe güni agşam sekiz sagat kyrk bäş minutda. Jenaplar, hoş sag boluň!

Sekiz kyrkda Fileas Fog bilen onuň hyzmatkäri otlynyň küpesindäki orunlaryna geçdiler. Sekiz kyrk bäşde jürlewük çalyndy-da, otly ýerinden gozgandy.

Gije tüm garaňkydy. Ýagyş çisňeýärdi. Fileas Fog kürsä ýaplanyp, dymyp otyrdy. Paspartu henizem özüne gelip bilmän, pully sumkany gujaklap otyrdy.

Ýöne otly heniz Saýdenhemdenem geçmänkä, birden Paspartu allaniçigsi bolup, içini çekdi.

— Size näme bolýar — diýip, Fileas Fog onuň halyndan habar aldy.

— O... neme... men aljyrap... gyssanjyma... huşumdan çykypdyr-

da... neme...

— Näme huşuňyzdan çykypdyr?

— Öz otagymdaky gazy öçürmek ýadymdan çykypdyr.

— Zeleli ýok, gadyrdan, ýanybersin, puluny özüňden tölärsiň — diýip, Fileas Fog äwmezlik bilen jogap gaýtardy.

## BÄŞINJI BAŞ

*Bu başda London biržasynda täze gymmatlyk peýda bolýar.*

Fileas Fog Londondan ugranda, özüniň syýahata gitmeginiň, şeýle uly şowhun turuzjagyny, elbetde, gümanam etmändi. Jedel barada gürrüň ilki bilen-ä Özgertmeler klubyna ýaýrady hem-de bu abraýly guramanyň agzalarynyň arasynda güýçli gyzgalaň döretdi. Soňra, habarçylaryň tagallasy bilen bu gyzgalaňly habar gazet sahypalarynda peýda boldy. Gazetiň üsti bilenem, bu gürrüň Londonyň ilatyna hem-de Birleşen patyşalygyň ähli künjegine ýaýrady.

«Ýeriň daş-töweregine aýlanmak baradaky mesele» teswirlenilip, hamala gürrüň Alabama meselesi hakynda barýan ýaly uly joşgun bilen ara alnyp maslahatlaşyldy. Adamlaryň birentegi Fileas Foguň tarapyny tutsalaram, jemendäň köp bölegi oňa garşy bolup çykyş edýärdi. Häzirki zaman ulaglarynyň kömegi bilen, ýeriň daş-töweregine şeýle gysga möhletde aýlanmak, özem hyýalda ýa kagyz ýüzünde däl-de, hakykat ýüzünde aýlanmak, bu akyla sygjak zat däl, dogrusyny aýtsaň akylsyzlyk bolýar ahbeti!

«Taýms», «Standard», «Iwning star», «Morning kronikl» gazetlerinden başga-da, iri gazetleriň ýene ýigrimisi jenap Foguň garşysyna çykyş etdiler. Diňe «Deýli telegraf» ony az-owlak goldady. Adamlaryň köpüsi Fileas Fogy akylyndan azaşan, göterim adam hasap etdi. Onuň Özgertmeler klubundaky bäsdeşlerini bolsa, kellesi düzüw däl, gelip-gitmeli adam bilen jedel edenlikleri üçin günäkärlediler.

Bu babatynda birnäçe, örän joşgunly, ýöne diýseň gyzykly

pikir ýöredilýän makalalar çap edildi. Geografiýa degişli näme bolsa bolaýsyn, onuň Angliýada nähili gyzyklanma döredýänligini uly il bilýär. Şonuň üçinem, Fileas Foguň syýahatyna bagyşlanan makalalary, baý bolsun-garyp bolsun parhy ýok, okyjylaryň hemmesi, edil gazeti ýuwdaýjak bolup okaýardylar.

Ilki-ilkiler käbir zehini daş ýarýan batyrgaýlar, esasanam zenanlar, hasam «Ilýustreýted London Nýus» gazeti, Fileas Foguň Özgertmeler klubunyň arhiwindäki suratyny çap edensoň onuň tarapyny tutýardylar. Käbir jenaplar bolsa «Äh-hä, o näme üçin mümkin dälmişin? Mundan beterräk zatlaram bolýar ahweti!» diýip, çekinmän pikirini aýdýardylar. Olaryň köpüsi «Deýli telegrafyň» okyjylarydy. Ýöne, tiz wagtdan bu gazetiň haýy gaçyp ugrany äşgär boldy.

7-nji oktýabrda «Patyşalyk geografiýa jemgyýetiniň habarlarynda» uly makala peýda boldy. Makala bu meselä dürli nukdaýnazardan seredip, «turuzylan gopgunyň, ürküzilen gurbaga degmejegini» ynamly subut etdi. Makalada, syýahatça adamlaryňam delalatynyň degmejegi, tebigatyňam garaşyk etmejegi görkezilýärdi. Diňe, otlular hem-de gämiler ähli ýerde laýyk wagtynda gelip, wagtynda hem ugrasalar, ähli kynçylyklary üstünlikli ýeňip bolaýmagy ahmal. Bu bolsa asla boljak zat däl. Ýewropada, ýol uzak bolmany üçin, otlularyňam, gämileriňem wagtynda gatnamagy ahmal. Ýöne, muň ýaly işi amal etmek üçin, gatnawyň takyklygyna bil baglap bolarmy? Heýem bir Hindistany üç günde, Birleşen Ştatlaram ýedi günde geçjegiňe bil baglap bolarmy? Ulaglar döwülse, çakyşsa ýa-da agdarylsa, ýa bolmasa ýagyn ýagsa, syrgyn tursa Fileas Foga zelel etmezmi? Gyşyň güni gämi ýel-ýagmyryň, ümür-dumanyň zoruna döz gelermi? Umman içinde ýüzýän, iň ýokary tizlikli gämileriňem iki-üç gün gijä galyp gelmegi häli-şindi bolup dur ahyry. Ana, şol ulaglaryň haýsam bolsa biri, ýekeje gezek gijä galsa, soň ýitirilen wagtyň öwezini doljak gümanyň ýok. Eger-de, Fileas Fog gämiden sähelçe wagt gijä galsa, onda ol indiki gämä garaşmaly bolar. Onsoň, ýoly dowam etmegiň derkaram ýok.

Makala uly şowhun turuzdy. Ony gazetleriň hemmesi diýen ýaly

çap etdiler. Fileas Foguň tarapyny tutýanlaryň gymmatly kagyzynyň hümmeti gaçdy.

Biziň jenabymyz ýola rowana bolansoň, ilkinji günler onuň syýahatynyň netijesi uly goýumly jedellere sebäp boldy. Angliýada jedelkeşleriň nä zeýilli adamlardygy köre mälim. Olar göçgünli oýunlary oýnaýan, adaty oýunçylardan has paýhasly hem salykatly bolýarlar. Jedel etmek iňlisleriň aňyrdan gelýän häsiýeti. Şoň üçinem, Fileas Foguň tarapyna, ýa garşysyna diňe bir Özgertmeler klubunyň agzalary uly goýumlary goýman, ýönekeý halkam bu oýna gatnaşdy. Edil çapylýan at ýaly, Fileas Fog «arassa ganly ýüwrükleriň» özboluşly sanawyna goşuldy. Oňa gymmatlyk hökmünde Londonyň biržasynda bada-bat nyrh kesdiler. «Fileas Fogy» nagt pula hem-de karzyna satyp hem satyn alyp ugradylar. Ony uly goýumly geleşiklerde hem ulandylar. Onuň gidenine bäş gün bolup, «Patyşalyk geografiýa jemgyýetinde» ýaňky makala çap edilensoň, her kim «Fileas Fogy» satmaga dyrjaşdy, onuň bahasy juda pese düşdi. Indi ony tutuş daňysy bilen satýardylar. Ilki onuň garşysyna bäşden ýa-da ondan, soňra ýigrimiden, elliden ahyr soňam biriň garşysyna ýüzden goýdular!

Ýöne, onuň bir wepaly tarapdary bardy. Ol ysmaz kesele uçran goja lord Olbermeýldi. Kürsiden galyp bilmeýän bu hormatly jenap, ýeriň daş-töweregine hatda on ýylda aýlanmalam bolsa ähli baýlygyny bermäge taýyndy. Ol Fileas Foguň tarapyna bäş müň funt sterling goýdy. Oňa bu etsem-petsemiň diňe bir ýňdarmalygam däl-de, puluňy ýele sowurmak bolýanlygyny aýdanlarynda, ol «Eger şeýle syýahat mümkin bolsa, goý ony ilkinji bolup öz iňlisimiz amala aşyrsyn!» diýip, jogap berdi.

Şeýlelikde, Fileas Foguň tarapdarlarynyň sany gitdigiçe azalyp barýardy. Hemmeleriň onuň garşysyna goýum goýmaklaryna degerli esasam bardy. Indi Foguň garşydaşlary, biriň garşysyna bir ýüz elliden, iki ýüzden hasaplap jedel edýärdiler. Biziň jenabymyz ýola düşenden ýedi gün geçensoň bolan garaşylmadyk bir waka, onuň bahasyny diňe bir peseltmän, bir püçege çykardy.

Şol gün, agşam sagat dokuzda, london polisiýasynyň müdiri

telegraf boýunça şeýle habar aldy:

«Suesden[5] Londona.

Skotland-pleýs merkezi müdirliginiň polisiýa müdiri,

Rouene.

Men Angliýa bankyny ýaran ogryny yzarlap barýaryn. Ol Fileas Fog. Ony Bombeýde (Britaniýa Hindistany) tussag etmek üçin, haýal etmän buýruk hatyny ýollaň.

Fiks, polisiýa jansyzy».

Habar şobada jemgyýete täsirini ýetirdi. Abraýly jenap ýitirim bolup, oňa derek bankdan pul ogurlan, tüýkesme ogry peýda boldy. Onuň Özgertmeler klubundaky kärdeşleriniň arasyndaky suraty pugta öwrenildi. Ol derňewçiler tarapyndan ilkibaşda güman edilen, bankda görlen şol sypaýy adamyň daşky sypatlaryna doly gabat gelýärdi. Fileas Foguň syrly ýaşaýşy, tenhalygy gowy görýänligi, duýdansyz gitmegi hemmeleriň bada-bat ýadyna düşdi. Ana, şonda, bu adamyň Angliýa polisiýasynyň jansyzlaryny bulaşdyrmak üçin, ýatsaň-tursaň küýüňe gelmejek jedel eden bolup, ýeriň daş-töweregine aýlanmak bahanasy bilen ýurdy terk edenligi aýan boldy.

## ALTYNJY BAŞ

*Bu başda aňtawjy Fiks düşnükli sebäplere görä bikarar bolýar.*

Fileas Fog hakyndaky habar, ynha şeýle ýagdaýlarda ýollandy.

Çarşenbe güni, 9-njy oktýabrda, ir sagat on birlerde, Suesde «Pininsýuler-end-Oriýental» şereketiniň «Mongoliýa» gämisine garaşylýardy. Bu demir perli gäminiň umumy sygymy iki müň sekiz ýüz tonna barabar bolup, onuň kuwwaty bäş ýüz at güýjine deňdi. «Mongoliýa» Sues kanalynyň üstünden Brindizi bilen Bombeýiň aralygynda yzygiderli gatnaýardy. Bu gämi şereketiň iň ýokary tizlikli gämisi bolup, özüniň bir sagatlyk tizligi boýunça, Brindizi we Suesiň aralygynda on mile, Sues bilen Bombeýiň aralygynda bolsa

5 Sues - Orta ýer deňzini Gyzyl deňiz bilen baglanyşdyrýan kanal we şol kanalyň kenaryndaky şäher.

9,53 mile deň bolan resmi netijesini yzygiderli ýokarlandyrýardy.

«Mongoliýanyň» gelmegine garaşyp, iki sany adam kenarýakasynda gezim edýärdi. Olar, Lessepsiň beýik döredijiliginiň gudraty bilen uly geljege eýe bolan, ýaňy-ýaňylaram kiçijik obajyk bolan bu şähere dökülen ýerli ýaşaýjylaryň we daşary ýurtlylaryň arasynda aýlanyşyp ýördüler.

Olaryň biri Birleşen patyşalygyň Suesdäki wekilidi. Britaniýanyň hökümetiniň dowul döretmegine, inžener Stefensonyň muşakgat baryny ýagdyrmagyna garamazdan, ol, hemişeler Hoş umyt burnundan[6] aýlanyp geçýän iňlis gämileriniň, indi ýoly iki esse tygşytlap, kanaldan gatnaýanyny her gün görýärdi.

Olaryň beýlekisi kelte boýly, agajet, daşyndan pähimli ýaly görünse-de, ýüzi yzgytsyz, gaşlary çytyk adamdy. Onuň uzyn kirpikleriniň arasyndan oýnaklap duran gözleri ýylpyldaýardy. Ol islän çagy gözlerini biperwaýsyradan bolmagy başarýardy. Bu mahal bolsa ol takat tapman, biynjalyk bolup kenarda iki-baka ýöreýärdi.

Bu adama Fiks diýerdiler. Ol Angliýa bankyndaky ogurlykdan soň, dürli gämi duralgalaryna iberilen iňlis polisiýasynyň jansyzlarynyň biridi. Fiks Suesden geçýän syýahatçylara pugta gözegçilik etmelidi. Eger-de, olaryň haýsam bolsa biri şübheli ýaly görünse, ony tussag etmäge buýruk gelip gowuşýança yzarlamalydy.

Iki gün mundan öň Fiks, London polisiýasynyň müdirinden ogrudyr diýlip çak edilýän, şol bankda görülen oňat geýnüwli, asylzada jenabyň daşky sypatlaryny aldy.

Ogryny ele salana wada edilen uly baýraga nebsi otugan aňtawjy, elbetde, «Mongoliýanyň» gelmegine sabyrsyzlyk bilen garaşýardy.

— Jenap wekil, gäminiň gijä galmajagyna ynanýarsyňyzmy? — diýip, ol eýýäm onunjy gezek soraýardy.

— Gijä galmaz, jenap Fiks — diýip, wekil jogap berdi. — Ol düýn Port Saidiň alkymyndady, galan altmyş kilometri kanal boýunça geçmek, muň ýaly gämi üçin witjik. Men size aýdyp durun-a, wagtyndan öň gelen gämä hökümet tarapyndan tölenýän ýigrimi bäş funt baýragy her gezek «Mongoliýa» alýar, diýip.

6 Hoş umyt burny - Afrikanyň günorta nokady.

— Bu gämi Brindiziniň göni özünden gelýärmi? — diýip, Fiks ýene-de sorady.

— Brindiziň ediljek özünden gelýär. O ýerden gämi Hindistana ugradylan hatlary alyp gaýdýar. Ana, şo taýdan gämi, şenbe güni agşam sagat bäşde çykyp gaýdypdyr. Azajyk sabyr ediň. Ýöne, men, dogrymy aýtsam ogrynyň daş sypatlarynyň salgysy esasynda, ol hatda «Mongoliýanyň» üstünde bolanlygynda hem, ony nädip tanajagyňyza hiç akyl ýetirip bilemok.

— Jenap wekil, bu zeýilli adamlary tanap bolanok, olary syzyp bolýar — diýip, Fiks jogap berdi. — Aýratyn duýgurlyk, onsoňam üşük gerek. Görüş, eşidiş, syzyş — bularyň barysy bilelikde işlemeli. Men şu ömrümde, muň ýaly jenaplaryň birentegini tussag edendirin. Şu garaşýan ogrymyz häzir gämiň üstünde bolsa, onda ynanaýyň, oňa meň elimden sypma ýokdur.

— Ogryny tutup biläýseňiz men örän şat bolardym, jenap Fiks, çünki ogurlyk juda uly.

— Örän ajaýyp ogurlyk, diýsene — diýip, jansyz göçüp jogap berdi. — Elli bäş müň funt! Muň ýaly pursat mydama gabat gelip duranok! Indiki ogrular gitdigiçe ownap barýar. Şepardlaryň tohumy igläp gutarjak. Indikiler birnäçe şilling[7] üçin dara çekilip ýörler!

— Jenap Fiks, siz şeýle bir ynamly aýdýarsyňyz. Men size tüýs ýürekden işiňiziň şowlamagyny arzuw edýärin. Ýöne, ýene bir gezek gaýtalaýan. Häzirki emele gelen ýagdaýda, bu juda kyn iş. Özüňiz bilýärsiňiz ahyry. Ogrynyň bize iberilen daşky sypatlaryndan çen tutsaň, bu ogry dogruçyl adama meňzeýär.

— Jenap wekil, tüýkesme ogrular, bolmanam dogruçyl adamlara meňzeýärler — diýip, polisiýanyň jansyzy akyl satyp başlady. — Ýalançy, kezzaba meňzäp duran adam, dogruçyl bolaýmasa, dagy alajy ýokdur. Ýogsa, ony şobada türmä basarlar. Şoň üçinem, birinji nobatda ýüzi asylly görünýän adamlara üns bermeli. Aňsat iş däl, bu. Dogrusyny aýtsaň iş däl-de, sungat diýseňem boljak.

Gürrüňinden çen tutsaň, ýaňky Fiks diýilýän adamyň öwünjeňligi görnüp durandyr.

7 Şilling - iňlisleriň maýda puly.

Onynça, kenarda hysyrdy artyp ugrady. Gämi ýetip gelýän bolarly, dürli milletden bolan deňizçiler, söwdagärler, dellallar, hammallar, daýhanlar duralgada hümer berýärdi.

Gündogardan sowuk şemal öwüsýär diýäýmeseň, howa beýle bir erbedem däldi. Şäheriň üstünde saýlanyp duran minaralar, Günüň öçügsi şöhlesine mesaňa-mälim görnüp durdy. Uzynlygy iki müň metre ýetýän bent, göýä Suesiň goly ýaly bolup, kanalyň boýy bilen günortalygyna uzap gidýärdi. Kenarýaka gatnaw gämileriniň hem-de balykçylyk gämileriniň birnäçesi Gyzyl deňizde ýüzüşip ýördi. Olaryň käbiri, henizlerem, gadymy gämileriň owadan suduryny ýitirmändir.

Fiks, mähelläň arasynda aýlanyp ýörüşine, iş endigi boýunça, ötegçileriň her birine çaltlyk bilen göz aýlaýardy.

— Bu gämi gelmän geçdi-le! — diýip, ol gämi duralgasyndaky sagadyň on biriň ýaryndaky zaňyna gulak asyp durşuna aýtdy.

— Gämi ýetip gelýär — diýip, wekil jogap berdi.

— Ol Suesde näçe wagt durar? — diýip, Fiks sorady.

— Dört sagat. Munça wagt oňa kömür ýüklemek üçin gerek. Suesden Gyzyl deňziň beýleki çetindäki Adene çenli aralyk bir müň üç ýüz on mil. Şonuň üçinem ýangyçdan mazaly ýüküňi tutmaly.

— Gämi Suesden göni Bombeýe gidýärmi?

— Hawa, göni Bombeýe gidýär.

— Eger şeýle bolsa, ogram şu ýoly saýlap alan bolsa, onda ol Gollandiýanyň ýa-da Fransiýanyň Aziýadaky ýerlerine barmak üçin, elbetde, Suesde düşüp galmagy ýüregine düwendir. Hindistanyň Britaniýanyň koloniýasydygyny ol bilip dur ahweti. O taýda arkaýyn gezdirilmejegine gözi ýetip durandyr.

— Elbetde, siziň diýýäniňiziň jany bar. Ýöne, ol ýedi derýaň suwuny içen ogrulardanmyka diýýän — diýip, wekil pikirini aýtdy. — Özüňizem bilýänsiňiz, iňlis jenaýatçysyna daşary ýurda gidenden, Londonda gizlenmek amatly ahyry.

Onuň bu sözleri aňtawjyny pikire batyrdy. Soňra, wekil öz bolýan ýerine, kenaryň golaýynda ýerleşýän britan wekilhanasyna gaýtdy. Bir özi galansoň polisiýanyň gözegçisi özüni hasam galagop

duýdy. Onuň içki duýgusy ogrynyň «Mongoliýa» gämisindedigini aýdyp duran ýalydy. Hakykatdanam, ogry Täze Yklyma[8] özüni atmak maksady bilen Angliýany terk eden bolsa, onda ol megerem, Atlantika ummanynyň üstünden gidenden, gowşagrak goralýan, hemem gözegçilik etmesi kynrak bolan Hindistanyň üstünden gidenini kem görmezligi ahmal.

Fikse uzak oýlanyp durmaga maý bolmady. Çasly zoguldylar gäminiň gelendigini habar berdi. Daýhanlaryň we hammallaryň mähellesi adamlaryň üsti-başyny hapalatmajak bolýanlaryna garaman, duralga eňdiler. Gaýyklaryň birnäçesi duralgadan gämä bakan ugrady.

Tiz wagtdan kanalyň iki kenarynyň arasynda «Mongoliýanyň» mähnet sudury göründi. Sagat on bir gezek zarňyldan-da, gämi güwwüldäp duralga geldi-de, haşşyldap buguny goýberdi.

Gäminiň üstünde ýolagçy köpdi. Olaryň birentegi şäheriň gözel görnüşini synlamak üçin gäminiň üstünde galdy. Ýöne, ýolagçylaryň köpüsi kenara gelmek üçin «Mongoliýanyň» daş-töweregini gurşap alan gaýyklara mündiler.

Fiks kenara gelen ýolagçylaryň her birine tiňkesini dikip, dykgat bilen öwrendi.

Şu pursatda ýolagçylaryň biri, öz hyzmatlaryny teklip edýän hammallary iteleşdirip, aňtawjynyň ýanyna geldi-de, ondan sypaýyçylyk bilen britan wekilhanasynyň nirede ýerleşýänini sorady. Özem ol britan möhürini basdyrmakçy bolýan pasportyny hem görkezdi.

Fiks biperwaýlyk bilen pasporty alyp, onuň eýesiniň keşbine gözüni aýlady-da, şatlykdan ýaňa tas böküpdi. Onuň elindäki resminama titir-titir edýärdi. Pasportdaky sypat, oňa London polisiýasy tarapyndan ýollanan alamatlara kybap gelip durdy.

— Bu pasport siziňki dälmi?

— Ýok, bu meniň hojaýynymyň pasporty.

— Siziň hojaýynyňyz nirede?

— Ol gämide galdy.

---

8 Täze Yklym - Amerika yklymy.

— Onuň şahsyýetiniň tassyk edilmegi üçin onuň hut özi wekilhana gelmeli — diýip, jansyz oňa mälim etdi.

— O nähili, munuň zerurlygy barmy?

— Hökmany zerur.

— Wekilhana nirede ýerleşýär?

— Hanha, meýdançanyň çüňkünde — diýip aňtawjy, iki ýüz ädim töweregi daşlykda duran jaýy görkezdi.

— Onda men hojaýynymy çagyrmaga gideýin. Bimaza edilse halaýanam däldir welin...

Ýolagçy Fiks bilen hoşlaşyp gämä ýöneldi.

# ÝEDINJI BAŞ

*Bu baş, polisiýanyň işinde pasportyň peýdasyzdygyny ýene bir gezek subut edýär.*

Polisiýanyň gözegçisi gaty-gaty ýöräp, kenardan wekilhana ugrady. Baran badyna-da, özüni wekiliň ýanyna goýbermeklerini talap etdi.

— Jenap wekil — diýip ol, bada-bat esasy meselä geçdi — Ýitigimiz «Mongoliýanyň» üstündemikä diýip, meniň-ä göwnüme gaty güman gidýändir.

Onsoň, Fiks hyzmatkär bilen öz arasynda pasport barada bolan gürrüňi aýtdy.

— Örän gowy, jenap Fiks. Dogrymy aýtsam, ol kezzabyň mysalasyny göresim gelmänem duranok — diýip, wekil jogap berdi. — Ýöne, ol hakykatdanam siziň diýýän adamyňyz bolsa, onuň bärik gelmezligem ahmal. Ogrular göze dürtülip ýörmegi halaýan-a däldirler. Onsoňam, pasporty resmileşdirmek, indi hökmany däl.

— Jenap wekil, eger-de ol, biziň çak edişimiz ýaly, ederini bilýän adam bolsa, onda geler! — diýip, Fiks jogap berdi.

— Pasportuna möhür basdyrmak üçinmi?

— Hawa. Pasport dogruçyl adamlara zowal ýetirmek, ogry-kezzaplara-da goltgy bermek üçin döredilen ahyry. Onuň pasportunyň düzüwdigine gözüm ýetip dur. Ýöne, şeýle-de bolsa siz oňa möhür

basmarsyňyz diýip umyt edýärin.

— O nähili? Pasport düzüw bolsa, möhür basmazlyga meniň hakym ýok ahweti — diýip, wekil jogap berdi.

— Jenap wekil, maňa Londondan ony tussag etmäge buýruk haty gelinçä, bu adamy bärde saklaýsak kem bolmazmyka diýýän.

— Bu, siziň öz işiňiz, jenap Fiks, ýöne men ony başarmaryn... — diýip, wekil çürt-kesik jogap berdi.

Wekil sözüni soňlap-soňlamanka gapy kakyldy. Wekiliň kömekçisi iki sany daşary ýurtlyny içeri goýberdi. Olaryň biri aňtawjy bilen gürleşen, häki hyzmatkärdi.

Bularyň hakykatdanam bir-ä hyzmatkär, beýlekisem onuň hojaýynydy...

Hojaýyny wekile pasportyny uzatdy-da, gep nokatlap durman oňa möhür goýulmagyny haýyş etdi.

Wekil pasporty alyp, ony dykgat bilen öwrenip başlady. Fiks bolsa şo mahal burça çekilip, nätanyşy gözi bilen iýäýjek bolup, oňa tiňkesini dikdi.

Wekil okap bolansoň:

— Siz eskwaýr Fileas Fog, şeýlemi? — diýip, sorady.

— Hawa, jenap — diýip, nätanyş jogap berdi.

— Bu pyýada hem siziň hyzmatkäriňizmi?

— Hawa, ady Paspartu, özem fransuz.

— Siz Londondan geldiňizmi?

— Hawa.

— Nirä barýarsyňyz?

— Bombeýe.

— Örän gowy, jenap. Indi pasporty resmileşdirip, oňa möhür goýmagyň hökmany däldigi size mälimmi?

— Men ony bilýän jenap — diýip, Fileas Fog jogap berdi — ýöne, özümiň Suesden geçenligimi, siziň möhüriňiz esasynda tassyklamakçy bolýan.

— Baş üstüne, jenap.

— Wekil pasporta goluny çekdi, wagtyny görkezibem üstünden möhür basdy. Jenap Fog bellenilen tölegi töläp, wekil bilen sowuk

hoşlaşdy hem-de hyzmatkärinem alyp, çykyp gitdi.

— Hawa, nähili?—diýip, Fiks sorady.

— Daşyndan göräýmäge-hä, dogruçyl adam ýaly!

— Ahmal, ýöne gep onda däl — diýip, Fiks jogap berdi. — Jenap wekil, ogrynyň maňa iberilen alamatlarynyň, bu sowukganly adamyň sypatyna dos-dogry gelip duranlygyna siz nähili garaýarsyňyz?

— Siz bilen razylaşýaryn, ýöne, bilýäňizmi näme alamat, alamat bolýar-da...

— Bolýar. Mundan özüm baş çykararyn. Göwnüme bolmasa hyzmatkäri hojaýyny ýaly tutuk däl. Üstesine-de, ol fransuz. Olaram kän dilini saklap bilýän, jemende bolmal-a däldir. Hoş, sag boluň, jenap wekil — diýip, Fiks wekil bilen hoşlaşdy-da, Paspartunyň gözlegine çykdy.

Bu mahal, jenap Fog wekilhanadan çykyp kenara tarap ugrapdy. O taýda, ol hyzmatkärine birnäçe ýumuş buýurdy-da, gaýyga münüp «Mongoliýa» gaýdyp bardy hem-de öz gämi otagyna ýöneldi, barybam ýandepderçesini çykardy. Onda eýýäm, şeýle ýazgylar bardy:

Çarşenbe güni, 2-nji oktýabrda, 8 sagat 45 minutda Londondan çykdym.

Penşenbe güni, 3-nji oktýabrda, 7 sagat 20 minutda Parižе geldim.

Penşenbe güni, 3-nji oktýabrda, 8 sagat 40 minutda Parižden çykdym.

Anna güni, 4-nji oktýabrda, irden 6 sagat 35 minutda Mon-Senisiň üsti bilen Turine geldim.

Anna güni, 4-nji oktýabrda, irden 7 sagat 20 minutda Turinden çykdym.

Şenbe güni, 5-nji oktýabrda, gündiz sagat 4-de Brindizä geldim.

Şenbe güni, 5-nji oktýabrda, agşam sagat 5-de «Mongoliýa» mündüm.

Çarşenbe güni, 9-njy oktýabrda, ir sagat 11-de Suese geldim.

Jemi 158,5 sagat, ýa-da 6,5 gije-gündiz sarp edildi.

Jenap Fog, bu seneleri, ozal bölünip, 2-nji oktýabrdan başlap 21-

nji dekabra çenli, iň esasy ilatly nokatlar bolan Pariž, Brindizi, Sues, Bombeý, Kalkutta, Singapur, Gonkong, Iokogama, San-Fransisko, Nýu-Ýork, Liwerpul, London şäherlerine barylmagy meýilleşdirilen aýy, güni, hepdäň günleri görkezilip bölünen sütünjikleriň arasyndaky, hakykat ýüzünde gelinen wagty görkezmek üçin boş goýlan sütünjige ýazdy. Munuň özi syýahatyň her böleginde gazanylan ýa-da ýitirilen wagty hasaplamaga mümkinçilik berýärdi.

Şeýle hasaplanyp bellenilen ýol arkaly, jenap Fog islendik wagtda, özüniň meýilnamadan gijä galýandygyny ýa-da ozýandygyny barlap bilýärdi. Soňra, ol gämi otagyna ertirlik getirilmegini buýurdy. Şäheri synlamak barada bolsa, ol pikirem etmedi. Çünki ol, baran şäherlerini öz hyzmatkärleriniň synlany bilen oňýan iňlisleriň kysmyndandy.

## SEKIZINJI BAŞ

*Bu başda, Paspartu gereginden birneme köpräk gürleýär.*

Tiz wagtdan Fiks, kenarýakasynda gezmeläp, gören zatlaryna haýran galyp, töweregine aňkaryp ýören Paspartuny tapdy.

— Hawa şepe, nähili, pasportlyk işiňiz düzeldimi?— diýip, Fiks ondan sorady.

— Hä-ä, jenap bu sizmi! Köp sag boluň, hemme zat ýerbe-ýer — diýip, fransuz jogap berdi.

— Dogry, indem töwerege ser salýaňyzmy?

— Hawa, biz juda çalt gidýäs welin, birhili düýşde görünýän ýaly bolup dur, bu zatlar. Diýmek, biz şu mahal Suesde, şeýlemi?

— Suesde.

— Müsür bolýa-da, onda bu taýy?

— Hawa, elbetde Müsür.

— Başgaça aýdamyzda, biz Afrikada, dogry dälmi?

— Hawa, Afrikada.

— Afrikada! — diýip, Paspartu gaýtalady. — Gözüm bilen görmedik bolsam, eger-eger ynanmazdym. Özüňiz pikir edip

görüň-ä, men at-owazy äleme dolan paýtagt bolan Pariżden aňryk geçeris öýdemokdym. Onam bu sapar, irden ýedi sagat ýigrimi minutdan, sekiz sagat kyrk minuda çenli, demirgazyk menzilden, Lion menziline barýarkak görüp galdym. Özem, ýagyş ýagansoň paýtunyň aýnasyndan düzüwli görübem bilmedim! Haýp! Men Per-Laşezdäki gonamçylyga, onsoňam, Ýeliseý meýdanyndaky sirke ýene bir sapar baryp görmekçidim.

— Be-e, siz onda gaty gyssanmaç ekeniňiz-dä? — diýip, polisiýa gözegçisi sorady.

— Meň özümiň-ä gyssanýan ýerim ýok. Hojaýyn gyssanýar. Wiý, ýogsa-da men köýnek bilen jorap satyn almalydym-a! Biz gyssanjymyza, goşam alman, bir el sumkasyny alyp, öýden çykyp gaýtdyk.

— Ýörüň, men sizi bazara aýlaýyn. O taýda näme diýseň bar.

— Jenap, şeýdäýseňiz-ä, maňa uly kömek edýäňiz — diýip, Paspartu, jogap berdi.

Onsoň, olar iki bolup ýola düşdiler. Paspartu ýolugra, şol ýaňrap barýardy.

— Gämiden gijä galaýasymyz ýok-la? — diýip, ol iňkise gitdi.

— Entek wagt kän, ýaňy günorta boldy — diýip, Fiks jogap berdi.

Paspartu jübüsinden mähnet sagadyny çykardy.

— O nähili günorta, häzir, ýaňy dokuz sagat elli dokuz minut ahyry!

— Siziň sagadyňyz yza galýar — diýip, Fiks aýtdy.

— Meň sagadymmy? Bu maňa atamyň atasyndan galan sagat ahweti! Ýylyň dowamynda bäş minudam ýalňyşýan däldir, meň sagadym! Bu hakyky wagt ölçelýän ahyry!

— Indi düşündim, nämäň nämedigine — diýip, Fiks seslendi. — Siziň sagadyňyz henizem London wagtyny görkezýär. Ol bolsa bäriň wagtyndan iki sagat töweregi yza galýar. Siz haýsy ýurda barsaňyz, şo taýynyň wagtyna sagadyňyzy dogrulaň.

— Menmi? Sagadymy dogrulamalymy? — diýip, Paspartu ör-gökden geldi. — Hiç haçanam dogrulaman!

— Onda siziň sagadyňyz güne gabat gelmez.

— Gün ony özünden görsün! Gabat gelmese Günüň ýalňyş aýlandygy bolar-da!

Şeý diýdi-de bu özünden göwnühoş jahyl, gedemlik bilen sagadyny jübüsine saldy.

Biraz salym dymansoň Fiks ondan:

— Diýmek, siz Londondan gyssanmaç gaýdypsyňyz-da? — diýip, sorady.

— Ýogsam näme! Geçen çarşenbede jenap Fog duýdansyz, agşam sagat sekizde klubdan öýe geldi. Kyrk bäş minutdanam biz ýola düşdik.

— Siziň hojaýynyňyz nirä barýar?

— Öňe, diňe öňe barýar! Ol ýeriň daş-töweregine aýlanmakçy bolýar.

— Ýeriň daş-töweregine? — diýip, Fiks gygyryp goýberdi.

— Hawa, özem segsen günde! Ol jedel etdik diýýä, ýöne gürrüň öz aramyzda galsyn welin, men-ä ynanamak, şuň-a. Munsy samsyklyk bolýa-laý. Bärde başga bir zat bar bolaýmasa.

— Siziň hojaýynyňyz jenap Fog täkmekli adam öýdýän, şeýle dälmi?

— Menem şoň ýalakymyka diýýän.

— Özem gaty baýmyka diýýän?

— Hawa-la. Bankyň täzeje pullaryny lokgalapjyk ýanymyz bilen alyp barýarys-a! Gysganmanam sowýas. Özüňiz pikir edip görüň! Ol «Mongoliýa» erk edýän gämiçä, Bombeýe wagtyndan öň barsak giden puly baýrak berjek diýip, wada etdi.

— Hojaýynyňy öňden tanaýaňmy?

— Menmi? — diýip, Paspartu gaýtalap sorady. — Men oňa gaýtjak günümiz işe durdum.

Bu jogaplaryň, öňem öjügip duran polisiýanyň gözegçisine nähili täsir edenligi düşnükli bolsa gerek.

Ogurlyk bolan dessine Londondan gyssagly çykylyp gaýdylmagy, bu adamyň ýany bilen örän kän pul alyp barýanlygy, henize-bu güne çenli görülip-eşidilmedik jedeli bahanalan bolup,

gaty uzakdaky ýurtlara gitjek bolmagy — bularyň hemmesi Fiksiň pikiriniň dogrulygygyny tassyklaýardy. Fransuz bilen gürrüňdeş bolansoň, ol hyzmatkäriň öz hojaýynyny düýbünden tanamaýanyny, onuň Londonda känbir köpe goşulman ýaşandygyny, aýdyşlaryna görä baýdygyny, ýöne nähili baýandygyny hiç kimiň bilmeýänini, bu adamyň sowukganly hem-de syr bildirmezekdigini anyklady. Beýleki tarapdan Fiks, Fileas Foguň Suesde düşüp galmandygyna, onuň dogrudanam Bombeýe barýanlygyna göz ýetirdi.

— Bärden Bombeýe çenli uzakmy? — diýip, Paspartu sorady.

— Esli bar — diýip, jansyz jogap berdi. — Siz deňiz bilen on gün töweregi ýöremeli bolarsyňyz.

— Bombeý bolanda nire bolýar?

— Hindistan.

— Aziýadamy?

— Elbetde.

— Al kakmyş diýsäni! Bilýäňizmi... Men bir zat üçin iňkise gidýärin... gaz üçin!

— O nämäň gazy?

— Gazda. Düýn, men ony öçürmän gaýdyberipdirin. Indem ol meniň hasabyma ýanyp dur. Ynha, men hasaplap gördüm, eger-de bir gije-gündizde iki şillinglik gaz ýanýan bolsa, bu meniň bir günde alýan hakymdan alty pens[9] köp bolýar. Syýahatam uzak dowam etse, onda özüňizem düşünýänsiňiz...

Fiks gaz barada Paspartunyň alada etmegine düşündimikä? Näbileýin-dä. Ol indi ýanyndakyny diňlemän, näme etjegi hakynda oýlanýardy. Fransuzy bazara çenli ugratdy-da, Fiks oňa «Mongoliýanyň» ugramaly wagtyndan gijä galmazlygy tabşyryp, ony söwda etmäge galdyrdy. Özi bolsa wekilhana tarap haýdady.

Belli bir karara gelensoň, Fiks, ýene-de öňküsi ýaly sowukganly aňtawja öwrüldi.

— Jenap wekil — diýip, ol söze başlady, — indi men birjik-de şübhelenemok, jüwlik biziň elimizde. Ol öz ýanyndan ýeriň daş-töweregine segsen günde aýlanmakçy bolýan ýňdarma bolan bolýar.

9 Pens - iň maýda iňlis pul birligi.

— Beýle bolsa, öz-ä ýeser zaluwat ekeni — diýip, wekil tekrarlady. — Ol iki yklymyň polisiýalarynyň gözüni-başyny aýlap, ýene Londona dolanyp gelerin öýdýärmikä?

— Onçasyny entek görübereris — diýip, Fiks aýtdy.

— Ýöne siz ýalňyşaňyzok gerek? — diýip, wekil ýene-de sorady.

— Ýok, ýalňyşamok.

— Onda bu ogry, näme üçin özüniň Suesden geçenligini resmileşdirýär?

— Näme üçin?.. Men näbileýin nämüçinligini — diýip, aňtawjy jogap berdi — Ynha, diňläň...

Onsoň, ol bu haý-haýly jenap Foguň hyzmatkäri bilen bolan gürrüňi wekile aýdyp berdi.

— Hakykatdanam, bu adamyň garşysyna ähli subutnamalar bar — diýip, wekil netije çykardy. — Indi siz näme etsem diýýärsiňiz?

— Ony Bombeýde tussag etmek üçin buýruk hatyny ibermeklerini sorap gyssagly Londona habar ýollamaly. Özüm bolsa, «Mongoliýa» münüp, Hindistana çenli ogrynyň yzyna düşüp gitjek. O taýam Britaniýa degişli ahyry. Onsoň, elime buýruk hatyny alamsoň, sypaýyçylyk bilen ýanyna barakgetdan, egnine ýapyşmaly bolar.

Bu zatlary arkaýynlyk bilen aýdansoň, jansyz wekil bilen hoşlaşdy-da, telegrafa tarap ugrady. O taýdanam polisiýanyň ketdesine, bize belli bolan häki habary ýollady.

Ýene on bäş minutdan, Fiks ýeňiljegem bolsa içi puldan doly çemedany eline alyp, «Mongoliýa» mündi. Tiz wagtdan gämi ýokary tizlik bilen Gyzyl deňziň suwundan ýüzüp gitdi.

## DOKUZYNJY BAŞ

*Bu başda Gyzyl deňiz we Hindi ummany Fileas Foguň ýüregine düwen pikiriniň amala aşmagyna garaşyk edýär.*

Sues bilen Adeniň arasy laýyk bir müň üç ýüz on mile barabardy. Kompaniýa bilen şertnama laýyklykda, gämiler bu aralygy bir ýüz otuz sekiz sagatda geçmelidi. Bug gazanlary doly güýjünde

işledilýän «Mongoliýa» Adene bellenilen wagtdan öň barmagy göz öňünde tutýardy.

Brindizide gämä münen ýolagçylaryň aglabasy Hindistana barýardy. Olaryň birentegi Bombeýe, ýene bir topary bolsa Kalkutta barmakçydylar. Ýöne, Kalkutta barýan ýolagçylaram Bombeýiň üstünden gitmelidi. Çünki, Hindistan ýarym adasyny giňligine kesip geçýän demir ýoly çekilensoň, Seýlon adasynyň daşyndan aýlanyp geçmegiň zerurlygy ýokdy.

«Mongoliýanyň» ýolagçylarynyň arasynda ýolbaşçy işde işleýän adamlar bilen dürli derejeli harby serkerdeler köpdi. Olaryň bir topary britan goşunynyň özünde gulluk edýän bolsalar, ýene bir topary ýerli milletden, sipaýlardan düzülen goşunlara ýolbaşçylyk edýärdiler. Gürrüňini edýän döwrümizde, Ost-Hindistan kompaniýasynyň hukuklary we borçlary döwletiň garamagyna geçen bolsa-da, britan goşunynyňam, sipaýlaryňam serkerdeleriniň zähmet haklary juda ulydy. Kiçi leýtenantlar 7 müň frank alýan bolsalar, brigada serkerdeleri 60 müň, generallar bolsa 100 müň frank aýlyk alýardylar.

Umuman, «Mongoliýanyň» üstünde ýaşaýyş ýaman däldi. Bu ýolbaşçylaryň arasyna, öz dogduk ýurdundan uzakda täze söwda kärhanalaryny döretmegiň kül-küline düşen, millionlap puly bolan ýaş iňlisleriňem birentegi goşulypdy. Eýeleýän wezipesi boýunça gäminiň kapitany bilen deňeçer saýylýan, kompaniýanyň ynanylan wekili bolan gaznaçy, gämide hemme zady birgeňsi edip gurnady. Ertirlik, guşluk, günorta hem agşam naharlarynda, gäminiň aşhanasynda taýýarlanýan etli naharlardyr işdäaçarlary stollar zordan göterýärdi. Gämidäki birnäçe sany ýolagçy zenan geýimlerini günde azyndan iki gezek çalşyp, saz diňleýärdiler. Deňiz parahat bolsa tansam edýärdiler.

Dogry, Gyzyl deňiz, edil beýleki uzyndan insiz bogazlar ýaly tüýsi bozuk, ynjykdy. Onuň üýtgäp durýan howasy bolup, köplenç galagoplydy. Aziýa tarapdan ýa-da Afrikanyň kenarlaryndan ýel öwüsse, perler bilen üpjün edilen, oklaw ýaly uzyn «Mongoliýa» iki-baka güýçli çaýkanýardy. Şonda zenanlar gämi otagyna sümülerdiler.

Sazyň sesi kesilerdi. Aýdymam bolmazdy, tansam. Näçe çaýkansa-da, nähili tupan tursa-da, gämi kuwwatly maşynynyň kömegi bilen, badyny birjikde gowşatman Bab-el Mandeb bogazyna tarap ýoluny dowam edýärdi.

Şo mahallar Fileas Fog näme işleýärkä? Belkem-de ol biynjalyk bolup, aljyrap ýeliň haýsy tarapdan ösýänine gözegçilik edýändir? Ýa bolmasa, mähnet tolkunlar maşyny döwer öýdüp iňkise gidýändir? Mümkin ol, «Mongoliýany» haýsydyr bir porta barmaga mejbur edäýjek, özüniň syýahatyna hem düzedip bolmajak zelel ýetirjek, müň dürli nogsanlyklary göz öňüne getirip, olardan heder edýändir?

Goýup oturyň, asyl-ha beýle däl! Bardy-geldi bu jenap şeýle zatlara kelle agyrdaýanda-da, ony aňjak gümanyň bolmaz. Ol häzirem, edil Özgertmeler klubunyň agzasy mahalyndaky ýaly biperwaýdy, arkaýyndy. Hiç-hili waka ýa-da betbagtçylykly ýagdaýa üstüni basdyrjaga meňzemeýärdi. Ol edil gäminiň sagady ýaly aladasyzdy. Fileas Fog gäminiň palubasyna[10] seýrek barardy. Ol adamzat taryhynyň ilkinji asyrlarynda wakalara şeýle baý bolan Gyzyl deňiz bilen gyzyklanjagam bolanokdy. Ol hatda, gadymy taryhçylar Strabon, Arrian, Artemidor, Edrisi dagynyň gorky bilen ýatlan, deňizçileriň bolsa Hudaý ýoluna birgiden janlyny gurban berensoňlaram, gorka-gorka barýan Arap aýlagynyň howp-hatary hakynda hem pikir etmeýärdi.

Onda bu birtöwra adam «Mongoliýa» gämisiniň üstünde nämä güýmenýärkä? Ilki bilen-ä, ol günde dört wagtyna garnyny doýurýardy. Özem gämi gapdallygyna çaýkansyn, öňe-yza çaýkansyn parhy ýok, edil ýalmawuz açan ýaly işdäsini birjigem kemenokdy. Onsoňam ol kart oýnardy.

Hawa! Özi ýaly göçgünli oýunçylaram tapdy. Olaryň biri öz öýüne, Goa barýan, salgyt ýygnaýjy, beýlekisi Bombeýe ugran dindar Desimus Smit, ýene biri bolsa Benaresde ýerleşýän, öz garamagyndaky harbylaryň ýanyna ýetmäge howlukýan, britan goşunynyň brigada generalydy. Bu ýolagçylaryň üçüsi hem jenap

10 Paluba - gäminiň üstünde gezelenç etmek, töweregi synlamak üçin giň meýdança. Uly gämilerde aşaky we ýokarky palubalar bolýar.

Fog ýaly ölemen oýunçylardy. Edil şoň ýaly seslerini çykarman, uzyn günlerini karta tiňkesini dikip geçirerdiler.

Paspartu barada aýdanymyzda, deňiz keseli onuň eger-eger golaýyna-da gelenokdy. Özem ol gäminiň öň tarapynda, özbaşyna gämi otagyny eýeläpdi. Iýip-içmekde hojaýynyndan kem oturmaýardy. Syýahat onuň göwnüne ýaramanam duranokdy. Ol "tagamly nahar berilýän, amatly otagda ýaşadylýan, täze-täze ýurt görülýän" durmuşyň hezilligini duýup başlady. Onuň üstesine-de bu pyrryldaklaryň Bombeýde tamamlanjagyna onuň gözi ýetip durdy.

Suesden ugralanynyň ertesi güni, 10-njy oktýabrda irden palubada, ol Müsüriň kenarynda özüniň ýüz tutan şol sypaýy pyýadasyny görüp begendi.

— Ýalňyşmaýan bolsam, jenap, siz Suesde maňa höwes bilen ýolbelet bolupdyňyz? — diýip, Paspartu göwnaçyk ýylgyryp, oňa ýüzlendi.

— Dogrudanam, şeýle-how! — diýip, aňtawjy jogap berdi. — Ynha, indi menem sizi tanadym! Siz şol täkmekli iňlisiň hyzmatkäri bolmaly...

— Edil özi, jenap...

— Fiks.

— Jenap Fiks, gämide size duşanyma örän şat. Uzaga barýarsyňyzmy?

— Edil siz ýaly, menem Bombeýe barýan.

— Ol-a hasam gowy! Aýtsaňyzlaň, şu ýoly, ozalam geçip görüpmidiňiz?

— Birem däl, birnäçe gezegem geçdim — diýip, Fiks jogap berdi. — Men «Pininsýuler» kompaniýasyna gulluk edýän, ahyry.

— Onda siz Hindistana beletsiňiz?

— Hüm-m... — diýip, aňtawjy mydyrdady. Ol artykmaç gürlemekden çekinýärdi.

— Hawa, nähili onsoň, Hindistan, täsin ýurtmy?

— Gaty täsin! Metjitler, minaralar, ybadathanalar, jadygöýler, öwlüýäler, gaplaňlar! Näme diýseň bar. Bu ýurt bilen tanyşmaga size maý bolaryny dilemeli.

— Bolarmykara diýýän, jenap Fiks. Ynha, özüňiz oýlanyp görüň: kellesi düzüw adam, «Ýeriň daş-töweregine segsen günde aýlanjak» diýip, ömürboýy otludan gämä, gämiden otla towsup ýörmez-ä? Ýok-la, ynha görersiňiz bu ýethä-ýetlik Bombeýde tamamlanar.

— Jenap Foguň ýagdaýlary nähili? — diýip, Fiks bilmezlige salan bolup sorady.

— Gül ýaly. Menem şeýle. Işdämem ajygan adamhoryňky ýaly. Deňiz howasynyň gudraty, bü!

— Men näme üçindir, siziň hojaýynyňyzyň gäminiň palubasyna galanyna bir saparam gabat gelemok.

— Ol hijem ýokaryk çykanok. Bilesigeliji däl, zat bilen işi ýok, oň.

— Jenap Paspartu, bu anjaýyn syýahatyň bir çöpi bardyr öýdeňzokmy?.. Aýdalyň bir hileli, gizlin tabşyryk ýerine ýetirilýän bolaýmasyn?

— Dogrusyny aýtsam, jenap Fiks men bu barada hiç zat bilemok. Bilmegem islämok. Bilmek üçin dagy, gara şaýymy rowa görjek däl.

Bu duşuşykdan soň, Paspartu bilen Fiks ýygy-ýygydan duşuşyp, kän gümür-ýamyr etdiler. Polisiýa gözegçisi jenap Foguň hyzmatkäri bilen eýdip-beýdip arany sazlamaga çalyşýardy. Munuň oňa soň nepi degmegi ahmaldy. Şonuň üçinem ol Paspartuny, häli-şindi «Mongoliýanyň» garbanyşhanasyna çagyryp, bir-iki bulgurjyk wiski ýa el içiren bolup hezzetlärdi. Olam utanyp durman berlenini içerdi, özem bergidar bolmajak bolup, öz nobatynda jenap Fikse hezzet-hormat ederdi. Bu jenaby Paspartunyň sulhy alypdy.

Gämi bolsa çaltlyk bilen ýoluny dowam etdirýärdi. 13-nji oktýabrda daşy ýykylyp ugran diwar bilen gurşalan, diwaryň üstünden bolsa gök öwsüp oturan hurma agaçlary hellewleşip duran Mekge şäheriniň etekleri göründi. Aňyrrakda, dag gerişleriniň ýapgydynda, kofe agaçlary ekilen giň meýdan ýaýylyp ýatyrdy. Paspartu bu şöhrady dünýä dolan şäheri haýran galyp, synlady. Ol halka tutup duran, ýykylyşyp ugran diwarlary we diňleri ägirt uly kofe içilýän pyýala meňzetdi.

Ertesi gije «Mongoliýa» Bab-el-Mandeb bogazyndan ötdi. Bu

bogazyň ady arapça bolup, ol «Gözýaşlaryň derwezesi» diýmegi aňladýar. Ertesi gün, aýyň on dördüne gämi Aden şäheriniň demirgazyk-günbatar bölegindäki Stimer-Poýnt gämi duralgasyna bardy. Bu ýerde gämi öz ýangyç gorunyň üstüni doldurmalydy. Ýangyç çykarylýan ýerden has uzaklarda gämileri ýangyç bilen üpjün etmek örän wajyp, ýöne juda kyn wezipe. Diňe, «Pininsýuler» kompaniýasynyň bir özi bu maksatlar üçin her ýylda sekiz ýüz müň funt sterling, ýa-da başgaça aýtsak ýigrimi million frank harçlaýar. Munuň üçin uzaklardaky portlarda ýörite ammarlar gurmaly. Ol ýerde bolsa kömrüň bir tonnasynyň bahasy segsen franka çenli ýokarlanýar.

«Mongoliýa» Bombeýe ýetmek üçin ýene-de bir müň alty ýüz elli mil geçmelidi. Şonuň üçin hem ol özüniň kömür saklanýan bölegini ýangyçdan doldurmak üçin Stimer-Poýntda dört sagatlap eglendi.

Ýöne, bu ýitirilen dört sagat Fileas Foguň etsem-petsemlerine hiç-hili täsir etmeýärdi. Sebäbi, bu öňden hasaba alnypdy. Onuň üstesine-de «Mongoliýa» Adene 15-nji oktýabrda irden gelmäge derek, 14-nji oktýabryň agşamy geldi. Görşümiz ýaly, eýýäm on bäş sagat utuş gazanylypdy.

Jenap Fog bilen onuň hyzmatkäri kenara çykdylar. Fileas Fog pasportuna möhür basdyrmaga gitdi. Fiksem duýdurman onuň yzyna düşdi. Resmileşdirmek boýunça işler bir ýan ýüzli edilensoň, Fileas Fog arasy bölünen oýnuny dowam etmek üçin gämä dolanyp geldi. Paspartu hemişekileri ýaly, somali, banian, pars, ýewreý, arap milletlerinden we ýewropalylardan ybarat bolan ýigrimi bäş müň ilatly Adeniň mähellesine goşulyp, aýlanyp ýördi. Ol bu şäheri Hindi ummanynyň Gibraltar şäherine öwrüp duran berkitmeleri synlaýardy. Süleýmän patyşadan soň iki müň ýyl geçensoň iňlis inženerleri tarapyndan seredilýän ajaýyp howdanlary ol haýran galmak bilen synlaýardy.

— Juda täsin! — diýip, Paspartu gämä dolanyp barýarka pikir etdi. — Seredip otursaň syýahat etmek beýle bir ýamanam däl ýaly. Görmedigiňi görüb-ä boljak.

Agşam sagat altyda «Mongoliýa» çarhynyň perleri bilen Aden gämi duralgasynyň suwuny böwsüp, Hindi ummanyna çykdy. Gämi bir ýüz altmyş sekiz sagatda Adenden Bombeýe barmalydy. Hindi ummany hem ýolagçylara eglişik etdi. Syýahatyň tutuş dowamynda demirgazyk-günbatardan şemal öwüsdi. Onsoň, ýelkenlerem bug bilen işleýän maşynlaryň işini ýeňilleşdirdi.

Gämi suwa mazaly ornaşansoň, beýlebir çaýkanybam duranokdy. Zenanlaram täze geýimlere beslenip, gäminiň palubasyna çykdylar. Ýene-de aýdym sesleri eşidilip başlady, ýene-de tans edildi.

Gepiň tümmek ýeri, syýahat örän ajaýyp şertlerde dowam edýärdi. Paspartu ýolugra tötänden Fiks ýaly gowy ýoldaşa sataşanyna-da heziller edýärdi.

Ýekşenbe güni, 20-nji oktýabrda, hindi kenary göründi. Ýene iki sagatdanam «Mongoliýanyň» palubasyna gäminiň dargasy[11] çykdy. Gözýetimde alysdaky baýyrlaryň asmanyň röwüşindäki sudury birenaýy bolup görünýärdi. Az-kem soňra, seteran duran palma agaçlaryna bürenip oturan şäher göründi. Gämi Solsett, Kolaba, Elefanta, Batçer adalarynyň arasynda emele gelen gämi duralgasyna baryp, sagat bäşiň ýarynda Bombeýiň kenarynda labyr taşlady.

Fileas Fog bu pursatda özüniň otuz üçünji oýnuny tamamlady. Bu oýunda, ol öz ýoldaşy bilen batyrgaý öwrüm edip, on üç para utmagy başardy hem-de bu ajaýyp syýahaty «Uly tuwulgaly[12]» tamamlamagy başardy.

«Mongoliýa» Bombeýe 22-nji oktýabrda gelmelidi. Hakykat ýüzünde bolsa ol bu şähere aýyň 20-sine geldi. Şeýlelikde, Londondan gaýdylany bäri iki gün tygşytlanyldy. Ony bolsa Fileas Fog öz ýandepderçesiniň girdejiler bellenýän sütünine ýazdy.

---

11 Darga - gämi sürüji.

12 Uly tuwulga - Angliýada dörän oýunlaryň aglabasynda (meselem tennisde) ýeňiji şeýle baýraga mynasyp bolýar.

# ONUNJY BAŞ

*Bu başda Paspartu bir köwşüni ýitirip aman sypany üçin özüni bagtly saýýar.*

Hindistanyň depesi günorta, esasy demirgazyga bakyp duran ägirt uly üçburçlykdygy, bir ýüz segsen million ilatynyň, bir million dört ýüz müň inedördül mil meýdanynyň bardygy öňýetene mälim. Şol döwürde Britan hökümeti bu ägirt uly ýurduň bir bölegine höküm edýärdi. Kalkuttada baş häkim, Madrasda, Bombeýde, Bengaliýada häkim, Agra-da bolsa kiçi häkim Britaniýa wekilçilik edýärdi.

Şol mahallar Britaniýa Hindistanyň bary-ýogy ýedi ýüz müň inedördül milini eýeläp, onuň ilaty bolaýsa ýüz, köp bolanda ýüz on million adama barabardy. Hindistanyň umumy meýdanynyň aglaba bölegi Angliýa patyşasynyň hökümetine boýun egmeýärdi. Käbir gyrak-bujakdaky sebitlerde ýowuz hem wagşy rajalar[13] doly garaşsyzdylar.

1756-njy ýylda, şu wagtky Madras şäheriniň ýerleşýän ýerine ilkinji iňlisleriň göçüp gelmeginden başlap, tä sipaýlaryň beýik gozgalaňyna çenli, ady belli Ost-Hindistan kompaniýasy bu ýurtda hökmürowandy. Bu kompaniýa ýuwaş-ýuwaşdan rajalaryň ýerini kärendesine satyn alyp, soňam ölmez-ödi tölän bolup, ýa bolmasa düýbünden hiç zat tölemän Hindistanyň dürli prowinsiýalaryny[14] öz eline aldy. Baş häkimi we beýleki harby we raýat emeldarlarynyň ählisini bu kompaniýanyň özi wezipä bellärdi. Ýöne, häzirki döwürde kompaniýa ýok, şonuň üçinem Hindistandaky iňlisleriň eýeçiligindäki ýerleriň ählisi gönüden-göni Angliýa patyşalygynyň hökümetine tabyndy.

Ýarym adanyň daşky görnüşi, millet düzümi, urp-adaty günsaýyn üýtgeýär. Hemişeler bu ýarym ada syýahat edilende, ir zamanlardaky ýaly pyýada, ata, eşege ýa pile atlanyp, ýa bolmasa arabaly, galtakly, kejebeli, paýtunly, halys bolmasa başga bir adamyň arkasyna hopba bolup aýlanylardy. Indi ýokary tizlikli gämiller Hind we Gang

13 Rajalar - Hindistanda agalyk sürýän synpy dereje.

14 Prowinsiýa - welaýat.

derýalary bilen iki-baka dars ýasaýarlar. Dürli ugurlara şaha-şaha bolup ýaýrap, Hindistan ýarym adasyny kesip geçýän demir ýolam, indi Bombeý bilen Kalkuttany birleşdirýär. Otly bilen bu şäherleriň birinden beýlekisine üç günde baryp bolýar.

Hindistany kesip geçýän demir ýol gös-göni çekilmändir. Bombeýden Kalkutta çenli bir müň bir ýüz mil töweregi arany otly ortaça tizlik bilen gidende-de üç günden çalt geçmeli. Ýöne, ýoluň demirgazyga Allahabat tarapa sowulýanlygy sebäpli bu aralyk, tutuş ýoluň üçden biri möçberinde artýar.

Ynha, Beýik hindi demir ýolunyň möhüm ähmiýetli nokatlary: Bombeý adasyndan çykyp, ýol Solsettiň üsti bilen Thanyň gabat garşysyndan yklyma çykýar, Günbatar Gat dag gerişlerinden aşyp, demirgazyk-gündogara sowulyp Burhanpura çenli gidýär. Soňam ne-hä garaşly, ne-de garaşsyz Bundelhand soltanlygynyň çäklerinden geçýär. Soňra, tä Allahabada barýança gaýralygyna gidýär. Gündogarlygyna az-kem gyşaryp Benaresiň alkymynda Gangyň kenaryna çykýar. Soňundanam derýanyň akymyndan birazajyk daşlaşyp, günorta-gündogara Burdwana hem-de fransuz şäheri Şandernagora barýar, ondanam Kalkutta baransoň ýol tamam bolýar.

«Mongoliýanyň» ýolagçylary sagat bäşiň ýarynda Bombeýe gelip düşdiler. Agşam sagat laýyk sekiz bolanda, Bombeýden Kalkutta otly ugraýardy.

Özüniň oýunçy ýoldaşlary bilen hoşlaşyp, jenap Fog gämiden düşdi-de, hyzmatkärine satyn almaly käbir zatlar hakynda jikme-jik tabşyryk berdi. Oňa sagat sekize çenli hökman otly menzilinde bolaýmalydygyny duýduryp, diwar sagadynyň tarsyldap sekuntlary sanaýan tili ýaly, ädimlerini saldamly ätläp, pasport edarasyna ýöneldi.

Bombeýiň gözel ýerleri bolan edara jaýlaryna, ajaýyp kitaphanalaryna, galalaryna, gämi ussahanalaryna, pagta bazaryna we gaýry bazarlaryna, metjitlerine, sinagogalaryna[15], ermeni ybadathanalaryna, butparazlaryň iki sany köpgyraňly diňler bilen

15 Sinagoga - ýewreýleriň we musaýylaryň ybadathanasy.

bezelen Malabar-Hil atly ajaýyp ybadathanasyna baryp, synlap görmek barada ol asla pikirem etmedi. Elefantdaky täsin binagärlik nusgalaryna-da, gämi duralgasynyň günorta-gündogar bölegindäki syrly ýerzeminlere-de, Solset adasyndaky Kanheri gowagyna hem, butparazlyk amaly-haşam sungatynyň ajaýyp ýadygärliklerine hem ol oýundan-çyndan, eger-eger seretmedem.

Ýok, ol asla hiç zada gyzykmaýar! Pasport edarasyndan çykyp, Fileas Fog gyssanman demir ýol menziline bardy hem-de özüne günortanlyk nahar sargady. Baş aşpez oňa «ýerli towşandan» taýýarlanan örän tagamly çorba teklip etdi.

Fileas Fog maslahata eýerip bu nahary öňüne aldy hem-de işdämenlik bilen iýdi. Hoşboý ysly otlar goşulanyna garamazdan, nahar onuň ýüregini bulady.

Ol jaňjagazy jyňňyrdadyp, baş aşpezi çagyrdy.

— Jenap, siziň aýtmagyňyza görä bu nahar towşandan edilen bolmaly, şeýle dälmi? — diýip, ol onuň gözüne dikanlap, sorady.

— Hawa, jenap — diýip, bu kezzap, gözüni gyrpman jogap berdi. — Bu jeňňel towşany.

— Öldürilende, bu towşan mawlamadymy?

— Aýdýanyňyz näme, jenap! O nähili mawlamak! Ant içýän...

— Ant içip, awy ýalap oturma — diýip Jenap Fog agras gürledi. — Sen gowusy, Hindistanda pişikleriň keramatly jandar saýylan döwrüni ýadyňa sal. Gowy döwür ekeni, şo mahallar!

— Pişikler üçinmi, jenap?

— Pişikler üçinem, syýahatçylar üçinem.

Nägilelik bildirensoň, Jenap Fog hiç zat bolmadyk ýaly naharlanmagyny dowam etdi.

Aňtawjy Fiks jenap Foguň yzy bilen «Mongoliýadan» düşdi hem-de Bombeý polisiýasynyň müdiriniň ýanyna ýelk ýasady. Ol resminamalaryny görkezip, özüniň ýerine ýetirýän işleri barada gürrüň berdi hem-de özüniň ogrudyr öýdülýän adamy yzarlap gelýändigini aýtdy. «Ony tussag etmek üçin Londondan buýruk haty geldimikä?» diýip sorady. Ýok, hiç-hili hat gelmändir. Bolmanam, Fog Londondan gaýdandan soň ugradylan buýruk hatynyň, ondan

öň Bombeýe gelmäge haky ýokdy.

Fiks uly alada galdy. Ol Bombeý polisiýasynyň müdirinden jenap Fogy tussag etmäge buýruk hatyny almaga dyrjaşdy. Olam bermedi. Sebäbi, jenaýat London polisiýasyna degişlidi. Şonuň üçinem diňe London polisiýasy tussag etmek üçin kanuny görkezme ýazyp bilýärdi. Adam şahsyýetiniň eldegrilmesizligi boýunça meselelerde kanunçylygyň şeýle pugta berjaý edilmegi, iňlisleriň hüý-häsiýetine juda mahsus. Olar hiç-haçan adam hukuklarynyň kemsidilmegine ýol bermeýärler.

Fiksem buýruk hata garaşaýmakdan başga alaç ýoklugyna düşünensoň, eňegine tutup durmady. Ýöne, ol bu tüýkesme kezzaby Bombeýde gözden sypdyrmazlygy ýüregine düwdi. Ol Fileas Foguň bärde eglenjekligine birjigem şübhelenmeýärdi. Bilşimiz ýaly Paspartu hem hut şeýle pikirdedi. Onsoň näme, olar bärde bolsa, buýruk hatam gelip ýetişer.

«Mongoliýadan» düşenlerinde, hojaýynynyň tabşyryklaryny eşidip, Paspartu Bombeýde hem edil Suesdäki ýaly, özleriniň syýahatlarynyň tamamlanmajagyna, onuň bolmanda Kalkutta çenli, kim bilýär, mümkin ondan aňrygam dowam edäýmeginiň ahmaldygyna düşündi. Onsoň, ol öz-özüne «Birden jenap Fog çyndanam jedel eden bolsa, rahat durmuş arzuw edip ýören Paspartunyňam ýeriň daş-töweregine segsen günde aýlanyp çykmak maňlaýyna ýazylan bolsa, ana şonda näme?!» diýip sowal berdi. Köýnek bilen birnäçe jübüt jorap satyn alansoň, Paspartu gyssanman Bombeýiň köçelerine aýlanyp başlady. Köçeler mähelleden doludy. Dürli milletlerden bolan ýewropalylar bilen bir hatarda ujy çüri şyrdakly persler, togalak selleli banianlar, dörtburç börükli sikhler, uzyn halatly ermeniler, ullakan gara telpekli parslar we ýene beýleki milletlerden ýaňa köçeler hyň berýärdi. Şol gün özlerini, Zaratuştra[16] eýeryýänleriň gönüden-göni nesilleri hasaplaýan parslaryň we gebrleriň baýramy ekeni. Bu adamlar Hindistanyň iň töwekgel, iň medeniýetli, iň paýhasly hem-de iň ýowuz ýaşaýjylary hasaplanylýar.

16 Zaratuştra - orta asyrlarda Eýranda, Owganystanda, Azerbaýjanda we Aziýanyň beýleki döwletlerinde ýaýran dini akym. Hindistanyň parslarynda we Eýranyň gebrlerinde saklanyp galypdyr.

Bombeýli iň baý täjirler şolardan çykýar. Bu baýramçylyk dürli tomaşalary öz içine alýan özboluşly ýöriş bolup, oňa mämişi reňkli dumana duwlanan, altyn we kümüş nagyşlar bilen bezelen tansçylar gatnaşýarlar. Olar depreklerin we gyjaklaryň owazyna goşup, ýokary ussatlyk hem-de örän edeplilik bilen buýsançly tans edýärler.

Paspartunyň bu dabara edil kiçijik çaga ýaly agzyny açyp aňkaranyny aýdyp gepi köpeltmegiň geregem ýok. Ol bolýan zatlara haýran galyp, tutuşlygyna göz bilen gulaga öwrüldi.

Onuň özi üçinem, hojaýyny üçinem gynançly ýeri, bilesigelijilik Paspartuny barmasyz ýere-de eltdi. Munuň Fileas Foga syýahatyny dowam etmäge zelel ýetiräýmegem amaldy.

Parslaryň ýörişine tomaşa edip keýpden çykansoň, Paspartu menzile ýöneldi. Onuň ýoly ajaýyp Malabar-Hil ybadathanasynyň üstünden düşdi. Onsoň onuň kellesine bu täsin ybadathananyň içine hem seredip görmeli diýen bolgusyz pikir geldi.

Ol iki zatdan bihabardy: birinjiden-ä, käbir hindi ybadathanalaryna hristianlara girmek düýbünden gadagan edilýärdi, ikinjidenem takwa bendeleriň özlerem ol ýere iç işikde aýakgabyny çykaryp girmelidiler. Şu ýerde iňlis häkimiýetiniň syýasy nukdaýnazara eýerip, hindileriň ynanç-ygtykatlarynyň iň kiçijik aýratynlyklaryna hem sarpa goýmagy talap edip, olaryň dini ynançlaryny äsgermezlik edene, ol kim bolsa bolaýsyn, örän ýowuz temmi berýänligini bellemek ýerliklidir.

Paspartu ybadathana giren mahaly özüniň jenaýat edýäni hakynda pikirem etmeýärdi. Ol ähli syýahatçylar ýaly, bramin binagärlik usulynda ýerine ýetirilen, ybadathananyň içki bezegini, aklyňy haýran edýän nagyşlaryny synlamakçydy. Birdenem, ol keramatly ybadathananyň içinde ýere ýazylyp gitdi. Gahar-gazapdan ýaňa gözleri uçganaklap duran üç sany mürit Paspartunyň üstüne okdurylyp, ony şatyrdadyp ýere basdylar-da, aýakgabyny, jorabyny sypyryp, jynssyz gykylyklaşyp, ýaňkyny ýençmäge başladylar.

Fransuz güýçli hem-de çalasyn bolansoň bada-bat olaryň aşagyndan sypdy. Ýumrugyny aýlap, uzyn köýneklerine çolaşyp duran garşydaşlarynyň birini, aýagy bilen depibem ýene birini ýere

ýazdy-da, okdurylyp ybadathanadan çykdy. Mähhelläni öjükdirip yzyndan kowalap gelýän üçünji garşydaşyndanam, sähel salymda arany açdy.

Bäş minuty kem sekizde, başy açyk, aýak ýalaňaç Paspartu otlynyň ugramagyna birnäçe minut galanda menzile geldi. Satyn alan zatlarynam ol basa-baslykda ýitiripdi.

Fiks eýýäm otla münülýän meýdançadady. Jenap Fogy menzile çenli yzarlansoň, ol bu kezzabyň Bombeýi terk etmekçi bolýanyna göz ýetiripdi. Onsoň, Fiks şobada Kalkutta çenli onuň yzyna düşmeli, gerek bolsa ondan aňrygam yzarlamaly diýen karara geldi. Paspartu kölegede duran Fiksi görmedi. Ýöne, ol fransuzyň jenap Foga öz başdan geçirmeleri barada aýdan gysgajyk gürrüňini eşitdi.

— Indiden beýläk munuň ýaly bolmaz diýip tama edýärin — diýip ol parahat jogap berdi-de, otlynyň wagunlarynyň birindäki öz ornuna geçdi.

Paspartu neresse-de sesini çykaraman aýak ýalaň, baş açyk, elem-tas bolup hojaýynyň yzyndan ýegşedi.

Fiks goňşy waguna girmekçi bolup durka, birden onuň kellesine täze bir pikir geldi.

— Ýok! Men bärde galaýyn... — diýip ol öz ýanyndan hümürdedi. — Hindistanda jenaýat edilipdir... Bozgak indi elimden sypyp bilmez!

Şol mahalam otly çirkin zoguldap ugrady hem-de garaňkyda gözden ýitdi.

## ON BIRINJI BAŞ

*Bu başda Fileas Fog aýak ulag üçin ummasyz pula mal satyn alýar.*

Otly laýyk wagtynda ugrady. Ýolagçylaryň arasynda birnäçe harby serkerdeler, raýat emeldarlary hem-de tirýek bilen nil boýag satýan söwdagärler bardy. Olar öz iş-aladalary bilen ýurduň gündogar bölegine barýardylar.

Paspartu öz jenaby bilen bir otly otagçasynda barýardy. Olaryň

öňünde üçünji bir ýolagçam ýerleşipdi.

Ol Suesden Bombeýe çenli jenap Fog bilen bile kart oýnan brigada generaly ser[17] Frensis Kromartidi. Ol Benaresiň eteklerinde ýerleşen öz garamagyndaky harby bölümlere barýardy.

Sipaýlaryň soňky gozgalaňynda aýratyn tapawutlanan elli ýaşlaryndaky, saryýagyzdan uzyn boýly ser Frensis Kromartini ýerli ýaşaýjy hasap edäýseňem bolman durjak däldi. Ol dogduk mekanyna kämahal bir gidip-gelýä diýäýmeseň, ýetginjeklik ýyllaryndan bäri Hindistanda ýaşaýardy. Sowatly adam bolansoň, eger-de Jenap Fog gyzyklansa, ol Hindistanyň däp-dessurlary, taryhy we döwlet gurluşy hakda gaty kän, gyzykly zatlary keýpihon gürrüň berjekdi. Ýöne, biziň jenabymyz ondan hiç zat soramady. Fileas Fog syýahat edenokdy-da, aýlanýardy. Ol, göýä adam däl-de, mehanikanyň takyk kanunlaryna eýerip, ýer togalagynyň daş-töweregine öz ýoly boýunça aýlanýan tebigy jisimdi. Şu mahal jenap Fog Londondan gaýdanlary bäri näçe sagadyň geçenini aňynda aýlaýardy. Häzir onuň ýerine başga biri bolan bolsady, onda ol begenjinden ýaňa, megerem elini çarpardy. Ýöne, munuň ýaly biderek hereket etmek onuň häsiýetinde ýokdy.

Ser Frensis Kromarti, diňe kart oýnunyň arasynda synlasa-da, öz hemrasynyň bir töwra adamdygyny aňypdy. Ol «Fileas Foguň näme üçin tebigat gözelliklerine, inçe duýgulara maýyl bolup, göwni joşmaýarka, bu sowuk keşpli adamda ýürek beri barmyka» diýip, öz-özüne sowal berdi. Ýöne, ol bu sowallara jogap tapyp bilmedi. Jenap Fog brigada generalynyň öz ömründe gabat gelen geň adamlarynyň hiç haýsyna meňzemeýärdi. Ol edil takyk ylymlar esasynda ýörite döredilen ýalydy.

Fileas Fog özüniň ýeriň daş-töweregine syýahat etmekçi bolýanynam, syýahatyň nähili şertleriniň bardygynam ser Frensis Kromartiden gizläp duranokdy. Brigada generaly bu jedelde, pähimli adamyň haýsy işiň başyny tutanda-da ugur alýan asylly hem bähbitli

17 Ser - Britaniýada synpy gelip çykyşy boýunça hem-de ygrarlylygy, edermenligi, asyllylygy üçin urşujylara berilýän dereje, şeýle hem iňlis dilinde geplenilýän ýurtlarda erkek adamlara hormat bilen ýüzlenilişi. Bu söz adamyň adynyň öňünden getirilip aýdylýar.

tarapynyň ýokdugyny, diňe täkmekli adamyň yňdarmalygyny görýärdi. Onuň pikiriçe, bu geň jenabyň ulaşan bu işiniň, özüne-de, ýakynlaryna-da jinnek ýaly nepi degmeli däldi.

Otly Bombeýden ugranyndan bir sagat geçensoň, köprüniň üstünden aşyp, Solset adasyny kesip yklyma girdi. Kalýan bekedinden geçip, ol Kandallah bilen Punanyň üstünden çekilen Hindistanyň günorta-gündogaryna barýan demir ýol şahasyny sagynda galdyrdy-da, tiz wagtdan Pauell bekedine ýetdi. Bu nokatdan geçip, ol bazalt esasly, gerişleri güýçli dilkawlanan, iň belent ulgamlary gür tokaýa bürenip oturan Günbatar Gat dag sebitleriniň jümmüşine aralaşdy.

Ser Frensis Kromarti bilen Fileas Fog wagtal-wagtal bir-birine habar gatardylar. Zol arasy bölünip duran gürrüňi dowam edip, brigada generaly:

— Mundan birnäçe ýyl ozal, jenap Fog, siz bu ýerde megerem, eglenmeli bolardyňyz. Olam siziň saýlan ugruňyzda hasabyňyzy ýalňyşdyrardy — diýdi.

— O näme üçin, ser Frensis?

— Sebäbi, öň demir ýoly bu daglaryň eteginde saklanýardy. Dagyň beýleki tarapyndaky Kandallah bekedine barmak üçin ýoly kejebä münüp ýa-da bir zada atlanyp dowam etmelidi.

— Onça-onça eglenileni üçin meniň hasabym ýalňyş çykmaz — diýip, jenap Fog jogap berdi. — Men ýüze çykaýjak päsgelçilikleri öňünden hasapladym.

— Ýogsa-da, jenap Fog, bu ýigdekçäň başdan geçirmeleri sebäpli siziň çoçgara çolaşaýmagyňyzam ahmal ekeni.

Paspartu aýaklaryna ýol ýorganças yny ýapyp, öz gürrüňi edilýänliginden bihabar, süýji ukuda ýatyrdy.

— Angliýanyň hökümeti hindileriň dini ynançlaryny kemsidýän, şunuň ýaly kanun bozulmalaryny örän ýowuz, özem diýseň adalatly jezalandyrýar — diýip, general sözüni dowam etdi. — Eger-de, siziň hyzmatkäriňizi tuaýan bolsalar...

— Tutaýan bolsalar, onda näme, oňa jeza bererdiler. Olam näçe ýyl kesseler oturardy-da, soňam arkaýynjak öýüne dolanardy. Ser Frensis, men-ä bu ýerde özümi ýoldan goýjak zat göremok.

Bu gürrüň şunluk bilen gutardy. Gijäniň dowamynda otly Günbatar Gat dag gerşinden aşyp, Nasige geldi hem-de 21-nji oktýabrda, irden Khandeýş sebitleriniň düzlügräk ýerlerine ýetdi. Oňat işläp bejerilen ekerançylyk meýdanlarynyň arasynda kiçeňräk obalar görünýärdi. Olarda budda ybadathanalarynyň diňleriniň ýerine, ýewropa buthanalarynyň jaň minaralary görünýärdi. Godaweri derýasynyň goşantlary hem-de onuň goşantlarynyň goşandy bolan köp sanly derýajyklar, çeşmeler bu mes toprakly ýeri suw bilen üpjün edýärdi.

Paspartu ukudan oýanansoň, äpişgeden seredip, özüniň Beýik hindi ýarym ada demir ýolunyň otlusynda Hindistany kesip geçýänine, kes-kelläm ynanyp bilmedi. Bu oňa asla akyla sygmajak zat ýaly bolup görünýärdi. Emma, bu hakyt — şeýledi! Iňlis otly sürüjisi tarapyndan erk edilýän, peçlerinde angliýanyň kömri lowlap ýanýan otly, ýoluň iki tarapynda ýaýylyp ýatan kofe, pagta, muskat hozy, myhak agajy, gyzyl burç ekilen ekerançylyk meýdanlarynyň üstüne lemmer-lemmer tüssesini sowuryp barýardy. Otlydan çykýan bug akymy, Hindi binagärligine mahsus bolan täsin nagyşlar bilen bezelen iňňän owadan öýleriň — bungalolaryň, eýesiz ybadathanalaryň — «wiarileriň» we ajaýyp kliseleriň töweregini gurşan hurma agaçlarynyň daşyna, towlam-towlam bolup aýlanýardy. Aňyrrakda, ägirt uly meýdany tutup oturan jeňňeller, gözýetime çenli ýaýylyp ýatyrdy. Ol ýerde otlynyň zenzelesinden gorkýan ýylanlar we gaplaňlar gezýärdi. Soňundanam, demir ýoluň iki gapdalynda hem kesilip aýrylan tokaý agaçlary göründi. Ol ýerde heniz-henizlerem piller bardy. Olar zymdyrylyp barýan otlyny agras nazar bilen ugradýardylar.

Ertesi irden, syýahatçylar Malegaon beketini yzda goýup, Kali hudaýyna sygynýanlar tarapyndan köplenç gyrmyzy gana boýalýan bu elhenç ýerlerden geçip gitdiler. Alkymdan, Ellora obasy, özüniň ajaýyp budda ybadathanalary bilen seleňläp göründi. Ol birmahallar, rehimsiz Aureng-Zebanyň paýtagty bolupdyr. Häzir bolsa ol Nizam soltanlygyndan bölünip aýrylan bir prowinsiýanyň baş şäheri. Birmahallar bu sebitler tuglaryň serdary, «dembermezleriň»

hökümdary Feringa tabyn ekeni. Şol mahallar dini gurama birigen ele düşmezek janalgyçlar, Ajal hudaýynyň hatyrasyna bir damja gan dökmezden adamlary, uly diýmän-kiçi diýmän bogup öldürýän ekenler. Şo döwürde niräni gazsaň boglup öldürilen adamyň jesedi çykyp duranmyş. Britan hökümetine belli bir derejede bolsa-da, bu gyrgynçylygyň öňüni almak başartdy. Ýöne, tuglaryň bu elhenç birleşigi häzirlerem hereket edýär.

Gündiz, sagat biriň ýarynda otly Burhanpur bekedinde saklandy. Paspartu ol ýerde ýasama dür bilen bezelen, ýerli ýaşaýjylaryň geýýän bir jübüt aýakgabyny ep-esli pula satyn aldy-da, begenjine ýyrş-ýyrş edip, ony geýdi.

Syýahatçylar çalak-çulak ertirlik edinip, bu ýerden Assurgur bekedine baka ugradylar. Ýol esli wagtlap, Surat şäheriniň ýanyndaky Kambeý aýlagyna guýýan Tapti derýasynyň kenary bilen gitdi.

Şu ýerde Paspartunyň kellesinde at salýan pikirler hakynda ýatlap geçsek ýerlikli bolar. Bombeýe ýetilmänkä ol bu pyssy-pujurlygyň Bombeýde tamalanjakdygy barada pikir edýärdi. Indi, otly zymdyrylyp Hindistanyň üstünden geçip barýarka, biziň bu ýigdekçämiziň aňynda üýtgeşmeler bolup geçdi. Onda ýene-de başdan geçirmelere höwes oýandy. Indi ol hojaýynynyň ýüregine düwen işine çynlakaý garap başlady. Paspartu ýeriň daş-töweregine şol bellenen möhletde hakykatdanam aýlanyp boljagyna gara çyny bilen ynanyp başlady. Ýolda tötänleýin bolup biläýjek betbagtlyklar, gijä galmak mümkinçiligi, ony eýýämden alada goýýardy. Ol bu jedelde bähbidiniň barlygyny duýup, düýnki aňkawlygy sebäpli, tasdanam bar işi bulaşdyranlygy ýadyna düşüp titir-titir edýärdi. Jenap Fog ýaly giň göwrümli bolmansoň, Paspartu juda galagoplydy. Ol geçen günleri gaýtalap-gaýtalap sanaşdyrýardy. Otly duralgalaryna lagnat ýagdyrýardy. Öz ýanyndan, otlynyň haýal ýöreýänine käýinip, otly sürýäne baýrak wada etmäni üçin Jenap Fogy hem günäkärleýärdi. Biziň goçagymyz otlynyň gämi däldigini, onuň tizliginiň resminama esasynda berk düzgünleşdirilendigini bilmeýärdi.

Agşamara olar, Bundelhand we Khandeýş welaýatlaryny aýrylyşdyrýan Satpur dagynyň jülgeleriniň jümmüşine aralaşdylar.

22-nji oktýabrda, irden ser Frensis Kromarti «Sagat näçe?» diýip soranda, Paspartu sagadyna seredip, «Gije üçüň ýary» diýip jogap berdi. Bu ýerden ortaça ýetmiş ýedi gradus[18] günbatardan geçýän Grinwiç meridianyna[19] dogrulanan bu ajaýyp sagat, ýerli wagtdan dört sagat yza galmalydy. Ol hakykatdanam yza galýardy.

Ser Frensis Kromarti öz sagadyny ýerli wagta dogrulap, Paspartuwa, Fiksiň aýdyşy ýaly, sagadynyň galýanyny duýdurdy. Ol oňa her täze meridiany[20] geçeniňde sagady dogrulamalydygyny, gündogara, ýagny Güne garşylyklaýyn dynuwsyz gidilende, geçilen her gradusda günüň dört minut gysgalýandygyny düşündirmäge çalyşdy. Ýöne, bary biderek boldy. Brigada generalynyň aýdanlaryna, bu kejeňek jahyl düşündimi ýa düşünmedimi, onçasyny bilemzok welin, her näme-de bolsa ol sagadyny-ha düzetmedi. Onsoň, onuň sagadam ozalkysy ýaly London wagtyny görkezmegini dowam etdi. Dogrusy, onuň bu ýňdarmalygynyň hiç kime zelelem ýokdy.

Ir sagat sekizde, otly Rotal bekedine on bäş mil ýetmän, birnäçe öýleriň — bungalolaryň hem-de işçileriň külbeleriniň arasynda, giň meýdanda saklandy. Konduktor[21] wagunlaryň deňinden «Ýolagçylar, çykaweriň! Ýolagçylar çykaweriň!» diýip, gygyryp geçip gitdi. Fileas Fog Frensis Kromartä seretdi. Olam çaky, bu tokaýyň gyrasynda hurma agaçlarynyň arasynda duýdansyz durulmagynyň sebäbini bilmeýän bolarlydy.

Paspartu hem muňa az geňirgenmedi. Ol wagundan böküp düşdi-de, şobada hem yzyna dolanyp:

— Otly ýol gutarypdyr, jenap! — diýip gygyrdy.

— Siz näme diýjek bolýarsyňyz? — diýip ser Frensis Kromarti sorady.

— Men otly mundan beýläk gitmez diýjek bolýan.

---

18 Gradus - töweregiň 1/360 bölegine barabar bolan burç ölçeg birligi.

19 Grinwiç meridiany - ýer togalagynda uzaklyklaryň hasaby başlanýan nulynjy meridian. Londonyň Grinwiç obserwatoriýasynyň üstünden geçýär.

20 Meridian - ýeriň oky bilen belli bir nokadynyň üstünden çekilip, ýer togalagynyň üstüni kesip geçýän geografiýa çyzygy.

21 Konduktor - ýolagçy ulaglarynyň aglabasynda düzgün-tertibe gözegçilik edýän işgär (latynça «ugradyjy» diýen sözden).

Brigada generaly şobada wagundan çykdy. Fileas Fogam gyssanman onuň yzyna düşdi. Olar konduktora tarap ýöneldiler.

— Biz häzir nirede? — diýip ser Frensis Kromarti sorady.

— Kolbi şäherçesinde — diýip, konduktor jogap berdi.

— Biz bärde saklanmalymy?

— Elbetde. Demir ýol doly gurulyp gutarylanok...

— O nähili? Gazetlerde ýol doly gurlup, açyldy diýlip habar berildi ahbeti.

— Etjek alajyň ýok, jenap general. Gazetler ýalňyşypdyr.

— Siz ýol petegini Bombeýden Kalkutta çenli satýarsyňyz ahyry! — diýip ser Frensis Kromarti gyzyp başlady.

— Dogry — diýip, konduktor jogap berdi — ýöne, Kolbiden Allahabada çenli özleriniň gitmelidigini ýolagçylaryň hemmesem bilýär.

Ser Frensis Kromarti guduz açana döndi. Paspartunyň hem bigünä konduktory bir ýumrukda, duran ýerinde ýatyrasy gelip eli gijäp durdy. Hojaýynynyň ýüzüne seretmäge, onuň ýagdaýy ýokdy.

— Ser Frensis, eger-de size gerek bolsa, Allahabada barmagyň başga bir usulyny gözläris — diýip Jenap Fog arkaýynlyk bilen aýtdy.

— Jenap Fog, bu ýerde eglenilse, siziň etsem-petsemleriňiz püçege çykmazmy?

— Ýok, ser Frensis, munuň ýaly zatlar göz öňünde tutulan.

— O nähili? Siz ýoluň gurlup gutarylmadygyny öňem...

— Eger-eger bilemokdym. Ýöne, men şeýle kynçylyklaryň meniň ýolumda ir-u-giç ýüze çykjagyny bilýärdim. Men hiç-hili wagt ýitiremok. Gaýtyb-a, meniň utan iki günüm ätiýaçda dur. Gämi Kalkuttadan Gonkonga aýyň ýigrimi bäşine, günortan ugraýar. Bu günem ýaňy bir ýigrimi ikisi. Biz Kalkutta wagtynda bararys.

Şeýle ynamly jogap eşideňsoň, aýdara gep beri galýarmy?

Demir ýol gurluşygy boýunça işler, hakykatdanam şu ýerde togtadylypdy. Gazetler bolsa, edil öňe gidýän sagat ýaly, ýoluň açylanlygy barada wagtyndan öň habar beripdiler. Ýolagçylaryňam aglabasy demir ýolunyň arasynyň üzülýänliginden habarlydylar. Olar

otludan düşen batlaryna, şäherçeden tapylaýjak ulag serişdelerini bada-bat eýelediler. Zebu diýilýän öküzleriň ýerli tohumlaryna goşulan dört tigiriň üstüne agaç goýlan arabalar, galtaklar, göçme ybadathana meňzäp duran ýol arabalary, kejebeler, poniler[22] — garaz hemmesi eýelenipdi. Jenap Fog we ser Frensis Kromarti tutuş şäherçäni agtaryp boş geldiler.

— Men-ä pyýada ýapbyldaberjek — diýip Fileas Fog aýtdy.

Paspartu jenap Foguň ýanyna geldi-de özüniň owadan, ýöne uzak ýöremäge ýaramajak köwüşlerine seredip ýüzüni eňşitdi. Ýöne, gowy ýeri, o-da ulag gözlegine gidipdi, şonuň üçinem ol az-kem uýaljyrap, öz tapan ulagyny mälim etdi:

— Jenap, meniň gowy ulag tapaýan bolmagymam ahmal.

— O nähili ulag?

— Pil! Şundan ýüz ädim uzaklykda, hanha, ho taýda ýaşaýan hindiniň pili bar.

— Bolýar, ýörüň onda pili göreliň — diýip Jenap Fog jogap berdi.

Bäş minut geçip-geçmänkä, Fileas Fog, ser Frensis Kromarti hem-de Paspartu, daşyna uzyn syryk tikilip aýlanan agyla ýanaşyk oturan çatma bardylar. Çatmada hindiniň özi ýaşaýan ekeni, agylda-da onuň pili. Gaýrat et diýensoňlar, hindi jenap Fogy we onuň iki ýoldaşyny agyla getirdi.

O taýda olar eldekileşeňkirlän pili gördüler. Eýesi oňa ýükçi pil däl-de, söweşjeň pil bolmagy üçin baş öwredipdir. Şonuň üçinem ol piliň tebigy, ýumşak häsiýetini üýtgedip, oňa, hindiçe «muç» diýilýän, guduz açan ýaly häsiýet bermäge çalşypdyr. Pili şeýle ýagdaýa getirmek üçin oňa üç aýlap gant bilen ýag berýärler. Daşyndan göräýmäge mundan hiç hili netije çykmajak ýaly bolup görünse-de, pile baş öwredýänler bu usuly üstünlik bilen ulanýarlar. Jenap Foguň maňlaýyna, bu pili täzeden bäri şunuň ýaly owkata tutan ekenler. Şonuň üçinem onda «muç» diýlip atlandyrylýan häsiýet heniz ýüze çykmandyr.

Bu pili Kiuni diýip atlandyrýan ekenler. Olam, edil özüniň

22 Poni - atlaryň pes boýly tohumy.

beýleki kowumdaşlary ýaly çalt hem uzak wagtlap ýöremäge werziş bolupdyr. Aýagulag edinäýer ýaly başga mal bolmansoň, Fileas Fog pili peýdalanmagy makul bildi.

Ýöne, Hindistanda piller juda gymmat. Çünki, olaryň sany ýyl geldikçe azalyp barýar. Pilleriň erkekleri sirkde oýnatmaga hasam ýaramly bolansoň iňňän gyt haryt hasaplanýar. Onsoňam, bu haýwanlar tutulyp, elde saklansa, känbir köpelibem baranok. Şoň üçinem ony diňe awa çykyp tutaýmasaň, başga alaç ýok. Ynha, şu sebäpli hem Hindistanda piliň gadyryny bilýärler. Şonuň üçinem Fileas Fog hindiden kireýine pilini soranda, ol kes-kelläm garşy çykdy.

Fog hem alarman bolup, yza dönerli däldi. Onsoň, ol bolmalysyndan has köp nyrh teklip etdi: sagadyna on funt sterling. Bolanok. Ýigrimi funt? Ýene-de bolanok. Kyrk funt? O-da bolanok. Paspartu her gezek nyrh galdyrylanda diriň-diriň ýokary bökýär. Ýöne hindi welin, ýan bererli däldi.

Malyň bahasy ýetdi. Eger-de, pil Allahabada on bäş sagatda barar diýip hasap ursaň, onda ol öz eýesine, lükgeläpjik, alty ýüz funt sterling getirýärdi.

Fileas Fog muňa birjik-de kejikmedi. Ol hindä müň funta pilini satmagy teklip etdi.

Hindiniň malyny satasy gelmedi. Zaňňar yrylaýanok! Köpräk hantama bolarly.

Ser Frensis Kromarti, jenap Fogy gapdala çagyryp, oňa nyrhy galdyrmazdan ozal mazalyja pikirlenmegi maslahat berdi. Fileas Fog hem öz ýoldaşyna, oýlanmazdan bir iş edip goýbermek häsiýetiniň ýoklugyny aýtdy. Onsoňam, mesele ýigrimi müň funtlyk jedel hakda bolup, pilem oňa gerek bolsa, onda ol piliň bahasyndan ýigrimi esse köp pul bermeli bolsa-da pili satyn aljagyny aýtdy.

Jenap Fog hindiniň ýanyna geldi. Onuň bedinebislikden ýaňa ýanyp duran kiçijik gözleri, bar gepiň puldadygyny aýdyň görkezip durdy. Fileas Fog oňa bir müň iki ýüz funt teklip etdi, soňam bir ýarym müň, ondan soň bir müň sekiz ýüz, ahyrsoňam iki müň. Hemişe gyzarypjyk duran Paspartunyň ýüzi, tolgunmakdan ýaňa ak

tam ýaly boldy.

Hindem iki müňe yryldy.

— Köwüşjiklemden ant içýän — diýip, Paspartu gygyryp goýberdi — piliň soýup etini iýäýseňem, bahasy-ha ýetdi şuň!

Söwdalaşyldy. Indi ýolbelet tapaýmak galdy. Bul-a aňsat eken. Ýüz keşbi salykatly ýaş pars ýigidi bada-bat öz hyzmatyny teklip etdi. Jenap Fog hem razylaşdy. Özem oňa uly baýrak wada etdi. Bu hem ýaş ýolbelediň höwesini iki esse artdyrdy.

Pili çykardylar. Şobada hem ony eýerlediler. Pars o taýda «mahut» ýa-da «kornak» diýlip atlandyrylýan pile erk etmek hünärini birkemsiz bilýän ekeni. Ol piliň arkasyna içirgi atyp, her gapdalyndanam horjun ýaly edip, tagaşyksyzdan ullakan sebet asdy.

Fileas Fog arzyly ýol torbasyndan çykaryp, şakyrdap duran pul berip hindi bilen hasaplaşdy. Paspartu torbadan çykarylan puluň her biri edil öz teninden kesilip alynýana döndi. Soňra jenap Fog, ser Frensis Kromartä hem Allahabad bekedine çenli özi bilen gitmegi teklip etdi. Brigada generaly hem muňa razy boldy. Bir ýolagçy artyk bolany bilenem bu mähnet jandaryň ýadap durjak gümany ýokdy.

Kolbiden azyk satyn alyndy. Ser Frensis Kromarti sebetleriň birine girdi, Fileas Fog hem beýlekisine. Paspartu bolsa piliň arkasynda öz hojaýyny bilen brigada generalynyň aralygynda ornaşdy. Parsam piliň boýnuna mündi. Sagat dokuzda olar şäherçeden çykyp, gür hurma tokaýlygynyň içi bilen Allahabada baka ugradylar.

## ON IKINJI BAŞ

*Bu başda Fileas Fog bilen onuň ýoldaşlarynyň hindi tokaýlarynyň jümmüşine aralaşmaklary hem-de onuň nämä getireni hakynda gürrüň berilýär.*

Gönüläp gitmek üçin, ýolbelet gurluşyk işleriniň soňky tapgyry dowam edýän demir ýoly bir gapdalda galdyrdy. Windhýa dagynyň egrem-bugram ulgamlarynyň üstünden geçmeli bolanlygy zerarly aýlaw-aýlaw edilip çekilensoň, demir ýol iň gysga aralyk däldi.

Şonuň üçinem demir ýoluň ýakasyny syryp gitmek Fileas Fog üçin bähbitli däldi. Bu ýerleriň ähli ýol-ýodasyna belet pars, ýoly ýigrimi mil çemesi gysgaltmak üçin syýahatçylary, gös-göni tokaýyň içinden alyp gitdi.

Öz sebetleriniň içine boýnuna çenli çümüp oturan Fileas Fog bilen jenap Frensis Kromarti, mahutyň gyssaýanlygy üçin ýorgalap barýan piliň iki-baka çaýkamagyndan ejir baryny çekýärdiler. Ýöne, olar bu ejiri hakyky iňlislere mahsus gaýratlylyk bilen çekip-çydadylar. Özleri zordan görünýän bolsalaram, bir-birege mahal-mahal habar gatýardylar. Paspartu piliň ýagyrnysynda oturansoň hemmeden ilki loňkuldamaly bolýardy. Ol hojaýynynyň öwredişi ýaly, birden dişläýmezligi üçin dilini dişleriniň aňyrsynda saklaýardy. Piliň bir boýnuna, birem syrtyna zyňlyp oturşyna bu sada ýigdekçe, edil bökelgedäki masgarabazlar ýaly juda çylşyrymly maşklary biygtyýar ýerine ýetirýärdi. Ýöne, ol loňkuldap julky çyksa-da, gülüp ýetişibildiginden ýaňraýardy. Mahal-mahalam torbasyndan bir bölek gant çykaryp, düşbi jandar Kiun janawere uzadýardy. Olam ýorgasyny gowşatman holtumynyň ujy bilen gandy alýardy.

Iki sagat geçensoň, ýolbelet pili saklady hem-de oňa bir sagatlap dynç berdi. Janawer agaç şahalaryny, ýaş nahallary iýdi. Golaýdaky batgalykdan suw içip teşneligini gandyrdy. Jenap Frensis Kromarti durulany üçin gatyrganyp durmady. Onuň halys mejaly gaçypdyr. Oňa derek jenap Fog edil ýaňja ýorgandan çykan ýaly daýaw görünýärdi.

— Siz näme demirdenmi? — diýip brigada generaly haýran galyp sorady.

— Ýöne-möne demirdenem däl, taplanan demirden! — diýip, ertirlik üçin odur-budur taýynlap ýören Paspartu, hojaýynyna derek jogap berdi.

Günortanlar ýolbelet ýola düşmeli diýip yşarat etdi. Töwerek indi hasam çolardy. Beýik palma agaçlaryna derek hurmadyr kiçijik palmalaryň jeňňelligi peýda boldy. Soňra ötegçiler guran gyrymsy agaja basyrynyp oturan, içini mähnet harsaň daşlar tutup ýatan giň derä düşdiler. Kän bir ötegçiň aýagy düşmeýän, daglyk

Bundelhandyň bu sebitlerinde, hindi dininiň iň bir ýowuz şahalarynyň birine ölemen uýýan dindar taýpalar ýaşaýardy. Rajalara tabynlykda ýaşaýan, Windhýa dagynyň barmasy kyn ülkesi bolan bu ýerlerde heniz iňlisleriň hökümi ýöremeýärdi.

Birnäçe gezek syýahatçylara hindileriň wagşyýana mähellesi gabat geldi. Olar gaharly yşarat edip ýyndam jandary kowdular. Pars olara sataşmakdan howatyr edip, ýagdaýy boldugyça, olardan gaça durýardy. Syýahatçylar kän bir haýwanam görmediler. Uzakly günüň dowamynda, olara birnäçe maýmyn duşdy. Olar agyz-burunlaryny towlap, kilçerişip, Paspartuny güldirip kese ýykdylar, soňundanam zut gaçyp gitdiler.

Biziň goçagymyzyň kellesine köp pikir gelýärdi, ýöne olaryň arasynda bir pikir oňa halys ynjalyk bermeýärdi. Jenap Fog Allahabada ýetensoňlar, pilini näme ederkä? Ony ýany bilen äkidermikä? Bu-ha, boljak zat däl! Piliň bahasynyň üstüne ony äkitmek üçin ýol harjynam uraýsaň, onda bu söwda juldan çykarar. Ýa-da ony sataýarmyka? Belki-de ony azatlyga goýberer? Bu düşbüje janawer, şeýle bagta mynasybam. Birden jenap Fog, alakgetdän pili oňa, Paspartuwa sowgat berip goýberse? Ana, şonda ol çykgynsyz güne galar. Ynha, şu pikir Paspartuwa hiç ynjalyk bermeýärdi.

Agşam sagat sekizde Windhýa dagynyň esasy gerşi yzda galdy. Ýolagçylar dag gerşiniň demirgazyk eňňidiniň eteginde, ýykylyp ugran bungalo-öýünde düşlediler.

Bir günde ýigrimi bäş mil töweregi ýol geçilipdi. Allahabat bekedine hem ýene şonçarak ýol galypdy.

Gije sowuk boldy. Bungalonyň içinde pars gury agaç şahalaryny döwüşdirip ot ýakdy. Öýüň içi derrew ýylady. Kolbide satyn alan azyk-owkatlaryndan agşamlyk edindiler. Horlanyp ysgyn-mydardan düşen syýahatçylar işdämenlik bilen nahara başladylar. Soňra başlan gürrüňçilik uzak dowam etmän, tiz wagtdan ýolagçylaryň gaty-gaty hor çekmeleri eşidilip başlady. Ýolbelet mähnet agaja ýaplanyp, dik duran ýerinde uklan Kiuniniň ýanynda şöwür çekýärdi.

Gije asuda geçdi. Diňe kämahal, geçigaplaňdyr babyryň arryldysy, onsoňam maýmynlaryň çirkin wahahaýlaşmalary

gijäniň ümsümligini bozýardy. Ýöne, ýyrtyjy haýwanlar arlaşdylar diýäýmeseň, bungalodakylara başga ýamanlyk etmediler. Ser Frensis Kromarti agyr ýörişden aryp gelen esger ýaly dünýäni duýman ýatdy. Paspartu düýşürgäp, häki piliň üstündäkisi ýaly ikibaka togalanýardy. Jenap Fog barada aýdanymyzda bolsa, ol özüniň Sewil Roudaky öýünde ýatan ýaly, gaty ynjalykly ýatyrdy.

Ir sagat altyda ýolagçylar ýola düşdiler. Ýolbelet agşama çenli Allahabada barmagy niýet edinýärdi. Şunlukda, Fileas Fog ýola düşeli bäri tygşytlan kyrk sekiz sagadynyň diňe bir bölegini ýitirýärdi.

Windhýa dag gerşiniň soňky ulgamlaryndan geçensoň, Kiuny ýene-de öňürdikläp başlady. Ýolbelet, Gangyň goşantlarynyň biri bolan Ken derýasynyň kenarynda oturan Kallenjer şäherçesinden sowlup geçdi. Ol ilatly ýerlerden gaça durýardy. Beýik derýanyň golaýlap gelýänini görkezýän çöl-beýewanlyk meýdanlarda, gollarda, ol özüni doly howpsuz duýýardy. Allahabat bekedi demirgazyk-gündogar tarapda on iki milden daş bolmaly däldi. Soňky gezek, banan agaçlarynyň kölegesinde düşlediler. Bu agajyň çörek ýaly bereketli, gaýmak ýaly tagamly iýmişine biziň syýahatçylarymyzyň göwni ýetdi.

Gündiz sagat ikilerde ýolbelet, birnäçe mil aralyga uzalyp ýatan tokaýa sowuldy. Açyklykdan gideniňden, tokaýyň içi bilen gitseň howpsuzrak boljakdy. Her niçigem bolsa häzire çenli, hiçhili ýakymsyz duşuşyk bolmandy. Şonuň üçinem, «syýahat parahat tamamlanar» diýip umyt etse boljakdy. Ýöne, şo mahal, pil birden saklandy. Onuň nämedir bir zatdan tebil tapany göze görnüp durdy. Sagat günortan dört töweregidi.

— Näme boldy? — diýip, ser Frensis Kromarti öz sebedinden kellesini çykaryp sorady.

— Bilemok, jenap general — diýip, pars gür baglaryň içinden gelýän düşnüksiz goha diň salyp durşuna aýtdy.

Az salymdan galmagal has aýyl-saýyl eşidilip başlady. Daşdan saz gurallarynyň ýakymsyz sesi, adam sesleri bilen goşulyşyp eşidilýän ýaly boldy.

Paspartu tutuş göz bilen gulaga öwrüldi. Jenap Fog sesini çykarman näme boljagyna garaşdy.

Ýolbelet ýere düşüp pilini agaja örkledi-de, tokaýyň içine sümüp gitdi. Biraz salymdanam dolanyp geldi-de:

— Bramin gölegçileri. Özlerem bize baka gelýärler. Olara görünmejek bolaweräliň! — diýdi.

Ýolbelet pili boşatdy-da, ony tokaýyň gür ýerine äkitdi. Ýolagçylara-da ýere düşmezligi tabşyrdy. Özem birden gaçmaly bolaýsa, şobada piliň üstüne dyrmaşmaga häzirlenip durdy. Ol dindarlaryň özlerini görmän geçip gitmeklerine bil baglaýardy. Çünki olar, agaçlaryň gür ýapraklarynyň arasynda görünmez ýaly bukulypdylar.

Saz gurallarynyň hem-de adamlaryň sazlaşyksyz gohy gitdigiçe golaýlaşýardy. Depregiň güpürdisine we simbalyň sesine goşulyp birsydyrgyn aýdylýan aýdym sesi eşidilýärdi. Sähel salymdan, biziň syýahatçylarymyzdan elli ädim daşlykda, agaçlaryň aşagyndan gölegçileriň öňi göründi. Jenap Fog we onuň ýoldaşlary agaçlaryň astyndan bu dini dabara gatnaşýanlaryň täsin keşplerini gördüler.

Birinji hatarda kelleleri şyrdakly, lagly-jöwherden tikilen uzyn köýnekli ruhanylar gelýärdi. Olaryň töweregini haýsydyr bir matam aýdymyny aýdyp gelýän erkek adamlar, aýallar, çagalar gurşap alypdyr. Aýdymlaryň arasy tam-tam bilen, simbalyň gürpüldisi bilen her daýym bölünip durýardy. Olaryň yzyndan aňrybaş jullanan iki jübüt gutaz goşulan, ullakan tigirli araba gelýärdi. Arabanyň tigiriniň gurşawlary hem simleri çolaşyp duran ýylanlary şekillendirýärdi. Arabanyň üstünde dört elli, endamy garamtyl gyzyl reňkli, gözleri peträp, dili hem-de dodaklary sallanyp duran, hyna bilen reňklenen betnyşan heýkel bardy. Onuň boýnunda ölüleriň kellelerinden düzülen monjuk, butlarynda çapylan ellerden edilen guşak bardy. Ol daýaw adamyň süýnüp ýatan kellesi alnan jesediniň üstünde durdy.

Ser Frensis Kromarti bu heýkeli şobada tanady.

— Kali hudaýy — diýip, ol pyşyrdady. — Söýginiň we ajalyň hudaýy.

— Ajalyň hudaýy diýýäniňiz bolýa, ýöne bu hiç mahalam

söyginiň hudaýy bolup bilmez! — diýip, Paspartu seslendi. — Baý-baý ýürek bulangyçdygyny!

Pars oňa «sesiňi çykarma» diýip yşarat etdi.

Heýkeliň töwereginde teni goňur reňk bilen zolak-zolak edilip çyzylan, endam-jany gany sarkyp duran, haç şekilinde kesik ýaraly derwüşler başagaý bolup, towlanyşyp çarp urýardylar. Olar häli-häzirlerem, Jagernautyň arabasynyň tigirleriniň astyna özüni oklaýan hetdenaşa dine berlen janypkeşlerdi.

Olaryň yzyndan bezemen gündogar geýmine beslenen birnäçe bramin zoraýakdan gelýän bir aýaly alyp gelýärdiler.

Aýal ýaşdy. Akýagyz bolansoň Ýewropa ýaşaýjylaryna meňzäp durdy. Onuň kellesi, boýny, eginleri, gulaklary, elleri we aýaklary gymmatbaha daşlardan, dürden düzülen monjuklar, bilezikler, gulakhalkalar, ysyrgalar bilen bezelendi. Lagly jöwherden tikilen, üsti ýeňiljek örtgi bilen ýapylan köýnegi, onuň gözel syratyny görkezýärdi.

Ýaş aýalyň yzyndan — juda elhenç görnüş — guşagyna kümüş nagyş bilen haşamlanan ýalaňaç gylyç bilen sapança gysdyrylan garawullar, kejebede bir adamyň meýdini göterip gelýärdiler.

Ol rajanyň bezemen geýimi geýindirilen gojanyň jesedidi. Edil durmuşyndaky ýaly onuň dür bilen tikilen sellesi, lagly-jöwherden tikilen ýüpek halaty, göwher bilen bezelen ýüň guşagy we hindi hökümdarynyň gymmatbaha ýaragy bardy.

Yzyrakdan sazandalar gelýärdi. Olaryň töweregindäki jany-teni bilen dine berlen takwalaryň çirkin sesi mahal-mahal sazyň sesinem basýardy.

Ser Frensis Kromarti bu haý-haýly ýörişi gamgyn nazar bilen ugradyp, ýolbelede ýüzlenip:

— Sutti! — diýdi.

Pars ony makullap baş atdy we barmagyny dodagyna ýetirdi. Gölegçiler uzyn hatar bolup agaçlaryň aşagyndan geçip gitdiler. Tiz wagtdan olaryň soňky hatarlaram gür tokaýlykda gözden ýitdi.

Aýdym sesi hem kem-kemden ýuwaşady. Ýene biraz salym uzakdan gelýän gykylyk eşidildi. Ahyrsoňam, töwerek dym-dyrslyk

boldy.

Fileas Fog ser Frensis Kromartiniň aýdan sözüni eşidipdi. Gölegçiler gözden ýiten badyna ol:

— «Sutti» bolanda näme bolýar? — diýip sorady.

— Sutti — bu jenap Fog, adamyň gurban berilmegi — diýip, brigada generaly jogap berdi. — Ýöne, bu gurban berilmek meýletinlikde bolýar. Ýaňky gören aýalyňyz, ertir gün dogan dessine ýakylar.

— Deýýuslar diýsäni! — diýip, Paspartu saklanyp bilmän nägileligini bildirdi.

— Öli kim? — diýip, Jenap Fog ýene sorady.

— Ol han, ýaňky aýalyň äri — diýip, ýolbelet jogap berdi. — Garaşsyz Bundelhand hanlygynyň rajasy.

— Bu wagşy däp-dessurlar Hindistanda henizem barmy? Iňlisler ony ýok edip bilmedilermi? — diýip, Fileas Fog sorady. Onuň sesinde jinnek ýalam alada duýulmaýardy.

— Hindistanyň köp böleginde munuň ýaly gurban berlişik bolanok. — diýip, ser Frensis Kromarti jogap berdi. — Ýöne, gyrak-bujaklardaky çola ýerlere biziň hökümimiz ýöremeýär. Bundelhand hem şolar ýaly ýer. Windhýa dagynyň demirgazyk gerişlerinde adam öldürmegem, talaňçylygam aýrylyp gidibermeýär.

— Bedibagt! Ony diriligine ýakarlar! — diýip, Paspartu pyşyrdady.

— Hawa. — diýip, brigada generaly jogap berdi — Eger ýakmaýanlarynda-da, oňa nähili aýylganç durmuşyň garaşýany siziň kelläňize-de gelýän däldir. Ýakynlary, şeýle aýallaryň saçyny gyrkýarlar, gününe bir-iki çümmüjek tüwi berip, olary hapysa mahluk hasaplaýarlar. Onsoň, olar gotur itler ýaly, çem gelen ýerde ölüp galýarlar. Olar ýanýoldaşyny söýýäni ýa dine janypkeşligi üçin däl-de, ynha, şeýle güne düşmejek bolup, bu görgüliler öz ajalyna özleri barýarlar. Kämahallar, hakykatdanam meýletinlik bilen öz janyny gurban edenlerinde, onuň öňüni almak üçin hökümet aýgytly hereket etmeli bolýar. Mundan birnäçe ýyl ozal, men Bombeýde ýaşaýarkam, ýaş dul gelin äriniň jesedi bilen özüniň bilelikde

ýakylmagyna rugsat sorap häkime ýüz tutdy. Elbetde, özüňizem aňýansyňyz, häkim muňa rugsat etmedi. Onsoň, ýaňky aýal şäheri terk edip, bir rajanyň eýeçiligindäki ýere baryp, şo taýda-da özüni gurban beripdir.

Brigada generaly gürrüň berýärkä ýolbelet, şol kellesini yrady oturdy. Ol gürrüňini soňladam welin:

— Ertir gün doganda gurban berlişik, meýletinlik bilen-ä bolmaz — diýdi.

— Siz ony näbilýäňiz?

— Ony tutuş Bundelhand bilýär.

— Onda-da, ol bagtyýatan garşylyk görkezmelidirem öýdenok — diýip, ser Frensis Kromarti pikirini aýtdy.

— Tiryekdir meň bilen onuň başyny aýlapdyrlar.

— Ony nirä alyp barýarkalar?

— Bärden iki mil uzakdaky Pillaji ybadathanasyna. Ol gurban edilmegine garaşyp gijesini şo taýda geçirer.

— Ol haçan gurban beriler?

— Ertir daň atansoň.

Ýolbelet şeý diýdi-de, pili gür tokaýlykdan çykardy hem-de onuň boýnuna dyrmaşdy. Ýöne, ol ugramak üçin üýtgeşik edip sykylyklamanka, jenap Fog ony saklady-da, ser Frensis Kromarta ýüzlenip, ondan:

— Eger-de biz ol aýaly halas etsek nähili bolarka? — diýip sorady.

— Ol aýaly halas etjek diýýäňizmi? — diýip brigada generaly gygyryp goýberdi.

— Meniň ätiýajymda ýene on iki sagadym bar. Özümdäki şol wagtymy ol aýaly halas etmäge sarp edip biljek.

— Siziň ýüregiňiziň awaýan wagtam bolýan eken-ow!

— Kämahallar bolýa, wagtym bolsa... — diýip, Fileas Fog dil ujundan aýdyp goýberdi.

# ON ÜÇÜNJI BAŞ

*Bu başda, Paspartu, bagtyň gözsüz batyrlara gülüp bakýandygyny ýene bir ýola subut edýär.*

Başyna barylan iş juda batyrgaýlygy talap edýärdi, howp-hatardan doludy. Ony amala aşyrmak mümkin däl diýen ýalydy. Jenap Foguň janyndan jyda düşäýmegi, bolmanda bendi bolmagy, ahyrky netijede bolsa jedelde utulmagy ahmaldy. Onda-da ol ikirjiňläp durmady. Onsoňam, ol özüne ser Frensis Kromarti ýaly gaýduwsyz kömekçi hem tapynypdy.

Paspartu babatynda aýdanymyzda bolsa, ol hemme zada taýyndy. Oňa gaty arkaýyn bil baglasa boljakdy. Hojaýynynyň ýüregine düwen işinden, onuň göwni hoşdy. Ol Fileas Foguň daşyndan göräýmäge sowuk keşbiniň aňyrsynda ýuka ýüreginiň bardygyny duýdy. Şonuň üçinem, hojaýynyny sulhy alyp ugrady.

Ýöne ýolbeledem bardy. Ol bu işde kimiň tarapyny tutar? Hindilere kömek etmek pikiri onuň kellesine gelmezmi? Onuň özünden kömek bolmaýanda-da, olaryň arkasyny tutmazlygynyň gamyny iýmelidi.

Ser Frensis Kromarti muny ondan gönüläp sorady.

— Jenap general, men pars, ol zenanam pars. Men siziň hyzmatyňyzda.

— Örän ajaýyp! — diýip, jenap Fileas Fog seslendi.

— Ýöne bilip goýuň. Eger-de tutaýsalar, diňe bir amanady tabşyrmak däl, bize aýylganç horluklar garaşýandyr. Şu barada gowja pikirleniň — diýip, ýolbelet duýdurdy.

— Biz eýýäm pikir etdik — diýip, jenap Fog jogap berdi. — Ýüregimize düwen işimizi ýerine ýetirmek üçin garaňky düşmegine garaşmak gerek öýdýän?

— Menem şeýle pikirde — diýip, ýolbelet jogap berdi.

Onsoň, ak ýürekli hindi ýigidi garamaňlaý aýal hakynda käbir zatlary gürrüň berdi. Bu owadan hindi zenany pars taýpasyndan bolan Bombeýli baý täjiriň gyzy ekeni. Bu gyz ol şäherde iňlis

terbiýesini alypdyr. Özüni alyp baryşy, bilimi boýunça, ol edil ýewropaly zenanlar ýaly ekeni. Onuň ady hem Auda ekeni.

Ýetim galansoň, ony zorluk bilen Bundelhandyň garry rajasyna äre beripdirler. Üç aý geçensoňam, ol dul galypdyr. Özüne näme garaşýanyna aňryýany bilen gözi ýetip duransoň, ol gaçypdyr. Ýöne, ony derrew tutupdyrlar. Rajanyň garyndaşlary onuň öldürilmeginiň tarapdary bolansoňlar, bu gelni elhenç jeza duçar edipdirler. Görnüşi ýaly, bu zenana takdyrdan sypmaga hiç alaç ýok bolarly.

Bu gürrüň jenap Foguň hem-de onuň ýoldaşlarynyň ýüregine düwen asylly işlerini bitirmäge höwesini hasam güýçlendirdi. Ýolbelede pili Pillajy ybadathanasyna tarap sürmegi buýurdylar. Ybadathana mümkin boldugyça golaý barmak zerurdy.

Ýene ýarym sagatdan, olar ybadathananyň elli ädim töweregi golaýyndaky gür jeňňellige gelip saklandylar. Ybadathana görünmese-de, din janköýerleriniň çirkin sesleri olara aýyl-saýyl eşidilýärdi.

Soňra, ötegçiler nädip biçäre gelniň ýanyna barmalydygyny oňat maslahatlaşdylar. Ýolbelet ýaş gelniň saklanýan Pillajy ybadathanasyny bilýärdi. Mähelläň huşy başyndan uçup, agyr uka batansoň, olar girelgeleriň birinden sümülip bilermikäler ýa-da ybadathananyň diwaryndan ötük açmaly bolarmyka? Muny diňe ol ýere baranyňdan soň çözüp boljakdy. Bir zat welin, bellidi. Daň atyp, biçäräni jeza beriljek ýere äkidýänçäler garaşyp oturman, ony şu gije alyp gaçmalydy. Ertä galynsa ony halas etmäge adam oglunyň güýji ýetjek däldi.

Jenap Fog bilen onuň ýoldaşlary gije düşerine garaşdylar. Agşamara sagat altylarda, alagaraňkyda olar ybadathananyň töweregine baryp, seredip görmegi ýüregine düwdiler. O taýdan gelýän derwüşleriň sesleri indi ýuwaşap ugrapdy. Bu adamlar adatça bolşy ýaly, içine meň şiresi garylan suwuk tirýekden melul bolan borly. Şunluk bilen, ýene az salymdan bildirmän ybadathana girip bolaýmagy ahmaldy. Pars jenap Fogy, ser Frensis Kromartini hem-de Paspartuny yzyna tirkäp, sessiz öňe süýşenekläp ugrady. Olar on minutlap agaçlaryň arasynda bukdaklaşyp, kiçijik çeşmäň

kenaryna geldiler. Ol ýerde, ujunda şepbik tüsseläp duran ýag çyralaryň ýagtysyna, odun üýşmegini gördüler. Ol ýakymly ys berýän ýag çalynan, gymmatbahaly sandal agajyndan taýýarlanan ertirki ýakylmaly otdy. Onuň üstünde biçäre dul gelin bilen bilelikde ýakylmaly rajanyň jesedi ýatyrdy. Odunyň ýüz ädim çemesi aňrysynda, diňleri garaňkynyň içinde agaçlaryň arasyndan saýlanyp duran ybadathana görünýärdi.

— Öňe! — diýip, ýolbelet pyşyrdady.

Ol hasam seresap bolup, ösgün otlaryň arasyndan ýoldaşlary bilen süýşenekläp başlady.

Şemala başyny yrap oturan agaçlaryň şahalarynyň şygyrdysy eşidilýär diýäýmeseň, töwerek dym-dyrslykdy. Tiz wagtdan ýolbelet, tokaýyň arasyndaky açyk meýdanyň gyrasyna gelip saklandy. Ol ýeri ýagly alaw çyralarynyň birnäçesi ýagtyldyp durdy. Açyklyk humarlap, ukuda ýatan hindilerden ýaňa dolup durdy. Ol, ölenleriň meýdi dagaşyp ýatan söweş meýdanyny ýada salýardy. Erkekler, aýallar, çagalar başly-barat boluşyp ýatyrdylar. Serhoşlaryň käbiri gyryk ses bilen nämedir bir zat diýip gygyrýardylar.

Aňyrrakda, garaňkynyň içinde, agaçlaryň arasynda Pillaja ybadathanasy görünýärdi. Ýöne, rajanyň garawullarynyň şöwür çekip durmaklary, ýolbeledi gaty gynandyrdy. Ýalaňaç gylyçly garawullar, tüsseläp duran ýag çyralarynyň ýagtysyna gapyň agzynda iki-baka gatnaýardylar. Ybadathananyň içindäki ruhanylaryňam oýa bolmagy ahmaldy.

Pars saklandy. Ybadathananyň içine girip bolmajagyna onuň gözi ýetdi, şonuň üçinem ol ýoldaşlaryny aňyrrak, tokaýyň içine alyp gaýtdy.

Fileas Fog bilen ser Frensis Kromarti hem ybadathananyň bu tarapyndan hiç zat edip bolmajagyna göz ýetirdiler.

Olar durdular-da, pyşyrdaşyp maslahatlaşmaga başladylar.

— Garaşyp göreliň — diýip, brigada generaly aýtdy, — häzir sagat ýaňy sekiz boldy, giçden soň garawullaryňam uklamagy ahmal.

— Bu diýýäniňiz, hakykatdanam bolup biläýjek zat — diýip, ýolbeledem onuň bilen ylalaşdy.

Fileas Fog bilen ýoldaşlary agajyň aşagynda oturyp, garaşmaga başladylar.

Wagt juda haýal geçýärdi! Ýolbelet birnäçe gezek olaryň ýanyndan turup, garawullary barlamaga gitdi. Rajanyň garawullary henizem uklamandyrlar. Ýagçyralaram ýanyp durdy. Ybadathananyň penjirelerinden bolsa ölügsi yşyk görünýärdi.

Şeýdip, ýarygijä çenli garaşdylar. Ýagdaýlar henizem öňki-öňkilikdi. Garawullar çirim etmän, şöwür çekýärdiler. Garawullaryň uklamagyna bil baglap bolmajagy aýan boldy. Olara humar ediji neşelerden berilmedik bolarly. Başgaçarak hereket etmeseň boljak däldi. Ybadathananyň içine diwardaky ötükden girmäge synanyşyp görmek gerekdi. Ýöne, müritlerem öz pidalarynyň ýanynda, ybadathananyň garawullary ýaly şöwür çekip durmukalar? Ana, şony bilmek gerekdi.

Gysgajyk maslahat edip, öňe gozgandylar. Öňden ýolbelet barýardy. Jenap Fog, ser Frensis we Paspartu onuň yzyna düşdiler. Ybadathananyň aňry tarapyndan gelmek üçin olar ep-esli aýlaw etmeli boldular.

Gije biriň ýary töwerekleri, olar ýolda hiç kime duşman, jaýyň diwarynyň alkymynda aýak çekdiler. Bu tarapda hiç-hili garawul ýokdy. Ýöne, gapydyr äpişge-de ýokdy!

Gije tüm garaňkylykdy. Gözýetimde aşakda duran orak şekilli aýyň öňüni bulut tutup durdy. Beýik agaçlar howany hasam garaňkyradýardylar.

Ybadathananyň diwaryndan ötük etmeseň, onuň diwarynyň ýanynda duranyň peýdasy ýokdy. Diwardan yş açmak üçin, Fileas Foguň ýanynda-da, onuň ýoldaşlarynyň ýanynda-da, çakgylaryndan başga hiç-hili gurallary ýokdy. Ýöne, olaryň bagtyna, jaýyň diwarlary kerpiç bilen sypal garylyp örülen ekeni. Ony sökmegiň kynçylygy ýokdy. Birinji kerpiji aýryp bilseň, soňkylarynyň öz-özi sökülip barýardy.

Hiç hili şygyrdamazlyga çalşyp, olar işe girişdiler. Pars bilen Paspartu iki fut[23] giňlikde ötük etmek üçin kerpiçleri söküp

23 Fut - 30,48 santimetre deň bolan ölçeg iňlis ölçeg birligi.

aýyrýardylar.

Iş gowy gidip durdy, ýöne birdenkä ybadathananyň içinden gykylyk eşidildi. Şobada, jaýyň daşyndanam oňa jogap berip gygyryşdylar.

Paspartu bilen pars işiň arasyny kesdiler. Olary göräýdilermikä? Bu nämäniň alamaty? Olary tutmaga duýduryş bolaýmasyn? Ýönekeýje hüşgärlik olaryň gitmelidigini görkezýärdi. Onsoň, olaram gaýra çekildiler. Fileas Fog bilen ser Frensis Kromarti hem olaryň yzyna düşdiler. Olar ýene-de, goh-galmagal ýatyşansoň işi dowam etmek üçin agaçlara bukulyp garaşmaga durdylar.

Ýöne, ýaman ýeri ybadathananyň arka tarpyna hem garawul geldi-de, ornaşdy. Indi gädige golaýlaşjak gümanyň ýokdy.

Işleriniň arasyny üzmäge mejbur bolan bu dört pyýadanyň nähili lapykeç bolandyklaryny beýan etmegem aňsat däl. Indi olaryň ýesiriň ýanyna barmaga mümkinçilikleri bolmasa, ony nädip halas etsinler? Ser Frensis Kromarti gahardan ýaňa ýumruklaryny düwüp otyrdy. Paspartu özüne erk edip bilmeýärdi. Ýolbelet ony zordan saklaýardy. Derýa ýaly giň Fog bolsa, hamala hiç zat bolmadyk ýaly, sesini çykarman otyrdy.

— Indi näme, şeýdip, elimizi burnumuza sokup gidibermeli bolarmykak? — diýip, brigada generaly ýuwaşlyk bilen sorady.

— Hawa, başga etjek alajyň ýok — diýip, ýolbeledem ony tassyklady.

— Hany, garaşyň — diýip, jenap Fog seslendi. — Allahabada günortan barmagam meni kanagatlandyrýar.

— Siz indi nämä umyt edýärsiňiz? — diýip, ser Frensis Kromarti sorady. — Ýene-de birnäçe sagatdan Gün dogar, onsoňam...

— Bizden duýdansyz ýüz öwren şowlulyk, iň soňky pursatda, duýdansyz bize gülüp bakybam biler.

Brigada generaly, Fileas Foguň pikirini ýüzünden okamak isledi.

Bu giň göwrümli iňlis indi nämä bil baglaýarka? Ölüm jezasy berjaý edilip durka, okdurylyp, hemmeleriň gözüniň alnynda ýaş gelini jellatlaryň elinden almakçy bolýan-a däldir-dä, hernä?

Ýöne, bu alasamsyklyk boýar ahyry. Bir adamyň şeýdip akylyny

ýitirmegine ýol berip bolmaz. Gepiň külesi, ser Frensis Kromarti bu aýylganç wakanyň soňunyň nähili boljagyna garaşmagy ýüregine düwdi. Ýolbelet ýoldaşlary bilen bukulan ýerlerinde mundan artyk saklanmaga ýürek etmän, olary açyklygyň gyrasyna äkitdi. Bu ýerde olar, agaçlaryň arasynda gizlenip, uklap ýatan adamlary gözlerinden sypdyrman synlap biljekdiler.

Paspartu agajyň aşaky şahasynda oturyşyna, edil ýyldyrym ýaly bolup kellesine giren, indem onuň beýnisine gitdigiçe çuň ornaşýan bir pikir hakynda kelle döwýärdi.

Ilki, ol özüne «Bu barypýatan dikdüşdilik bolýar» diýdi. Soňundanam, «O nämüçin bolmaly dälmiş? Şeýle wagşylar bilen munuň ýeke-täk mümkinçilik bolmagam ahmal!» diýip gaýtalap başlady.

Gepiň tümmek ýeri, Paspartu kän pikirlenip oturmady. Ol ujy ýere degip oturan agaçlardan ýylan ýaly suwlup, çaltlyk bilen düşdi.

Wagt geçdi. Az salymdan daň atyp, asman ýagtylyp başlady. Ýöne, daňyň ümüş-tamşynda henizem howa garaňkyrap durdy.

Gurban berilmeli wagt gelip ýetdi. Uklap ýatan hindilere jan giren ýaly boldy. Mähelle gymyldap başlady. Tam-tamyň sesi eşidilip ugrady. Aýdym sesi, galmagal ýene güýjäp başlady. Biçäräniň amanadyny tabşyrmaly pursady gelip ýetdi. Şol mahal hem ybadathananyň gapysy serpilip açyldy. Jaýyň içine ýagty doldy. Jenap Fog bilen ser Frensis Kromarti, ýagçyranyň ýagtysyna, iki müridiň alyp gelýän pidasyny gördüler. Olaryň göwnüne bolmasa, garamaňlaý humardan açylypdyr, indem, jan süýji bolansoň, öz jellatlarynyň elinden sypjak bolýardy. Ser Frensis Kromartiniň ýüregi batly urup, ol gagşap Fileas Foguň eline ýapyşdy hem-de onuň elinde ýalaňaç hanjary gysymlap duranyny duýdy.

Bu pursatda mähelle hem herekete geldi. Ýaş gelin ýene-de meň tüssesiniň täsiri bilen doňup, bihuş boldy. Ol, matam däp-dessuryna görä, özüni gygyryşyp ugradýan derwüşleriň arasyndan geçip gitdi.

Files Fog bilen onuň ýoldaşlary hem mähellä goşulyp gölegçileriň yzyna düşdiler.

Iki minut töweregi geçensoň, olar çeşmäniň boýuna ýetdiler

hem-de üstünde rajanyň jesedi goýlan odun üýşmeginiň elli ädim töweregi bärsinde saklandylar. Alagaraňkyda, olar özünden giden zenany äriniň jesediniň ýanynda goýdular.

Soňra, ýaglanan oduna ýanyp duran ýagçyrany degirdiler welin, olam lowlap otlandy.

Şu mahal, ser Frensis Kromarti bilen ýolbelet, zenana ýüregi awamakdan ýaňa akylyny ýitirip, özüni oda urjak bolup duran Fileas Fogy zordan saklaýardylar...

Fileas Fog itekleşdirip, ýoldaşlaryndan sypdam welin, birden görlüp-eşidilmedik waka boldy. Gorkudan ýaňa ýürekleri ýarylara gelen jemendäň hemmesi birden içini çekdi. Mähelle gorkusyna ýüzinligine ýere ýazyldy.

Goja raja jan giripdir! Al-arwahlar ýaly bolup, ol ýatan ýerinden galdy. Ýaş gelnini eline alyp, burugsap duran tüssäniň içinde göze görünýän ýaly bolup, ýanyp duran odundan aşak düşdi.

Derwüşlerem, garawullaram, müritlerem aýylganç gorkup, ýüzlerini ýere berip, hatda bu gudraty görmek üçin gabaklaryny galdyrmaga hem milt edip bilmän, ýere ýazylyp ýatyrdylar!

Kuwwatly gollar dem-düýtsiz ýatan biçäräni göterip barýardy. Jenap Fog bilen ser Frensis Kromarti duran ýerinde doňup galdylar. Ýolbelet gorkusyna başyny egdi.

Direlen raja jenap Fog bilen generalyň ýanynda aýak çekdi-de:

— Gaçalyň! — diýip, üzlem-saplam aýtdy.

Ol goýy tüssä duwlanyp, bildirmän oduň içinden çykan, garaňkylykdan peýdalanyp ýaş gelni ajal penjesinden alyp galan, başagaýlygyň arasynda janlandyran keşbini, hakyky artistler ýaly birkemsiz oýnan Paspartudy!

Olaryň dördüsem, göz açyp-ýumasy salymda tokaýa siňip gitdiler. Tiz wagtdan bolsa pillerini aýagaldygyna gorgunladyp gaçdylar. Goh-galmagal, gargyşlar hem-de jenap Foguň şlýapasyny deşen okuň şuwwuldysy, olaryň pirimleriniň üstüniň açylandygyny görkezýärdi. Çünki, ýanyp duran otda goja rajanyň jesedi görnüp durdy. Müritler özüni dürsänsoňlar, pidalarynyň alnyp gaçylanyna düşündiler.

Olar şobada tokaýa okduryldylar. Garawullar gaçgaklaryň ökjesine mündiler, yzyndan okam atdylar. Ýöne, gaçgaklar olardan tiz arany açdylar we sähel salymdan kowguçylaryň ok-ýaýy ýeterden ara açdylar.

## ON DÖRDÜNJI BAŞ

*Bu başda, Fileas Fog Gang derýasynyň ajaýyp jülgesini synlap ruhy lezzet almak hakynda hatda pikirem etmezden ony kesip geçýär.*

Batyrgaý ogurlyk amala aşyryldy. Paspartu piriminiň şowuna düşüşini ýatlap soň-soňlaram kän güldi. Ser Frensis Kromarti garadangaýtmaz jahylyň elini berk gysdy. Jenap Fog bolsa oňa «Hop ýagşy!» diýdi. Bu jenabyň agzyndan beýle söz eşitmek, iň ýokary sylag almaga barabardy. Paspartu oňa, işiň ähli abraýynyň hojaýynyň özüne degişlidigini aýtdy. Paspartunyň özüniň bolsa, birdendekgän kellesine bir yňdarma pikir geläýipdir. Ol, ozalky gimnastikaçy türgen hem-de ýangyn söndürijiler toparynyň öňki seržanty Paspartu, özüniň bir pursatlyk owadan gelniň äri, balzamlanan raja öwrülenligi ýadyna düşende gülüp hezil edýärdi.

Ýaş hindi zenany henizem özüne gelip bilmeýärdi. Ol sebetleriň birinde ýol ýorganças‌yny ýapynyp ýatyrdy.

Parsyň ygtyýaryndaky pil, entegem alagaraňky tokaýda ýorgalap barýardy. Bir sagatdan olar giň sähralyga çykdylar. Sagat ýedi-de düşlediler. Ýaş gelin henizem beýhuş bolup ýatyrdy. Ýolbelet onuň agzyna garylan içgiden bir-iki owurt damdyrdy. Ýöne, ol neşäniň täsirinden çykmady.

Ser Frensis Kromarti meňiň täsiri netijesindäki beýhuşlygyň örän uzak dowam edýänligini bilýänligi üçin birjikde birahatlanmaýardy.

Ýaş gelniň aýak üstüne galjagyny general aýnada gören ýaly bilse-de, zenanyň geljekki ykbaly welin, onuň üçin alasarmykdy. Ol Fileas Foga, hanym Auda Hindistanda galsa ýene-de jellatlaryň eline düşjeginiň ikuçsyzdygyny gönüläp aýtdy. Bu din janköýerleri ýarym adanyň ähli ýerine ýaýrapdyr. Iňlis polisiýasy her zat edende-de, öz

pidalary hala Madrasda bolsun, hala-da Bombeýde ýa Kalkutta-da, tapawudy ýok, olar ony gözläp taparlar. Ser Frensis Kromarti öz aýdanlaryny tassyklamak üçin golaýda bolan bir wakany mysal getirdi. Onuň pikiriçe, ýaş gelin diňe Hindistanyň çäklerinden daşarda howpsuz bolup biler.

Fileas Fog oňa özüniň jogapkärligine düşünýänligini hem-de zerur karara geljekdigini aýtmak bilen jogap berdi.

Ir sagat onlarda, ýolbelet Allahabat bekedine gelinenligini habar berdi. Arasy üzülen demir ýoly bu ýerden ýene-de dowam edýärdi. Otlular Allahabad bilen Kalkuttanyň aralygyny bir güne ýetirmän geçýärdiler.

Şeýlelikde, Fileas Fog Kalkutta wagtynda barar hem-de ertesi gün 25-nji oktýabrda Gonkonga ugraýan gämä münmäge ýetişer.

Ýaş zenany menzilgähdäki otaglaryň birine ýerleşdirdiler. Paspartuwa onuň üst-başy üçin zerur zatlary: köýnek, ýaglyk, sütükli geýim, garaz tapan-tupanyny almagy tabşyrdylar. Fileas Fog bu maksat üçin çäklendirilmedik hasap açdy.

Paspartu şobada şähere ugrady-da, çaltlyk bilen onuň köçelerine aýlanyp çykdy. Allahabad diýmek, «Hudaýyň şäheri» diýmegi aňladýar. Bu şäher Hindistanyň iň bir apalanýan şäherleriniň biri. Bu ýere Hindistan ýarym adasynyň ähli künjeklerinden zyýarata gelýärler. Sebäbi, şäher iki sany gudratly derýanyň, Gang bilen Jamnanyň birigýän ýerinde ýerleşýär. «Ramaýanada[24]» aýdylyşyna görä, Gang asmandan gözbaş alyp, Bramanyň keremi bilen ýere düşýär.

Paspartu söwda köküni edip, Allahabadyň ajaýyp galasyna gyssagara syn etdi. Bu gala indi döwlet zyndany boldy. Öň bu şäher ösen söwdasy we senagaty bolan uly şäherdi. Indi ol ýerde ne senagat galdy, ne-de beýleki. Paspartu, hamala Rijent köçesine gelen ýaly, ýoň bolan harytlar satylýan dükanlary kän gözledi, tapyp bilmedi. Ahyrsoňy, ol domma ýewreý alyp-sataryň dükanyna gelip, özüne gerek zatlary tapdy. Şotland matasyndan tikilen köýnek, sütükli giň paltun hem-de gunduz derisinden tikilen ajaýyp possun üçin kän

24 Ramaýana - poema görnüşinde ýazylan gadymy hindi eposy.

bir pikirlenip durman ýetmiş bäş funt sterling töledi. Soňam, heşelle kakyp menzilgähe dolanyp geldi.

Auda kemin-kemin özüne geldi. Pillaji ybadathanasynyň ruhanylarynyň beren neşesiniň täsiri ýuwaş-ýuwaşdan gowşady hem-de onuň owadan gözleri hemişekileri ýaly, hindilere mahsus mähirliligine eýe boldy.

Birmahallar, patyşa şahyr Usaf Uddaul, Amenagaranyň şazada zenanyny şeýle wasp edipdir:

«Onuň göni açylan, lowurdap duran saçlary, näzijekden ýuka, päkizeliginden ýalpyldap duran akja hem ter ýaňajyklaryny gurşap, oňa görk berýärdi. Gara gaşlary söýgi hudaýy Kamanyň ýaýyny ýada salýardy. Uzyndan ýüpek kirpikleriniň astyndaky dury, goçak gözleriniň balkyldap duran göreçlerinde, göýä diýersiň Gimalaý daglarynyň keramatly çeşmeleriniň suwy ýaly arassa asmanyň ýalkymy şugla saçýardy. Ýylgyryp duran dodaklarynyň arasynda, hatar duran sadap dişleri, misli nar gülüniň ýaňja açylan gunçasyna ak säherde daman damja ýalydy. Onuň kiçijik gulajyklary, owadanja tegelenipjik durdy. Onuň gülgüne eljagazlary, lotos[25] gunçasy ýaly naşyja aýajyklary, Seýlonyň gymmatbaha dürleri ýa bolmasa Golkondanyň göwheri kimin gözüňi gamaşdyrýardy. Onuň gysymyňa sygjak inçeden çeýe bili, ýumralyp duran uýluklarynyň we tözlenip duran mämeleriniň näzikligini hasam äşgär edýärdi. Gül gunçasy deý ýaşlygy oňa hasam gözellik berýärdi. Epinli ýeňsiz ýüpek köýnegiň astynda, ol ölmez-itmez heýkeltaraş Wikwakarmanyň çeper elleriniň gudraty bilen arassa kümüşden guýlan mysalydy».

Munuň deý şahyrana wasp etmänimizde hem, Bundelhandyň rajasynyň dul galan gelni, hanym Auda, ýewropalylaryň gözi bilen seredeniňde, örän eýjejik zenandy. Ol iňlis dilinde arassa gepleýärdi. Ýolbelet, ýaş pars zenanynyň iňlis terbiýesini alanlygy zerarly hakyky iňlis zenanyna öwrülenligini aýdyp, birjikde ulaltmandy.

Otlynyň ugramaly wagty golaýlady. Ýolbelet garaşyp durdy, jenap Fog onuň bilen hasaplaşdy. Özem gürleşenlerinden ýekeje fartingem[26] artyk pul bermedi. Bu bolsa Paspartuny birneme geňirgendirdi.

25 Lotos - suwda gögerýän owadan gülli ösümlik.

26 Farting - iň ownuk iňlis şaýy puly. Penniniň dörtden bir bölegine deň. Ilki kümüşden, soňra misden, ondan soň bürünçden guýuldy. 1968-nji ýylda dolanşykdan aýryldy.

Çünki, ol öz hojaýynynyň ýolbelede kän zat üçin borçludygyny bilýärdi. Dogrudanam, bu pars ýigidi, kellesini etegine salyp, Pillajy ybadathanasyndan Audany alyp gaçmaga gatnaşdy. Haçanda bolsa bir mahal hindiler muny biläýseler, onda oňa olaryň gazabyndan sypmak ýeňil düşmez.

Onsoňam, Kiuni hem bardy. Giden pul dökülip satyn alnan bu pili indi näme etmeli bolarka?

Ýöne, jenap Fog bireýýäm belli-külli netijä gelen ekeni.

— Pars — diýip, ol ýolbelede ýüzlendi. — Sen bize gowy hyzmat etdiň, özüňi gaýgyrmadyň. Şu pile eýe bolasyň gelenokmy? Seňki, şu pil.

Ýolbelediň gözi ýiteldi.

— Merhemetli jenap, siz maňa giden baýlyk bagyşlaýarsyňyz ahweti! — diýip, ol begenjinden ýaňa gygyryp goýberdi.

— Ýolbelet, al ony. Onsuzam men saňa bergidar bolup durun — diýip, jenap Fog jogap berdi.

— Hop ýagşy! — diýip, Paspartu şoh boldy. — Al ony, şepe! Kiuni menikli jandar! Özem batyr! — Şeý diýip, ol Kiunynyň ýanyna baryp, oňa bir-iki bölek gant uzatdy: — Me Kiuny, me!

Kiuny hezil edip, ýuwaşja hokurdady, soňundanam holtumy bilen Paspartunyň bilinden dolap aldy-da, ony öz kellesiniň deňesine çenli göterdi. Paspartu gorkmalydyram öýtmän, bu jandary sypalady. Ol bolsa ony emaý bilen ýene-de ýerde goýdy. Bu halal jandar holtumy bilen Paspartunyň elini tutdy, olam eli bilen, ak ýürekden onuň holtumyny gysdy.

Ýene birnäçe minutdan Fileas Fog, ser Frensis Kromarti hem-de Paspartu ýokary amatlykly, aňrybaş wagunda ýerleşdiler. Ol ýerde iň oňat orny bolsa hanym Auda eýeläpdi. Otly aldyrany bar ýaly bolup, Benarese tarap ugrady.

Allahabatdan bu şähere çenli bolan segsen mil gowrak aralyk iki sagatda geçildi. Bu wagtyň dowamynda ýaş gelin meňiň täsirinden çykyp, özüne geldi.

Ol özüniň wagunyň küpesinde, düýbünden nätanyş adamlaryň arasynda ýewropa biçüwli geýimde oturanyna akyly haýran boldy.

Ýoldaşlary bada-bat bir-iki owurt şerap içirip, ony gurbatyna getirmekçi boldular. Soňra brigada generaly bolan wakalaryň hemmesini oňa gürrüň berdi. Ol bir pursat hem ikirjiňlenip durman, ony halas etmek üçin başyny orta goýan Fileas Foguň gaýduwsyzlygynyň, onsoňam Paspartunyň kellesine gelen ýňdarma pikir sebäpli hemme zadyň gülala-güllük bolup tamamlananlygyny hasam magtady.

Jenap Fog onuň gürrüňini bölmedi. Paspartu bolsa utanyp:

— Üýtgeşik eden zadymyz ýok-la! — diýip gaýtalady, oturdy.

Hanym Auda öz halasgärlerine söz bilen däl-de, gözýaş bilen alkyş okady. Owadan gözleri onuň minnetdarlygynyň çäksizligini ähli gep-gürrüňlerden has aýdyň äşgär edýärdi. Az salymdan ýaş gelin ýakynda bolan wakalar barada oýa çümdi. Özüne şeýle howp-hatarlaryň garaşýan hindi topragy ýene onuň göz öňüne geldi. Onsoň, ol gorkusyna süňňüni saklabam bilmedi.

Fileas Fog Auda hanymyň kalbynda gopýan gowgalara düşündi. Ony rahatlandyrmak üçin bu apy-tupan ýatyşýança Gonkongda ýaşamagy üçin, ony şol ýere äkidip biljegini aýtdy. Özem, ony birhili, biperwaý äheňde diýdi.

Auda hanym bu teklibi minnetdarlyk bilen kabul etdi. Ediljek Gonkongda onuň özi ýaly pars garyndaşy ýaşaýardy. Ol baý täjirdi. Özem hytaý topragynda ýerleşen bolsa-da tüýs iňlis şäherine öwrülen Gonkongda ýerläpdi.

Gündiz sagat biriň ýarynda otly Benarese geldi. Bramin rowaýatynda aýdylyşyna görä, bu şäher Muhammediň aramgähi ýaly, asman bilen zemin arasynda howalanyp duran gadymy Kaziniň ornunda duranmyş. Ýöne, biziň birneme dünýewi eýýamymyzda, gündogary öwrenijileriň atlandyryşy ýaly Hindistanyň Afinysy — Benares hem edil beýleki şäherler ýaly örküni ýere beripdi. Paspartu hem bir pursatda bu şäheriň düýbünden täsin bolmadyk kerpiç jaýlaryny, örme çatmalaryny gördi.

Bu ýerde ser Frensis Kromartiniň ýoly tamamlanýardy. Onuň barmaly harby bölümleri şäherden birnäçe mil demirgazykda ýerleşýärdi. Brigada generaly jenap Foga syýahatynda uly üstünlik

gazanmagyny arzuw edip, onuň bilen hoşlaşdy hem-de oňa edil munuň ýaly juda üýtgeşikden özboluşly bolmasa-da, has peýdaly maksatlar üçin syýahatyny gaýtalajagyna umyt edýänligini aýtdy. Jenap Fog öz ýoldaşynyň elini çalaja gysdy. Auda hanym bolsa onuň bilen has mähirli hoşlaşdy. Ol ser Frensis Kromarta özüniň nähili borçludygyny hiç haçan unutmajagyny aýtdy. Paspartu hakynda aýtsak, brigada generaly onuň elini berk gysdy welin, ol muňa juda tolgunyp, «generala öz wepalylygymy nirede, nähili edip görkezip bilerkäm» diýip, öz-özüne sowal berdi.

Soňra syýahatçylar aýrylyşdylar.

Benaresden soň demir ýoly esli wagtlap Gangyň jülgesi bilen gidýär. Howa açyk bolansoň, küpäniň penjiresinden Biharyň müň dürli gözelliklerine seredip hezil edip barmalydy. Gapdaldan ýaşyl dona bürenen daglar, arpa, mekgejöwen, bugdaý ekilen meýdanlar, içi ýaşylymtyl öwsüp duran alligatorlardan[27] doly kölçeler, tämiz obalar hem-de henizem gök öwsüp oturan tokaýlar zymdyrylyp geçýärdi. Birnäçe pil bilen uly örküçli gutazlar[28] derýanyň keramatly suwuna hezil edip suwa düşýärdiler, gapdalda bolsa hindileriň bir topary, güýzüň çigrekli howasyna garamazdan keramatly akar suwa täret kylýardylar. Bu dindarlar buddaçylygyň gazaply duşmanlary bolup, olar ýürekleri bilen bramin dinine berlendiler. Bu din üç keşbi — Gün hudaýy Wişnanyň, tebigy güýçleri janlandyrýan gözel Şiwanyň hem-de din wekilleriniň we kanun çykaryjylaryň ýokary hökümdary Bramanyň keşplerini şöhlelendirýärdi. Ýöne Brama, Şiwa hem-de Wişna, indi «britanlaşyp» giden Hindistana, Gangyň üstünde ganat ýaýyp ýören çarlaklary, kenarynda mygyllyk berýän pyşbagalary, derýaň boýunda serlip ýatan hudaýhonlary gorkuzyp, derýanyň keramatly suwuny hapalaýan güňleç sesli gämilere nähili garaýarkalar?

Bu görnüşler wagunyň penjiresinden zymdyrylyp geçýärdi. Otlynyň lemmer-lemmer ak bugy mahal-mahal burugsap käbir zatlary görer gözden gizleýärdi. Syýahatçylar Benaresden ýigrimi mil günorta-gündogarda ýerleşýän Çunar fortuny[29], Biharyň,

27 Alligator - krokodiller maşgalasyna degişli gysga tumşukly jandar.

28 Gutaz - başgaça zebu, iri şahly malyň görnüşi.

29 Fort - kiçeňräk harby gala.

Gazipuryň rajalarynyň gadymy galalaryny hem-de ol ýerde ýerleşýän gül suwuny we ýagyny çykarýan uly fabrigi, onsoňam Gangyň çep kenarynda seleňläp duran lord Kornuolisiň guburynyny zordan saýgaryp ýetişdiler. Buksar berkitmesi, uly tirýek bazary ýerleşýän iri senagat we täjirçilik merkezi Patna, şeýle hem beýlekilere görä ýewropalaşan, Mançesterdir Birmingemi ýada salyp duran, dürli ýarag hem-de sowuk ýarag ýasaýan çoýun zawodlary we fabrikleri bilen belli bolan Monghir şäheri olaryň gözüne kaklyşyp gitdi. Zawodlaryň beýik turbalary tüssedir gurum bilen Bramanyň asmanyny harama çykarýardy. Arzuwlara beslenen ýurt üçin, gör nähili ajy şarpyk!

Gije düşdi. Öz şakyrdysyndan gorkan gaplaňdyr aýylaryň arryldysyny, möjekleriň uwwuldysyny yzda galdyryp, otly aýagaldygyna öňe barýardy. Indi Bengaliýanyň, Golkondanyň gözelliklerinem, Guryň harabalyklarynam, birmahallar paýtagt bolan Murşidabadam, Huglinem saýgarar ýaly däldi. Hindistanyň meýdanyndaky fransuz ýeri bolan Şandernagorda bolsa Paspartu öz watanynyň pasyrdap duran baýdagyny buýsanç bilen gördi!

Ahyrsoňy, ir sagat sekizde Kalkutta geldiler. Gonkonga ugraýan gämi günortan labyrdan boşaýardy. Şeýlelikde Fileas Foguň ýene bäş sagat wagty bardy.

Öz düzen meýilnamasyna laýyklykda biziň jenabymyz Hindistanyň paýtagtyna[30] 25-nji oktýabrda, Londondan gaýdansoň ýigrimi üçünji günde gelmelidi. Ol bu ýere laýyk bellenen wagtda geldi. Şeýlelikde, ol gijä-de galmady, wagtyndan öňem gelmedi. Londondan Bombeýe çenli aralykda utan iki gününi, ol bize belli bolan sebäplere görä Hindistandan geçende ýitirdi. Ýöne, onuň üçin Fileas Fog gynanyp duran bolmasa gerek.

---

30 1773-1911-nji ýyllarda Kalkutta Angliýanyň garamagyndaky Hindistanyň paýtagty boldy.

# ON BÄŞINJI BAŞ

*Bu başda içi pully bukja ýene-de birnäçe funt sterling ýeňleýär.*

Otly menzilgähde saklandy. Paspartu ilkinji bolup otludan düşdi. Fileas Fog ýanyndaky ýaş zenana otludan düşmäge kömekleşip, Paspartunyň yzysüre menzilgäh meýdançasyna düşdi. Fileas Fog Auda hanymy ýerleşdirmek üçin, dessine Gonkonga gitmeli gämä baka ugramakçy boldy. Çünki, ol bu ýurtda üstüne ençe howp-hatar abanýan ýaş gelni sähel salym hem ýeke goýmak islemeýärdi.

Jenap Fog menzilgähden çykan badyna onuň ýanyna polismen[31] geldi-de, ondan:

— Siz jenap Fileas Fogmy? — diýip sorady.

— Hawa.

— Bu pyýada hem siziň hyzmatkäriňizmi? — diýip, polismen Paspartuny görkezip, sowalyny dowam etdi.

— Hawa.

— Ikiňizem, gaýrat edip, meniň yzyma düşüň.

Jenap Fog birjikde geňirgenýänligini bildirmedi. Polisiýa gullukçysy kanuny berjaý edýän wekil. Iňlis diýilýän adama kanundan mukaddes zat ýok. Paspartu bolsa barypýatan fransuz bolansoň garşylyk görkezjek boldy. Ýöne polismen ony ala taýagy bilen dürtüp goýberdi, Jenap Fogam hyzmatkärine ümläp, diýleni bilen bolmalydygyny aýtdy.

— Bu zenanam ýanymyz bilen gitse bolýarmyka? — diýip, jenap Fog sorady.

— Bolar! — diýip, polismen jogap berdi.

Polisiýa gullukçysy Jenap Fog bilen ýoldaşlaryny iki sany at goşulan dört tigirli, dört adamlyk paýtunyň ýanyna alyp geldi. Onsoňam, ýola düşdiler. Ýoluň dowamynda ýigrimi minutlap, hiç kim agzyndan ýeke söz gaçyrmady.

Paýtun ilki, seteran bolup duran külbeleriň arasyndan uzap gidýän inçejik köçeli «gara şäheri» kesip geçdi. Külbelerde şäheriň bu

31 Polismen - polisiýa gullukçysy.

sebitiniň dürli taýpalardan bolan kirli, eleşan ýoksullary ýaşaýardy. Soňra olar töweregini kokos palmalary tutup duran, daşy gurluşyk münelgeleri bilen gurşalan, kerpiç jaýly ýewropa şäheriniň içinden geçdiler. Bu ýerde ir säherligine garamazdan bezemen atlylar hem-de zynatly paýtunlar iki ýana gatnaýardy.

Paýtun içinde adam ýaşaýana meňzemeýän, gelşiksiz jaýyň alkymynda saklandy. Polismen öz ýesirlerini düşürdi. Olara, dogrudanam ýesir diýseň tüýs ýerine düşjekdi. Onsoň, polisiýa gullukçysy olary äpişgeleri gözenekli otaga eltdi. Soňundanam:

— Sagat dokuzyň ýarynda siz Obadia kazynyň huzurynda dikelersiňiz! — diýip, mälim etdi.

Soňundanam çykyp, gapyny daşyndan ýapdy.

— Päheý-de weli! Tussag etdiler oturyberdiler! — diýip, Paspartu oturgyja özüni lampa goýberip, janyýangynly gygyrdy.

Auda hanym galagoplugyny duýdurmajak bolsa-da, netije çykmady. Ol jenap Foga ýüzlenip:

— Jenap, siz meni äpbermeli! Men sebäpli sizi hem ýanap ýörler! Meni halas edeniňiz üçin sizi köseýärler!

Fileas Fog «Beýle zat bolup bilmez» diýip, gysgajyk jogap berdi. «Sutti» işi üçin adam ýanamak! Akyla sygjak zat däl! Şikaýatçylar bu barada arz etmäge nädip ýürek etdilerkä? Bärde bir ýalňyşlyk bar bolaýmasa. Jenap Fog nähili apat gopsa-da ýaş gelni taşlamajagyna hem-de ony Gonkonga çenli äkitjegine äht etdi.

— Gämi günortan ugraýar ahweti! — diýip, Paspartu tekrarlady.

— Günortana çenli biz gämä müneris — diýip, bu derýa ýaly giň jenap oňa arkaýynlyk bilen jogap berdi.

Ol muny şeýlebir ynamly aýtdy welin, Paspartu «Al kakmyş diýsäni! Görnüp duran zat! Bolmanam günortana çenli gämä bararys!» diýip, öz-özi içinden öwran-öwran gaýtalap duran boldy. Ýogsam, şeýle boljagyna onuň beýle bir ynamy hem ýokdy.

Dokuzyň ýarynda otagyň gapysy açyldy. Işikde peýda bolan polismen bendileri goňşy otaga alyp bardy. Bu süýt edilýän jaýdy. Onuň içi ýewropalylardan hem ýerli milletden ybarat bolan mähelleden hyryn-dykyndy. Jenap Fog, Auda hanym, Paspartu üçüsi

kazydyr, kätip üçin niýetlenen münberiň öňündäki sekide oturdylar.

Şobada hem ýanyna kätibini alyp, Obadia kazy içeri girdi. Ol tos-togalak, semiz adam ekeni. Kazy çüýden asylgy oturtma saçlaryň birisini alyp, ony çalasynlyk bilen kellesine geýdi-de:

— Birinji iş diňlenilýär — diýip, yglan etdi.

Birdenem, ol elini kellesine ýetirip:

— Eý-ho! Bu oturtma saç meniňki däl ahweti! — diýip gygyrdy.

— Siz hakykaty aýdýarsyňyz, jenap Obadia, ol oturtma saç meniňki — diýip, kätip aýtdy.

— Hormatly jenap Oýsterpuf, kätibiň oturtma saçyny geýen kazy adalatly höküm çykarar diýip pikir edýän dag-a dälsiňiz-le?

Oturtma saçlar çalşyldy. Şeýdip, işe telli-pelli taýýarlyk görülýärkä, Paspartunyň gyssanjyndan ýüregi agzyndan çykyp barýardy. Süýt otagynda asylgy duran sagadyň tili, onuň göwnüne juda çalt ýöreýän ýaly bolup görünýärdi.

— Birinji iş diňlenilýär — diýip, kazy gaýtalady.

— Fileas Fog! — diýip, Oýsterpuf kätip yglan etdi.

— Men — diýip, jenap Fog jogap berdi.

— Paspartu!

— Men bärde! — diýip, Paspartu seslendi.

— Köp ýagşy! — diýip, kazy işe girişdi. — Iki gün bäri sizi, Bombeýden gelýän ähli otlulardan gözleýärler...

— Näme günä etdikkäk? — diýip, Paspartu sabyrsyzlyk bilen sorady.

— Ony häzir bilersiňiz. — diýip, kazy jogap berdi.

— Jenap, men britan raýaty. Meniň bolsa hukugym... —diýip, Fileas Fog söze başlajak boldy.

— Näme, siziň gadyryňyzy gaçyrdylarmy? — diýip, kazy sorady.

— Ýok, beýle zat bolanok.

— Köp ýagşy! Şikaýatçylary çagyryň.

Kazynyň emri bilen gapy jarka açyldy. Ijaraçy üç sany hindi ruhanysyny içerik getirdi.

— Şeýle bolaram öýtdüm-le! — diýip, Paspartu hümürdedi. —

Bular biziň ýaş zenanymyzy oda ýakjak bolan haramzadalar ahyry.

Ruhanylar kazynyň öňünde ör turup durdylar. Onsoň, kätip olaryň bramin kilisesinde bihaýalyk bilen haramlyk edenleri üçin günälenýän Fileas Fog hem-de onuň hyzmatkäriniň üstünden eden arz-şikaýatlaryny gaty ses bilen okady.

— Eşitdiňizmi? — diýip, kazy Fileas Fogdan sorady.

— Hawa, eşitdim. Günämizi hem boýun alýaryn. — diýip, Fileas Fog sagadyna seredip durşuna aýtdy.

— Äh-hä! Diýmek, boýun alýarsyňyz-da?

— Hawa, boýun alýaryn, onsoňam bu üç ruhanynyň Pillajy ybadathanasynda näme etjek bolanlaryny aýdaryna garaşýan.

Ruhanylar biri-birine seredişdiler. Çaky, olar günälenýäniň aýdanlaryna düşünmedik bolarlydy.

— Wah, şony aýtsana. — diýip, Paspartu sabyrsyzlyk bilen gürrüňe goşuldy. —Ana, şol Pillajy ybadathanasynyň maňlaýynda, olar öz pidalaryny oda ýakjak boldular ahweti!

Ruhanylar gözlerini tegeläp, özüni ýitirdiler. Obadiýa kazy hem juda geň galdy.

— Haýsy pidany? — diýip, ol sorady. — Kimi oda ýakjak boldular? Bombeýiňem ortarasyndamy?

— O nähili Bombeý? — diýip, Paspartu gygyryp goýberdi.

— Ýogsam näme, bärde Pillajy ybadathanasy hakynda däl-de, Bombeýdäki Malabar Hill ybadathanasy hakda gürrüň gidýär ahyry.

— Maddy delil hökmünde dinden çykanyň paşmaklary hem bar. — diýip, kätip bir jübüt aýakgaby stoluň üstünde goýup, sözüniň üstüni ýetirdi.

— Meniň köwüşjagazlam! — diýip, juda geň galan Paspartu biygtyýar gygyranyny duýman galdy.

Hojaýyny bilen hyzmatkäriň kellesindäki pikirleriň garym-gatymdygyny ine, şundan biläýmeli. Bombeýdäki kilise-de bolan waka bireýýäm olaryň hakydasyndan çykypdy. Ynha, indem şol waka, gaýa-gopuz ýok ýerden, olary Kalkuttada süýt edilýänleriň oturgyjyna getirdi.

Waka şeýle bolupdy. Aňtawjy Fiks Paspartu neressäniň sataşyp

ýören külpetleriniň özüne nähili bähbidiniň bardygyny ölçerip gördi. Özüniň ugramaly wagtyny on iki sagat soňa goýup, ol Malabar-Hilliň ruhanylaryna öz maslahatyny teklip etdi. Elinden gelen kömegini gaýgyrmajagynam aýtdy. Ol iňlis hökümetiniň şunuň ýaly etmişlere ýowuz daraýanyny bilensoň, ybadathananyň mukaddesligine şek ýetirilenliginiň öwezine lomaýja pul alyp boljagyny ruhanylara wada edip, olary ýanyna aldy-da, iň golaýda ugraýan otly bilen päliýamanlaryň yzyndan eňdi. Fileas Fog bilen Paspartunyň ýaş gelni azat etmek üçin eglenenleri sebäpli, Fiks bilen hindiler Kalkutta olardan öňürti geldiler. Telegramma arkaly habardar edilen ýerli häkimiýet, Fileas Fog bilen onuň hyzmatkärini otludan düşen batlaryna tussag etmelidi. Fileas Foguň Hindistanyň paýtagtyna heniz gelmedigini eşidip, Fiksiň nähili gynananyny bir bilsediňiz. Ol öz agtarýan ogrusy Hindistan demir ýolunyň beketleriniň birinde düşüp, demirgazyk welaýatlaryň birinde gizlenendir öýdüp gaty gorkdy. Öler ýaly alada galyp, aňtawjy gije diýmän, gündiz diýmän menzilgähde dik oturdy. Ir säher bilen otludan düşüp gelýän syýahatçylary görende, ol begenjinden tas uçupdy. Dogry, olaryň ýanynda bir ýaş zenanam bardy. Onuň olara nähili sataşany Fiks üçin düşnüksizdi. Ol şobada olaryň ýanyna polismeni gönderdi, şeýdibem jenap Fog, Paspartu hem-de Bundelhandyň rajasynyň dul gelni Obadia kazynyň huzuryna geldiler.

Eger-de, Paspartu işiň alnyp barlyşyna durky bilen gyzyklanmadyk bolsady, onda ol otagyň çüňkinde sud mejlisiniň gidişine uly gyzyklanma bilen syn edip oturan aňtawjyny, megerem, görerdi. Fiksiň bu işe şeýle gyzyklanmagynyň sebäbi düşnüklidi. Çünki, Kalkutta hem, edil Bombeýde we Suesde bolşy ýaly, tussag etmek üçin buýruk haty gelip gowuşmandy.

Onýança, Obadia kazy Paspartunyň biygtyýar agzyndan sypan sözleri, onuň günäsini boýun almasy hökmünde sud mejlisiniň hasabat ýazgysyna girizmegi buýurdy. Paspartu atdanlykda agzyndan gaçan sözleri yzyna alyp bolýan bolsa dünýä malyny bermäge kaýyl bolup otyrdy.

— Jenaýat bolanlygyny boýun alýarsyňyzmy? — diýip, kazy

sorady.

— Boýun alýaryn. — diýip, jenap Fog sowuk jogap berdi.

— Angliýanyň kanunynyň Hindistanda ýaşaýan ähli halklaryň dini ynanç-ygtykatlaryny goraýanlygyny, şeýle hem şu ýylyň ýigriminji oktýabrynda, Bombeýde, Malabar Hil ybadathanasynyň mukaddes düşegine bihaýalyk bilen hapa dabanyny basmaga synanyşmakda günäkärlenilýän Paspartunyň ýazygyny boýun alýanlygyny nazara almak bilen, kazyýet ýokarda ady agzalan Paspartuny iki hepde zyndana hem-de üç ýüz funt jerime tölemäge höküm edýär. — diýip, kazy hökümi okady.

— Üç ýüz funt? — diýip, Paspartu gygyryp goýberdi. Dogrudanam, ony diňe jerime iňkise batyrypdy.

— Sem bol! — diýip, kazyýet ijaraçysy çirkin gygyrdy.

— Bu işde hyzmatkäriň öz hojaýyny bilen dilleşenligi kazyýet derňewi tarapyndan subut edilmedik bolsa-da, hojaýynyň ähli ýagdaýlarda hyzmatkäriniň hereketlerine we etmişlerine jogap bermelidigini göz öňünde tutmak bilen, kazyýet ýokarda ady tutulan Fileas Fogy iki hepde zyndana we bir ýüz elli funt sterling jerime tölemäge höküm edýär. — diýip, Obadia kazy sözüni dowam etdi. — Kätip, indiki işi yglan ediň!

Çüňkde oturan Fiksiň jany heziller etdi. Fileas Fog Kalkuttada sekiz günläp saklanylýar. Munça wagtda ony tussag etmek üçin buýruk haty hem gürrüňsiz gelip ýetişer.

Paspartu özüni ýitirdi. Bu höküm onuň hojaýynyny tozdurýardy. Ýigrimi müň funt sterlinge edilen jedel, onuň, işigaýdan Paspartunyň, iň bir nalajedeýin aňkaw ýaly bolup, haýran galmyş ybadathana girip-çykany üçin ardurja utduryldy!

Fileas Fog bolsa hamala bu höküm özüne degişli däl ýaly, sowukganlylygyny saklap, hatda gabagynam galdyrmady. Ýöne kätip indiki işi okamaga başlanda, ol ýerinden turdy-da:

— Men girew goýmagy teklip edýärin. — diýdi.

— Muňa siziň hukugyňyz bar. — diýip, kazy jogap berdi.

Fiksiň ini tikenekläp gitdi, ýöne ol kazynyň, Fileas Fog bilen Paspartunyň Kalkuttanyň ýaşaýjylary bolmandyklaryny nazarda

tutmak bilen, olaryň hersine ummasyz pul — bir müň funt girew bellänini eşiden dessine, bada-bat özüni ele aldy.

Jenap Fog jeza çekmezligi ýüregine düwse, onda ol iki müň funt ýitirmeli bolar.

— Men tölemekçi. — diýip, biziň jenabymyz seslendi.

Ol Paspartunyň saklap oturan pully gapjygyny aldy-da, daňysy çöşülmedik puly kätibiň öňünde goýdy.

— Bu pul size zyndandan çykanyňyzda gaýtarylyp beriler — diýip, kazy aýtdy. — Häzir bolsa siz girewine boşadylýarsyňyz.

— Gitdik! — diýip, jenap Fog hyzmatkärine ýüzlendi.

— Heý bolmanda, köwüşlerimi bir yzyna bersinler-dä! — diýip, Paspartu janygyp gygyrdy.

Onuň aýakgabyny eline tutdurdylar.

— Maňa bu köwüşlerim juda gymmata düşdi! Her taýy müň funtdanam geçip gidýär! Üstesine aýagymam gysýar! — diýip, Paspartu hüňür-hüňür etdi.

Halys ruhdan düşen Paspartu, ýaş gelniň elinden tutup barýan jenap Foguň yzyna düşdi. Iň soňky pursada çenli ogrynyň iki müň funt töläninden, zyndanda oturanyny gowy görjegine bil baglan Fiks hem olaryň yzyndan okduryldy.

Jenap Fog paýtun tutup, Auda hanymy hem-de Paspartuny ýanyna alyp, onuň üstünde ornaşdy. Fiks hem paýtunyň yzyndan eňdi. Paýtun az salymdan kenarýakada saklandy.

Olardan ýarym mil uzaklykda, bogaldagynda baýdagyny pasyrdadyp, «Rangun» gämisi ugramaga häzirlenip durdy. Sagat on bir boldy. Jenap Fog gäminiň ugramagyndan bir sagat öň gelipdi. Fiks onuň paýtundan düşüp, Auda hanym hem-de Paspartu bilen gaýyga münenlerini gördi. Aňtawjy ýer ýumruklady.

— Kezzap diýsäni! — diýip, ol gygyrdy. — Ol gidip barýar-a! Iki müň funt ardurja, uwlap gitdi! Zaluwadyň çyn ogrular ýaly sowajydygyny, görsene. Aý, näme, beýle bolsa menem ol ýeriň aýak ujuna gitse-de yzyndan galmaryn. Ýöne ol şeýdip gidiberse, ogurlan pullarynyň bahym soňuna sogan eker!

Polisiýanyň gözegçisiniň içiniň ýanmagyna doly esas bardy.

Dogrudanam, Fileas Fog Londondan çykaly bäri, ýol harjy üçin, baýrak üçin, pil satyn almak üçin, girewdir jerime üçin bäş müň funt sterlingden hem köpräk pul çykardy. Onsoň näme, düşnükli zat, ogurlanan puluň mukdary näçe azalsa, aňtawjynyň baýragy hem şonça kemelýärdi.

## ON ALTYNJY BAŞ

*Bu başda Fiks özi bilen näme hakda gürleşilýändigine düşünmediksirän bolýar.*

«Rangun» — «Pininsýuler-end-Oriýental» kompaniýasynyň Hytaý we Ýapon deňizleri boýunça gatnaw edýän gämileriniň biridi. Ol bir müň ýedi ýüz ýetmiş tonna sygymy, dört ýüz at güýjine barabar kuwwaty bolan demir çarhly gämidi. Onuň tizligi «Mongoliýanyňky» bilen deňeçer bolsa-da, rahatlygy onuňkyça ýokdy. Şonuň üçinem, jenap Fog Auda hanymy öz göwnüne jaýlap ýerleşdirip bilmedi. Ýöne geçilmeli ýol hem bary-ýogy üç ýarym müň mil bolup, oňa on bir, on iki gün möhlet gerekdi. Onsoňam, ýaş gelin beýle bir ynjygam däl ekeni.

Syýahatyň ilkinji günlerinde Auda hanym Fileas Fog bilen içgin tanyşdy. Sähel maý tapdygy oňa ýürekden hoşallygyny äşgär etdi. Bu derýa ýaly giň jenap oňa sowukganlylyk bilen gulak asýardy. Özem daşyndan göräýmäge birhili sowuk-sala ýalydy. Gepiň tümmek ýeri ne-hä hereketi bilen, ne-de gep-gürrüňi bilen kalbynda nähili duýgy bardygyny sähelçe-de bildirenokdy. Ol ýaş gelniň hiç bir zatdan mätäçlik çekmezligine pugta gözegçilik edýärdi. Belli bir wagtda onuň ýanyna yzygiderli gelip, özi geplemese-de ony diňleýärdi. Ol özüni ýaş zenanyň ýanynda örän sypaýyçylykly alyp barýardy, ýöne şonuň bilen birlikde hem özi hakda adam däl-de edil demirden ýasalan enjam ýaly üýtgeşik täsir galdyrýardy. Auda hanym muňa näme diýip, näme aýtjagyny bilenokdy. Bolsa-da, Paspartu öz hojaýynynyň ne kysmy geň adamdygyny oňa gürrüň beräýdi. Ýaş zenan ondan nä zeýilli jedel sebäpli, bu jenabyň ýeriň

daş-töweregine aýlanmakçy bolýanyny eşitdi-de ýylgyraýdy. Her niçigem bolsa Auda hanym oňa ömürbaky borçludy. Bergidar nazar bilen garaýany üçin, onuň halasgäriniň ýitirýän zady ýokdy.

Auda hanym özi hakynda ýolbelediň aýdyp beren howsalaly hekaýatyny tassyklady. Onuň aňyrsy, hakykatdanam, Hindistanda ýaşaýan halklaryň arasynda gowulykda gürrüňi edilýän parslardan gelip çykýan ekeni. Pars täjirleriniň aglabasy pagta söwdasyny edip, örän baýadylar. Olaryň biri ser Jeýms Jijiboý iňlis hökümetinden, hatda ýokary synpy dereje hem aldy. Auda hanym Bombeýde ýaşaýan bu baý täjirň garyndaşydy. Häzirem ol ser Jijiboýyň doganoglany hormatly Jijiniň ýanyna Gonkonga barýardy. Ol o taýdan gaçybatalga taparmyka, oňa garyndaşy hemaýat edermikä? Onuň muňa anyk jogap gözi ýetenokdy. Ýöne jenap Fog oňa alada edip oturmagyň zerurlygynyň ýoklugyny, hemmesiniň owaldan hasaplanylyşy ýaly boljakdygyny aýdýardy. Hawa, ol hut «owaldan hasaplanylyşy ýaly» diýip aýtdy.

Ýaş gelin onuň bu gümürtik gürrüňine düşündimikä? Kim bilýär, bellisi ýok. Näme diýseňem onuň «Gimalaý daglarynyň keramatly kölleriniň suwy ýaly dury», goçak gözleri jenap Fogda köp eglenerdi. Ýöne tekepbir hem syr bildirmezek Fog, bu köle özüni urmaga taýýar adama birjik-de meňzemeýärdi.

«Rangunda» ýüzüşiň birinji bölegi ajaýyp şertlerde geçdi. Howa oňatdy. Deňizçileriň «Bengal howdany» diýip atlandyrýan ägirt uly aýlagynyň tutuş dowamynda umman syýahatçylara garaşyk etdi. Tiz wagtdan «Rangunyň» ýolagçylary, iki müň dört ýüz fut belentlikde seleňläp duran, deňizçilere alyslardan görünýän ajaýyp Sedl Pik dagy ýerleşen, Andaman adalarynyň iň ulusy bolan Uly Andamany gördüler.

Gämi kenaryň ýakynyndan geçdi. Adada ýaşaýan wagşy papuaslar görünmediler. Bu görgüsi ýamanlaryň adam ösüşiniň iň ahyrky basgançagynda bolanlary üçin, olary hiç-hili esas bolmasa-da adamhorlaryň hataryna goşýarlar.

Adanyň uzakdan görnüşi diýseň görkanady. Öňde lataniýadan[32],

32 Lataniýa - ýasy ýaprakly agaç.

kelem palmasyndan, bambukdan, muskat hozundan, hindi dubyndan, mähnet mimozalardan[33] hem-de agaç görnüşli paporotniklerden[34] durýan ägirt uly tokaýlyklar, aňyrrakda bolsa daglaryň nepis şekili görünýärdi.

Kenar gymmatbahaly salanglardan[35] ýaňa myg berýärdi. Bu guşlaryň höwürtgeleri iýmit hökmünde ulanylyp, Hytaýda naýbaşy tagam hasaplanylýar. Ýöne Andaman adalarynyň köpdürli görnüşleri «Rangunyň» deňesinden tiz geçdi hem-de gämi Hytaý deňziniň derwezesi hasaplanylýan Malakka bogazyna tarap uly tizlik bilen ýoluny dowam etdi.

Bu ikarada, ýeriň daş töweregine syýahat etmäge biygtyýar goşulan Fiks näme işledikä? Ol Kalkuttadan gaýdanda, birden jenap Fogy tussag etmek üçin buýruk haty geläýse, ony özüne, Gonkonga ugratmaklary barada görkezme berdi. Gämä münensoň, ol Paspartu bilen sataşmakdan gaça durdy hem-de «Rangun» Gonkonga barýança onuň gözüne kaklyşmazlygy ýüregine düwdi. Dogrudanam, Paspartuwa özüniň Bombeýde bolmalydygyna garamazdan, nädip gäminiň üstünde peýda bolanyny, onda şübhe döretmän düşündirmek Fikse ýeňil düşjek däldi. Ýöne ol her zat etse-de, takdyryň emri bilen bu göwnaçyk ýigit bilen ýene-de duşuşmaly boldy. Nädip? Ony häzir göreris.

Aňtawjynyň bar umyt-arzuwlary ýer togalagynyň bir nokadyna — Gonkonga baglanypdy. Sebäbi, gäminiň Singapurda sähelçe wagt saklanýanlygy üçin, Fiksiň ol şäherde başarjak zady ýokdy. Şeýlelikde, ol ogryny Gonkongda tussag etmelidi. Şo taýda-da ony elinden sypdyrsa, ony hiç mahal tutup biljek gümany ýokdy.

Çünki, Gonkong Fileas Foguň ýolunda Angliýa degişli iň soňky ýerdi. Ondan soň — Hytaýyň, Ýaponiýanyň, Amerikanyň haýsyny alsaňam, olar jenap Fog üçin örän ygtybarly gaçybatalga bolup biljekdi. Eger-de, Gonkongda buýruk haty, ol elbetde aňtawjynyň yzyndan iberilendir, wagtynda gelip ýetişse Fiks Fogy tussag edip, ýerli polisiýanyň eline berer. Asyl onuň hiç-hili müşgili bolmaz.

33 Mimozalar - pişikdyrnaklar maşgalasyna degişli agaçlar.

34 Paporotnikler - ýer ýüzüne giňden ýaýran otjumak we agaç görnüşli ösümlikler.

35 Salang - uzynganatlar toparçasyna degişli guş.

Ýöne Gonkongyň çäklerinden çykansoň, diňe bir buýruk haty bilen ony tussag etjek gümanyň bolmaz. O taýda jenaýatkäriň yzyna gaýtarylyp berilmegi üçin ýörite karar gerek bolar. Oňam näme, endişesi kän. Kynçylygy ýetikdir. Sähel süýrenjeňlige salarsyň welin, ogry aňalyp durman, zut gaçar. Şeýdibem, iňlis polisiýasynyň elinden ömürlik sypar. Eger-de, ony Gonkongda tussag etmäge synanyşyk başa barmasa, soňundan ony tutaryn diýip yzarlap ýörmegiň geregem bolmasa gerek.

«Şeýlelikde, ýa-ha Gonkongda buýruk haty bolar, menem bu zaluwady tussag ederin, ýa bolmasa-da, men bu Fog diýilýän pyýadany her edip, hesip edip ol ýerde birneme eglemeli bolaryn. — diýip, Fiks kaýutanyň [36]içinde gije diýmän, gündiz diýmän kelle döwýärdi. — Bombeýde meňki paşmady, Kalkuttada-da ugruna bolmady! Eger Gonkongda hem işler pyrryk bolaýsa-ha, ile çykar ýaly bolman! Her zat etmeli weli, öňde goýlan wezipäni ýerine ýetirmeli. Ýöne bu äteňenälet Fogy birdendekgän eglemek gerek bolaýsa, nädip saklap bolarka? Ana, işiň kyn ýeri, şu!»

Halys bolmasa, Fiks Paspartuwa hemmesini gürrüň berip, onuň hojaýynynyň nähili adamdygyny aýtmagy ýüregine düwdi. Bu pyssy-pyjurlyklaryň üsti açylansoň-a, Paspartu aňyna aýlanyp, özüne gara ýokmaz ýaly Fiksiň tarapyna geçäýse gerek. Onuň Foguň hemşerisi däldigi-hä, görnüp dur. Ýöne, halys başga çykalga bolman edäýmeseň, bu juda töwekgelçilikli bolýardy. Paspartu hojaýynynyň ýanynda ýekeje agyz gepledigi, onsoň tamaňy tala daňaýmalydy.

Şeýlelikde, polisiýanyň gözegçisi kelebiň ujuny ýitiripdi. Ýöne, Auda hanymyň «Rangunyň» üstünde, Fileas Foguň ýanyndan aýrylman ýörmegi, onuň kalbynda umyt oýarýardy.

Bu aýal kimkä? Ony Fileas Fog bilen nähili waka baglaşdyrýarka? Megerem, olar Bombeý bilen Kalkuttanyň arasynda niredir bir ýerde sataşan bolsalar gerek. Ýöne nirede bolup biler? Bu ýaşajyk syýahatçy bilen jenap Fog dogrudanam, tötänden sataşaýdymyka? Ýa-da ol, bu gözel zenan bilen duşuşmak üçin Hindistanda aýlanan bolup ýörmükä? Ol dogrudanam perizat ýaly diýseň owadan

36 Kaýuta - gämi otagy.

zenandy! Fiks Kalkuttada kazyýetiň otagynda ony oňat synlapdy.

Polisiýa gözegçisiniň bilesigelijiliginiň nähili derejä barandygy, elbetde düşnükli! Ol «bu owadan gelin jenaýatçylykly ýol bilen alnyp gaçylan bolaýmasyn» diýip, öz-özüne sorag berýärdi. Aý, näme, bolup biljek zat. Bu pikir Fiksiň aňyna mazaly ornaşdy. Birden şeýle bolaýanlygynda nähili bähbit görüp biljegine, ol badabat düşündi. Ýaş zenan äre barypmy, barmanmy belli däl, ýöne onuň alnyp gaçylanlygy hak. Diýmek, Gonkongda ony alyp gaçanyň başyna ala ýabylynyň gününi salyp bolar. Onsoň, ol pul seçip sypyp bilse sypaýsyn.

Ýöne gäminiň Gonkonga ýeterine garaşyp durmagyň geregi ýokdy. Bu Fog diýlen adamyň bir gämiden beýlekä towusmak ýaly myrtar häsiýeti bar. Onsoň näme, Fiks işe girişmänkä onuň allaowarradan çykmagy ahmal. Şonuň üçin hem, ilki bilen Gonkongdaky iňlis häkimiýetini öňünden habardar etmek gerek. Bu itiň aňsady. Gämi Singapurda durup geçýär. Singapuryň bolsa hytaý sebitleri bilen telegraf boýunça arabaglanyşygy bar.

Ýöne işe girişmänkä, Fiks hemme zady mazaly bişirmek üçin, ýene bir sapar Paspartudan ony-muny soramagy ýüregine düwdi. Ol bu päk ýürek jahylyň göwnünde zat ýokdugyny, ony gürletmegiň kyn däldigini bilýärdi. Şonuň üçin hem ol, pursady elden bermezlik üçin bukulyp ýörmesini bes etdi. Oktýabr aýynyň otuzydy. «Rangun» ertesi gün Singapura barmalydy.

Şol sebäplem Fiks kaýutadan çykyp, paluba galdy. Onuň niýeti Paspartudan öňürdip, duşanyna geň galan kişi bolmakdy. Paspartu palubanyň öň tarapynda gezelenç edip ýörkä, gözegçi duýdansyz onuň ýanyna gelip:

— Baý bo-ow, sizem «Rangunda» ekeniňiz-ow! — diýip, haýran galyp gygyrdy.

— Jenap Fiks, sizem bärdemi? — diýip, «Mongoliýadaky» ýolagçy şepesini tanan Paspartu hem juda geň galdy. — O nähili? Bombeýde siz bilen hoşlaşypdyk, indem Gonkongyň ýolunda ýenede size sataşýan! Gowulyga bolawersin hernä, ýa-da sizem ýeriň daş-töweregine aýlanyp ýörsüňizmi?

— Ýok-laý, men Gonkongda aňry gitse bäş-üç gün düşlemekçi bolýan. — diýip, Fiks jogap berdi.

— Görsene muny. — diýip, Paspartu geň galyp içini çekdi. — Onda näme üçin Kalkuttadan gaýdalymyz bäri men sizi görmedimkäm?

— Aý, neme... dümewlejek boldum... deňiz keseli-dä, bu... Hindi ummanynda beýle-de bolanok. Niçikmi Bengal aýlagyna barýan weli, bir zat tapynýan. Siziň hojaýynyňyz jenap Fileas Fog nähili?

— Tut ýaly sagat. Özem edil öz düzen meýilnamasyndaky ýaly hasabyna jür. Birje gün dagy gijä galaýsa nädersiň? Haý-ha, jenap Fiks, asyl siz bilýänem dälsiňiz, biziň ýanymyzda ýaşajyk zenanam bar.

— Aý, goýa! Ýaşajyk zenan diýýäňmi? — diýip, polisiýanyň gözegçisi zatdan bihabar bolan bolup, gözüni tegeledi.

Paspartu dessine oňa bolan wakalary gürrüň berdi. Ol oňa Bombeý ybadathanasynda bolan wakanam, iki müň funta pil satyn alyşlarynam, «Sutti» melamaty hakda hem, Audany alyp gaçyşlary barada hem, Kalkuttadaky kazyýetiň hökümi hakynda-da, girewine pul goýup ondan boşaşlarynam jikme-jik aýdyp berdi. Fiks soňky bolan wakalardan habarly bolsa-da, bilmediksirän boldy. Paspartu bolsa şeýle ünsli diňleýji tapanyna monça bolup, öz başdan geçirenlerini gyzykdyryp gürrüň berdi.

— Baý-bäh, indi hojaýynyňyz bu gelni Ýewropa äkidäýjekmikä? — diýip, Paspartu gürrüňini gutaransoň, Fiks ondan sorady.

— Ýok-laýt, jenap Fiks. Ýewropa äkidermi. Biz ony Gonkongdaky baý täjir garyndaşynyň ýanyna elteris. Bolany şol.

«Etjek alajyň ýok!» — diýip, aňtawjy içini gepletdi. Içiniň ýananyny bildirmejek bolubam:

— Bir bulgur jin[37] içersiňiz-ä, jenap Paspartu? — diýip sorady.

— Näme içmän, baý içeris-ä, jenap Fiks. «Rangunyň» üstünde şuň ýaly duşuşubam, heý-de içmän bolarmy!

37 Jin - iňlis aragy.

# ON ÝEDINJI BAŞ

*Bu başda, Singapurdan Gonkonga çenli ýolda birnäçe meseleler ýüze çykýar we çözülýär.*

Şol günden başlap, Paspartu bilen aňtawjy ýygy-ýygydan duşuşyp başladylar, ýöne polisiýa jansyzy öz şepesiniň ýanynda ätiýajy elden bermeýärdi hem-de indi oňa süýt soragyny berjek bolup duranokdy. Bir-iki ýola oňa, «Rangunyň» giň salonynda ýa-da Auda Hanymyň ýanynda gezim edip ýören, ýa bolmasa özüniň şeýle gaty gyzygýan kart oýnunyň başynda gününi wagtyhoşluk bilen geçirýän jenap Fogy hem görmek başartdy.

Paspartu barada aýdanymyzda bolsa ol, jenap Fog bilen Fiksiň ýolunyň ýene-de kesişmegi hakynda kän kelle döwdi. Dogrudanam, bu ýerde oýlanara zat kändi. Bu alçak hem hyzmata gaýym jenap, ilki olara Suesde gabat gelýär. Soňam olar bilen «Mongoliýa» münüp, Bombeýde düşýär, ol ýerde eglenjegini aýdýar. Indem duýdansyz ýerden Gonkonga barýan «Rangunyň» üstünde peýda bolýar. Gepiň tümmek ýeri, olam ediljek jenap Foguň ýoly bilen gidýär. Onsoň, bu barada näme pikir etseň edip oturmaly. Juda bolmanda şeýle gabat gelmeginiň özi örän täsin! Bu Fiks diýilýän pyýada, kimi yzarlap ýörkä? Paspartu Fiksiň özleri bilen bir wagtda Gonkongdan çykjagyna, özem bir gämide çykjagyna, özüniň aýap saklaýan hindi köwüşlerini orta goýup, jedel etmäge taýyndy.

Paspartu ýüz ýyllap pikir edende-de, aňtawjynyň nähili işi ýerine ýetirýänligini biljek gümany ýokdy. «Ogry» hökmünde Fileas Foguň tutuş ýer togalagy boýunça yzarlanylýanlygy onuň ömürylla-da kellesine gelmezdi. Ýöne adamyň ýasawy şeýle. Ol hemme zada düşündiriş tapýar oturyberýär. Paspartunyňam kellesine duýdansyz bir pikir geldi. Onsoň, ol jenap Fiksiň näme üçin elmydama öz töwereklerini gallap ýörmegine, ynandyryjy edip, düşündiriş tapdy. Onuň pikirine görä, Fiks, jenap Foguň Özgertmeler klubundaky kärdeşleri tarapyndan, ýeriň daş-töweregine syýahatyň şertleriniň dogry ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek üçin iberilen jansyz

bolmalydy.

— Düşnükli zat! Gaty düşnükli! — diýip, sada ýigit özüniň düşbiligine monça bolup, öwran-öwran gaýtalaýardy. — Ol bizi yzarlamak üçin, şol jenaplar tarapyndan ýollanan jansyz bolmaly. Baý-bäh, juda pes adamlar eken-ow! Jenap Fog şeýle dogruçyl, şeýle salyhatly adam ahyry! Onam ýörite aňtawjy tutup yzarlaýarlar. Hany göreli bakaly, Özgertmeler klubunyň jenaplary, edenjäňiz ahyry burnuňyzdan geler!

Özüniň bu pyssy-pyjurlygyň üstüni açaýşyna haýranlar galsa-da, Paspartu bu hakda jenap Foga hiç zat aýtmazlygy ýüregine düwdi. Çünki, onuň özüne ynanylmaýandygyny eşidip, göwni galaryndan çekindi. Ýöne oňa derek, ol gabady gelse bilmeýänden bolup, Fiksi mazalyja oýnamagy, şeýdibem üstünden gülmegi ýüregine düwdi.

30-njy oktýabrda, çarşenbe güni, öýlänler «Rangun» Malakka ýarym adasyny Sumatra adasyndan aýyrýan Malakka bogazyna girdi. Ýolagçylar adanyň ýakynynda ýerleşen, diýseň gözel daglyk adajyklaryň birgidenini gördüler.

Ertesi gün sagat dörtde, bellenilen wagtyndan ýarym gün ozup, gämi özüniň kömür gorlaryny doldurmak üçin Singapurda labyr taşlady.

Fileas Fog bu utuşy şobada girdeji belleýän sütünine ýazdy. Auda hanym gezim etmäge isleg bildirensoň, biziň jenabymyzam bu gezek kenara çykdy.

Fiksem bildirmän olaryň yzyna düşdi. Oňa Fog bir zat etse şübheli bolup görünýärdi. Paspartu bolsa Fiksiň bolup ýörüşine öz ýanyndan gülüp hezil etdi. Soňam ozalkylary ýaly ony-muny satyn almaga gitdi.

Singapur adasy uly däl. Üýtgeşik bir täsirem galdyranok. Onuň ýer keşbine dag ýetmezçilik edýär. Onda-da onuň özboluşly bir gözelligi bar. Bu ada ajaýyp ýollar bilen dilkawlanan ägirt uly seýilgäh. Täze Gollandiýadan[38] getirilen naşyja atjagazlar goşulan owadan paýtun Auda hanymy hem-de Fileas Fogy, ýalpyldawuk ýaprakly palmalaryň we gülleri ýaňja gunçalap başlan myhak

38 Täze Gollandiýa - Awstraliýanyň ilkibaşda atlandyrylyşy.

agaçlarynyň arasyndan gidýän şeýle ýollaryň biri bilen äkitdi. Ösüşip oturan burç ösümlikleri bärde, Ýewropa obalaryndaky haýat ýerine ulanylýan tikenek agaçlaryň ýerini tutýardy. Gür ösen sago palmalary, hellewleşip oturan beýik agaç görnüşli paporotnikler päkize tropiki tebigaty emele getirýärdi. Ýapraklary lak çalnan ýaly ýalpyldap duran muskat agaçlary howa hoşboý ysyny eçilýärdi. Tokaý ýüz-gözlerini gyşardyp bolmajy bolýan çakgan maýmynlardan dos-doludy. Sümme tokaýlykda gaplaňam bolmagy ahmal. Kimdir biri «bu kiçijek ada-da näme üçin bu ganhor ýyrtyjylar gyrlyp gutarylmandyr» diýip soraýsa, oňa gaplaňlaryň Malakka ýarym adasyndan bärligine ýüzüp geçýändiklerini aýdaýmaly.

Auda hanym bilen onuň töweregine seredişdiren bolsa-da, kän zat gözüne ilmeýän ýoldaşy iki sagatlap ada gezim edensoňlar pessejikden tagaşyksyz jaýlardan doly şähere geldiler. Jaýlaryň töwerek-daşy bagy-bossanlyk bolup, onda mangustan, ananas ýaly, dünýäniň şirinden-şirin tagamly miweleri ösýärdi.

Sagat onda Fog bilen onuň ýanyndaky zenan gämä mündiler. Olar polisiýa gözegçisiniň esli pul harçlap, ýörite paýtun tutup, ýolboýy özlerini yzarlandygyndan bihabardylar.

Paspartu olara «Rangunyň» palubasynda garaşyp durdy. Ol mangustan miwesinden ýigrimi-otuz sanysyny satyn alypdy. Bu miwäniň ululygy almanyňky ýaly bolup, daşy garamtyk-goňur reňkli, içem dym-gyzyl. Näzikden ýumşak löti agzyňda eräp barýar. Şirin tagamyň gadyryny bilýänler oňa gaty ýokary baha berýärler. Bu miweleri Auda hanyma hödürlände Paspartunyň başy gök diredi. Olam oňa, munuň üçin hoşamaýlyk bilen minnetdarlyk bildirdi.

Sagat on birde kömür saklanýan bölegini mas ýükläp, «Rangun» labyr göterdi. Birnäçe sagat geçensoň Malakkanyň belent daglaram, ýer togalagynyň iň ajaýyp gaplaňlaryny penasynda saklaýan sümme tokaýlygam gäminiň ýolagçylarynyň gözlerinden gaýyp boldy.

Hytaý kenarynyň golaýynda ýerleşen Britaniýanyň bir bölejik ýeri bolan Gonkong adasy bilen Singapuryň arasy bir müň üç ýüz mil töweregi. Fileas Fog bu aralygy aňyrsy alty günde geçip, 6-njy noýabrda Gonkongdan Ýaponiýanyň iň esasy portlarynyň biri

Iokagama ugraýan gämä ýetişmek isleýärdi.

«Rangunyň» ýüki ýetikdi. Gämä Singapurda gaty kän ýolagçy mündi. Olaryň arasynda hindilerem, malaýlaram, portugallaram bardy. Olaryň aglabasy ikinji derejeli orunlarda ýerleşdiler.

Şu mahala çenli gowy howa aý aýaklamagy bilen bulaşyp başlady. Deňiz güýçli tolkun atýardy. Şemal birnäçe gezek güýçli brize[39] geçdi. Ýöne gowy ýeri, ol günorta-gündogardan öwüsýärdi. Bu bolsa gäminiň gidişine kömek edýärdi. Kapitan sähel mümkinçilik bolsa ýelkenleri galdyrmak barada buýruk berýärdi. Gämi bugda işleýänligine garamazdan edil iki bogaldakly ýelkenli gämiler ýaly iki marsel[40] we fok[41] bilen ýüzýärdi. Ýeliň hem buguň güýçleriniň birleşmegi netijesinde gäminiň tizligi ep-esli ýokarlanýardy. Şeýdip, gysgajyk bolsa-da örän güýçli, wagtal-wagtal haýyňy alýan tolkunlara ýan bermän, gämi Annamyň hem-de Kohinhininiň kenarynyň deňesinden geçdi.

Dogrusyny aýtsaň, gäminiň çaýkanmagyna deňiz günäkär däl-de, gäminiň özi günäkärdi. Şonuň üçinem, deňiz keselinden ejir çekýän köp sanly ýolagçylar gämiden zeýrenseler tüýs ýerine düşjekdi.

Hakykatdanam, hytaý deňizlerinde ýüzýän «Pininsýuler» kompaniýasynyň gämileriniň gurluş babatynda düýpli ýetmezçiligi bar. Ýükli gäminiň suwa çümýän hem-de onuň suwuň üstüne çykýan bölekleriniň hasaby dürs çykarylmandyr. Şonuň üçinem, bu gämiler deňizde gaý-tupana ugurly döz gelip bilmeýär. Olaryň ýüzüjiligi pes. Onsoň, deňizçileriň aýdyşy ýaly, olar «aňsat gark bolguç». Şu sebäpli hem olaryň tizliginiň duýdansyz üýtgemegi üçin birnäçe uly gom ýetik bolýar. Bug maşynlarynyň kuwwaty deňeçerräk bolsa-da, deňizde ýüzüjilik häsiýetleri boýunça bu gämiler, Fransiýanyň «Messažeri» kompaniýasynyň tehniki taýdan hasaplamalara laýyklykda doly suwa çümýänçä, öz agramyna barabar bolan suwuň agramyna döz gelip bilýän «Imperatrisa» we «Kamboja» ýaly gämilerinden pes gelýär. «Pininsýuler» kompaniýasynyň «Golgonda», «Koreýa», ýa bolmasa, ynha şu «Rangun» gämileri

39 Briz - gündizine deňizden kenara, gijesine kenardan deňze tarap öwüsýän şemal.
40 Marsel - ýelkenli gämilerde aşakdan ikinji dörtburç, göni ýelken.
41 Fok - gäminiň öň tarapky bogaldagynyň aşaky, göni ýelkeni.

bolsa, öz agramlarynyň altydan bir bölegine barabar suwuň basyşyna döz gelip bilmän suwa çümjek bolup durlar.

Şonuň üçinem, ýakymsyz howada ätiýajy elden bermeli däldi. Şu sebäpli hem, hatda kämahallar gäminiň buguny çalaja işledip, gymyldatman saklamaly bolýardy. Şeýdip, wagt ýitirilmegi Fileas Foguň keýpine hiç-hili täsir etmese-de, Paspartuwa otly köýnek geýdirýärdi. Şonda ol kapitana hem, kömekçisine hem, gämi kompaniýasyna hem, garaz ýolagçy gatnatmaga sähelçe dahyly bolanlaryň uçdan tutma, hemmesine agzyndan gelenini diýip, olary jähennemiň teýine ýollaýardy. Sewil Roudaky öýlerinde onuň hasabyna ýanyp duran gaz ýadyna düşüp, ony elewredýän bolmagam ahmaldy.

— Siz Gonkonga ýetmäge juda gaty howlukýarsyňyz öýdýän. — diýip, bir gezek aňtawjy ondan sorady.

— Gaty gyssanýarys! — diýip, Paspartu jogap berdi.

— Jenap Fog Iokagama gidýän gämä ýetişjek bolup howlukýandyr öýdýärsiňizmi?

— Asyl, hut şonuň üçin howlugýar-da.

— Onuň ýeriň daş-töweregine aýlanjak bolýanyna, ahyrsoňy ynanypsyňyz-ow?

— Hawa ynanýan. Siz näme, jenap Fiks ynanaňzokmy?

— Menmi? Ýok, ynanamok!

— Bay-baý bälçik ekeniňiz-ow! — diýip, Paspartu gözüni gypdy-da, gygyryp goýberdi.

Onuň beý diýmegi aňtawjyny ýok alada goýdy. Paspartunyň özüni häsiýetlendirişi näme üçindir ony iňkise batyrdy. Fransuz bir zatlar aňaýdymyka? Ol näme pikir etjegini bilmedi. Ýöne Paspartu Fiksiň aňtawjydygyny nireden bilsin? Ony bilýän ýok ahyry. Her näme diýseňem, Paspartunyň onuň bilen şeýle äheňde gürlemesiniň bir çöpi bolaýmaly.

Ýene bir gezek Paspartu hasam öte geçdi. Ol kän bir dilini dişiniň aňrysynda saklap bilýän adam däldi.

— Jenap Fiks, gynansagam, Gonkonga gelen dessimize siz bilen hoşlaşmaly bolaýarmykak? — diýip, ol mekirlik bilen gözüni

oýnadyp, gürrüňdeşine ýüzlendi.

— Bilmedim, men-ä... Dogrymy aýtsam... Ýa bolmasa men... — diýip, aňtawjy aljyrap, gümmük-sümmüge urdy.

— Wah-wah, ondan aňrygam bize ýoldaş bolaýsaňyz, meniň-ä başym gök dirärdi! Dogrudanam, Günbatar hindi kompaniýasynyň işgäri ýarpy ýolda saklanyp bilmez ahweti! Ilki siz Bombeýe barýardyňyz, häzir Hytaýa golaýladyk! Amerika-da daş däl, Amerika baraňsoň, Ýewropa-da hanhajykka!

Fiks gürrüňdeşine tiňkesini dikdi. Olam göwnaçyk ýylgyryp duransoň, özem gülen boldy. Paspartu bir gyzyşansoň, ony hasam alarladyp ugrady:

— Bu pişäňiziň birneme düşewündi barmy, özi?

— Oňatja düşýän wagtam bar, düşmeýän wagtam. — diýip, Fiks gözüni gyrpman aýtdy. — Işiň näme, düşewüntlisem bolýar, düşewüntsizem. Özüňizem bilýänsiňiz-le, ýol harjy meniň öz jübümden-ä çykanok.

— Wah, ony men aýnada gören ýaly bilýän! — diýip, Paspartu pakyrda berdi.

Şunluk bilenem bu gürrüň gutardy. Fiks öz bolýan kaýutasyna gelip, oýa batdy. Megerem, onuň üsti açylan bolsa gerek. Fransuzyň onuň aňtawjydygyny bileni-hä, hak. Ýöne ol muny hojaýynyna duýdurdymyka? Näme üçin, onuň özi bu endişä ulaşyp ýörkä? Ol jenatçynyň hemşerisimikä? Dogrudanam, bu işiň üsti açylyp, Fiksiň oýnunda utuldygy bolaýdymyka? Aňtawjy ençe sagatlap, agyr ýüküň astynda galan ýaly, bir görseň-ä: «bary puç boldy!» diýip pikirlendi. Bir görseňem Foguň hiç zat bilmeýän bolmagyna bil baglady. Gepiň külesi, Fiks kelebiň ujyny ýitirdi.

Soňra birneme özüni dürsäp, ol Paspartu bilen aç-açan gürleşmegi ýüregine düwdi. Eger-de, Gonkongda Fogy tussag etmek oňa başartmasa hem-de ol britan çägini düýbünden terk etmekçi bolaýsa, onda Fiks Paspartuwa hemme zady bolşy ýaly aýdar. Ýöne hyzmatkäri hojaýynynyň hemşerisi bolup, oňa baryny gürrüň beräýen bolsa, ana şonda iş çatak. Eger-de, hyzmatkäriň ogurlyga hiç-hili dahyly ýok bolsa, ogryny äpberip taşlamak onuň özi üçinem

bähbitli ahweti.

Bu iki pyýadanyň şunuň ýaly arabaglanyşygy bardy. Fileas Fog özüne ýüpsüz baglanan bu adamlara barmysyňam diýmän, haýran galaýmaly biperwaýlyk bilen, olaryň ýokarsynda pelpelleýärdi.

Ýogsa-da, onuň gapdalynda, astronomiýa[42] dilinde aýtsak, biziň jenabymyzyň ýüreginde perturbasiýa[43] hadysasyny döredip biljek, gozgalaňa salyjy ýyldyz bardy. Aý, ýok! Paspartu her näçe geň galsa-da, Auda hanymyň gözelligi hiç-hili perturbasiýa hadysasyny döretmedi. Eger şeýle hadysa bolaýanlygynda hem, ony aňşyrmak, Uranda[44] bolup, Neptunyň[45] açylmagyna sebäp bolan perturbasiýany aňşyrmakdanam kyndy.

Paspartu muňa haýranlar galýardy. Özem, onuň geň galmasy gün geçdikçe güýjeýärdi. Çünki, ol ýaş gelniň öz hojaýynyna nähili minnetdardygyny onuň gözlerinden okaýardy. Ýöne, görnüşi ýaly Fileas Foguň ýüregi söýmäge däl-de, gahrymançylyk görkezmäge ukyply bolarly. Onsoňam onda, şeýle töwekgelçilikli syýahat edilende gutulgysyz ýüze çykaýmaly gaýgy-alada hiç-hili duýulmaýardy. Oňa derek Paspartu bir ýerde oturyp bilmeýärdi. Bir gezek ol gäminiň maşynlarynyň herekete getirilýän bölüminiň germewine ýaplanyp durka, kuwwatly maşynlaryň işleýşine seredip, olaryň aram-aram durky bilen sarsýanyny, şonda gämi güýçli çaýkanyp, aýagaldygyna aýlanýan çarhlarynyň suwuň ýokarsynda görünip gidýänligini gördi. Şonda maşynyň herekete getirijisiniň gapajyklaryndan zogdurylyp bug çykýanlygy sada ýigidi gazap atyna atlandyrdy.

— Hereketlendirijiniň gapajyklarynyň işleýşi juda myrtar! — diýip, ol gygyrdy. — Biz asyl öňe süýşemzog-a! Iňlisleňki mydama şu zeýillidir! Amerikan gämisi bolanlygynda, gümmürdäp ýarylýan bolsa-da, mundan gaty ýörärdi!

42 Astronomiýa - asman jisimleri hakyndaky ylym.

43 Perturbasiýa - asman jisimleriniň ugurlarynyň üýtgemesi.

44 Uran - Gün äleminiň ýedinji planetasy.

45 Neptun - Gün äleminiň sekizinji planetasy.

## ON SEKIZINJI BAŞ

*Bu başda Fileas Fog, Paspartu hem-de Fiks dagynyň her haýsy öz işine gümra bolýar.*

Ýüzüşiň soňky günleri howa biraz bulaşdy. Demirgazyk-günbatardan ösýän güýçli ýel gäminiň ýüzüşine päsgel berýärdi. Suwda durujylygy pes bolansoň, «Rangun» güýçli çaýkanýardy. Oňa çydaman ýürekleri bulanyp duran ýolagçylaryň mähnet gomlara myrryhy atlanýardy.

Üçünji hem dördünji noýabrda gaý-tupana kybap bir närse gopdy. Harasat gazap bilen tolkunlary südürleýärdi. «Rangun» uzyn günläp gymyldaman durmaga mejbur boldy. Gäminiň tolkuna sähelçe bolsa-da garşylyk görkezmegi üçin, onuň çarhy minutda bary-ýogy on aýlaw edýärdi. Ýelkenleriň hemmesi ýygnalansoň, ýel gäminiň urgan ýüpleriniň arasynda şuwwuldaýardy.

Elbetde, gäminiň tizligi juda peseldi. Eger-de, tupan gowşaşmasa, onuň Gonkonga bellenilen wagtdan bolmanda ýigrimi sagat giç barjagy görnüp durdy.

Fileas Fog, göýä özi bilen söweşe çykan ýaly gazap bilen möwç urýan deňze  adatdaky arkaýynlygy bilen garap durdy. Onuň ýüzi sähelçe-de çytylanokdy. Ýogsa ýigrimi sagat gijä galynaýsa onuň syýahaty tutuşlygyna puja çykýardy. Sebäbi ol Iokagama gidýän gämä ýetişmeýärdi. Ýöne bu duýgusyz adam birahatlanjagam, tolgunjagam bolanokdy. Ol gaý-harasadyň gopjagynam öňünden görüp, meýilnamasynda hasaba alan ýalydy. Auda hanym bu janyňy ýakýan päsgelçilik hakynda jenap Fog bilen gürleşip, onuň edil adatdakylary ýaly arkaýyndygyna göz ýetirdi.

Ýöne Fiks bu ýagdaýa düýbünden başga göz bilen garaýardy. Hawa, hawa, düýbünden başga nazar bilen. Tupan oňa hoş ýakýardy. «Rangun» gaý-tupana döz gelip bilmän yzyna dönäýse dagy onuň guşy uçjakdy. Näçe gijä galynsa onuň peýdasynady. Çünki gijä galynmagy, jenap Fogy birnäçe günläp Gonkongda eglenmäge mejbur etjekdi. Gepiň külesi gaý-tupan bilen baglanyşykly tebigy hadysalar onuň bu oýnunda aşygynyň alçy gopmagydy. Dogry, bu

hadysalar onuň saglygyna ýaramaz täsir edýärdi, ýöne onuň ullakan ähmiýeti ýokdy. Ol ýüreginiň bulanmasyna-da üns bermeýärdi. Deňiz keselinden ýaňa iki bükülip ýatanam bolsa, kalbynda iňňän uly şatlyk duýýardy.

Paspartunyň bu synagy nähili gahar-gazap bilen garşylanlygyny göz öňüne getirmek kyn däldir. Şu mahala çenli hemme zat gülala-güllik bolup barýardy. Zeminem, suwam onuň hojaýynyna boýun sunup, kaýyllyk bilen gulluk edýän ýalydy. Gämilerem, otlularam oňa tabyndy. Ýelem, ümür-dumanam onuň syýahatyna goldaw etmek üçin dil birikdiren ýalydy. Indi näme, bulara şowsuzlygyň ýaran bolmaly wagty geläýdimikä? Paspartu ýigrimi müň funt pul edil öz jübüsinden çykmaly ýaly, bir ýerde oturyp bilenokdy. Tupan onuň jynyny atlandyrýardy, gomlar ony guduz açana dönderýärdi. Elinden gelse ol bu kakabaş deňzi hezil edip ýençjekdi! Neresse oglan! Fiks öz begenjini ondan ýaşyrjak bolup jan edýärdi. Özem onuň beýtmesi örän dogrudy. Ýogsa, Paspartu onuň ýaşyryn heşelle kakýanyny biläýse dagy, gaty myrtar pursatlar aňtawjynyň başyndan inerdi.

Gaý-tupanyň tutuş dowamynda Paspartu «Rangunyň» palubasyndan düşmedi. Ol aşakda oturyp bilmeýärdi. Deňizçilere kömekleşip, edil maýmyn ýaly çalasynlyk bilen bogaldaga dyrmaşyp, gäminiň ähli deňizçilerini aňk edýärdi. Ol gäminiň kapitanyna, serkerdelerine, deňizçilerine şol bir berýän sowalyny ýüz gezeg-ä gaýtalandyr. Olaram bu sada ýigidiň elewräp ýörşüne gülüp hezil etdiler. Tupanyň näçe mahal dowam etjegini Paspartunyň anyk bilesi gelýärdi. Onam zol barometriň[46] ýanyna ugradýardylar. Ol ony silkeläp gördi, çaýkap gördi. Agzyndan gelenini sögübem gördi. Ýöne barometr düňleligini edip, ýokary göterilmek barada pikirem edenokdy.

Ahyrsoňy tupan köşeşdi. 4-nji noýabr güni, gündiz deňiziň ýagdaýy birneme ganymatlaşdy. Ýel iki rumb[47] günorta geçip, ugurdaş ösüp başlady.

46 Barometr - atmosfera basyşyny ölçemek üçin enjam.

47 Rumb - dünýäniň taraplaryndan gözýetimiň belli bir nokadyna bolan ugruň burçy. Deňizçilikde gözýetimiň töwereginiň 32 bölege (rumba) bölünen burç ölçegi.

Howa açylyşdygyça, Paspartunyň ýüzi hem açylyşdy. Marselleri hem aşaky ýelkenleri dikeltdiler. Onsoň, «Rangun» ýene-de uly tizlik bilen öňe ýüzüp başlady.

Ýöne, indi ýitirilen wagtyň öwezini dolmak mümkin däldi. Muňa kaýyl bolaýmasaň dagy alaç ýokdy. Diňe noýabryň altysyna daňdan bäşlerde gury ýeriň sudury göründi. Meýilnama boýunça Fileas Fog Gonkonga aýyň 5-ine gelmelidi, ýöne diňe 6-njy noýabrda gelip ýetişdi. Netijede ol tutuş bir gije-gündiz gijä galdy. Şonuň üçinem islese-islemese Iokagama gidýän gämiden umydyny üzmelidi.

Sagat altyda losman[48] gämini Gonkong portuna girizmek üçin «Rangunyň» bortuna çykyp, kapitan sekijigine mündi.

Iokagama gidýän gäminiň ugranyny ýa ugramadygyny ondan sorasy gelip, Paspartunyň ediljek jany çykyp barýardy. Ýöne ol her niçigem bolsa, gyl ýaljak umydyny iň soňky pursada çenli ýitirmejek bolup, dil ýarmakdan saklandy. Ol Fiks bilen aladasyny paýlaşjak boldy. Ýöne ol mekir tilki, Jenap Fog «indiki gämi bilen gidip biler» diýen bolup, gaýta oňa göwünlik beren bolýar. Bul-a Paspartunyň hasam myrryhyny atlandyrdy.

Ýöne Paspartu losman bilen gürleşmäge ýürek etmedik bolsa-da, jenap Fog ýol kitapçasyna seredip, Gonkongdan Iokagama çenli haýsam bolsa bir gäminiň haçan gitjegini bilýänini, bilmeýänini losmandan sorady.

— Irden daşgyn bolanda gidýän gämi bar. — diýip, losman jogap berdi.

— Şeý diýsene! — diýip, jenap Fog geň galanyny birjikde bildirmän aýtdy.

Gürrüň gidip durka gapdalda duran Paspartunyň losmany bagryna basyp ogşaýasy geldi. Oňa derek Fiks deňizçiniň boýnuny oňurmak isledi.

— O gäminiň ady näme? — diýip, jenap Fog sorady.

— «Karnatik» — diýip, losman jogap berdi.

— Ol öten agşam ugramaly dälmidi?

— Jenap, siz dogry aýdýarsyňyz, ol düýn ugramalydy, ýöne

48 Losman - ýerli şertleri bilýän, belli bir ýeriň çäklerinde gämä ýol görkezýän hünärmen.

onuň bug gazanlarynyň birini bejermeli boldy, şonuň üçinem ol ertir ugraýar.

— Köp sag boluň. — diýdi-de, jenap Fog äwmezlik bilen gäminiň içine dolandy.

Paspartu bolsa losmanyň elini berk gysyp, silkeläp:

— Aý, berekella losman! — diýip, şoh boldy.

Losman, elbetde, nä sebäpli öz jogaby üçin beýle hoşgylaw bolunmagyna hiç düşünip bilmedi. Jürlewük çalyndy, onsoň ol kapitan sekijigine münüp, Gonkong gämi duralgasynda hytaýlylaryň tutuş maşgala bolup içinde ýaşaýan, mygyllyk bolup duran jonkalarynyň[49], gaýyklarynyň, balyk gämijikleriniň hem-de dürli gämileriň arasyndan «Ranguny» alyp geçdi.

Günortan birde «Rangun» kenara labyr taşlady hem-de ýolagçylar ondan düşüp başladylar.

Fileas Foga tötänligiň gaty uly kömek edenini aýtmaly. «Karnatik» bug gazanlaryny bejertmedik bolaýanlygynda ol 5-nji noýabrda ugrardy. Onsoň, Ýaponiýa gitjek bolýan syýahatçylar indiki gämä münmek üçin sekiz günläp garaşmaly boljakdylar. Dogry, jenap Fog bu ýerde tutuş bir gije-gündiz wagt ýitiripdi. Ýöne bu möhlet onuň geljekki syýahatynyň üstüne atanak çekip biljek däldi.

Ýuwaş ummanyň üsti bilen Iokagamadan San-Fransisko gatnaw edýän gäminiň ugramagy Gonkongdan gelýän gämi bilen ylalaşylandy. Şonuň üçinem bu gämi, Gonkongyň gämisi Iokagama gelýänçä ýola düşüp bilmeýärdi. Elbetde, Fileas Fog Iokagama öz meýilnamasyndan bir gije-gündiz gijä galyp barýardy. Ýöne Ýuwaş ummanyň üstünden geçýän ýigrimi iki günlük ýolda, aňsatlyk bilen bu ýitginiň öwezini dolup boljakdy. Londondan gaýtmagynyň otuz bäşinji gününde, Fileas Foguň ýagdaýlary-ha, ynha şeýledi.

«Karnatik» ertesi gün ir sagat bäşde ýola rowana bolmalydy. Şol sebäpli hem jenap Foguň ygtyýarynda işini bitirmek, ýagny Auda hanymy ýerleşdirmek üçin on alty sagat wagt bardy. Ol gämiden düşdi-de, ýaş gelniň elinden tutup, ony kejebä atardy. Hammallardan iň

49 Jonka - hytaýlylaryň ýelkenli gämisi.

naýbaşy myhmanhanany sorady. Olaram «Klub» myhmanhanasyny salgy berdiler. Paspartunyň göz-gulak bolmagyndaky kejebe ýola düşdi hem-de ýigrimi minutdan barmaly ýerine ýetdi.

Ýaş gelin üçin aýry otaglar kireýine alyndy. Fileas Fog onuň kem zadynyň bolmazlygy üçin tagalla baryny etdi. Soňundanam ol Auda hanyma, onuň Gonkongda howandarlygynda galmaly hossaryny agtarmaga gidýänini habar berdi. Şonuň bilen birlikde hem ol Paspartuwa ýaş zenany ýeke galdyryp myhmanhanadan gitmezligini tabşyrdy.

Biziň jenabymyz özüniň birža äkidilmegini buýurdy. Ol ýerde şäheriň iň baý söwdagärleriniň biri bolan hormatly Jijini hökman tanaýmalydylar.

Jenap Foguň ýüz tutan dellaly, dogrudanam bu pars täjiri tanaýan ekeni. Ýöne onuň Hytaýdan göçüp gidenine iki ýyl bolupdyr. Özüne uly emläk edinensoň ol Ýewropa, çak edişlerine görä Gollandiýa göçüp gidipdir. Bu ýurtda onuň täjirçilik işinde köp tanyşlary bar ekeni.

Fileas Fog şobada myhmanhana dolanyp geldi hem-de Auda hanymdan görüşmäge ejaza sorady. Gürrüňi köpeldip oturman, oňa hormatly Jijiniň indi Gonkongda ýaşamaýanlygyny, megerem Gollandiýa göçüp gidenini aýtdy.

Auda hanym ilkibada hiç-hili jogap gaýtarmady. Ol elini ýüzüne tutup oýa batdy. Soňam mylaýym ses bilen:

— Jenap Fog, indi men näme işlesemkäm? — diýip sorady.

— Nätmeli bor, Ýewropa gidibermeli — diýip, jenap jogap berdi.

— Ýöne men diýenim edilýä diýip halys siziň...

— Halysy bolmaz oň, siziň ýanymyzda bolanyňyzyň meniň işime birjigem zeleli degenok... Paspartu!

— Näme hyzmat? — diýip, Paspartu sorady.

— «Karnatige» baryň-da üç sany kaýuta buýruň.

Özi bilen şeýle mylakatly gepleşýän ýaş gelin bilen syýahaty dowam etmäge mümkinçilik bolanyna begenip, Paspartu gämä baka ýelk ýasady.

# ON DOKUZYNJY BAŞ

*Bu başda Paspartunyň, öz hojaýynynyň işlerine juda içgin gyzyklanyşy hem-de onuň nämä getirenligi barada beýan edilýär.*

Gonkong — kiçeňräk ada. Uruşdan soň, 1842-nji ýylda Nankin şertnamasy boýunça ol Angliýanyň ygtyýaryna geçdi. Beýik Britaniýa birnäçe ýylyň dowamynda özüne bakna bolan bu ýerde uly şäher döretdi, port gurdy, onam Wiktoriýa diýip atlandyrdy. Bu adajyk Kanton derýasynyň deňze guýýan ýerinde ýerleşip, derýanyň beýleki kenaryndaky portugal şäheri Makaodan bary-ýogy altmyş mil uzaklykda ýerleşýär. Täjirçilik göreşinde Gonkongyň Makaodan üstün çykjagy ikuçsyzdy. Ynha, häzirem bu iňlis şäheri Hytaýyň esasy üstaşyr geçelgesi bolmagynda galýar. Onuň gämi bejerilýän ussahanalarydyr desgalaryna, ammarlaryna, hassahanalaryna, gotika usulynda[50] salnan soborlaryna[51], «gowernement-house»[52], çagyl düşelen köçelerine seretseň, özüňi Hytaýda däl-de, ýer togalagyny böwsüp, onuň beýleki tarapyndan çykan Kent ýa-da Surreý graflykarynyň söwda şäherleriniň birine düşen ýaly duýýarsyň.

Paspartu ellerini kisesine sokup, Asman imperiýasynda[53] henizlerem ýoň bolan kejebelere — bu ganatly götergiçlere[54] tiňkesini dikip, köçeleri dolduryp barýan hytaýlylaryň, ýaponlaryň we ýewropalylaryň mähellesini bilesigelijilik bilen synlap, porta bakan ýöneldi. Birazajyk tapawudy bar diýäýmeseň, bu şäherem biziň gerçegimiziň üstünden ýoly düşen ozalky şäherleri Bombeýe, Kalkutta ýa-da Singapura çalym edip durdy. Hawa, iňlis şäherleri ýeriň daş-töweregine uzap gidýärdi.

Paspartu Wiktoriýa portuna geldi. Ol ýerde Kanton derýasynyň

---

50 Gotika usuly - german taýpasy gotlaryň atlandyrylyşyndan gelip çykan söz. Ýewropanyň orta asyr sungatyny özünde jemlän çeper usul.

51 Sobor - baş ybadathana.

52 Governement house - hökümet jaýlary.

53 Asman imperiýasy - Hytaýyň şahyrana atlandyrylyşy.

54 Ganatly götergiçler - arzyly adamy atarylyp Iki adam (hammal) tarapyndan göterilýän bezemen kejebeler biziň günlerimizde hem gündogar ýurtlarynda gabat gelýär. Olar esasan syýahatçylyk pudagynda jahankeşdelere görkezmek üçin ulanylýar.

deňze guýýan ýerinde ähli milletiň — iňlis, fransuz, amerikan, golland harby we söwda gämileri, ýapon hem-de hytaý gaýyklary, jonkalary, hatda suwda ýüzüp ýören gül-gunçalary emele getirýän gülli gaýyklaryň giden topary bardy. Paspartu aýlanyp ýörşüne, tutuşlygyna sary geýnen gaty garran hytaýlylaryň birnäçesine gabat geldi. Saç-sakalyny «hytaý edäheti» boýunça bejertmek üçin dellekhana baranda, iňlisçe çalt gepleýän ýerli Figaro, oňa bu garrylaryň bolmanda segsen ýaşyndadygyny, bu ýaşa ýetensoň olaryň Hytaýda imperator hukugy hasaplanylýan tutuş sary reňkli geýim geýmäge hukuk gazanýandygyny düşündirdi. Näme üçindigini bilmese-de Paspartu muny örän täsin ýagdaý diýip hasaplady.

Sakgal-sarmygyna timar berensoň ol «Karnatigiň» duran portuna gaýdyp geldi hem-de iki-baka gezmeläp ýören Fiksi gördi. Paspartu bu ýerde oňa duşanyna çigit ýalyjagam geňirgenmedi, ýöne ol polisiýa gözegçisiniň aladalydygyny, aljyraňňydygyny onuň ýüzünden okady.

«Hop, ýagşy! — diýip, Paspartu içinden heşelle kakdy. — Özgertmeler klubunyň jenaplarynyň işi paşmaýan bolarly!»

Fiksiň keýpiniň ýoklugyny bilmediksirän bolup, ol ýylgyrjaklap onuň ýanyna bardy. Aňtawja öz işiniň pyrryklygyny näletlemäge doly esas bardy. Tussag etmek üçin buýruk haty henizem gelip ýetişenokdy! Megerem, ol hat bularyň yzyna düşüp gelýändir. Fiks haýsydyr bir şäherde birnäçe gün eglense, hatyňam onuň yzyndan ýetäýmegi ahmal. Ýöne, Gonkong Foguň ýolundaky iň soňky iňlis şäheri bolansoň, onuň ymykly sypyp gitmezligi üçin, her edip hesip edip ony şu ýerde saklamak gerekdi.

— Ýeri, onsoň, jenap Fiks, her niçigem bolsa siz bizi Amerika çenli ugratmagy niýetiňize düwüpsiňiz öýdýän? — diýip, Paspartu ondan sorady.

— Hawa! — diýip, Fiks mydyrdady.

— Görle, muny! — diýip, Paspartu ha-ha-haýlap güldi. — Siziň yzymyzdan galmajagyňyzy men bilipjik durun-a. Onda näme, ýörüň, özüňize kaýuta bir buýruň!

Onsoň, olar iki bolup deňiz aragatnaşygy edarasyna barakgetdan,

dört sany kaýuta buýurdylar. Şonda gullukçy olara, «Karnatigiň» abatlaýyş işleriniň tamamlanandygyny, onuň ozal çaklanylyşy ýaly ertir irden ugraman, şu gün agşam sagat sekizde ýola düşjegini äşgär etdi.

— Hop, ýagşy! — diýip, Paspartu begendi. — Bu-ha meniň hojaýynymyň gaty göwnünden turar. Baraýyn-da oňa duýduraýyn, bu habary.

Şu ýerde Fiks ýüregine düwen iň soňkuja tilsimini hem ulanmaga aýgyt etdi. Ol hemmesini Paspartuwa gürrüň bermek kararyna geldi. Dogrusyny aýtsaň, Fileas Fogy Gonkongda birnäçe gün eglemek üçin başga ýol hem ýokdy.

Edaradan çykansoňlar, Fiks oňa meýhana girip, biraz kelläni durlamagy teklip etdi. Paspartunyňam heniz birneme wagty bardy. Onsoň olam Fiksiň teklibini kabul etdi.

Kenarýakada olara bir meýhana gabat geldi. Onuň daş görnüşem birhili, gaty özüne çekijidi. Ikisem girdiler, oň içine. Ol arassa ýygnalan giň jaý ekeni. Jaýyň töründe, üstüne ýassyk bary atylan, ullakan ýolagçy ýatalgasyna meňzäp duran tapçan bardy. Onuň üstünde birnäçe adam uklap ýatyrdy.

Otuz töweregi müşderi çiňrikden örülen kiçijik stoljagazlaryň başynda otyrdy. Olaryň birentegi iňlis piwosyny — el ýa-da porter içip, ýene bir topary bolsa spirtli içgileri kem görmän, liker, jin ýa-da brendi içip otyrdylar. Üstesine hem ýene birentek adam tirýek düwürleri bilen gül suwunyň garyndysyndan doldurylan uzyn şybyk çekip otyrdylar. Mahal-mahal neşekeşleriň käbiri huşuny ýitirip, stoluň aşagyna ýykylyp gidýärdi. Şonda hyzmatçylaryň iki sanysy ýykylanyň başyndan hem aýagyndan tutup, ony tapçanyň üstüne geçirýärdi. Ol ýerde bolsa ýigrimi töweregi adam aňrybaş derejede bimar bolup ýatyrdy.

Fiks bilen Paspartu lagar düşen, aňkasy aşyp kemakyl bolup galan bedibagtlaryň barýan tirýekhanasyna gabat gelendiklerini şobada aňdylar. Angliýa gaty işewür bolansoň, bu garamaňlaýlara ýylda iki ýüz altmyş million franklyk, tirýek diýlip atlandyrylýan, gül ömri kül edýän bu mergimuşy satýar! Adamzadyň iň bir pis

endiginden peýdalanyp, millionlarça haram pul gazanylýar!

Hytaý häkimiýeti köp ýyllar bäri ýowuz kanunlaryň kömegi bilen bu melamatyň öňüni almaga synanyşýar, ýöne netije bolanok. Birmahallar tirýek çekmäge aýratyn hukuk berlen jemgyýetiň barly gatlaklaryndan bu zyýanly endik giň halk köpçüligine geçipdir. Ynha, indem bu nägehanyň zyýanynyň öňüni alyp bolmaýar. Hytaýyň hemme ýerinde tirýek çekilýär. Esasanam ýurduň merkezi böleginde tirýek köp çekilýär. Erkeklerem, aýallaram tirýegiň tüssesini bir soransoňlar, bu heläk ediji neşäni öwrenýärler. Soňam azarlap, düýrügip onsuz oňup bilenoklar. Adaty neşekeş gününe sekiz şybyga çenli çekýär. Ýöne şeýle ýaşaýyşda ol bäş ýyldan ölýär.

Hatda Gonkongda hem gaty kän bolan şeýle tirýekhanalaryň birine Fiks bilen Paspartu kelläni durlamak üçin bardylar. Paspartunyň ýanynda puly ýokdy. Ýöne ol, «bergidar bolman, wagty gelende özümem şeýdip hasaplaşaryn» diýip, ýoldaşynyň hezzetinden ýüz öwrüp durmady.

Olar iki çüýşe portweýn sargadylar. Fransuz onuň öwgüsini ýetirdi. Fiks birneme agraslygyny saklap, ýoldaşyny dykgat bilen synlady. Odur-budur gürleşdiler. Esasanam, Fiksiň «Karnatikde» syýahat etmek baradaky ajaýyp pikiri barada gürleşdiler. Gäminiň bellenen möhletinden birnäçe sagat ir ugrajagyny ýatladylar. Paspartu iki çüýşäni hem boşadansoňlar, muny hojaýynyna duýdurmaga gitmek üçin ýerinden turdy.

Fiks:

— Birje minut tagapyl ediň. — diýip, ony saklady.

— Näme, jenap Fiks?

— Men siz bilen bir möhüm iş hakda gürleşmeli.

— Möhüm iş hakynda! — diýip, Paspartu öz bulgurynyň düýbünde galan çakyr damjalaryny sarkyryp içdi-de, gygyryp goýberdi. — Bolýar, ol hakda ertir gepleşäýeris. Bu gün gürrüňe el degenok.

— Duruň, bu iş siziň hojaýynyňyza degişli! — diýip, Fiks ony sypdyrmady.

Paspartu bu sözleri eşidip, gürrüňdeşiniň ýüzüne tiňkesini dikdi.

Fiksiň ýüzi oňa birtüýsli geň göründi. Onsoň ol ýaňadan oturdy-da:

— Siz maňa näme aýtjak bolýarsyňyz? — diýip sorady.

Fiks onuň tirseginden ýapyşdy-da, sesini peseldip:

— Meniň kimdigimi bilýänsiňiz-le? — diýip sorady.

— Bolman näme! — diýip, Paspartu seňrigini ýygyrdy.

— Onda men size hemmesini boýun alaýyn...

— Dostum, aýtmaňda-da men indi hemmesini bilýän ahyry! Äl-aýt, ýüregedüşgünç ekeniň-ow! Bolýa-laý, aýt onda. Ýöne ilki maňa bir zat aýtmaga rugsat et, siziň jenaplaryňyz biderek pul harçlaýarlar.

— O nähili biderek?! — diýip, Fiks sorady. — Gürlän bolup otyrsyňyz. Näçe puldygyny bilmeýäniňiz görnüp dur...

— Gatam bilýän! — diýip, Paspartu jogap berdi. — Ýigrimi müň funt.

— Elli bäş müň funt! — diýip, Fiks fransuzyň elini gysyp durşuna, onuň aýdanyny düzetdi.

— O nähili! — diýip, Paspartu sygyryp goýberdi. — Jenap Fog juda töwekgellik edipdir-ow! Elli bäş müň funt!.. Beýle bolsa men asla ýekeje minut hem ýitirmeli däl, — diýip, ol stoluň başyndan ýene-de turup barşyna sözüniň üstüni ýetirdi.

— Elli bäş müň funt. — diýip, Fiks ýene bir ýola gaýtalady-da, Paspartuny zor bilen ýerinde oturdyp, ýene bir çüýşe brendi getirmegi sargady. — Işim ugruna bolsa men iki müň funt baýrak alaryn. Şonuň bäş ýüz funtyny bersem maňa kömek edersiňizmi?

— Men size kömek etmelimi? — diýip, Paspartu geň galmakdan ýaňa gözüni elek-çelek edip seslendi.

— Hawa jenap Fogy birnäçe gün Gonkongda eglemäge kömek etseňiz bolany!

— Bu nä boluş?! Näme warsaky urup otyrsyňyz! — diýip, Paspartu jynssyz gygyrdy. — Siziň jenaplaryňyzyň meniň hojaýynymyň dogruçyllygyna ynanmany-ha, ynanmany. Indi onam az görüp, oňa päsgelçilik döretjegem bolýan ekenler-ow! Meň-ä ýüzümem çydanok how, bolup ýörişlerine!

— O nähili? Näme diýjek bolýarsyňyz? — diýip, Fiks sorady.

— Men gaty utanç diýjek bolýan. Munyňyz jenap Foguň jübüsini kesip, kisesindäki puly ogurlan ýaly bolýar.

— Bolmanam biz şeýtjek bolýas-da!

— Asyl gapan gurlan oguşýa! — diýip, brendiniň täsirine hasam göçen Paspartu gygyrdy. Çünki, Fiks onuň bulguryny yzly-yzyna dolduryp otyrdy, sada ýigidem yzyny üzmän jyňkydýardy. — Hakyky gapan! Kärdeşlerem diýjeksiň! Asylly bolaýyşlaryny!

Fiks hiç zada düşünmeýärdi.

— Kärdeşler how! — diýip Paspartu gygyrmasyny dowam etdi. — A-ho-how Özgertmeler klubunyň agzalary! Bilip goýuň, jenap Fiks, meniň hojaýynym dogruçyl adamdyr, ol bir jedel etdimi, onuň ähli şertlerini ýerine-de ýetirýändir.

— Siz meni kimdir öýdýäňiz? — diýip, Fiks Paspartuwyň ýüzüne dikanlap seredip aýtdy.

— Jyn urmuş! Elbetde, siz meniň hojaýynymyň yzyna düşüp, onuň ýoluna gözegçilik etmek üçin Özgertmeler klubunyň agzalary tarapyndan hakyna tutulan jansyz. Bu barypýatan bihaýalyk-laý! Şoň üçinem men siziň kimdigiňizi bireýýäm bilenem bolsam, jenap Foguň ýüregini agyrtmajak bolup, oňa hiç zat aýdamok!

— Ol hiç zat bilenok gerek? — diýip, Fiks bada-bat sorady.

— Ýok, hiç zat bilenok. — diýip, Paspartu jogap berdi-de bulguryny ýene bir ýola sarkyrdy.

Aňtawjy maňlaý derini syldy. Gürrüňi dowam etmäge onuň bogny ysmady. Indi ol näme etmeli? Paspartunyň çyny ýaly, ol ýalňyşanyny bilmeýän bolarly. Ýöne bu jansyzyň ýüregine düwen pikirini amala aşyrmagyny hasam kynlaşdyrýar. Fransuzyň ýüreginde zat ýokdugy görnüp dur. Ol öz hojaýynynyň hemşerisi hem däl ekeni. Fiks hemme zatdan beter şondan gorkýardy.

«Onda näme, ogry şärigi bolmasa ol maňa kömek edäýmeli» — diýip, aňtawjy içini gepletdi.

Onsoň, aňtawjy ikilençi sapar ýüregini bire baglady. Şeýdäýmese onuň garaşyp ýörer ýaly wagtam ýokdy. Her zat etmeli welin, Fogy Gonkongda eglemelidi.

— Maňa gulak asyň! — diýip, Fiks pert-pert gürledi. — Meni

oňatja diňläň. Men siziň diýýän ol adamyňyz däl. Men Özgertmeler klubunyň agzalarynyň jansyzy däl.

— Aý goý-a! — diýip, Paspartu ony ýaňsa alyp, hetjikledi.

— Men polisiýa gözegçisi, men paýtagtyň polisiýasynyň tabşyrygy bilen...

— Siz... polisiýa gözegçisimi?

— Hawa, men ony häziriň özünde size subut etjek. — diýip, Fiks dowam etdi. — Ynha, meniň ygtyýarlyklarym.

Polisiýa jansyzy gapjygyndan resminamalaryny çykaryp, gürrüňdeşine London polisiýasynyň müdiri tarapyndan gol çekilen ygtyýarlyklary görkezdi. Aljyrap dili tutulan Paspartu Fikse seretdi.

— Jenap Fiksiň jedeli, ol bir bahana. — diýip, Fiks sözüni dowam etdi. — şol bahanaň kömegi bilen ol sizem, özüniň Özgertmeler klubundaky kärdeşlerinem aldady. Oňa siziň zatdan bihabar bolup, bu zatlara gatnaşmagyňyz gerekdi.

— Nämä? — diýip, Paspartu janykdy.

— Meni diňläň. Ýigrimi dokuzynjy sentýabrda Angliýa bankynda elli bäş müň funt sterling ogurlanýar. Ony ogurlan adamyň daşky sypatlary kesgitlenen. Ine, seredip görüň, ol bir almany iki bölen ýaly Foguň daş keşbine takyk gabat gelip dur.

— Al saňa gerek bolsa! —diýip, Paspartu gygyrdy-da, mähnet ýumrugy bilen stoluň üstüne gütüledip urdy. — Meniň hojaýynym dünýä ýüzünde iň dogruçyl adamdyr!

— Siz ony näbilýäňiz? — diýip, Fiks garşy çykdy. — Ol size düýbünden nätanyş ahweti! Siz edil ugraljak güni oňa işe durdyňyz-a, olam bolgusyz zady bahanalan bolup gaty gyssanmaç ýola düşdi. Hatda goşam almady, diňe ýanyna lomaý pul aldy. Şundan soňam siz oňa çekinmän dogruçyl adam diýýäňiz!

— Hawa! Hawa! — diýip, neresse oglan tow berlen ýaly şol gaýtalady durdy.

— Siz näme, ogry şärigi hökmünde onuň bilen bile aýagyňyzy sallap gitmek isleýärsiňizmi?

Paspartu kellesini tutdy. Ony tanar ýaly däldi. Polisiýa gözegçisiniň ýüzüne bakmaga-da onuň bogny ysmaýardy. Fileas

Fog ogry! Ol Auda hanymy halas eden batyr hem rehimdar ynsan! Emma onuň garşysyna nähili ýowuz subutnamalar tapylypdyr! Paspartu kalbynda dörän şübheleri owarra edip zyňmak isledi. Ýok, onuň öz jenabynyň günäkärdigine ynanasy gelenokdy!

— Menden isleýän zadyň näme? — diýip, ol zordan özüni dürsäp, aňtawjydan sorady.

— Ynha şeýle. — diýip, aňtawjy düşündirmäge başlady. — Men Gonkonga çenli jenap Foguň yzyna düşüp geldim. Sebäbi ony tussag etmek üçin meniň Londondan talap eden buýruk hatym şu mahala çenli maňa gelip gowşanok. Siz ony Gonkongda eglemäge maňa kömek etmeli...

— Menmi? Men öz...

— Men bolsa Angliýa tarapyndan özüme wada berlen iki müň funt sterlingi siziň bilen paýlaşaryn.

— Ömrylla-da bolmaz! — diýip, Paspartu çürt-kesik jogap berdi-de ýerinden turjak boldy, ýöne ýene oturgyja özüni goýberdi. Ol mejalynyň gaçyp, akyl-huşunyň özüni terk edýänligini duýup ugrady. — Jen.. Jenn.. J-jen-nap-p Fi-Fiks — diýp, ol bazzyk-buzzuk edip gepledi. — S-siz-ziň bu aýdýanlaryň-ňyz-z dog-gr-ry bolaýanlygynda-da... ho-hojaýynym-m siziň gözleýän ogr-ryň-ňyz bolaýanda-da... ýöne men bu diýýäniňiz-ze-e ynanamak-k... m-men onuň gullugynda d-dur-run... m-men gördüm-ä, onuň nähili r-r-rehimdar, s-salykatly adamdygyny...Oňa dönüklik etmek!... Hiç haçan... dünýäň bar baýlygyny bereňizde-de etmen. Meniň ýasawym başga!

— Siz ýüz dönderýärsiňizmi?

— Ýüz dönderýän.

— Bolýa, onda men size hiç zat aýdamok diýip hasap edeli. — diýip Fiks aýtdy. — Indem içeli.

— Hawa içeli!

Paspartu özüniň gitdigiçe serhoş bolýanyny duýdy. Fiks hojaýyny bilen hyzmatkärini her edip hesip edip aýra düşürmek gerekdigini bilensoň, ony doly «öçürmegi» ýüregine düwdi. Stoluň üstünde tiryekden doldurylan birnäçe şybyk ýatyrdy. Fiks olaryň

birini alyp, Paspartunyň eline tutdurdy. Olam ony agzyna ýetirip, otlady-da birki gezek sordy. Tirýegiň täsirine kellesi hasam sämäp, stoluň üstüne başyny goýdy.

— Ahyry ugruna boldy-how! — diýip, Fiks gymyldaman ýatan Paspartuwa seredip durşuna aýtdy. — Jenap Foga «Karnatigiň» ugraýany hakda wagtynda habar eden bolmaz, birden gidäýende-de bu ýigrenji fransuz-a onuň bilen gitmez!

Onsoň ol hasaplaşdy-da meýhanadan çykyp gitdi.

## ÝIGRIMINJI BAŞ

*Bu başda Fiks Fileas Foguň gönüden-göni özi bilen görüşýär.*

Jenap Foguň ykbalyna düýpli täsirini ýetirip biljek, ýokarda beýan edilen wakalaryň bolýan pursady, Paspartunyň hojaýyny Auda hanym bilen şäheriň iňlis böleklerine gezelenç edip ýördi. Ýewropa äkitmek baradaky teklibini Auda hanym kabul edeli bäri, ol şeýle uzak syýahata zerur bolan ähli ownuk-uşak zatlaryň aladasyny etmeli bolýardy. Onuň häsiýetindäki iňlis adamy dünýäniň daş-töweregine eli ýekeje ýol sumkaly syýahat edenliginde hem gelişmän durjak däl! Ýöne aýal maşgala beýle şertlerde munuň ýaly uzak ýola elbetde, döz gelip bilmez. Şonuň üçinem oňa geýim-gejim bilen syýahat üçin beýleki gerek bolaýjak zatlary satyn almak zerurlygy ýüze çykýardy. Jenap Fog bu aladalary özüne mahsus biperwaýlyk bilen ýerine ýetirdi. Ýaş dul gelniň utanyp, ötünç soramagyna hem-de garşylyk görkezmegine bolsa:

— Bu meniň syýhatymyň bähbidine, bu meniň meýilnamamda bar. — diýip, jogap berdi.

Jenap Fog bilen ýaş zenan söwda edip, myhmanhana dolanyp geldiler hem-de dürli-dümen naz-u-nygmatlar bilen mazaly naharlandylar. Soňra birneme ýadan Auda hanym, derýa ýaly giň halasgäriniň, iňlis edähedi boýunça elini gysyp, öz bolýan otagyna galdy.

Sylag-hormatly jenap bolsa uzynly gije «Taýms» we

«Illýustreýted London nýus» gazetlerini okamaga düýrmegi bilen berildi.

Nämädir bir zada geňirgenip bilýän adam bolaýanlygynda, ol Paspartunyň ýatar wagty bolup gelmänligine geňirgenerdi. Ýöne Iokagama gidýän gäminiň ertesi irden Gonkongdan ugraýanyny bilensoň, Jenap Fog muňa uly bir ähmiýet beribem durmady. Paspartu irden onuň jaňyna-da ses bermedi.

Hormatly jenabyň öz hyzmatkäriniň myhmanhana gaýdyp gelmändigini bilensoň, näme pikir edenini kim bilýä. Jenap Foguň bir edeni sumkasyny aldy-da, Auda hanyma ugraýandyklaryny duýdurmaga iberip, kireýine kejebe sargady.

Sagat ýaňy sekiz bolupdy. «Karnatigiň» açyk deňze çykmaga peýdalanmaly doly daşgynynyň sagat onuň ýarynda bolmagyna garaşylýardy.

Kejebe myhmanhananyň işigine geldi. Jenap Fog bilen Auda hanym bu doly oňaýlykly ulagda öz orunlaryny eýelediler. Olaryň goşy yzlary bilen, arabaly äkidildi.

Ýene ýarym sagatdan biziň syýahatçylarymyz gämi duralgasyna geldiler. Ol ýerde jenap Fog «Karnatigiň» öten agşam ugranlygyny bilip galdy.

Gäminem, hyzmatkärinem bile taparyn öýdýän jenap Fog, onam tapmady, beýlekisinem. Ýöne onuň ýüzünde gynanç alamaty görnäýse nädersiň. Auda hanymyň howsala düşüp ýüzüne seretmegine bolsa, ol:

— Hanym, bu bir ullakan zat däl, tötänlik. — diýmek bilen oňdy.

Şol mahalam olary uzakdan, dykgat bilen synlap duran bir adam olaryň ýanyna geldi. Ol polisiýa gözeçisi Fiksdi. Ol baş atyp salamlaşdy-da:

— Jenap, sizem meň ýaly düýn «Rangun» bilen gelen ýolagçy öýdýän? — diýip sorady.

— Hawa. — diýip, jenap Fog jogap berdi. — Ýöne men kim bilen...

— Bagyşlaň, men bärde siziň hyzmatkäriňizi görmekçidim.

— Siz onuň nirededigini bilýärsiňizmi? — diýip, ýaş gelin bada-

bat sorady.

— O nähili! Ol siziň ýanyňyzda dälmi? — diýip, Fiks geň galan kişi boldy.

— Ýok. — diýip, Auda hanym jogap berdi. — Düýnden bäri görnenok. Ýa-da ol bizi äpberip, «Karnatik» bilen ötägitdimikä?

— Sizi äpberipmi, hanym?.. — diýip, jansyz dilini aýnatdy. — Ýerliksiz sowalym üçin bagyşlaweriň, sizem şol gämi bilen gitmekçidiňizmi?

— Hawa jenap.

— Menem hanym şol gämi bilen gitmekçidim, ynha indem içim ýanyp dur. «Karnatigi» wagtyndan öň bejeripdirler, olam ýolagçylaryň hiç haýsyna duýdurman, mundan on iki sagat owal Gonkongdan çykyp gidipdir. Indi sekiz günläp indiki gämä garaşaýmasak, dagy alaç ýok!

Fiks «sekiz gün» diýende ýüreginiň şatlykdan ýaňa tyrsyladap gidenini duýdy. Sekiz gün! Fog sekiz gün Gonkongda saklanýar! Munça wagtda ony tussag etmäge buýruk haty geler. Ahyrsoňy ykbal kanunyň wekiline-de gülüp bakdy-how.

Fileas Fog äwmezlik bilen:

— Gonkongda «Karnatikden» başga-da gämi gyt dälmikä öýdýän. — diýende, ol kellesine paltaň ýeňsesi bilen urlana döndi.

Onsoň, jenap Fog Auda hanymyň elinden tutdy-da onuň bilen ýüzüşe ugraýan gämi gözlemäge port desgalaryna tarap ýöneldi.

Fiks hem aňk bolup, aljyrap, olaryň yzyna düşdi. Ol bu adama nogtalanypdyr diýip pikir etseňem edip oturmalydy.

Ýöne görlüp oturylsa, ykbal şu mahala çenli goldan adamyndan ýüz öwren ýalydy. Fileas Fog üç sagatlap duralgany ters aýlandy. Ol gerek bolsa Iokagama çenli ýörite gämi tutmaga-da kaýyl boldy, ýöne oňa gabat gelýän gämilere ýa-ha ýük urýardylar, ýa-da olaryň ýüküni düşürýärdiler. Olaram, düşnükli zat, labyrdan boşap bilmeýärdi. Fiksiň ýüreginde ýene-de umyt uçgunlary köräp başlady.

Emma jenap Fog ruhdan düşmeýärdi. Ol gözlegini hatda Makao çenli dowam etmäge hem taýýardy. Birdenem ony, duralganyň daş gapdalynda haýsydyr bir deňizçi saklady.

— Siziň alyjenabyňyz gämi gözleýärmi? — diýip, ol sorady.

— Sizde ýüzmäge taýýar bolup duran gämi barmy? — diýip, jenap Fog sowala sowal bilen jogap berdi.

— Hawa. Kyrk üçünji belgili darga gämisi, tutuş flotliýda[55] iň gowy gämi.

— Tizligi gowumy?

— Sekizden dokuz mile çenli. Synlap göresiňiz gelýärmi?

— Hawa.

— Siziň alyjenabyňyzyň gämä göwni ýeter. Deňizde gezelenç etmekçi bolýansyňyz-da?

— Ýok. Syýahat etjek bolýarys.

— Syýahat diýýäňizmi?

— Siz meni Iokagama äkidip bilersiňizmi?

Bu sözleri eşiden deňizçiniň tas gözleri hanasyndan çykypdy. Ol ellerini galgadyp:

— Siziň alyjenabyňyz biziň üstümizden güljek bolýarmyka? — diýip sorady.

— Ýok! Men «Karnatige» ýetişmän gijä galdym. Men bolsa aýyň on dördüne çenli Iokagamada bolaýmaly. Sebäbi men San-Fransisko gidýän gämä ýetişmeli.

— Gynansamam bu boljak zat däl.

— Günüňize ýüz funt tölejek. Wagtynda eltseňizem ýene iki ýüz funt baýragyňyzam bar.

— Çynyňyzmy? — diýip, losman sorady.

— Gara çynym. — diýip, jenap Fog jogap berdi.

Losman bir gyra çekilip, deňzi synlamaga başlady. Megerem, onuň kalbynda şeýle kän pul gazanmaga bolan isleg bilen şeýle uzak ýola gitmegiň gorkusy topalaň turuzýan bolarly. Fiks hem gara jany galman tolgunýardy.

Jenap Fog Auda hanyma gaňrylyp, ondan:

— Hanym, siz gorkup durasyňyz ýok-la? — diýip, sorady.

— Jenap Fog, siz ýanymda bolsaňyz gorky golaýyma gelmez! — diýip, ýaş gelin jogap berdi.

55 Flotiliýa - gämileriň uly birikmesi.

Losman eli bilen şypyrmasyny oýnaşdyryp, jenabymyzyň ýanyna geldi.

— Hawa, losman nähili, bolarmy? — diýip, jenap Fog ondan sorady.

— Ynha şeýle, siziň alyjenabyňyz. — diýip, losman söze başlady. — Men bary-ýogy suw sygymy ýigrimi tonna bolan gämi[56] bilen ýylyň bu paslynda şeýle uzak ýola ugrap, adamlarymam, özümem, sizem howp astynda goýup bilmen. Öňi-soňy hem biz siziň diýen wagtyňyzda o taýyk baryp bilmeris. Gonkongdan Iokagama çenli bir müň alty ýüz elli mil ýol bar ahyry.

— Bary-ýogy bir müň alty ýüzmi?

— Bary-ýogy diýemizde-de ýol gysgalanok.

Fiks üstünden agyr ýük aýrylan ýaly uludan demini aldy.

— Ýöne — diýip, losman sözüni dowam etdi. — Siziň işiňizi bitirmegiň başga ýolam bar.

Fiksiň howasy ýetmän, dem almasy kynlaşdy.

— Nähili ýol? — diýip, Fileas Fog sorady.

— Ýaponiýanyň günorta kenaryndaky Nagasakä gitmeli. Bärden ol ýere çenli bir müň bir ýüz mil. Iň gowusy-ha Şanhaýa gitmek. Ol Gonkongdan sekiz ýüz mil uzaklykda ýerleşýär. Şeýtsek, biz hytaý kenaryndan gaty daşlaşman ýüzeris. Bu-da biziň bähbidimize. Üstesine deňiz akymy hem bärde demirgazyga tarap hereket edýär.

— Losman, men San-Fransisko gidýän amerikan gämisine Şanhaýda ýa-da Nagasakide däl-de Iokagamada münmeli. — diýip, Fileas Fog onuň sözüni böldi.

— O näme üçin? — diýip, losman sorady. — San-Fransisko gidýän gämi Şanhaýdan ugraýar ahbeti, Iokagama bilen Nagasakide ol ýolugra durup geçýär.

— Siziň bu aýdýanlaryňyzyň dogrudygyna gözüňiz ýetýärmi?

— Aýnada gören ýaly gözüm ýetip dur.

— Gämi haçan Şanhaýdan ugraýar?

— Aýyň on birine, agşam sagat ýedide. Şunlukda, oňa ýetişmek

---

56 Suw sygymy ýigrimi tonna bolan gämi - agramy bilen ýigrimi tonna suwy gysyp çykarýan gämi.

üçin biziň dört gije-gündiz wagtymyz bar. Dört gije-gündizem togsan alty sagat bolýar. Sagatda ortaça sekiz mil tizlik bilen gitsek, ähli gerek zatlarymyzam üpjün bolsa, günorta-gündogardan ösýän şemalam ugruny üýtgetmän saklansa, onsoňam deňiz asuda bolsa, biz bu wagtda Şanhaýa çenli sekiz ýüz mili geçip bileris.

— Siz haçan ýüzüşe ugrap bilersiňiz?

— Edil bir sagatdan. Azyk-owkatdan şaýymyzy tutup, labyry göteräýmeli.

— Mesele çözük... Gäminiň eýesi siziň özüňizmi?

— Hawa. Men «Tankaderanyň» eýesi Jon Bensbi.

— Ujundan pul bermelimi?

— Siziň alyjenabyňyz kyn görmeseňiz, şeýdäýseňiz kem-ä bolmazdy.

— Ynha kireýiň ujundan iki ýüz funt... Jenap… — diýip, Fog Fikse tarap öwrülip sorady. — Eger sizem isleýän bolsaňyz-a...

— Jenap, menem sizden şony haýyş etjek bolup durdym. — diýip, Fiks ikirjiňlenmän jogap berdi.

— Ýagşy. Ýene ýarym sagatdan biz gäminiň üstünde bolarys.

— Paspartu neressejigimizi näme etmeli borka? — diýip, Auda hanym sorady. Ony fransuzyň ýitirim bolmagy gaty iňkise goýýardy.

— Onuň üçinem elimden geleni ederin. — diýip, Fileas Fog jogap berdi.

Keýpi bozulyp, aljyran Fiks dergazap bolup darga gämisine mündi. Jenap Fog Auda hanym bilen tirkeşip, polisiýa edarasyna ýöneldiler. Ol ýerde Fileas Fog Paspartunyň daş keşbini görkezip, ony öýüne ugratmak üçin ýeterlik pul goýdy. Fransuz konsulynyň[57] ýanyna barybam edil şeýle etdi. Soňra kejebe myhmanhananyň ýanynda goş-golamy alyşdyrmak üçin biraz eglenip, syýahatçylary gämi duralgasyna eltdi.

Sagat üç boldy. №43 belgili darga gämisi ýüzüşe taýýar bolup durdy. Onuň işgärleri gäminiň üstündedi, gerek-ýarak zatlaram gämä ýüklenipdi.

«Tankadera» suwa batyş agramy ýigrimi müň tonna bolan, öňe

57 Fransuz konsuly - Fransiýanyň wekilhanasynyň wekili.

çykyp duran ýiti burunly[58], dikgiden owadan kiçjik şhuna[59] gämisidi. Ol ýaryş gämisine çalym edip durdy. Onuň süpürilip ýalpyldadylan mis bölekleri lowurdap durdy, demir bölekleri hem nikellenipdir. Palubasy pil süňki ýaly juw-ak bolup, ýalp-ýalp edýärdi. Bularyň hemmesi Jon Bensbiniň öz gämisini ajaýyp ýagdaýda saklaýanlygyny görkezýärdi. Gäminiň bogaldaklarynyň ikisi hem biraz arkan gaýşaryp durdy. Gäminiň kliwer[60], fok[61], grot[62], bizan[63], şeýle hem topselleri[64] bardy. Şemal ugurdaş bolanda ol goşmaça ýelkenleri hem göterip biljekdi. Şemal gowy bolanda gämi tizligini ep-esli ýokarlandyryp bilýärdi. Ol eýýäm darga gämileriniň ýaryşlarynda birnäçe gezek baýragam alypdy.

«Tankaderanyň» dolandyryş topary onuň eýesi Jon Bensbiden hem-de dört sany deňizçiden ybaratdy. Olaryň hemmesi edermen deňizçilerdi. Nähili howa balaýsyn, deňze çykyp gämi gözlemekden çekinjek adam däldiler. Deňzi hem örän gowy bilýärdiler. Jon Bensbiniň özi bolsa kyrk bäş ýaşlaryndaky, güne ýanyp garalyp giden, güýçli, gözünde ot ýanyp duran, ýüzünden dogumyna bäs gelip bilmeýäni görnüp duran, özüne gaty göwni ýetýän, juda çekinjeň adamyň kalbynda hem ynam döredip biljek, işini bäş barmagy ýaly bilýän adamdy.

Fileas Fog bilen Auda hanym gäminiň üstüne mündiler. Fiks eýýäm ol ýerdedi. Syýahatçylar gäminiň yzky bölegindäki lýukdan[65] diwarlary ýatalga üçin tagçaly inedördül kaýuta girdiler. Kaýuta darajyk bolsa-da örän arassady. Onuň ortarasynda ýagty çyranyň astynda stol durdy.

— Gynansamam, size şundan oňaýly hiç zat teklip edip bilmeýärin. — diýip, Fog Fikse ýüzlendi. Ol hem sesini çykarman

58 Gäminiň burny - gäminiň öň tarapy, öň çüňki.

59 Şhuna - iki ýa-da üç bogaldakly kese ýelkenli gämi.

60 Kliwer - gäminiň öň tarapyndaky gytak görünýän üçburç ýelken.

61 Fok - gäminiň öň tarapyndaky bogaldagynyň aşaky göni ýelkeni.

62 Grot - gäminiň grot (yzky) bogaldagynyň aşaky göni ýelkeni.

63 Bizan - gäminiň iň yzky bogaldagynda ýerleşýän gyşyk ýelken.

64 Topseller - goşmaça ýelkenler.

65 Lýuk - gäminiň palubasyndan onuň beýleki bölekleriniň içine girmek üçin gapakly deşik.

baş atdy.

Aňtawjy özüniň jenap Foga borçly bolýanyna biraz kiçelmeli bolýardy.

«Dogrudanam bu kezzap, gaty sypaýy, ýöne sypaýam bolsa ol kezzap!» — diýip, ol içinden pikir etdi.

Sagat dörtden on minut işlände gäminiň ýelkenini göterdiler. Onuň üstünde britan baýdagy pasyrdady. Ýolagçylar gäminiň palubasynda durdylar. Jenap Fog bilen Auda hanym «Paspartu görnäýmezmikä» diýen kiçijik umyt bilen iň soňky sapar kenara nazar aýladylar.

Fiks, ol neresse tötänden geler öýdüp gorkmanam duranokdy. Ol oňa gaty namartlapdy, şonuň üçinem düşünişmeli bolaýsa aňtawjynyň peýdasyna boljak däldi. Ýöne fransuz görünmedi. Megerem, ol henizem neşäniň täsirinden aýňalyp bilmän ýatan bolsa gerek.

Ahyrsoňy, Jon Bensbi gämini açyk deňze çykardy, «Tankadera» hem tolkunlaryň üstünden bökjekläp öňe eňdi.

## ÝIGRIMI BIRINJI BAŞ

*Bu başda «Tankaderanyň» eýesi iki ýüz funt baýragy ýitiräýmäge töwekgellik edýär.*

Ýylyň bu paslynda, suw sygymy ýigrimi müň tonna bolan gämi bilen sekiz ýüz mil geçäýmek juda hatarly wezipedi. Hytaý deňizleri gaty bimaza, esasanam gije-gündiziň deňleşýän mahallary olarda myrtardan-myrtar harasatlar gopýar. Bu waka-da noýabryň başynda bolupdy.

Elbetde, losmanyň her gününe şeýle uly pul sylaglary beriljek bolup durka, oňa ýolagçylary Iokagama çenli äkitmek bähbitlidi. Ýöne munuň ýaly syýahat gaty ýeňilkellelik bolýardy. Şanhaýa ýetmäge synanyşygam edil garadangaýtmazlyk diýmämizde-de, juda batyrgaý işdi. Emma Jon Bensbi tolkunlaryň üstünden çarlak ýaly gaýkyjaklap barýan «Tankadera» gaty bil baglaýardy. Onuň

ynamy esassyzam däldi.

Ýüzüşiň ilkinji gününiň soňky sagatlarynda «Tankadera» Gonkongyň egrem-bugram kenar ýakasyndan ýüzüp, tolkunlaryň üstünde örän oňat saklanyp, ugurdaş şemala tizligini gaty güýçlendirdi.

Gämi açyk deňze çykansoň Fileas Fog:

— Losman, size aňrybaş tizlik bilen ýöre diýmäge-hä hetdimiz ýok. — diýip, gäminiň hojaýynyna ýüzlendi.

— Maňa bil baglaň, siziň alyjenabyňyz. — diýip, Jon Bensbi aýtdy. — Biz şemala görä goýup bolaýjak ýelkenleriň ählisini goýduk. Topselleri goýaýanymyzda-da ondan düzüwli netije bolmaz, gaýta gäminiň gidişine zelel eder.

— Losman, bu meň işim däl, siziň işiňiz. Men size bil baglaýaryn.

Fileas Fog aýaklaryny giňden goýup, abşarylyp, edil deňizçiler ýaly sarsman durşuna, äwmezlik bilen çyrpynyp duran deňze bakýardy. Gäminiň yz tarapynda oturan ýaş gelin, kiçijik gämi bilen darkaş gurýan, alagaraňkyda garalyp duran ummana seredip öz kalbynyň galagoplugyny duýýardy. Onuň üstünde ullakan ganatlar ýaly bolup, gämini öňe äkidýän çuw-ak ýelkenler pasyrdaýardy. Ýeliň äkidip barýan gämisi misli howada uçup barýan ýalydy.

Agşam düşdi. Aýyň ilkinji çärýegi bolansoň ol tiz wagtdan ümür-dumana duwlanan gözýetimde ýitip gitmelidi. Gündogardan gelýän bulutlar eýýäm asmanyň bir bölegini büräpdiler.

Losman duýduryş yşyklaryny ýakdy. Kenarynda şeýle kän gämiler ýüzýän bu deňizlerde şeýle seresaplyk örän zerurdy. Bu taýda gämileriň çakyşmasy seýrek bolýan zat däldi. Gäminiň şu mahalky tizligi bilen dagy ol çakyşaýsa, şobada duw-dagyn boljakdy.

Fiks gäminiň öň tarapynda durup oýa batypdy. Ol Foguň dymma adamdygyny bilensoň, gyra çekilip durdy. Onuň üstesine-de, hyzmatyndan peýdalanýan adamsy bilen gürleşmek onuň özüne-de hoş ýakyp baranokdy. Ol indiki boljak wakalar barada pikir edýärdi. Foguň Iokagamada-da durman, bada-bat Amerika ýetmek üçin San-Fransisko gidýän gämä münjegine onuň gözi ýetip durdy. Amerika giňişlikleri oňa howpsuzlygy hem-de jezadan sypmagy wada

berýärdi. Fileas Foguň etsem-petsemleri Fikse ap-aýdyň görnüp durdy.

Adaty ogrular Angliýadan göni Birleşen Ştatlara tarap ýüzerdi. Fog bolsa polisiýanyň yzlamasyndan sypyp, bankdan ogurlan pullarynyň arkaýyn hözürini görmek üçin, Amerika yklymyna ýetmäge ägirt uly aýlaw edip, ýer togalagynyň dörtden üç bölegini geçýär. Ýöne Fiks Birleşen Ştatlaryň çäklerinde näme ederkä? Ýa-da ol bu adamy öz erkine goýaýarmyka? Ýok, müň kerem ýok! Ogryny öz ýurduna gaýtaryp bermek barada karar kabul edilýänçä, ol ondan bir ädimem yza galmaz. Bu onuň borjy, olam ony ahyryna çenli berjaý eder. Gowy ýeri Foguň ýanynda indi Paspartu ýok. Fiks oňa ýüregini dökensoň, hyzmatkäri bilen hojaýynynyň hiç haçan bir-birege duşmazlygy, indi onuň üçin örän möhümdi.

Fileas Fog hem öz hyzmatkäri hakynda, onuň gaýa-gopuz ýok ýerden ýitirim boluşy hakynda kelle döwýärdi. Bolaýjak hemme ýagdaýlary nazarda tutup, ol Paspartu neresse haýsydyr bir düşünişmezlik sebäpli, iň soňky pursatda «Karnatige» münendir diýen netijä geldi. Özüniň şeýle bergidar bolan bu sada hyzmatkäriň ýitirim bolmagyna tüýs ýürekden gynanýan Auda hanym hem şeýle pikirdedi. Paspartuwa Iokagamada duşmaga umyt edip boljakdy. Eger-de «Karnatik» ony ol ýere elten bolsa, ony bilmegiň kynçylygy ýokdy.

Agşam sagat onlarda ýel güýçlenip başlady. Megerem, ýelkenleri çekip ägä bolmak gerekdir. Emma losman dykgat bilen asmana seredip, ýelkenleri öňki bolşuna galdyrmagyň kararyna geldi. Dogrudanam, suwa batyş derejesi uly bolansoň «Tankadera» ýelkenlerini ýaýyp barýanam bolsa suwda durnuklylygyny saklaýardy. Onsoňam, bardy-geldi harasat gopaýanda hem bada-bat ýelkenleri ýygnamagyň ullakan bir kynçylygy ýokdy.

Ýarygije Fileas Fog bilen Auda hanym kaýuta düşdiler. Fiks eýýäm ol ýerde ýatalgalaryň birinde süýnüp ýatyrdy. Losman bilen deňizçileriň ählisi uzakly gije palubada boldular.

8-nji noýabrda, irden, heniz gün dogmanka gämi ýüz milden gowrak ýol geçdi. Häli-şindi deňze oklanylýan lag[66], ortaça sagatda

66 Lag - gäminiň näçe ýol ýörändigini ýa-da tizligini görkezýän abzal.

sekizden dokuz mile çenli tizlik görkezýärdi. «Tankaderanyň» ähli ýelkenlerini galdyrdylar. Ol gapdaldan birsydyrgyn ösýän şemala ýelkenlerini dolduryp, aňrybaş tizlige çykdy. Eger-de ýel ugruny üýtgetmese gäminiň ýüzüşi şowlajakdy.

«Tankadera» uzakly gün kän bir kenardan daşlaşmady. Akymam onuň ugruna bolup, ýüzüş üçin oňat şert döredýärdi. Ol sag gapdalynda galýan gury ýerden bäş mil uzaklykda ýüzüp barýardy. Mahal-mahal duman syrylanda kenaryň nätekiz sudury görünýärdi. Şemal gury ýer tarapdan ösýärdi. Şonuň üçinem deňiz kän bir çyrpynyp duranokdy. Bu bolsa gämi üçin gaty gowy ýagdaýdy. Ýogsa, suw sygymy kiçi gämileri tolkunlar hasam köseýär. Tolkunlar tizligi peseldýär ýa-da deňizçileriň dilinde aýdylanda «tizligi öldürýär».

Günortanlar ýel gowşaşyp, günorta-gündogardan ösüp başlady. Losman topsel ýelkeni hem galdyrmagy buýurdy, ýöne ýene iki sagatdan ony aýyrmaga mejbur boldy. Çünki ýel ýene güýjäp ugrady.

Jenap Fog bilen onuň ýaşajyk ýoldaşynyň bagtyna, olar deňiz keselini duýmaýan ekeni. Olar gämidäki gaplamalary hem-de guradylan çöregi işdämenlik bilen iýdiler. Olar Fiksi hem nahar edinmäge çagyrdylar. Olam edil gämä agramlygyň gerek bolşy ýaly, garnam doldurmak gerekdigini bilip duransoň, halamasa-da olaryň teklibini kabul etmeli boldy. Bu adamyň puluna syýahat etmegi, üstesine-de onuň hasabyna iýip-içmegi, ol gelşiksiz hasaplaýardy. Onda-da ol naharlandy. Dogry, kän iýmedi.

Ertirlik edinensoňlar Fiks özüni oňaýsyz duýup, jenap Fogy gapdala çekip, oňa:

— Jenap... — diýdi. Bu söz onuň dodaklaryny gyzdyryp, ýakyp barýardy. Ol bu «jenabyň» ezeneginden ýapyşaýmakdan özüni zordan saklady!

— Jenap, — diýip, ol sözüni dowam etdi. — siz bu gämiden orun bermek bilen maňa uly ýagşylyk etdiňiz. Siziňki ýaly, elimi uzadan ýerime ýetip duran güzeranym bolmasa-da, men öz kireýimi tölemek isleýärin.

— Beýle gürrüň edip oturmalyň, jenap. — diýip, jenap Fog jogap berdi.

— Ýöne men her niçigem bolsa...

— Ýok jenap. — diýip, Fog ýene bir gezek kesgitli aýdyp, garşy bolara ýer goýmady. — Bularyň hemmesi umumy çykdajylara girýär!

Fiks sesini çykarman baş atdy. Soňra, ol gäminiň öň tarapyna geçdi hem-de uzynly gün şondan başga bir agyzam geplemedi.

Gämi çaltlyk bilen öňe barýardy. Jon Bensbi üstünlik gazanaryn diýip tama edýärdi. Ol Şanhaýa bellenen wagtda barjakdyklaryny jenap Foga birnäçe gezek aýtdy. Jenap Fog oňa özüniňem şeýle tama edýändigini aýtmak bilen gysgaça jogap berdi. Umuman kiçijik gäminiň dolandyryş toparynyň ählisi gaty yhlas edýärdiler. Beriljek baýrak bu batyrgaý adamlaryň ruhuny göterýärdi. Şonuň üçinem iň soňuna çenli dartylmadyk ýekeje-de urgan tanapyny görjek gümanyň ýokdy! Ýekeje-de ugursyz goýlan ýelken ýokdy! Gämi sürüjini ýazagarar ýaly, ýekeje gezegem duýdansyz öwrüm edilen gezegi ýokdy! Gämi misli Patyşalyk gaýyk-suw sport guramasynyň ýaryşyna gatnaşýan ýaly her hereket diýseň takyk ýerine ýetirilýärdi.

Losman agşamara gäminiň Gonkongdan iki ýüz ýigrimi mil geçenini lag boýunça kesgitledi. Fileas Fog Iokagama gelenlerinde özüniň ýol depderçesiniň gijä galynmagy bellenilýän sütünine ýekeje minudam ýazmajagyna umyt edýärdi. Şeýlelikde, Londondan gaýdylany bäri onuň ilkinji gezek düýpli şowsuzlyga uçramagy, görnüşi ýaly onuň meýilnamalaryna hiç hili zeper ýetirmeli däldi.

«Tankadera» daňdanlar Formoza atly ullakan adany hytaý kenaryndan aýrylyşdyrýan bogaza girdi hem-de Leňňeç tropiginden[67] geçdi. Bu bogazda deňiz gaty ýowuzdy. Bu ýerde garşylyklaýyn akymlaryň emele getirýän girdaplarynyň sany-sajagy ýokdy. Gämi gaty çaýkanýardy. Gysgajyk tolkunlar onuň ýoluny kesýärdi. Palubada aýak üstünde durmagam görgüdi.

---

67 Leňňeç tropigi - geografik giňişlikleriň 23° 07’ geçýän parallel. Ýer togalagynyň Demirgazyk ýarym böleginde Demirgazyk ýa-da Leňňeç tropigi, Günorta ýarym bölekde bolsa Günorta ýa-da Owlak tropigi diýlip atlandyrylýar. Günüň tomusky säginişinde, gysgalyp başlaýan wagtynda (21-22-nji iýun) Gün günorta mahaly demirgazyk tropigiň dik ýokarsynda, Günüň gyşky säginişinde, uzalyp başlaýan wagtynda (21-22-nji dekabr) Gün günorta mahaly günorta tropigiň dik ýokarsynda bolýar.

Agşam düşensoň-a ýel hasam güýjedi. Asmanda harasatyň alamatlary görnüp başlady. Onuň üstesine barometrem tiz wagtdan howanyň üýtgejegini aýdýardy. Onuň gije-gündizlik ýagdaýy durnuksyzdy. Barometriň turbajykdaky simaby bir ýerde durup bilenokdy. Günorta-gündogarda deňiz uzyn tolkunlary bilen çarpaýyna galýardy. Ondan tupanyň «ysy» gelýärdi. Düýn, Gün ummanyň fosfor ýaly ýalpyldaýan tolkunlaryny büräp duran gyzgylt dumana duwlanyp ýaşypdy.

Losman uzak wagtlap tutuk asmany synlady. Dişini gyjap nämedir bir zatlar samyrdady. Öz ýolagçysynyň ýanyna gelip:

— Alyjenap, sizden zat ýaşyryp oturmagyň geregi ýokdur-la? — diýip, ýuwaşlyk bilen ondan sorady.

— Hiç zady ýaşyryp durmaň. — diýip, Fileas Fog jogap berdi.

— Bize apy-tupan garaşýar.

— Ol haýsy tarapdan gelýär, demirgazykdanmy ýa gündogardan? — diýip, jenap Fog göwnübir ýaly sorady.

— Günortadan. Serediň hal-ha nähili ýowuz tupan gelýär!

— Bolubilýär! Günortadan gelýän bolsa tupan bize ugurdaş ekeni. — diýip, jenap Fog jogap berdi.

— Siz muňa şeýle garaýan bolsaňyz, onda aýdara sözüm ýok. — diýip, losman onuň ýanyndan aýryldy.

Duýgulary Jon Bensbini aldamandy. Belli meteorologyň[68] aýtmagyna görä, taýfun[69] diýlip atlandyrylýan bu tupan ýylyň irki pasyllarynda ýalpyldap, juda kän süýnüp gidýän ýyldyrymlar bilen sowlar giderdi, emma günüň güýzki säginmesi mahalynda welin, gazaply harasat gopmagyndan ätiýaç edäýmelidir.

Losman öňünden, ätiýaçlyk üçin zerur çäreleriň ählisini gördi. Ol ýelkenleriň hemmesini ýygnamagy hem-de reýi[70] paluba düşürmegi buýurdy. Stengalar[71] hem düşürilipdi. Lýuklar gäminiň ammaryna ýekeje damja suwam girmez ýaly jebis ýapyldy. Diňe ugurdaş

68 Meteorolog - atmosferanyň fiziki ýagdaýyny we atmosfera hadysalaryny öwrenýän hünärmen.

69 Taýfun - Ýuwaş ummanyň günbatar böleginde bolýan güýçli tupan, harasat.

70 Reý - gämileriň bogaldagyndaky çalt hereket edip duran kese agaç.

71 Stenga - bogaldagyň uzaldylan bölegi.

ýelde gämini saklamak üçin pugta çadyrdan edilen üçburç ýelken bogaldakda goýuldy. Indi diňe başa gelenini görmäge garaşaýmak galdy.

Jon Bensbi öz ýolagçylaryna kaýuta düşmegi teklip etdi. Ýöne arassa howa ýetmeýän, çaýkanyp duran dar otagda oturmagam hupbatdy. Jenap Fogam, Auda hanymam, hatda Fiksem palubadan gitmekden ýüz öwürdiler.

Sagat sekizlerde mähnet gom bedreden guýýan ýaly ýagyş jalasy bilen gäminiň üstünden indi. Ýalňyz ýelkenli «Tankadera», güýjüni söz bilen beýan edip bolmajak apy-tupanyň ugruna edil ýelek ýaly ygyp barýardy. Gäminiň barşyny, iň soňky tizligi bilen barýan otlynyň dört esse tizligi bilen deňeseň dagy hakykata golaýlaşmagyňam ahmaldy.

Gämi uzakly gün özüni alyp barýan mähnet tolkunlaryň tizligi bilen, bolsa-da gark bolman zymdyrylyp gitdi. Gäminiň yzyndan ýeten gaýa ýaly tolkunlar ýigrimi sapar dagy onuň üstünden inäýmeli boldy. Ýöne gämi sürüjiniň ornunda duran losman gämini çaltlyk bilen öwrüp, ony her gezek heläkçilikden halas edýärdi. Kämahallar ýolagçylar başyndan aýagyna çenli suwa batdylar, ýöne olar muňa dady-peryat edip durman paýhas bilen döz geldiler. Dogry, Fiks hüňürdedi, ýöne gaýduwsyz Auda hanym, Fileas Foguň arkaýynlygyna telpek goýup, ondan gözüni aýyrman, gäminiň iki erňeginden öwsüp ýykyp gelýän çapgyn ýele hem üns bermän, özüniň oňa ýoldaş bolmaga mynasypdygyny görkezdi. Fileas Fog babatynda aýdanymyzda bolsa, «bu taýfun tupany hem onuň meýilnamasynda öňünden hasaba alnypdyr» diýip, ol barada pikir etmek boljakdy.

Şu mahala çenli «Tankadera» hiç ýaňa öwrülmän göni demirgazyga barýardy. Ýöne howatyr edilişi ýaly, agşam ýel iki rumb üýtgäp, demirgazyk günbatardan ösdi. Gämi indi gapdalyny tolkuna tutup gitmeli bolansoň gaty erbet sandyraýardy. Deňiz ony şeýle bir güýçli urýardy welin, «gämi abat galarmyka» diýdirýärdi. Eger-de, gäminiň bölekleri bir-birine şeýle berk jebisleşdirilmedik bolsa ol dagasa dagaýmalydy.

Gije tupan hasam güýjedi. Garaňky düşensoň tupanyň hasam möwç alýanlygyny bilip duransoň Jon Bensbi hem howsala düşüp ugrady. Ol kenara çykaýmasak boljak däl öýdýän diýip içini gepletdi hem-de bu barada deňizçilerine sala saldy.

Soňra ol Fileas Foguň ýanyna geldi-de:

— Siziň alyhezretiňiz, golaýdaky portlaryň birine sowlaýmasak, ýagdaýlar juda çatak. — diýdi.

— Menem şeýle pikirde. — diýip, jenap Fog jogap berdi.

— Aý, goýuň-a! — diýip, losman geň galdy. — Ýöne haýsy porta sowulsakkak?

— Men diňe bir porty bilýän,—diýip, Fileas Fog parahat jogap berdi.

— Ol haýsy port?

— Şanhaý.

Losman jenap Foguň tutanýerliliginiň hem-de gaýduwsyzlygynyň mizemezliginden habar berýän bu jogabyň manysyna birbada düşünmedi. Soňam hyjuw bilen:

— Hop ýagşy! Siziň alyhezretiňiz hak aýdýar. Diňe Şanhaýa! — diýdi.

Onsoň «Tankadera» ümzügini diňe demirgazyga tutdurdy.

Ol gije gaty aýylganç boldy! Kiçijik gäminiň agdarylmaýşyna haýranlar galaýmaly. Iki gezek ol suw astyna düşdi. Eger-de ýapyşalgalar şeýle pugta bolmadyk bolsa, palubadaky adamlaryň hemmesini suw süpürip äkidäýmelidi. Auda hanymyň endam-jany kül-owram bolsa-da, ýeke agyzam zeýrenmedi. Birnäçe gezek jenap Fog tolkunlaryň gazabyndan goramak üçin oňa tarap okduryldy.

Ertir düşdi. Tupan gowşamaýardy. Ýöne ýel ýene-de ugruny üýtgedip, günorta-gündogardan ösüp başlady. Bu bolsa «Tankadera» kömek edýärdi. Indi ol garşylyklaýyn tolkunlar çaknyşyp, çyrpynyp duran deňiz bilen ýene-de öňe okdurylyp ugrady. Gämi şeýle berk ýasalmadyk bolanlygynda bu tolkunlar bir gezekde ony çym-pytrak ederdiler.

Wagtal-wagtal dumanyň içinden kenar görnüp gidýärdi. Ýöne ýekeje gämi hem göze ilenokdy. Diňe «Tankadera» deňiz bilen

söweşýärdi.

Günortana golaý deňiz asudalaşýan ýaly bolup göründi. Gün ýaşar uçurlary tupanyň gowşaýanlygy mese-mälim duýuldy.

Tupan başlaýşy ýaly duýdansyz goýdy. Ýadawlykdan ýaňa endamlary syrkyrap duran ýolagçylar, ahyrsoňy garbak-gurbak edip, biraz dynç aldylar.

Gije birneme asuda geçdi. Losman ýelkenleri ikinji halkada goýup, ýokary göterdi. Gämi ep-esli tizlik bilen ýöräp başlady. Ertesi gün 11-nji noýabrda Gün doganda Jon Bensbi gäminiň gelen ýerini kesgitläp, Şanhaýa ýüz mile golaý galanyny aýtdy.

Ýöne bu ýüz mili bir günde geçmelidi! Eger-de Iokagama gidýän gämä ýetişjek bolsa jenap Fog agşama çenli Şanhaýa baraýmalydy. Eger birnäçe sagadyň ýitirilmegine sebäp bolan bu harasat gopmadyk bolaýanlygynda, onda gämi eýýäm portuň otuz millik golaýyna gelerdi.

Ýel mazaly gowşady, onuň bilen birlikde hem, ýolagçylaryň bagtyna tolkunlaryň çyrpyn atyşmasy hem ýatyşdy. Gämi ýelkenlere beslendi. Topseller, kliwer, garşylyklaýyn fok — garaz ýelkenleriň ählisi gämini öňe itekleýärdi. Gäminiň burnunyň astynda deňiz ak köpük bolup ýatyrdy.

Günortanlar Şanhaýa bary-ýogy kyrk bäş mil galdy. Iokagama gidýän gäminiň ugramagyna-da alty sagat galypdy.

Gäminiň üstünde galagopluk başlandy. Hemmeler her edip hesip edip gämä ýetişmek isleýärdi. Hemmeler, elbetde Fileas Fogy hasap etmämizde, sabyrsyzlyk bilen urýan ýürekleriniň gürsüldisini duýýardy. Kiçijik gämä sagatda dokuz mil tizligi saklamak zerurdy. Şemal bolsa gitdigiçe gowşaýardy! Bu gäminiň gapdal tarapyndan bir ýerlerden öwüsýän durnuksyz şemaldy. Ol öwüsmesini bes eden badyna deňizem ýuwaşaýardy.

Her niçigem bolsa gämi ýeňiljek bolansoň, onuň beýik hemde ýuka matadan dokalan ýelkenleri hem şemaly gowy tutansoň, üstesine ugurdaş akymam kömek edensoň, «Tankadera» agşam sagat altylara Şanhaýyň gapdalyndan akýan derýanyň deňze guýýan ýeriniň on mil alkymyna geldi. Şäheriň özi derýanyň on iki mil

töweregi ýokary akymynda ýerleşýärdi.

Sagat ýedide Şanhaýa bary-ýogy üç mil galdy. Losmanyň agzyndan çykýan aýylganç gargyş eşidildi... Iki ýüz funt sterling baýragy ol ardurja gideräýen ýaly. Ol jenap Foga seredi. Fileas Fog özüni parahat saklaýardy. Ýogsam onuň ähli emlägi gyl üstünde durdy...

Şu pille hem uzaklardan üsti goýry tüssä gaplanan uzyn gara sudur göründi. Ol bellenen wagtda portdan çykyp barýan amerikan gämisidi.

— Nälet siňmiş! — diýip, Jon Bensbi gaharyna gäminiň rulyny[72] elinden sypdyryp gygyrdy.

— Duýduryş beriň! — diýip, Fileas Fog parahat durşuna buýurdy.

«Tankaderanyň» burnunda kiçijik bürünç top durdy. Ol ümür-dumanly howada duýduryş bermek üçin ulanylýardy.

Topy agzyna çenli okdan doldurdylar. Losman topuň peltesini otlajak bolup durka, jenap Fog:

— Baýdagy düşüriň! — diýip, buýruk berdi.

Baýdak bogaldagyň ortasyna çenli düşürildi. Bu betbagtçylyk duýduryşydy. Şonuň üçin hem amerikan gamisi duýdyryşy görüp, gäminiň golaýyna gelmek üçin ugruny üýtgeder diýen tama bardy.

— Ot açyň! — diýip, jenap Fog buýruk berdi.

Kiçijik bürünç topuň sesi howada ýaňlanyp gitdi.

## ÝIGRIMI IKINJI BAŞ

*Bu başda Paspartu, hatda antipodlaryň[73] arasynda hem jübiň pulluja bolmalydygyna göz ýetirýär.*

Ýedinji noýabrda agşam sagat ýediň ýarynda «Karnatik» Gonkongdan çykyp, iň ýokary tizligi bilen Ýaponiýa ugrady. Mazaly ýüküni tutan gäminiň üstünde ýolagçy kändi. Diňe birinji derejeli iki sany kaýuta boşdy. Olar jenap Fog tarapyndan buýrulan

72 Rul - gämini ugrukdurmak, ony öwürmek üçin enjam.
73 Antipod - başgalaryňka ters gelýän garaýyşly, häsiýetli adam.

kaýutalardy.

Ertesi gün irden ikinji derejeli orunlardaky ýolagçylar, kaýutadan etirekläp çykyp, palubadaky oturgyja özüni goýberen, yrañ-dyrañ atyp duran, gözi zordan açylýan, ebti agan bir pyýada gözlerini tegeleşip seretdiler.

Ol Paspartudy. Ynha, onuň başyndan geçen wakalar.

Fiks neşehanadan çykyp gaýdansoň, hyzmatkärleriň iki sanysy özüni bilmän ýatan Paspartuny goltuklap, neşekeşlere niýetlenen topçana geçirdiler. Alada-ünjisi ukuda ýatyrka-da kellesinden çykmaýan Paspartu üç sagat geçensoň, humaryň beýhuş ediji güýjüne hötde gelip, ukudan oýandy. Ýerine ýetirip bilmedik borjy hakyndaky pikir ony şobada özüne getirdi. Ol serhoşlaryň düşeginden turup, yrañ-dyrañ atyp, diwardan ýapyşyp, ýykylyp-sürşüp, süssenekläp barşyna, haýsydyr bir içki duýgysyna eýerip, edil düýşürgeýän ýaly «Karnatik!», «Karnatik!» diýip gygyrýardy.

Gämi eýýäm tüsseläp, ýüzüşe taýýar bolup durdy. Paspartu ýene-de birnäçe ädim ätdigi gämä ýetýärdi. Ol gäminiň münelgesiniň üsti bilen öňe süssenekläp, gäminiň üstüne aýak basan badyna huşuny ýitirip, gäminiň öň tarapynyň palubasyna ýykyldy. «Karnatik» hem şol pursatda labyryny göterdi.

Munuň ýaly ýagdaýlary göre-göre gelýän deňizçiler Paspartu neressäni ikinji derejeli kaýutalaryň birine süýräp eltdiler. Ol şol ýatyşyna diňe ertesi gün oýandy. Gämi hytaý kenaryndan bir ýüz elli mil daşlaşypdy.

Ynha, şu sebäpli hem Paspartu säher bilen «Karnatigiň» palubasynda peýda boldy hem-de tämiz deňiz howasyndan kükregini dolduryp dem almaga başlady. Arassa howa ony doly özüne getirdi. Ol kynlyk bilen pikirini jemledi hem-de ahyrsoňy düýnki ahwalaty, Fiksiň kimdigini boýun alyşyny, neşehanany we beýleki bolan wakalary ýadyna saldy.

«Men lül-gammar bolaýypdyryn öýdýän. — diýip, ol pikir etdi. — Indi maňa jenap Fog näme diýer? Bolsa-da gämiden-ä gijä galmandyryn. Iň esasy zat şol!»

Soňra ol Fiks barada pikir etdi.

«Indi beri şondan dynan bolsak bolýa. — diýip, ol içini gepletdi. — Beý diýensoň ol «Karnatigiň» üstünde yzymyzy yzlap ýörmäge ýürek edip bilmez. Näme diýip, näme aýtjak, polisiýa gözegçisi, aňtawjy bank ýarandyr öýdüp, hojaýynymyň ökjesine düşüp ýör! Bir ýetmeýän zadymyz şudy! Özümiň adam öldürjegime ynansam, jenap Foguň hem ogurlyk etjegine ynanardym!»

Paspartu hojaýynyna hemmesini bolşy ýaly gürrüň bermelimikä? Jenap Foguň bu işlere näme üçin Fiksiň gatyşyp ýörenini bilmegi hökmanmyka beri? Londona dolanyp barylansoň, oňa paýtagtyň polisiýa jansyzynyň özleri bilen ýerň daş-töweregine aýlanyşyny gürrüň berip, Fileas Fog bilen bu pyýadanyň üstünden gülünse gowy bolmazmy? Hawa-la, bolmanam şondan gowusy ýokdur. Umuman-a bu barada mazalyja kelle döwmeli. Häzir bolsa ol jenap Foguň ýanyna baryp, özüni gelşiksiz alyp barany üçin ötünç sorar.

Paspartu ýerinden galdy. Deňiz gomlary gämini gaty çaýkaýardy. Sada ýigit heniz düzüwli aýak üstünde durup bilmese-de, eýdip-beýdip birinji derejeli kaýutalaryň ýerleşýän ýeri bolan gäminiň yzky bölegine bardy.

Palubada ol öz jenabyna ýa-da Auda hanyma çalym edýän ýekeje adama hem gabat gelmedi.

«Hawa, hawa — diýip, Paspartu içini gepletdi. — Auda hanym-a bu mahal uklap ýatandyr. Jenap Fog bolsa endigine görä, özüne kart oýnamaga ýoldaş tapynandyr...»

Şunuň ýaly pikirleri kellesinde aýlap, Paspartu eýwana düşdi. Ol ýerde jenap Fog ýok ekeni. Gäminiň iş dolandyryjysyndan jenap Foguň haýsy kaýutada ýerleşenini soraýmasa, Paspartuda başga alaç galmady. Olam beýle familiýaly ýolagçyny bilmeýänini aýtdy.

— Bagyşlaň, men uzyn boýly, derýa ýaly giň, geplemezek jenap bilen ýaş gelin barada soraýaryn. — diýip, Paspartu hem öz diýenini tutdy.

— Gämide ýekeje-de ýaş gelin ýok. — diýip, iş dolandyryjy jogap berdi. — Ynha ýolagçylaryň sanawy, alyň-da özüňiz göräýiň.

Paspartu sanawa göz gezdirdi. Sanawda onuň hojaýynynyň ady ýokdy.

Paspartunyň gözi garaňkyrap gitdi. Birdenem, onuň kellesine täze pikir geldi.

— Eýesiz galan, men «Karnatigiň» üstündemikäm beri? — diýip, ol sorady.

— Hawa. — diýip, dolandyryjy jogap berdi.

— Özümizem Iokogama barýas gerek?

— Hut şo taýyk barýas.

Paspartu başga gämä münendirin öýdüp gorkdy. Ýöne bu hakykatdanam «Karnatik» ekeni. Emma onuň hojaýyny gämide ýokdy.

Paspartu kürsä özüni goýberdi. Bu habar ony ýyldyrym urana dönderdi. Birdenem, «Karnatigiň» ugramaly wagtynyň süýşürileni onuň huşuna geldi. Özüniň muny hojaýynyna duýdurmalydygy, ýöne duýdurmandygy onuň ýadyna düşdi! Diýmek, jenap Fog bilen Auda hanym onuň günäsi bilen gäminiň ugramagyna ýetişmändirler! Elbetde, muňa onuň özi günäkär, ýöne Paspartuny jenap Fog bilen aýrylyşdyrmak hem-de Gonkongda eglemek üçin ony lül-gammar bolýança içiren dönük Fiks hasam günäkär. Ahyrsoňy, ol polisiýa gözegçisiniň eden oýnuna düşündi! Indi Jenap Fog tozandyr, sebäbi ol jedelde utdurdy, eýýäm tussag edilip, zyndana taşlanan bolmagam ahmal!.. Kellesine şeýle pikir gelen Paspartu saçyny ütüp başlady. Wah-wah! Haçanda bir wagt şu Fiks eline düşäýse bolýar, indi ol onuň bilen baý hasaplaşar-a!

Bu urgudan biraz aýňalansoň, Paspartu ýene-de öňküsi ýaly sowukganly bolup, emele gelen ýagdaý barada oýlanmaga başlady. Onuň ýagdaýy meňki bolsun diýer ýaly däldi. Biziň fransuzymyz Ýaponiýa barýardy. Barmasyna o taýa barar welin, nädip o ýerden çykarka? Onuň jübüsinde it uwlaýardy. Ýekeje şilling, ýekeje pennisem ýokdy! Gowy ýeri onuň ýoly we bokurdagy öňünden tölenipdi. Şeýlelikde, onuň belli-külli karara gelmegi üçin bäş-alty gün wagty bardy. Ýolda onuň näçeräk iýip-içenini aýdyp beýan eder ýaly däl. Ol jenap Fog üçinem, Auda hanym üçinem, özi üçinem bir iýmek iýdi, heý goýaý. Göýä, barmaly ýeri Ýaponiýa, iýer-içer ýaly zat bolmadyk ymgyr çöl ýaly şeýle bir iýdi welin, garny ýeňsesine

aýlanyp gitdi.

On üçünji noýabrda, irki daşgynda «Karnatik» Iokagama portuna girdi.

Iokagama ýuwaş ummanda esasy port bolup durýar. Oňa Demirgazyk Amerikanyň, Hytaýyň, Ýaponiýa we Malaý arhipelagynyň[74] aralygynda gatnaýan gämileriň, hala ol aragatnaşyk gämisi bolsun, hala-da ýolgaçy gämisi bolsun, parhy ýok, hemmesi degip geçýärdi. Iokagama Iýeddo buhtasynda[75], ýapon imperiýasynyň ikinji paýtagty bolan, birmahallar bu raýat imperatory barka siogunlaryň[76] rezidensiýasy[77] bolan ägirt uly Iýeddo şäheriniň golaýynda ýerleşýärdi. Ieddo şäheri, hudaýlaryň nesillerine degişli, hudaýyň nazar salan imperatory mikadonyň[78] ýaşaýan ýeri bolan Kioto şäheriniň bäsdeşidi.

«Karnatik» Iokagamanyň kenarynda, bent bilen gümrükhana ammarlarynyň golaýynda, dürli milletleriň köp sanly gamileriniň arasynda labyr taşlady.

Paspartu Günüň dogýan ýurdunyň[79] şeýle täsin topragyna göwnüçökgün halda gadam basdy. Oňa başa gelenini görübermekden başga alaç galmady. Onsoň, ol şäheriň köçeleri bilen ümdüzine tutduryp gidiberdi.

Paspartu ilkibaşda, şäheriň köçeleriniň, meýdançalarynyň boýy bilen, gämi ussahanalarynyň, ammarlarynyň ýanyndan gösgöni hatar bolup, portuň ýanyna çenli uzalyp gelýän, çar-ýany eýwanly pessejik jaýlara gurşalan, şäheriň ýewropa bölegine düşdi. Edil Kalkutta bilen Gonkongdaky ýaly, bu taýyňyň ilaty hem ähli milletleriň wekillerinden, bolanyny satyp, tapanyny satyn aljak amerikan, iňlis, hytaý, golland söwdagärlerinden durýardy. Olaryň

74 Arhipelag - adalar toplumy, adalyk.

75 Buhta - gämi duralgasy üçin amatly bolan kiçeňräk aýlag.

76 Siogun - 1192-1867-nji ýyllarda ýapon hökümdarlarynyň tituly (derejesi).

77 Rezidensiýa - döwlet ýa-da hökümet baştutnynyň hemişe bolýan ýeri.

78 Mikado - Ýaponiýanyň imperatorynyň tituly (derejesi), ýapon dilinden sözme-söz terjimesi «belent derwezeler» diýmegi aňladýar.

79 Günüň dogýan ýurdy - Ýaponiýanyň şahyrana atlandyrylyşy. Ol Ýuwaş ummandan geçýän senelerin çalyşýan çägine golaý ýerleşeni üçin şeýle atlandyrylýar.

arasynda biziň fransuzymyz özüni gottentotlaryň[80] arasyna düşen ýaly keseki duýýardy.

Dogry, Paspartuda ýene bir çykalga, Iokagamadaky iňlis ýa-da fransuz wekilýetine ýüz tutmak mümkinçiligi hem bardy. Ýöne şeýle edäýen ýagdaýynda, ol öz jenabynyň ady hem-de işi bilen berk baglanyşykly, öz başyndan geçen wakalary aýtmaly boljakdy. Ine şonuň üçinem ol başga ähli mümkinçilikleri synap görüp, halys paltasy daşa degensoň bu çykalgadan peýdalanmagy ýüregine düwdi.

Şeýlelikde, ol özi üçin alga alarlyk hiç zada sataşman şäheriň ýewropa bölegini geçdi-de, ýapon bölegine düşdi. Özem, gerek bolsa şeýdip Ieddo çenli gitmelem bolsa gitmegi ýüregine düwdi.

Iokagamanyň ýerli ilatynyň ýaşaýan ýeri goňşy adalarda sygynylýan deňiz hudaýynyň hormatyna Benten diýlip atlandyrylýar. Bu ýerde Paspartu pihta[81] we kedr[82] agaçlaryndan emele gelen ajaýyp seýilgähleri, täsin binagärlik keşbindäki keramatly derwezeleri, çiňrik hem bambuk[83] jeňňellikleriniň içinden sallanyp duran köprüjikleri, ençe asyrlary arka atan belent hem gamgyn kedr agaçlarynyň saýasynda görer gözden gizlenip oturan ybadathanalary, öz goýnunda butparaz ruhanylarynyň we Konfusiniň[84] şägirtleriniň asuda ýaşamagyna pena beren kiliseleri, haýsydyr bir ýapon perdesiniň aňrysyndan dökülen ýaly bolup, tükeniksiz köçeleri dolduryşyp, ýoluň ortarasynda gaty ýalta bolsa-da juda enaýyja, guýrugy küle pişikler hem-de aýaklary keltejik güjükler bilen oýnaşyp ýören çagalary gördi. Köçelerde depreklerdir nagaralary güpürdedip urýan bonzalaryň[85] dabaraly ýörişinden, gümrük

80 Gottentotlar - umumy sany 130 müň ilata barabar bolan, esasan Namibiýa (102 müň), Botswana (26 müň), Günorta Afrika Respublikasy (2 müň) ýurtlarynda ýaşaýan halkyýetleriň atlandyrylyşy. Gottentot dillerinde gepleýärler.

81 Pihta - sosnalar maşgalasyndan bolan, süýnmek gozaly, hemişe gök öwüsýän agaç.

82 Kedr - sosnalar maşgalasyndan bolan hemişe gök öwüsýän, syrdam ösýän beýik agaç.

83 Bambuk - gargy gamşa meňzeş içi boş ösümlik, hindigamşy diýlibem atlandyrylýar.

84 Konfusiý (Kun-szy) - gadymy hytaý akyldary, konfusian taglymatyny esaslandyryjy.

85 Bonza - Aziýa ýurtlarynda budda monahy (fransuzça-bonze, bodzu-ruhany diýen ýapon sözünden gelip çykan).

harbylaryndan we ýalpyldawuk çüri telpekli, guşaklary iki sany gylyçly polisiýa serkerdelerinden, nah matadan tikilen ak zolakly gök eşik geýnen, sapança bilen ýaraglanan esgerlerden, ýeňsiz gursakçaly hem-de sowutly mikadonyň janpenalaryndan, onsoňam köpsanly dürli wezipeli harbylardan ybarat ötegçileriň akymynyň yzy üzülmeýärdi. Harbylaryň köçede şeýle känliginiň sebäbi esgerlik hünäri Hytaýda näderejede ýigrenilýän bolsa, Ýaponiýada bu hünäre şonça-da hormat goýýarlar. Nirä baksaň sadaka ýygnap ýören monahlar[86], uzyn geýimli zyýaratçylar göze ilýärdi. Onsoňam, keltejik boýly, gargaň ganaty ýaly ýylmanakdan gara saçly, goçak kelleli, petekesi kiçgine, injigi inçejik ötegçilerden ýaňa köçe myg berýärdi. Olaryň ýüzi gara-gyrmyzydan başlap, solgun aga çenli her düregeý reňkdedi. Emma olaryň hytaýlylaryňky ýaly bugdaýreňki ýokdy. Ýaponlar daşky keşbi boýunça hytaýlylardan mese-mälim tapawutlanýar. Arabalaryň, kejebeleriň, rikşalaryň[87] arasynda zenanlar iki-baka darajyk basyp ýorgalaýardylar. Olar dar basýan kiçijik aýajyklaryna sypal sandal, kenep köwüş ýa-da agaçdan enaýyja paşmak geýipdirler. Zenanlaryň aglabasy beýle bir owadan däldi. Olaryň gözleri sürmeli, göwüsleri çekilip dartylan, dişleri bolsa bu ýerde ýoň boluşy ýaly garaldylandy. Onsoňam, olaryň hemmesi birgeňsi gelşikli, öý halatyna meňzäp duran «kimono[88]» milli penjegini geýýärler. Özem giň ýüpek ýaglyk bilen guşanyp, onam arka tarapyndan anjaýyn edip halkalaýyn daňýarlar. Görnüşi ýaly, häzirki döwürde Parižiň moda kowalaşýan zenanlarynyň penjekleri ýaponlardan geçen bolarly.

Paspartu birnäçe sagatlap her düregeý mähelläniň arasynda aýlandy. Her dürli täsin harytlardan doly dükanlara, bazarlara göz gezdirdi. Ol ýerde her dürli akyr-ukurlar, altyndan we kümüşden ýasalan ýapon önümleri satylýardy. Ol dürli reňkli lentajyklardyr

86 Monah - buthana guramasynyň düzgüni boýunça ýaşamaga kasam eden terkidünýä adam.

87 Rikşa - Günorta we Gündogar Aziýa ýurtlarynda iki tigirli araba özüni goşup, ýük we ýolagçy daşaýan adam.

88 Kimono - ýaponlaryň don görnüşli eşigi. Ýapon söweş sungaty bolan dzýu-do göreşinde türgenleriň hökmany geýimi.

baýdajyklar bilen bezelen garbanyşhanalaram gördi. Dogry, olaryň içine girmäge onuň mümkinçiligi ýokdy. Oňa çaýhanalaram gabat geldi. Ol ýerde müşderiler turşadylan tüwiden alynýan «sake» içgisini, hoşboý ysly ýyljak suwa garyp içýärdiler. Oňa çilimhanalaram duşdy. Ol ýerde tirýek çekilmän, naýbaşy temmäki çekilýärdi. Ýaponiýada adamlar tirýegiň nämediginem bilenokdylar.

Soňra, Paspartu şaly ekilen giň meýdana bardy. Ol ýerde çogdam bolup däl-de, agajyň şahalarynda ösüp oturan ajaýyp kameliýa[89] gülleri özüniň güýzki, iň soňky müşki anbar ysyny çar ýana saçýardy. Alma, ülje, garaly agaçlarynyň daşyna bambukdan germew edilipdir. Ýerli ilat bu agaçlary miwesi üçin däl-de, owadan güli üçin ürç edip ýetişdirýär. Olary agzy-burny towlanyp duran garantgalaryň, şakyrdawuklaryň kömegi bilen serçe, garga, kepderi we beýleki aldajy guşlardan goraýarlar. Mähnet kedr agaçlarynyň üstünde ullakan bürgütler mekan tutupdyr. Leýlisaçlaryň ýapraklarynyň arasynda höwürtgelän hokgarlar bir aýagyny ýygryp, gamgyn halda durdy. Haýsy ýaňa baksaň gargalar, ördekler, gyrgylar, ýabany gazlar hem-de ýaponlaryň bagtyýarlygyň we uzak ömür sürmegiň nyşany diýip hasaplaýan, «jenap» diýip hormatlaýan durnalarynyň giden sürüsi görünýärdi.

Meýdana aýlanyp ýörkä Paspartu otlaryň arasynda birnäçe benewşe gülüne duşdy.

— Bul-a tüýs bolaýdy. Men olardan agşamlyk edinerin. — diýip, ol öz ýanyndan samyrdady.

Ýöne benewşeleri ysgap, olaryň ysynyň ýoklugyna göz ýetirdi.

«Wah, bu-da boljak däl-ow!» diýip, ol pikir etdi.

Dogry, bu neresse «Karnatikden» düşmänkä, soňuny alada edip, ertirlik naharyndan mazalyja garnyny doýrupdy. Ýöne uzynly gün entänsoň, indi ol içiniň «eljuk» diýýänini duýýardy. Ol aýlanyp ýörkä, gassaplaryň dükanynda doňuz etiniňem, dowar etiniňem ýokdugyny görüpdi. Ol Ýaponiýada ekerançylyk işlerinde ulanylýan şahly mallary öldürmegiň günä hasaplanýanyny bilensoň, bu ýerde

89 Kameliýa - iri ak ýa-da gyzyl gülli, ýakymly ysly, hemişe gök öwüsýän Günorta agajy.

kän bir et iýilýän däldir diýen netijä geldi. Ol ýalňyşmandy. Ýöne sygyr eti bolmasa-da ol ýekegapanyň ýa bolmasa losyň[90] bir tokga etine-de, ýa bolmasa käkilik diýer, bedene diýer, haýsy bolanda-da keýpihon razy boljakdy. Gepiň tümmek ýeri, ol ýaponlaryň biraz tüwi garyp iýýän nähili eti ýa balygy bolsa-da oňjakdy. Ýöne ol içegeleri jugurdap dursa-da, garnynyň aladasyny ertä goýmaga kaýyl geldi.

Gije düşdi. Paspartu şäheriň ýerli ilatynyň ýaşaýan bölegine dolanyp geldi. Ol dürli öwüşginli çyralar asylan köçelerde gözbagçylara hem-de ýeke gözli asmana seredilýän dürbileriniň ýanyna jemende baryny üýşürýän gezende müneçjimlere seredip kän selpedi. Soňra ol gämi duralgasyna baryp, alawyň yşygyny aldawaç edip balyk tutýan balykçylaryň oduň ýalkymyna ýagtylyp duran gaýyklaryny gördi.

Ahyry köçelerem boşap galdy. Mähelläň ýerine ýakuninler peýda boldy. Daşy birgiden esgerli, örän owadan geýimli bu harby garawul serkerdeleri wekillere çalym edip durdy. Şonuň üçin hem Paspartu her gezek bezemen garawuly görende, henek atyp:

— Ynha, ýene bir ýapon ilçisi Ýewropa ugraýar! — diýip gaýtalaýardy.

## ÝIGRIMI ÜÇÜNJI BAŞ

*Bu başda Paspartunyň burny çakdanaşa süýnýär.*

Açlykdan ýaňa halys eňki agan Paspartu, ertesi gün irden «her zat etmeli welin, garny doýurmaly, özem näçe çalt garny gözäp bolsa şonça-da gowy» diýen karara geldi. Dogry, ol sagadyny sataýsa-da bolman durjak däldi, ýöne ol beýdeninden aç ölenini gowy görjekdi. Sada ýigit üçin, özüne Hudaý tarapyn berlen beýle bir owazly bolmasa-da, ýiti sesiniň hözürini görmegiň aýny wagty geldi. Oňa sesiniň şu wagt peýdasy degmese, hiç mahalam nepi degjek däldi.

Ol birentek fransuz hem iňlis aýdymlaryny bilýärdi. Onsoň,

90 Los - deresygyrlar maşgalasyndan bolan ýasy şahly uly haýwan.

ol aýdyma synanyşmagy ýüregine düwdi. «Ýaponlar aýdymsazyň gadyryny bilýän bolmaly. Ýogsa näme, olar näme etselerem simbalyň, tamtamyň[91] ýa-da depregiň sesine goşup edýärler ahweti. Onsoň näme, olar ýewropaly sungat ussadynyň zehinine, elbetde, mynasyp baha bererler» — diýip, Paspartu pikir etdi.

Ýöne bu mahal konsert bererden irräk bolaýmasa? Gara daňdan bimaza edilen diňleýjiler, megerem aýdymça mikadonyň şekili çekilen şaýlygy rowa görmeseler gerek.

Paspartu bäş-üç sagat garaşmagy ýüregine düwdi. Ýöne ýolda onuň kellesine ýene bir pikir geldi. Ol gezende aýdymçylara görä has geýnüwli. Şonuň üçinem ol geýmini özüniň häzirki ýagdaýyna laýyk gelýän köne-küşül bilen çalyşmak kararyna geldi. Onuň üstesine, şeýdäýse oňa az-owlak pulam düşjekdi. Onam bada-bat ýalmawuz ýaly bolup duran işdäsini kanagatlandyrmaga harçlaýmalydy.

Etmeli zat belli, indi ony diňe ýerine ýetiräýmek galýar. Esli gözlänsoň, Paspartu ýerli jindeçini tapdy-da, oňa maksadyny aýtdy. Ýewropa geýmine jindeçiniň syny oturdy. Paspartu tiz wagtdan, onuň ýanyndan könelişen ýapon geýmini geýip çykdy. Onuň kellesinde bolsa könelip solup giden sellesi, birgeňsi bolup gyşaryp durdy. Iň gowy ýerem indi onuň kisesinde birnäçe kümüş şaýy şyňňyrdap durdy.

«Ýeri bolýa, bu gün karnawal[92] ekenmişik-dä» diýip, ol içini gepletdi.

«Ýaponlaşan» Paspartunyň ilkinji aladasy, daşyndan horaşaja görünýän çaýhanalaryň birine girip, bir bölek aw etini, birki goşawuç tüwi iýip gurbatyna gelmek boldy. Ertirlik edinende ol, günortanlyk edinjegi gümana adam ýaly naharlandy.

«Indi, kelläni gowja işletmeli — diýip, ol mazaly doýansoň, öz ýanyndan pikirlendi. — Bu esgileri has ganymadrak ýapon geýmine çalyşmaga mümkinçiligim-ä ýok. Diýmek, Günüň dogýan ýurduny mümkin boldugyça tizräk terk etmegiň alajyny gözlemeli. Hawa, bu

91 Simbal, tamtam - kakylyp çalynýan saz gurallary.

92 Karnawal - fransuz sözi bolup, halk dabarasynyň bir görnüşini, köçe boýunça ýöriş edilip geçirilýän teatrlaşdyrylan oýunly şagalaňy aňladýar.

ýurt hakynda gamgyn ýatlamalar mende ömürbaky galar!»

Paspartu Amerika gidýän gämi gözlemegi ýüregine düwdi. Ol aşpez ýa-da stýuard[93] hökmünde öz hyzmatyny teklip etmegi göz öňünde tutýardy. Göz haky üçinem naharlap, mugtuna äkitseler başga zat hantama däldi. San-Fransisko baransoň ol başyny beladan gutarmagyň bir alajyny tapar. Häzir iň möhüm wezipe Ýaponiýany Täze Dünýäden[94] aýrylyşdyrýan Ýuwaş umman boýunça dört müň ýedi ýüz mili geçmekden ybaratdy.

Paspartu uzak pikirlenýän adamlaryň hilinden däldi. Şonuň üçinem ol göni porta ugrady. Ýöne gämi duralgasyna golaýlaşdygysaýy, şu wagta deňiç itiň aňsady diýip hasap eden işi, oňa gitdigiçe amala aşmasy kyn ýaly bolup göründi. Dogrudanam, näme üçin amerikan gämisine birdendekgän aşpez ýa-da stýuard gerek bolmalymyş? Onsoňam, şeýle üýtgeşik geýimli Paspartu olarda nähili täsir galdyrar? Ol nähili hödürnama görkezip, kime salgylanyp biljek?

Şeýdip, pikir edip barýarka Paspartu birden, Iokogamanyň köçelerinden bir masgarabazyň alyp barýan afişasyny[95] göräýdi. Ol afişada iňlisçe ýazylan şeýle sözler bardy:

Hormatly
UILÝAM BATULKARYŇ
ýapon akrobatika[96] topary

---

Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna gidilmeziniň öňünçäsi
IŇ SOŇKY ÇYKYŞLAR
SÜÝNMEK BURUNLAR — SÜÝNMEK BURUNLAR
TENGU HUDAÝYŇ GÖNIDEN-GÖNI HOWANDARLYK ETMEGINDE
ÄGIRT ULY ÜSTÜNLIK!

— Amerikanyň Birleşen Ştatlary! Asyl maňa geregi şu-da! —

93 Stýuard - ýolagçylara hyzmat edýän gämi gullukçysy.

94 Täze Dünýä - Amerika yklymynyň başgaça atlandyrylyşy. Ýewraziýadan we Afrikadan soň açylany bilen baglanyşykly.

95 Afişa - konsertiň, oýnuň we ş.m. çäreleriň bolýanlygy barada bildiriş.

96 Akrobatika - gimnastikanyň we sirk sungatynyň bir görnüşi.

diýip, Paspartu begenjinden ýaňa gygyryp goýberdi.

Ol afişaly adamyň yzyna düşüp barşyna, tiz wagtdan ýapon şäherine geldi. On bäş minutdan ol birnäçe kagyz zolaklar bilen bezelen, diwarlaryna ýiti reňk bilen birgiden masgarabazlaryň suraty çyrşalan, ýönekeýje, ýöne örän giň tomaşa jaýynyň öňüne geldi.

Bu ýerde, amerikalylaryň Barnumy pisint wäşileriň, bazygärleriň, masgarabazlaryň, akrobatlaryň, darbazlaryň, gimnastlaryň toparynyň müdiri hormatly Batulkaryň edarasy ýerleşýärdi. Afişa ynansaň, bu topar Günüň dogýan ýurdundan Birleşen Ştatlara ugramazynyň öňüsyrasynda, iň soňky çykyşlaryny görkezýärdi.

Paspartu tomaşa jaýynyň işigine baryp, jenap Batulkary sorady. Jenap Batulkar şobada onuň öňünde peýda boldy.

— Size näme gerek? — diýip, ol Paspartudan sorady. Çaky, birbada ol ony ýerli milletdendir öýden bolarly.

— Size hyzmatkär gerek dälmi? — diýip, Paspartu hem ondan sorady.

— Hyzmatkär diýýäňmi? — diýip, Batulkar eňeginiň aşagyna, boýnunyň ýüzüne çykan çal sakgalyny sypalap durşuna ondan gaýtalap sorady. — Meniň iki sany hyzmatkärim bar. Ikisem diýen ediji, wepaly. Olar meni hiç mahal terk etmezler. Özem olar mugtuna, diňe gara bokurdagy üçin gulluk edýärler... Ynha, olar — diýip, damarlary kontrabasyň[97] kirişleri ýaly mähnet iki elini görkezip, sözüni jemledi.

— Diýmek, meniň size hiç hili nepim degjek däl-dä?

— Hiç hili.

— Wah, eýesiz galmyş! Meniň şeýle bir siz bilen gidesim gelýärdi-dä!

— Gör-le, muny! Görüp otyryn weli, siziň ýapon bolşuňyz, meniň maýmyn bolşum terzde bir zat! Nä sebäbe görä siz beýle geýindiňiz? — diýip, hormatly Batulkar sorady.

— Her kim tapanyny geýýär-dä!

— Onyň-a dogry. Siz fransuzmy?

— Hawa, Parižde ýaşaýan, parižli!

97 Kontrabas - kemençe bilen çalynýan iň pes sesli we iň uly saz guraly.

— Onuň ýaly bolsa siz ýüz-gözüňizi oýnatmagy-ha oňarýansyňyz?

— Al kakmyş diýsäni! —diýip, milletiniň şeýle sowala sebäp döretmeginiň çetine degeni üçin Paspartu gatyrganyp jogap berdi. — Biz fransuzlar, ýüz-gözümizi oýnatsak oýnadýandyrysam welin, amerikanlar bizdenem bäş beter oýnadýandyr.

— Dogry. Men sizi hyzmatkär edib-ä alyp bilemok, ýöne masgarabaz hökmünde işe alyp bilerin. Dost jan, düşünýäňmi, Fransiýada daşary ýurtly wäşileri gowy görýärler, daşary ýurtlarda bolsa fransuz wäşilerini.

— Asyl, şeý diýsene!

— Gujur-gaýratyňyz-a ýeterlikdir-le?

— Hawa, hasam saçak başyndan turamsoň.

— Aýdym aýdyp bilýäňizmi?

— Hawa. — diýip, öz wagtynda birnäçe köçe konsertlerine gatnaşan Paspartu jogap berdi.

— Dik başaşak durup, sag aýagyňyzyň paşmagynda pyrlampaç pyrlap, çep aýagyňyzyň paşmagynda hem ýalaňaç gylyjy dik saklap, aýdym aýdyp bilersiňizmi?

Paspartu ýetgijek ýyllarynda ýerine ýetiren maşklaryny ýada salyp:

— Garagyna gül salaryn! — diýip, jogap berdi.

— Ynha boldaýdy, gürrüň gutardy. —diýip, hormatly Batulkar aýtdy.

Ylalaşyga hic et munc[98] gol çekildi.

Ahyrsoňy, Paspartu özüne iş tapyndy! Ol ady belli ýapon toparyna, çem gelen işi etmäge alyndy. Dogry, bu munuň özüne beýle bir hoş ýakyp duranokdy, ýöne oňa derek ol ýene bir hepdeden San-Fransisko sary ýola düşüp biljekdi.

Hormatly Batulkar tarapyndan şowhun baryny turuzylyp habar berlen çykyş sagat üçde başlaýardy. Şonuň üçinem tiz wagtdan ýapon orkestriniň deprekleridir tamtamlary tomaşa jaýynyň öňünde gümmürdäp başlady. Haýsydyr bir keşbi oýnamagy öwrenmäge

98 Hic et nunc - şobada, duran ýerinde (latynça).

Paspartunyň wagtynyň bolmadygy öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Ol özüniň berdaşly gerdeninde Tengu hudaýyň «Süýri burunlaryndan» ybarat bolan birgiden adamlardan düzülen äpet piramidany[99] saklamalydy. Çykyşyň sanawyndaky dürli geň-enaýy oýunlar onuň şu «naýbaşy pursady» bilen jemlenmelidi.

Tomaşaçylar sagat üç bolmazdan ep-esli ozal giň tomaşa zalyny doldurdylar. Ýewropalylar hem-de ýerli millet, hytaýlardyr ýaponlar, erkekler, aýallar, çagalar sahnaň öňündäki insizje oturgyçlarda gysylyşyp oturdylar. Sazandalar tomaşa zalynyň jümmüşinde ornaşdylar hem-de gonglar[100], tamtamlar, fleýtalar[101], nagaralar we ullakan deprekler ala-zenzele bolup gümmürdäp ugrady.

Oýun akrobatlaryň adaty çykyşlaryna meňzeşdi. Ýöne ýaponlaryň dünýäde iň ezber bazygärlerdigini boýun almak gerek. Bazygärleriň biri ýelpewaç bilen kagyz bölejiklerinden gül-gunçalaryň üstünde perwaz urýan kebelejikleri şekillendirdi. Beýleki biri bolsa çaltlyk bilen müşdüginden çykýan hoşboý ysly, mawy reňkli tüsseden, howaň ýüzünde tomaşaçylara gutlag sözlerini ýazdy. Üçünjisi ýanyp duran şemleri oklap-gapyp oýun görkezdi. Ýokardan gelýän şemler agzynyň deňine gelende olary üfläp söndürip, ýokary oklan halatynda olary ýene-de ýakdy. Özem şeýdýärkä haýran galaýmaly çalasyn maşklarynyň birjigem arasyny kesmeýärdi. Soňundanam, ýene biri aýlanyp duran pyrlampaçlar bilen her düregeý oýun görkezdi. Göýä diýersiň, bu şyggyldap aýlanýan oýnawaçlara jan girip, onuň elinde aýratyn bir üýtgeşik durmuşda ýaşamaga başlan ýaly bolup görünýärdi. Olar birsydyrgyn pyrlanyp, müşdügiň şybygynyň üstünden, gylyjyň tygynyň ýüzünden, sahnaň bir tarapyndan beýleki tarapyna çekilen saçyň tary ýaly inçejik simiň üstünden iki-baka ýüwürýärdiler, uly aýna gaplaryň üstüne çykýardylar, bambuk agajyndan edilen basgançaklarda bökjekleýärdiler hem-de ähli çüňklere pytraşyp, dürli hili ses edip, örän täsin sazlaşyk döredýärdiler. Bazygär olary oklap-gapýardy, pyrlampaçlaram

99 Piramida - esasy ýaýbaň, ýokarsy çürelip gidýän gimnastiki şekil.
100 Gong - kakylyp çalynýan saz guraly.
101 Fleýta - tüýdük görnüşli üflenip çalynýan saz guraly.

pökgi ýaljak bolup şol pyrlanyşyp durdy, ol olary agaç raketka[102] bilen ýokary oklaýardy, pyrlampaçlar bolsa dynuwsyz pyrlanyp durdylar, ol olary kisesine salýardy, soňundan çykaranda olar ýene-de pyrlanyşyp durdylar. Olar diňe bengal otlary[103] uçgun syçradyp ýanansoň, towy tükenip durdular.

Toparyň akrobatlarynyň we gimnastlarynyň ýerine ýetirmeginde görkezilen bazygärligiň ähli täsinligini ýazyp beýan etmegiň dahyly ýok. Basgançakda syrykly, şarly, çelejikli oýunlar haýran galaýmaly takyklyk bilen ýerine ýetirildi. Ýöne, her näme diýseňem, çykyşyň «naýbaşy pursady», heniz Ýewropa-da görlüp-eşidilmedik, haýran galaýmaly bazygärleriň — «Süýri burunlaryň» çykyşy boldy.

Bu «Süýri burunlar» gönüden-göni Tengu hudaýyň howandarlygyndaky aýratyn topary düzýärdi. Orta asyr geýimlerini geýnen bu bazygärleriň eginlerinde iki sany ajaýyp ganat bardy. Ýöne ganatlary däl-de, olary ýüzlerine berkidilen süýri burunlary, hasam ondan peýdalanyşlary tapawutlandyrýardy. Bu burunlar bambukdan ýasalyp, onuň uzynlygy bäş, alty, hatda on fut töweregi bardy. Käbiriniň burny göni, käsiniňki gyşyk, biriniňki ýylmanak, beýlekisiniňki bolsa düwürtiklidi. Olar pugta berkidilendi. Artistler akrobatik oýunlarynyň hemmesini burunlarynyň kömegi bilen ýerine ýetirýärdiler. Tengu hudaýa sygynýanlaryň on iki-on üç sanysy arkanlygyna ýatdylar. Olaryň ýoldaşlary, ýaňkylaryň ýyldyrym sowujy ýaly somalyp duran burunlarynyň üstüne münüp, birinden beýlekisine böküp, her-hili akyla sygmajak hokga görkezip, garaz oýnap hezil etdiler.

Iň soňunda hem esasy çykyş — adamlardan piramida gurmak — ýörite yglan edildi. Elli töweregi «Süýri burun» «Jagernautyň arabasyny» şekillendirmelidi. Ýöne biri-biriniň egnine münüp piramida gurmaga derek, hormatly Batulkaryň artistleri bu

102 Raketka - tennisde topjagazy, badmintonda wolany (ýelek guýrukly topjagaz) urmak üçin sport enjamy.

103 Bengal otlary - şowhun-dabaralarda uçgun syçradyp ýanýan baýramçylyk ody. Adatça, ýogyn metal simiň daşyna çalynýar hem-de bengal şemleri diýlip atlandyrylýar. Ilkinji gezek Bengaliýada (Hindistan) bambuk baldaklarynyň içine ýangyç guýlup, duýduryş serişdesi hökmünde ulanylany üçin şeýle atlandyrylýar.

maksatlar üçin öz burunlaryndan peýdalandylar. Arabanyň esasynda durmalylaryň biri golaýda topardan çykypdyr. Gujurly hem çakgan bolansoň Paspartu onuň ornuny tutmalydy.

Gaýgy-gussaly ýetginjeklik ýyllaryndaky ýaly dürli reňkde öwşün atýan ganatly, orta asyr geýimini geýdirip, ýüzüne-de alty futluk burun oturdanlarynda, elbetde sada ýigidiň keýpi bozuldy. Ýöne gara bokurdagy bu buruna bagly bolansoň, ol oňa kaýyl boldy.

Onsoň, Paspartu sahna çykyp, «Jagernautyň arabasynyň» esasyny düzmeli ýoldaşlary bilen hatara durdy. Soňra olaryň hemmesi burunlaryny dik ýokaryk tutup, ýerde süýnüp ýatdylar. Bazygärleriň ikinji topary olaryň burunlarynyň ujunda ornaşdylar. Olaryň üstüne üçünji topar zordan dyrmaşyp çykdy, onuň üstüne-de dördünji topar mündi, şeýdip sähel salymda bambukdan ýasalan burunlaryň üstünde saklanýan janly bina tomaşa jaýynyň çür başyna ýetdi.

Mähelläniň çapak çalmasy barha güýçlenýärdi, orkestriň sesi hem gök gümmürdeýän ýaly bolup gitdigiçe batlanýardy. Ýöne birden piramida deňagramlylygyny ýitirip, çaýkanyp başlady. Aşakdaky burunlaryň biri, megerem ýalňyşlyk goýberdi gerek, hatardan çykdy, onsoň tutuş piramida hem kagyzdan salnan jaý ýaly dyr-pytrak boldy...

Oňa Paspartu günäkärdi. Ol öz ornuny taşlap, ganatlaryndan peýdalanmasa-da rampanyň[104] üstünden uçup geçdi. Galareýa[105] dyrmaşybam tomaşaçylaryň biriniň aýagyna ýykylyp:

— Jenap! Jenap! — diýip gygyrdy.

— Bu sizmi? — diýip, ol adam sorady.

— Hawa, men!

— Onuň ýaly bolsa gämä gideli, gadyrdan.

Jenap Fog bilen onuň ýanyndaky Auda hanym, onsoňam Paspartu üçüsi tomaşa jaýynyň çykalgasyna ýöneldiler. Ýöne olary ol ýerde dergazap bolan Batulkar saklap, çykdajynyň öwezini dolmagy talap etdi. Fileas Fog bir daňy puly oňa oklap, tomaşa

104 Rampa - sahnany ýagtyldýan hatar goýlan çyralary örtýän pessejik germew.
105 Galareýa - tomaşa zalynyň tomaşaçylar üçin orunly ýokarky gaty.

zalynyň hormatly hojaýynynyň gaharyny köşeşdirdi. Sagat ýediň ýarynda amerikan gämisi ugrajak bolup durka, jenap Fog bilen Auda hanym arkasyndaky ganatyny hem-de alty futluk burunyny henizem aýyrmaga ýetişmedik Paspatu bilen tirkeşip gäminiň üstüne mündüler.

## ÝIGRIMI DÖRDÜNJI BAŞ

*Bu başda Ýuwaş ummany boýunça syýahat edilýär.*

Şanhaý portuna girelgäniň golaýynda bolup geçen waka öz-özünden düşnüklidir. «Tankaderanyň» duýduryşlaryny Iokagama barýan gäminiň üstündäkiler gördüler. Baýdagyň aşak düşürülenini görüp, kapitan öz gämisini kiçijik gämä tarap gönükdirdi. Sähel salymdan Fileas Fog gürleşişleri ýaly, Jon Bensbä ýol kireýini, bäş ýüz elli funt sterlingi gowşurdy. Soňra hormatly jenap, onsoňam, Auda hanym bilen Fiks gäminiň üstüne mündüler, olam bada-bat ümzügini Nagasaki bilen Iokagama tarap tutdurdy.

14-nji noýabrda, säher bilen bellenen wagtda Iokagama gelip, Fileas Fog öz işi üçin bir ýaňa giden Fiks bilen hoşlaşdy hem-de «Karnatige» ugrady. Ol ýerde fransuz Paspartunyň hakykatdanam, düýn Iokagama gelendigini bildi. Muňa Auda hanym begenip tas uçupdy. Fileas Foguň özüniňem begenen bolmagy ahmal, ýöne onuň daş keşbinde şatlyk alamaty görünmedi.

Şol gün agşam San-Fransisko ugramaly bolansoň, Fileas Fog ur-tut hyzmatkärini gözlemäge başlady. Onuň fransuz we iňlis wekilhanalaryna ýüz tutmasy hiç-hili netije bermedi. Iokagamanyň köçelerinde Paspartuwa duşmak tamalaryny hem tala daňmaly boldular. Fog Paspartuny tapmak pikirinden el ýuwaýmaly bolanda nesibesi çekip, haýsydyr bir içki duýgusyna tabyn bolup, hormatly Batulkaryň tomaşa jaýyna bardy. Elbetde, ol beýle täsin lybasa beslenen Paspartuny tanap bilmezdi. Ýöne onuň özi arkan ýatan ýerinden tomaşaçylaryň arasynda oturan hojaýynyny göräýdi. Görübem, biygtyýar halda süýri burnuny gymyldatdy, bu bolsa

tutuş piramidanyň deňagramlylygyny bozdy. Onsoň näme bolanyny okyjynyň özi bilýändir.

Paspartu bolsa bularyň hemmesini Auda hanymdan eşitdi. Ol oňa «Tankadera» gämisinde Fiks diýen bir jenap bilen Gonkongdan Iokagama çenli nähili gaýdandyklarynam gürrüň berdi.

Paspartu Fiksiň adyny eşidende hatda gaşynam çytmady. Ol özi bilen aňtawjynyň arasynda bolan wakalary jenap Foga gürrüň bermegiň entek wagty gelenok diýip hasap edýärdi. Şonuň üçinem, ol öz başdan geçirenlerini gürrüň berip, diňe özüni kötekleýärdi hem-de Gonkongda beýhuş bolýança tirýek çekip bulaşany üçin ötünç soraýardy.

Jenap Fog onuň gürrüňini parahat diňledi. Soňam sesini çykarman hyzmatkärine şu gäminiň üstünde geýer ýaly düzüwliräk geýim satyn almak üçin pul berdi. Bir sagat geçip geçmänkä, Paspartu burunyny hem ganatlaryny aýyrdy. Indi onda Tengu hudaýa sygynýanlygy barada ýekeje nyşan hem galmady.

Iokogama bilen San-Fransiskonyň aralygynda gatnaýan gämi Ýuwaş umman aragatnaşyk kompaniýasyna degişli bolup, «General Grant» diýlip atlandyrylýardy. Bu tigirli ullakan gäminiň iki müň bäş ýüz tonna suw sygymy bolup, ol oňat enjamlaşdyrylandy hem-de uly tizlik bilen gidip bilýärdi. Ägirt uly agram sazlaýjy gäminiň palubasynyň üstünde yzyny üzmän bir ýokary göterilýärdi, birem aşak düşýärdi. Onuň bir ujy porşeniň[106] ştoky[107] bilen baglanyşýardy. Beýleki ujy bolsa göni hereketi aýlanyş hereketine öwrüp, ony gönüden-göni tigirleriň okuna geçirýän, maşynyň herekete getiriji çarhyny aýlaýan enjama birikdirilendi. «General Grant» üç sany bogaldak bilen enjamlaşdyrylany üçin ýelken galdyryp bilýärdi. Ýelkenleriň üstüniň ululygy sebäpli gämi tizligini ep-esli ýokarlandyryp bilýärdi. Sagatda on iki mil geçýän bu gämi Ýuwaş ummany ýigrimi bir günde kesip geçmelidi. Şeýlelikde, Fileas Fog 2-nji dekabrda San-Fransisko barsa, aýyň on birine Nýu-Ýorka,

106 Porşen - turbanyň keseligine kesilen ýerini baglaýan hereketli enjam. Mehaniki işi suwuklugyň (gazyň) basyş energiýasyna öwürmäge hyzmat edýär.

107 Ştok - porşenli maşynyň porşen bilen polzunyny (hereketsiz gönükdirijiler boýunça gaýtalanýan-güýjeýän hereketi amala aşyrýan enjam) birleşdirýän bölegi.

ýigrimisine bolsa Londona, ýagny ozal gürleşilen wagtdan, 21-nji dekabrdan birnäçe sagat öň ýetip biljekdi.

Gämide ýolagçy köpdi. Olaryň arasynda iňlisler, amerikanlar, birgiden talap gözläp Amerika göçüp barýan hytaýlylar, şeýle hem öz zähmet rugsatlarynda ýeriň daş-töweregine syýahat edýän hindi goşunynyň serkerdeleriniň birnäçesi bardy.

Ýüzüşde hiç hili deňiz başdan geçirmeleri ýüze çykmaýardy. Kuwwatly tigirler arkaly hereket edýän gämi birgiden ýelkenini ýokary göterip, çaýkanman beýleki etmän asuda ýüzýärdi. Ýuwaş umman adyna kybap gelip durdy. Jenap Fog adatdakylary ýaly parahat hem garasöýmezdi. Onuň ýanyndaky ýaş zenan maşgala bu adama diňe bir eden ýagşylygy babatda däl, hemme tarapdan gitdigiçe ysnyşyp barýanyny duýýardy. Dymma bolsa-da oňa şeýle rehimdarlyk eden Fileas Fog onuň kalbynda garaşanyndan has köp gozgalaň turuzdy. Ýöne onuň zordan basalyk berýän duýgulary şeýle täsin häsiýetli bu adama birjikde täsirini ýetirip bilmeýärdi.

Indi Auda hanym biziň jenabymyzyň etsem-petsemlerine on iki süňňi bilen gyzyklanýardy. Syýahata zelel ýetirip biläýjek ähli päsgelçilikler ony howsala salýardy. Ol bu babatda Paspartu bilen kän gürleşýärdi. Ol onuň kalbynda turýan gozgalaňa gowy düşünýärdi. Indi gerçek ýigit hem öz jenabyna durky bilen uýýardy. Ol yzyny üzmän jenap Foguň rehimdarlygynyň, asyllylygynyň hem-de gaýduwsyzlygynyň öwgüsini ýetirýärdi hem-de Auda hanyma ýoluň iň kyn böleginiň geçilendigini, olaryň eýýäm geň-enaýy Hytaý bilen Ýaponiýa ýurtlaryny geçendiklerini hem-de ýene-de medeniýetleşen dünýäniň çäklerine gadam basýandyklaryny, ýeriň daş-töweregine edilýän bu haýran galaýmaly syýahaty wagtynda tamamlamak üçin, otly bilen San-Fransiskodan Nýu-Ýorka baryp, umman gämisi bilenem Nýu-Ýorkdan Londona baraýmalydygyny gürrüň berip, oňa göwünlik berýärdi.

Iokogamadan ugralanyna dokuz gün bolanda Fileas Fog ýer togalagynyň gylla ýarysyny geçdi.

Hakykatdanam, «General Grant» 23-nji noýabrda bir ýüz segseninji meridiany kesip geçdi. Ýer togalagynyň günorta ýarym

böleginde bu meridian Londonyň gapma-garşysynda ýatýardy. Dogry, Fileas Fog öz ygtyýarynda bolan segsen günüň elli ikisini harçlapdy hem-de indi onuň ätiýaçlygynda bary-ýogy ýigrimi sekiz gün galypdy. Ýöne «meridianlar boýunça hasaplananda» biziň syýahatçymyzyň ýarpy ýoldadygyny bellemek gerek, hakykat ýüzünde bolsa ol eýýäm ähli ýoluň üçden iki böleginden hem köprägini geçipdi. Dogrudanam, ol London bilen Adeniň, Aden bilen Bombeýiň, Kalkutta bilen Singapuryň, Singapur bilen Iokagamanyň arasynda näçe gezek aýlanyp-dolanmaga mejbur bolupdy! Eger-de ýeriň daş-töweregine Londonyň ýerleşen ellinji paralleli boýunça aýlanmaly bolsa onda ähli ýol takmynan on iki müň mile barabar bolardy. Fileas Fog bolsa ulag serişdeleriniň garma-garjaşyklygy üçin ýigrimi alty müň mil geçmelidi. Şu güne, 23-nji noýabra çenli ol ýoluň on ýedi ýarym müňüni geçilipdi. Indi ol dogry ýola düşdi, onsoňam oňa bökdençlik döredýän Fiksem ýitirim bolupdy.

Şol gün, 23-nji noýabrda, Paspartu gaty begendi. Megerem bu tekepbir ýigidiň üstünden geçýän ýurtlarynyň wagtyny nädogry diýip hasap edip, özüniň atasyndan galan ajaýyp sagadynda London wagtyny saklamak üçin, sagadynyň tilini süýşürmäge kes-kelläm garşy çykany okyjymyzyň ýadyndadyr. Ynha, onsoň 23-nji noýabrda, ol sagadynyň tilini bir saparam öňe ýa yza süýşürmedik bolsa-da, onuň sagady gämi sagady bilen birmeňzeş wagty görkezdi.

Paspartunyň muňa nähili şoh bolanyna düşünmek kyn däl. Şu mahal Fiks şu ýerde bolaýan bolsa, onuň muňa näme diýip, näme aýtjagyny Paspartunyň gaty bilesi geldi.

«Ol kezzap maňa meridian diýen bolup, gün-aý diýen bolup, takal baryny okady! — diýip, Paspartu içinden öwran-öwran gaýtalaýardy. — Tapan bolýan zadyny! Bu tetellileriň gürrüňine gulak gabartsaň, bahym sagadyň waragyny çykaraýarsyň! Men bilipjik durun-a, ir-u-giç günüň meň sagadyma dogrulanjagyny!..»

Paspartu öz sagadynyň sanlary Italiýanyň diňlerindäki sagatlaryňky ýaly ýigrimi dört sagada bölünen bolaýanlygynda, oňa şatlanara jinnek ýaly delil bolmajagyndan bihabardy. Şeýle bolaýanlygynda gämi sagady ir sagat dokuzy görkezse, onuň

sagadynyň tilleri agşam dokuzy, ýagny düýn agşam sagat ýigrimi biri görkezerdi hem-de wagtyň tapawudy laýyk London bilen bir ýüz segseninji meridianyň arasyndaky tapawuda, ýagny dokuz sagada deň bolardy.

Fiks munuň tebigy kanunalaýyklykdygyny düşündirse düşündirerdem welin, Paspartu muňa birä düşünmezdi, düşünäýende-de ony asla kabul etmezdi. Dogrusyny aýtsaň, birdendekgän, gaýa gopuz ýok ýerden bir gudrat bilen aňtawjy hut şu pursat palubada peýda bolaýsa, oňa düşnükli sebäplere görä jany ýanyp duran Paspartu, onuň bilen asla başga zat hakynda, özem düýbünden başgaça äheňde gürleşerdi!

Dogrudanama bu mahal Fiks niredekä? Ol bolsa hakyt «General Grantyň» üstündedi.

Hakykatdanam, Iokogama gelenden soň polisiýa gözegçisi, ertesi gün ýene-de taparyn diýip, jenap Foguň yzyndan aýryldy-da, bada-bat iňlis wekilhanasynyň wekiliniň ýanyna ugrady. O taýda ol ahyrsoňy, Bombeýden bäri öz yzy bilen gelýän, mundan kyrk gün ozal çykarylan tussag etmek üçin buýruk hatyny aldy. Buýruk haty Gonkongdan, Fiksiň özüniň münüp gaýtmaly gämisi bolan, şol «Karnatik» gämisi bilen ugradylypdyr. Aňtawjynyň nähili lapy keç bolanyny göz öňüne getirip bir görsediňiz. Indi buýruk hatynyň jinnek ýalam peýdasy ýok ahweti! Fog Angliýanyň garamagyndaky ýerlerden çykypdy. Indi jenaýatçyny tussag etmek üçin ony paş edip, ýurtdan çykaryp berilmegi hakda karar zerurdy.

«Aý, näme, buýruk hatynyň bärde nepi degmese-de, Angliýada-ha peýdasy deger. — diýip, Fiks birneme köşeşensoň aýtdy. — Bu kezzap polisiýany bulaşdyrandyryn öýdýän bolara çemeli. Özem görnüşi ýaly ýurduna dolanyp barjak bolýan ýalaky. Onda näme! Menem munuň yzy bilen giderin. Pul babatynda aýdanymyzda bolsa, az-küş galaýsa-ha ne ýagşy! Ýol diýdi, baýrak diýdi, sud işidir jerime diýermiň, aý sanasaň sanap oturmaly, pilem satyn aldy-how bu, garaz beýleki çykdajylarynam ursaň bu jalataý bäş müň funtyň eýýäm ýoguna ýandy. Ýöne, oň üçin bankyň puly tükenesi ýok-la!»

Belli-külli netijä gelip, Fiks bada-bat «General Grant» gämisine

ugrady. Jenap Fog bilen Auda hanym paluba galanlarynda, olam şol mahal şotaýdady. Fiks Tengu hudaýyň çaparynyň eşigini geýen Paspartuny tanap, juda geň galdy. Özüniň bärde näme işleýänini düşündirmeli bolar öýdüp, Fiks şobada gämi otagyna sümüldi. Gämide ep-esli ýolagçy bolansoň, ol duşmanynyň gözüne ilmezlige bil baglady, ýöne ahyrsoňy gäminiň öň tarapynda oňa pete-pet gabat geläýdi.

Paspartu onuň bilen kän düşünişjek bolup durman, bokurdagyndan ýapyşdy. Gapdalda duran amerikanlar hezil edişip, kimiň ýeňjegi hakynda urdular, jedeli. Paspartu hem maýaçlap, görgüsiýaman aňtawjynyň gulagynyň düýbüne ýapdy. Şeýdip, ol fransuz boksunyň iňlis boksundan doly artykmaçdygyny aýdyň görkezdi.

Içini sowadansoň Paspartu bada-bat köşeşdi. Üstünden agyr ýük aýrylan ýaly boldy. Fiks gaty gözgyny halda ýerinden turup, öz garşydaşyna seretdi-de, ondan:

— Bolduňyzmy? — diýip, sowuklyk bilen sorady.

— Häzirlikçe-hä boldum.

— Onda ýör düşünişeliň.

— Heý menem siziň bilen...

— Bu siziň jenabyňyzyň bähbidi üçin gerek.

Paspartu aňtawjynyň sowukganlylygyna jadylanan ýaly bolup, onuň yzyna düşdi. Onsoň, olar gäminiň burnuna baryp oturdylar.

— Siz meni mazaly ýepbeklediňiz. —diýip, Fiks söze başlady. — Ýeri bolýa-da. Indi maňa gulak asyň. Şu mahala çenli men jenap Foguň duşmanydym, indi bolsa men onuň tarapyna geçýän.

— Ahyrsoňy akylyňyza aýlandyňyzmy! — diýip, Paspartu gygyryp goýberdi. — Siz indi beri ony dogruçyl adam hasap edýärsiňizmi?

— Eger-eger. — diýip, Fiks sowuk jogap berdi. — Men ony ýalançy, kezzap diýip hasaplaýan... Ýuwaş! Köşeşiň, maňa geplemäge maý beriň. Jenap Fog Britan eýeçiligindäki ýerlerdekä, men ony eýdip-beýdip tussag etmäge buýruk haty gelýänçä eglejek bolýardym. Ony eglejek bolup edibilenimi etdim. Bombeý ybadathanasynyň ruhanylarynam men onuň üstüne küşgürdim.

Gonkongda sizem içirip, jenabyňyzdan aýra düşürdim. Eýdip-beýdip ony Iokogama gidýän gämidenem gijä goýdum...

Paspartu ýumrugyny düwüp, diňläp otyrdy.

— Indi bolsa, — diýip, Fiks sözüni dowam etdi. — jenap Fog, Angliýa dolanaýjak ýalaky? Bu gaty gowy, menem onuň yzyna düşjek. Ýöne indi men, ozal oňa päsgelçilik döretmäge nähili jan eden bolsam, edil şonuň ýaly jan edip, onuň ýolundaky päsgelçilikleri arçaşdyraryn. Görýäňizmi, men indi başgaça oýun etjek, çünki şeýtsem maňa bähbitli bolýar. Onsoňam, maňa bähbitli zat size-de bähbitli, çünki siz jenaýatça ýa-da sap ýürekli adama gulluk edýändigiňizi diňe Angliýa baranyňyzdan soň bilip galarsyňyz!

Paspartu Fiksiň aýdanlaryny dykgat bilen diňledi hem-de onuň çynyny aýdýandygyna göz ýetirdi.

— Dost bolarysmy? — diýip, Fiks sorady.

— Seň bilen dostlaşyb-a bolmaz. — diýip, Paspartu jogap berdi. — Ýaran bolsak bolaýmagymyzam ahmal. Ýöne bir şert bilen. Dönüklik edýäniňi sähelçejik aňdygym edil boýnuňy oňuraýaryn.

— Bolýar! — diýip, polisiýa gözegçisi parahat jogap berdi.

On bir gün geçensoň, 3-nji dekabrda «General Grant» Altyn Derweze aýlagyna girdi hem-de San-Fransisko geldi.

Jenap Fog heniz ýekeje güni-de utduranokdam, utanokdam.

## ÝIGRIMI BÄŞINJI BAŞ

*Bu başda ýygnak bolýan güni San-Fransisko şäheri barada ýüzleýje maglumat berilýär.*

Gäminiň labyr taşlan, ýüzýän duralgasyny yklym diýip atlandyrsak, Fileas Fog, Auda hanym hem-de Paspartu dagy Amerika yklymyna gadam basanlarynda irden sagat ýedi bolupdy. Daşgyn bilen gaýtgyna baglylykda ýokary galyp, aşak düşüp duran bu duralga gämilere ýük urmagy hem-de olaryň ýüküni düşürmegi aňsatlaşdyrýar. Bu ýerde ululy-kiçili ýelkenli gämiler, gaty kän milletleriň bugda işleýän gämileri, şeýle hem Sakramento derýasynda

we onuň goşantlarynda ýüzýän köp palubaly derýa gämileri durup geçýärdiler. O taýda Meksika, Peruwa, Çilä, Braziliýa, Ýewropa hem Aziýa, şeýle hem Ýuwaş ummanyň dürli adalaryna ugradylýan her dürli harytlar petde-petde boluşyp ýatyrdy.

Ahyrsoňy amerikan topragyna gadam basanyna begenip, Paspartu iň ýokary derejeli salto-mortale[108] tilsimini ýerine ýetirip, kenara çykmagy ýüregine düwdi. Ýöne ol duralganyň üstüne bökende tasdanam suwa ýykylypdy, çünki duralga düşelen agaç çüýräp giden bolsa nätjek. Täze yklyma şeýle şowsuz gadam basanyna gynanyp, sada ýigit gaharyna bir gygyrdy welin, ähli ýüzýän duralgalaryň çar ýanyny gallap duran, süri-süri jübtünler hem-de gotanlar gorkuşyp gitdi.

Fileas Fog duralga düşen dessine Nýu-Ýorka ilkinji otlynyň haçan gidýäni bilen gyzyklandy. Olam sagat sekizde ugraýan ekeni. Şeýlelikde, jenap Fog Kaliforniýanyň esasy şäherinde uzakly gününi geçirmäge mümkinçilik tapdy. Ol kireýine paýtun tutup, Auda hanym bilen onuň üstünde ornaşdy. Paspartu paýtunçynyň gapdalynda oturdy. Onsoň, ýoluň bir tarapyna üç dollar nyrhy bolan paýtun «Halkara myhmanhanasyna» tarap ugrady.

Beýik oturgyçda oturan Paspartu Amerikanyň bu ullakan şäherini uly gyzyklanma bilen synlady. Giň köçelere, gös-göni çyzyk bilen uzalyp gidýän pessejik jaýlara, iňlis-sakson[109] gotika usulynda salnan ybadathanalardyr kiliselere, ägirt uly gämi bejerilýän ussahanalara,käbiri agaçdan, käsi hem kerpiçden gurlan köşklere çalym edýän ammarlara ol agzyny açyp seretdi. Köçelerdäki paýtunlaryň, omnibuslaryň[110], tramwaýlaryň[111] sany-sajagy ýokdy.

108 Salto-mortale - italýançadan sözme-söz terjimesi «salto - aşyr atmak», «mortale - çensiz-çaksyz güýçli» diýmegi aňladýar. Sportda we sirk sungatynda türgeniň ýa-da sirk ussadynyň howada doly aýlanyp aşyr atmagyny aňladýar.

109 Sakson (saks diýen sözden) - sakslar Demirgazyk-Günbatar Ýewropada, Britaniýada orta asyrlarda ýaşan gadymy german taýpasy.

110 Omnibus - latyn sözi bolup, «hemmelere» diýmegi aňladýar. Şäher içinde we şäher aralarynda gatnaýan ata goşulan köp adamlyk paýtunlar. Jemgyýetçilik ulagynyň ilkinji görnüşi. 1662-nji ýylda ilkinji gezek Parižde peýda boldy. XX asyryň başyna çenli köp ýurtlarda, şol sanda ABŞ-da hem ulanyldy

111 Tramwaý - iňlisçe «tram-wagun», «way-ýol» sözlerinden. Şäher içinde gatnaýan, demir ýolda hereket edýän jemgyýetçilik ulagy.

Ýanýodada mähelle mygyllyk berýärdi. Olaryň arasynda iki ýüz müň adam ýaşaýan bu şäheriň ýaşaýjylary amerikanlar, ýewropalylar bardy, hytaýlylar bilen indeýlerem[112] duşýardy.

Paspartu gören zadyna aňk bolýardy. Ol ady rowaýata öwrülen şöhratly şähere gelipdi. Bu ýeri ýaňy 1849-njy ýylda hem talaňçylaryň, bozgaklaryň, ganhorlaryň gyzyl tapmak üçin arzuw edip gelýän ýerleridi. Bu ýygyndydan ýygnanan adamlar bir eli sapançaly, beýlekisi pyçakly altyn gyryndysyny goýup, kart oýnaýardylar. Ýöne «owalky gowy döwür» geçip gitdi. Indi San-Fransisko uly söwda şäheriniň keşbine eýe boldy. Üsti garawully şäher edarasynyň belent diňleri kesişýän çatryklarynda göni burçlygy emele getirýän ähli köçeleriň, şaýollaryň üstünde seleňläp durdy. Köçeleriň arasynda, onda-munda gök parça bolup oturan seýilgähler görünýärdi. Aňyrrakda görünýän hytaý şäheri oýunjak sandyjaga salynyp, Asman imperiýasyndan getirilen ýalydy. Indi bu ýerde birmahallar altyn gözleýjileriň geýen sombrerolary-da[113], gyzyl köýnekleri-de ýokdy. Ýelekler bilen bezelen indeýlerem ýokdy. Olaryň hemmesine derek teleke edesi gelip, ölüp-öçüp barýan köp sanly jenaplar üçin hökmany geýim bolan gara fraklardyr[114] ýüpek silindrler[115] göze kaklyşýardy.

Ähmiýeti boýunça Londonyň Rijent köçesi ýa-da Parižiň Italýan seýilgähi, ýa bolmasa Nýu-Ýorkuň Brodweý sebitine deň bolan, Montgomeri köçesi ýaly käbir köçeler ajaýyp dükanlardan dolup durdy. Dükanlaryň aýnalarynyň aňyrsynda dünýäniň ähli künjeklerinden getirilen harytlar görkezilip goýlupdyr.

Paspartu «Halkara myhmanhanasyna» gelende, özüni Angliýada ýaly duýdy.

Myhmanhananyň aşaky gaty tutuşlygyna, hemme müşderiler üçin gapysy açyk, garbanyşhana pisint ägirt uly bar[116] üçin berlipdir.

---

112 Indeýler - Amerika yklymynyň dürli taýpalardan bolan ýerli halky.

113 Sombrero - ispanlaryň günden goranmak üçin ýaýbaňdan giň gyraly şlýapasy.

114 Frak - art etegi uzyn erkek adamyň geýimi.

115 Silindr - erkek adamlaryň geýýän ýerligi ýüpekden edilen, gyralary kiçi beýik şlýapasy. Romandaky wakalaryň bolýan döwründe jemgyýetde ýokary orny eýeleýän adamlar silindr geýmegi ýoň edinipdirler.

116 Bar - dik durulyp iýilip-içilýän restoran.

Onda kakadylan et, balykgulak çorbasy, biskwit[117], çester peýniri, aý garaz näme diýseň bardy. Özem mugtuna. Diňe kellesini durlamak islänler el[118], portweýn[119], heres[120] ýaly içgiler üçin tölemelidi. Bu düzgün barada Paspartu «tüýs amerikan düzgüni» diýip pikir etdi.

Myhmanhananyň restorany hemmetaraplaýyn ýokary amatlyklydy. Jenap Fog bilen Auda hanym bir stoly eýeläp, mazaly ertirlik edindiler. Olara azyk-owkady negr hyzmatkärler kiçijik mejimelerde äberdiler.

Ertirlik edinensoňlar jenap Fog Auda hanym bilen myhmanhanadan çykyp, pasportuna bellik etdirmek üçin iňlis wekilhanasyna tarap ýola düşdi. Ýolda olara Paspartu gabat geldi. Ol «Ýuwaş umman demir ýoly bilen syýahata gitmezden öň, ätiýaç üçin on-ýigrimi sany Infeld tüpeňini ýa bolmasa Kolt sapançasyny alynaýsa nähili bolarka» diýip sorady. Siu hem-de pauni taýpalarynyň indeýleriniň ispan garakçylary ýaly otlyny saklaýandyklary barada gep-gürrüň Paspartunyň gulagyna degipdi. Jenap Fog oňa beýle ätiýaçlyk etmegiň zerurlygynyň ýoklugyny aýtdy, ýöne ol Paspartuwa göwnüne gelenini etmäge rugsat berdi. Soňra biziň jenabymyz iňlis wekilhanasyna bakan ýoluny dowam etdi.

Fileas Fog geçen bolsa iki ýüz ädimlik ýol geçendir. Oňa ýene «haýran galaýmaly tötänlik» bilen Fiks duşdy. Aňtawjy juda geň galan kişi boldy. Gör-le muny, ol jenap Fog bilen Ýuwaş ummany ýüzüp geçip, ýekeje gezek hem oňa duşmandyr. Her niçigem bolsa Fiks özüne şeýle köp ýagşylyk eden jenaba duşanyna juda begenýär. Özüniň iş bilen Ýewropa barýany sebäpli, ol uly şatlyk bilen, şeýle ajaýyp ýoldaşlara hemra bolup, syýahat eder.

Jenap Fog oňa özüniň monça bolanyny aýtdy. Fiks hem, ony gözden ýitirmezlik üçin, bu täsin şähere bilelikde gezelenç etmegi

117 Biskwit - uny gant hem-de ýaýylan ýumurtga bilen garyp taýýarlanylýan şirin tagamly azyk önümi. Köke, tort taýýarlamakda ulanylýar.

118 El - dury iňlis piwosy.

119 Portweýn - ilkibaşda Portugaliýanyň Portu şäherinde taýýarlanan güýçli üzüm çakyry.

120 Heres - ilkibaşda Ispaniýanyň Andalusiýa welaýatynyň Heres-de-la-Frontera şäherinde taýýarlanan meşhur çakyr.

oňa teklip etdi. Fog onuň bilen ylalaşdy.

Onsoň Auda, Fog hem-de Fiks San-Fransiskonyň köçelerine aýlanmaga gitdiler. Tiz wagtdan olar Montgomeri köçesine bardylar. Ol ýere giden jemagat üýşen ekeni. Ýanýodalarda, daş ýoluň ortasynda, tramwaýyň demir ýollarynda, paýtunlaryň hem-de omnibuslaryň gatnawyna seretmezden, juda kän adam ýygnanypdyr. Öýleriň penjirelerinde-de, hatda Jaýlaryň üçeklerinde hem adam kändi. Mähelläň arasynda afişaly adamlaram aýlanyşyp ýördi. Ululy-kiçili baýdaklar şemala pasyrdaýardy. Ähli tarapdan galmagal eşidilýärdi:

— Ýaşasyn Kemerfild!

— Ura Mendiboý!

Bu ýerde haýsydyr bir ýygnak geçýärdi. Dogrusy, Fiks şeýledir öýtdi. Ol öz pikirini jenap Foga aýdyp:

— Gowusy bu basa-baslyga goşulmazlyk. Ýogsa kim bilýär, ýumruk iýmegiňem ahmal! — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

— Dogry aýdýarsyň. — diýip, jenap Fog jogap berdi. — Gürrüň syýasat hakynda gitse-de, ýumruk ýumruk bolaýýar!

Fiks onuň bu belligine ýylgyryp oňaýdy. Soňra, märekäniň içinde itekleşip durman, bolýan wakalary oňat synlamak üçin Auda hanym, Fileas Fog hem-de Fiks Montgomeri köçesiniň ýokarsyndaky dälize alyp barýan basgançagyň ýokarky meýdançasyna çykdylar. Olaryň öňünde, köçäniň beýleki tarapynda, kömürçiniň ammary bilen kerosin satýanyň dükanynyň aralygyndaky açyklykda münber beýgelip durdy. Adamlaryň hemmesi hem şol ýaňa barýan bolarly.

Bu ýygnak näme sebäpli, nähili maksat bilen geçirilýärkä? Fileas Fog bu barada hiç zat bilmeýärdi. Haýsydyr bir wajyp harby ýa-da raýat emeldaryny wezipä bellemek hakynda ýygnak bolýarmyka, ýa-da ştatyň gubernatoryny ýa kongressiň agzasyny saýlajak bolýarmykalar? Şäheri gurşap alan şowhundan çen tutsaň-a, olaryň ikisinem birlikde saýlajak bolýan bolmaklary hem ahmal.

Şol mahalam mähelle gozgalaň tapdy. Hemmeler ellerini ýokary göterdiler. Käbirleri ýumrugyny berk düwüp, birjik-de gowşamaýan goh-galmagalyň arasynda, ellerini çaltlyk bilen bir ýokary

göterýärdiler, birdenem aşak goýberýärdiler. Bu hem ses berýänleriň joşup durandyklaryna güwä geçýärdi. Mähelle möwç urup, çaýkanyp durdy. Baýdaklar yraň atyp, bir pursatda gözden gaýyp bolýardy, soňundanam tüýdüm-tüýdüm bolup, ýene ýokary galýardy. Märeke tolkun atyp, basgançaga tarap süýşüp geldi. Adamlaryň ümzügi edil harasat gopanda deňziň tolkunyşy ýaly bir öňe gaýdýardy, birem yza serpikýärdi. Silindrleriň sany gözüň öňünde azalyp barýardy. Heniz kellede duran silindrlerem myşşaryp, öňki beýikliginden nam-nyşan galmandy.

— Diýseň-diýmeseň ýygnak bolaýmasa — diýip, Fiks pikirini aýtdy. — özem gaty wajyp meselä bagyşlanan ýygnak bolarly. Men-ä şular Alabama meselesini gaýtadan ara alyp maslahatlaşýan bolsalaram geň galyp durmazdym, ýogsam ol mesele bireýýäm çözüldem.

— Ahmal. — diýip jenap Fog gysgajyk jogap berdi.

— Näme diýseňem bu ýerde iki sany serdaryň barlygy göze görnüp dur. Olaryň biri-hä hormatly Kemerfild, beýlekisem hormatly Mendiboý.

Auda hanym Fileas Foguň elinden ýapyşyp durşuna, köçede bolup geçýän göçgünli wakalara uly gyzyklanma bilen seredýärdi. Fiks gapdalynda duranlardan sorap, halkyň beýle galagoplugynyň sebäbini bilmekçi boldy. Ýöne şol mahal mähelle hasam gozgalaň tapdy. Dabaraly sesler we paýyş sözler hasam güýjedi. Baýdaklaryň sapy söweş ýaragyna öwrüldi. Ýumruklar düwüldi. Saklanan paýtunlaryň hem-de omnibuslaryň üstünden hakyky atyşyk başlandy. Ädikmidir, köwüşmidir howada iki ýana dazyrdadyp zyňyldy. Galmagalyň arasynda sapança sesleri hem eşidilip ugrady.

Basa-baslyk basgançagyň alkymyna gelip, aşaky basgançaklarda hem urha-urluk başlandy. Çaky, partiýalaryň haýsam bolsa birisi yza çekilýän bolarly. Ýöne kimiň, Mendiboýyň ýa-da Kemerfildiň, haýsynyň üstün çykýany tomaşaçylara belli däldi.

— Bärden ýeňsäni el ýaly edenden gowusy ýokmuka, diýýän. — diýip, Fiks seslendi. Ol öz «howandarlygyndaky» adamyň haýsydyr bir ahwala uçramagyny ýa bolmasa tötänden heläk bolmagyny

islemeýärdi. — Eger-de, bärde Angliýanyň eli bolaýsa, biziňem iňlisdigimizi bildikleri dawa-jenjele goşarlar!

— Angliýanyň raýaty... — diýip, Fileas Fog söze başlajak boldy.

Ýöne biziň jenabymyz sözüni soňlamaga ýetişmedi. Onuň arkasynda, däliziň üstünden «Hop, hop, urra! Ýaşasyn Mendiboý!» diýip, depe saçyňy üýşürýän jynssyz ses eşidildi. Olar Kemerfildiň tarapdarlarynyň gapdalyndan aýlanyp, özleriniňkä kömege gelen saýlawçylaryň täze toparydy.

Jenap Fog, Auda hanym hem-de Fiks iki oduň arasynda galdylar. Yza çekilerden indi giçdi. Kastetler[121] hem-de dessesine gurşun guýlan hasalar bilen ýaraglanan mähelle sakladarly däldi. Ýaş gelini goraýan Fileas Fog bilen Fiksi mazaly basaladylar. Hemişekileri ýaly sowukganly Fileas Fog, her bir iňlise ýokarkynyň beren ýeketäk ýaragy bilen goranmakçy boldy, ýöne o diýeni bolmady. Çaky, bu orramsarylaryň baştutany bolarly, sakgally, jozzuk ýüzi dymgyzyl, eginlerinde adam oturybermeli mähnet pyýada özüniň elhenç ýumrugyny jenap Foguň başyndan indermekçi boldy. Ýumruk degäýenliginde jenabymyzyň halynyň harap bolaýmagam ahmaldy. Ýöne bu pursatda Fiks, başga kişä niýetlenen urgyny gaýduwsyzlyk bilen özüne kabul etdi. Şobada onuň ýüpek silindrli kellesi pakgaryp çişdi. Silindrem papaga döndi.

— Ýankimiň[122]? —diýip, jenap Fog garşydaşyna ýigrenç bilen bakyp, dişini gyjap sorady.

— Men iňlis! — diýip, ol jogap berdi.

— Siz bilen ýene-de duşuşarys!

— Haçan duşuşasyň gelse men taýyn! Siziň adyňyz kim?

— Fileas Fog. Siz kim?

— Polkownik Stemp W. Proktor.

Soňra, çyrpynyp duran mähelle aňryk geçip gitdi. Fiksi ýykdylar. Ol ýerinden turanda eşigi sal-sal bolupdyr. Ýöne onuň gaty bir agyrdan ýeri ýok ekeni. Onuň ýol paltuny ululy-kiçi iki bölege bölünip ýytylypdyr. Onuň jalbary bolsa, käbir indeý taýpalarynyň

121 Kastet - barmaklara ötürilýän sowuk ýarag.

122 Ýanki - ABŞ-da doglan amerikalylaryň lakamy .

ýoň edip, syrt tarapyny ýörite ýyrtyp aýyrýan balaklaryna çalym edip durdy. Ýöne iň esasy zat Auda hanyma hiç zat bolmady, diňe Fiks birneme ýumruk iýipdi.

— Size minnetdarlyk bildirýän. — diýip, jemendäň arasyndan çykansoňlar Jenap Fog aňtawja hoşallygyny duýdurdy.

— Hiç-le. — diýip, Fiks jogap berdi. — Ýörüň gideliň!

— Nirä?

— Taýyn eşik satylýan dükana.

Hakykatdanam, şu mahal ol dükana gitmek örän zerurdy. Fileas Foguň hem-de Fiksiň penjekleri, edil bu jenaplar hormatly Kemerfildiň ýa-da hormatly Mendiboýyň tarapynda urşan ýaly, sallam-sajak bolup durdy.

Ýene bir sagatdan olar egin-eşiklerini düzedip, kellelerine geýer ýaly başgap hem satyn alyp, «Halkara myhmanhanasyna » dolanyp geldiler.

Ol ýerde, oky yzyndan salynýan altatar sapançalaryň alty sanysy bilen ýaraglanan Paspartu olara garaşyp durdy. Jenap Foguň ýanyndaky Fiksi görüp, ol ýüzüni çytdy. Auda hanym bolan wakany oňa gysgaça gürrüň berensoň, ol birneme köşeşdi. Dogrudanam, Fiks sözünde durup, indi duşmançylygyny bes edip, ýoldaş bolan ýalydy. Paýtuna münensoňlar, jenap Fog Fiksden:

— Siz, şol polkownik Proktory soň görmediňizmi? — diýip sorady.

— Ýok. — diýip, Fiks jogap berdi.

— Men ýörite Amerika dolanyp gelip, ony taparyn. Britan raýatyna beýtseler gaty gelşiksiz bolýar. — diýip, Fileas Fog sowuklyk bilen seslendi.

Polisiýa gözegçisi sesini çykarman ýylgyrdy. Görşümiz ýaly, jenap Fog öz Watanynda duele garşy bolsa-da, daşary ýurtlarda öz mertebesini goramak üçin gyrlyşmaga taýýar iňlisleriň kysmyna degişlidi.

Alta on bäş minut galanda syýahatçylar menzilgähe gelip, ugrajak bolup duran otla mündiler.

Waguna münüp barýarka Fileas Fog otlynyň ýolbeledinden:

— Gardaş, bu gün San-Fransisko-da näme boldy? — diýip sorady.

— Ýygnak boldy, jenap. — diýip, ýolbelet jogap berdi.

— Göwnüme bolmasa köçeler juda goh-gamagally bolan ýaly. Ýa beýle-de dälmi?

— Ýok-la bu hemişeki ýaly saýlaw ýygnagy.

— Serkerdebaşyny saýladylarmy? — diýip, jenap Fog sorady.

— Ýok, jenap, ylalaşdyryjy kazyny saýladylar.

Bu jogaby eşidip, jenap Fog sesini çykarman waguna girdi. Ýene sähelçe salymdan otly aldyrany bar ýaly bolup öňe okdurylyp gitdi.

## ÝIGRIMI ALTYNJY BAŞ

*Bu başda Ýuwaş umman demir ýolunyň ýokary tizlikli otlusynda edilen syýahat beýan edilýär.*

Birleşen Ştatlaryň çäginiň iň giň ýerinden kesip geçýän beýik demir ýoly amerikalylar «Bir ummandan beýleki ummana çenli» diýip atlandyrýarlar. Ýöne hakykat ýüzünde Ýuwaş umman demir ýoly iki bölege, bir-ä San Fransiskodan Ogdene çenli gidýän Merkezi Ýuwaş umman bölegine, birem Ogdenden Omaha çenli gidýän Birleşen Ýuwaş umman bölegine bölünýär. Ol ýerde Omaha bilen Nýu-Ýorky birleşdirýän bäş sany aýry-aýry demir ýol şahasy birigýär.

Şeýlelikde, Nýu-Ýork bilen San-Fransisko häzirki wagtda uzynlygy üç müň ýedi ýüz segsen alty mile barabar bolan arasy üzülmeýän demir ýol zolagy bilen baglanyşýar. Omaha bilen Ýuwaş ummanyň aralygynda demir ýoly indeýler hem-de ýabany haýwanlar henizem juda kän gabat gelýän giň meýdany kesip geçýär. O taýda 1845-nji ýyllarda Illinoýs ştatyndan kowulyp çykarylan mormonlar[123] ýaşap başladylar.

Hemişeler Nýu-Ýork bilen San-Fransiskonyň aralygyny hemme zat gülala-güllük bolaýanda-da alty aýda geçerdiler. Ynha, indi bu aralyga bir hepde ýeterlik bolýar.

123 Mormonlar - 19-njy asyryň 1-nji ýarymynda Abş-da esaslandyrylan dini akym.

1862-nji ýylda, demir ýoluň birneme günortarakdan çekilmegini islän Günorta Ştatlaryň deputatlarynyň nägile bolmaklaryna garamazdan, kyrk birinji we kyrk ikinji parallelleriň aralygyndan demir ýol geçirmek göz öňünde tutuldy. Merhum prezident Linkolnyň hut özi Nebraska ştatynyň Omaha şäherinde demir ýoluň binýadyny tutdy. Işler şobada başlanyp, býurokratçylykdan[124], kagyz süýrenjeňliginden bihabar bolan hakyky amerikan işewürligi bilen alnyp baryldy. Gurluşygyň çalt depginler bilen alnyp barylmagy, desgalaryň berkligine birjikde zelel etmeli däldi. Preriýa[125] her günde bir ýarym mil demir ýol düşeldi. Otly düýnki goýlan demir ýollaryň üsti bilen indiki goýulmaly demir ýol seplerini getirip, ýol guruldygyça barha aňry gidýärdi.

Aýowa, Kanzas, Kolorado hem-de Oregon Ştatlarynda Ýuwaş umman demir ýolundan birnäçe şahalar aýrylyşýar. Omahadan çykyp, ol Plat derýasynyň çep kenaryny syryp, onuň demirgazyk goşandynyň aýagyna çenli gidýär. Soňra Günorta öwrülip, Larami dag ulgamynyň bölegini hem-de Uosatç dag gerşini kesýär, Duzly köli aýlanyp geçýär-de, mormonlaryň paýtagty Solt-Leýk-Siti şäherine gelýär. Ondan soň bolsa Tuilla jülgesine girip gidiberýär. Soň çöli geçýär, Sedar hem-de Gumboldt[126] daglarynyň hem aýlanyp gapdalyndan geçip gidýär. Soňra Gumboldt-riwýer derýasyny, Serra-Newada daglaryny, Gaýaly daglary kesip geçýär hem-de Sakramento derýasynyň jülgesi bilen kem-kemden Ýuwaş ummana inýär. Otlynyň ýedi günde geçýän bu uzyn ýoly, ynha şeýleräkdi. Bu ýol jenap Foguň kalbynda, 11-nji dekabrda Nýu-Ýorkdan Liwerpula ugraýan gämä ýetişmäge umyt oýarýardy.

Fileas Foguň ýerleşen wagony dört tigirli iki sany tekizligiň üstünde ýatan uzyn omnibus pisint bir zatdy. Tigirleriniň süýşýänligi oňa kiçeňräk aýlawly öwrümleri aňsatlyk bilen geçmäge mümkinçilik berýärdi. Wagonda küpe[127] otaglary ýokdy. Onuň iki hatar kürsileri

124 Býurokratçylyk - işiň resmi tarapyna gereginden artyk üns berijilik.

125 Preriýa - Demirgazyk Amerikada sähra, düzlük.

126 Gumboldt Aleksandr (1769-1859) - nemes tebigaty öwrenijisi, geografy hem-de syýahatçysy. Ýewropa we Amerika ýurtlarynyň köpüsiniň tebigatyny öwrendi. Tebigy ýerleriň ençemesi (derýalar, daglar we ş.m.) onuň adyny göterýär.

127 Küpe - ýolagçy otlusynyň wagonynyň ýokary amatlyklary bolan otagçasy.

wagonyň okuna perpendikulýar[128] edilip ýerleşdirilipdir. Olaryň arasynda hajathana eltýän giň geçelge bardy. Hajathana üçin otag her wagonda goýlupdyr. Otlynyň uzaboýuna wagonlar biri-biri bilen üsti ýapyk darajyk otly meýdançalary arkaly birigýär. Şonuň üçn hem ýolagçylar otlynyň bir ujyndan beýleki ujyna aňsatlyk bilen baryp bilýärdiler. Olar restoran wagonlaryň, töweregi synlap dynç almak üçin açyk däliz wagonlaryň, ýolagçy wagonlaryň, kofehana wagonlaryň hyzmatyndan peýdalanyp bilýärdiler. Bir ýetmeýän zat sahna oýunlary görkezilýän teatr wagonlardy. Ýöne wagtyň geçmegi bilen olaram peýda bolar.

Wagonlary biri-biri bilen birleşdirýän meýdançalarda gazetçiler, kitap, içgi, çilim, azyk-owkat hem-de beýleki harytlaryň satyjylary iki-baka at salýardylar. Olaryň alyjylaram ýetikdi.

Otly agşamara altylarda Oklend bekedinden çykdy. Göze dürtme garaňky hem-de sowuk gije düşdi. Asmany tutan bulut syrgyn turar diýip howpurgadýardy. Otly ortaça tizlik bilen barýardy. Duralgalary hem hasaba alsaň, ol sagatda ýigrimi mildenem pes tizlik bilen ýöreýärdi. Ýöne ol şu tizligi bilenem Birleşen Ştatlaryň çägini bellenen möhletde kesip geçip biljekdi.

Ýolagçylar kän gürleşmeýärdiler. Olaryň hemmesi irkiljireşip otyrdylar. Paspartu polisiýa gözegçisiniň gapdalynda otyrdy. Ol ikisem agzyna suw alan ýaly dymşyp otyrdylar. Öňki beýan eden wakalarymyz olary biri-birinden gaty sowaşdyrypdy. Olaryň arasynda öňki gatnaşyklaryndan, dostluklaryndan nam-nyşan ýokdy. Dogry Fiks öňki bolşuny üýtgetmändi. Ýöne Paspartu özüni juda tutuk alyp barýardy. Göwnüne sähelçe güman gitse, ozalky şepesini edil bogup ödürmäge taýýardy.

Otly ugransoň gar ýagyp başlady. Ýöne ýolagçylaryň bagtyna ol otlynyň hereketine päsgel bermeýärdi. Indi otlynyň äpişgejiklerinden uç-gyraksyz ak örtükli meýdan görünýärdi. Otlynyň başyndan burugsap çykýan bug gatlaklary onuň ýanynda çal bolup görünýärdi.

128 Perpendikulýar - berlen göni çyzygy (tekizligi) göni burçy emele getirip kesip geçýän göni çyzyk (ýa-da onuň bölegi). «Perpendikularis» diýen latyn sözünden emele gelip, «dik» diýen many berýär.

Sagat sekizde wagona ýolbelet girip ýolagçylara ýatar wagt bolanyny aýtdy. Bu wagon ýatylýan wagondy. Tiz wagtdan ol hakyky ýatalga öwrüldi. Kürsileriň arkasy juda ýeser oýlanyp tapylan enjamyň kömegi bilen aşak ýatyryldy. Negözel per düşekçeler peýda boldy. Sähelçe pursatda kiçijik otagçalar emele geldi hem-de her bir ýolagçy ýat gözlerden goraýan galyň tuty tutulan ýorgan-düşekli ýatalga eýe boldy. Ýapynjalar juw-ak hem tämizdi. Ýassyklaram myssarypjyk durdy, diňe hezil edip ýatybermek galýardy. Ýolagçylaram şeýtdiler. Olar özlerini edil ýokary amatlyklary bolan ýolagçy gämisiniň kaýutasynda ýaly duýdular. Otly bolsa bu mahal Kaliforniýa ştatynyň üsti bilen aldygyny edip haýdaýardy.

San-Fransisko bilen Sakramentonyň arasynyň ýer keşbi belli bir derejede tekizräkdi. Demir ýolunyň bu bölegi Merkezi Ýuwaş umman ýoly diýlip atlandyrylýardy. Ol Sakramentodan başlap gündogara tarap gidip, Omahadan gelýän ýol bilen kesişýärdi. San-Fransiskodan Kaliforniýanyň paýtagtyna barynça ýol, San-Pablo aýlagyna guýýan Ameriken-riwer deryasynyň kenary bilen gös-göni demirgazyga tarap gitdi. Bu iki uly şäheriň arasyndaky ýüz ýigrimi mil alty sagatda geçildi hem-de uka giden ýolagçylar ýaňy bir düýş görüp başlanlarynda, otly Sakramento geldi. Şeýlelikde, ýolagçylar Kaliforniýa ştatynyň paýtagty bolan bu uly şäheri hiç-hili synlap bilmediler. Olar onuň gözel kenarlarynam, giň köçelerinem, ajaýyp myhmanhanalarynam, seýilgählerinem, ybadathanalarynam görmediler.

Otly Sakramentodan çykansoň Jankşen, Roklin, Obern, Kolfaks beketlerinden geçip, Sýerra-Newada dag gerişlerine aralaşdy. Ir sagat ýedide ol Sisko bekedinden geçdi. Şondan bir sagat geçip-geçmänkä ýatalga wagonlary ýene adaty wagonlara öwrüldi. Onsoň, syýahatçylaram äpişgeden bu dagly ülkäniň gözel görnüşini synlamaga başladylar. Demir ýoly Sýerranyň täsin tebigatynyň hötjetligine kaýyl bolup, bir görseň dag gerşine dyrmaşýardy, bir görseňem uçut gaýadan aşak sallanýardy. Käte kötel öwrümlerden geçmek üçin aklyňy haýran edip towlansa, birdenem hiç-hili çykalgasy görünmeýän insiz zawlaryň aralygyna sümülip gidýärdi.

Ullakan çyralary çar tarapa sary şöhle saçýan otlynyň kümüş çaýylan jaňly, onsoňam mähnet syňrak ýaly bolup, somalyp öňe çykyp duran ýörite gorag çykytly parowozy edil äýnegiň çarçuwasy ýaly lowurdaýardy. Onuň zoguldysy bilen şakyrdysy şaglawuklaryň hem-de akabalaryň şaggyldysyna goşulyp gidýärdi, burum-burum tüssesi bolsa sosna hem-de ýolka agaçlarynyň garalyşyp duran şahalarynyň arasynda towlanýardy.

Ýolda köprem, tunnelem[129] ýok diýen ýalydy. Gurulanda ýoly gönülejek ýa gysgaltjak bolup tebigatyň garşysyna gidilmän düşelen demir ýoly dag gerişleriniň ugry bilen gidýärdi.

Otly demirgazyk-gündogar tarapa tutduryp barşyna sagat dokuzlarda Karson jülgesiniň üsti bilen Newada ştatynyň çäklerine girdi. Renoda ýigrimi minutlap saklanyp, otly günortanlar ol ýerden çykdy. Otly duranda ýolagçylaram mazaly ertirlik edindiler.

Bu ýerden başlap demir ýoly Gumboldt-riwýeriň kenary bilen birnäçe mil demirgazyga gidýär. Soňra ol gündogara öwrülip, Newada ştatynyň tas gündogar çetinde ýerleşen Gumboldt daglaryna çenli derýanyň kenaryny sypdyrman gidýär. Ana şol ýerden hem bu derýa öz gözbaşyny alyp gaýdýar.

Jenap Fog, Auda hanym hem-de olaryň ýoldaşlary ertirlik edinensoňlar ýene öz orunlaryna geçip oturdylar. Fileas Fog, ýaş gelin, Fiks bilen Paspartu mazaly ornaşyp äpişgeden görünýän dürli görnüşleri synlap hezil etdiler. Olar allowarrasynda daglaryň sudury görünýän ümmülmez preriýany, möwç urup, köpürjikläp akýan derýalary ine-gana synladylar. Mahal-mahal uzaklardan janly gaçy ýaly bolup, bizonlaryň[130] uly sürüsi görünýärdi. Bu gäwüş gaýtarýan haýwanlaryň aňrysyna-bärsine göz ýetmeýän sürüleri köplenç halatda otlular üçin geçip bolmajak päsgelçilik döredýär. Birnäçe müň bizonyň hatar-hatar bolup, ençeme sagatlap demir ýoluň ugury bilen sürrekleşip gidýän mahallary hem az bolmaýar. Şeýle bolanda otlyny saklap, ýol boşaşýança garaşaýmasaň başga alaç galmaýar.

---

129 Tunnel - ulaglaryň geçmegi üçin ýerasty (suwasty) desga.

130 Bizon - Demirgazyk Amerikada ýaşaýan içi boş şahlylar maşgalasyna degişli goşatoýnakly jandar.

Ynha bu gezegem şeýle boldy. Öýlän sagat üçlerde, on-on iki müň baş süri ýoly tutdy. Otly badyny gowşadyp, syňrak ýaly öňe çykyp duran gorag çykytlarynyň kömegi bilen bu ummasyz kän sürüniň gyrasyndan böwsüp geçmekçi boldy. Ýöne haýwanlaryň dykynyşyp duran sürüsiniň öňünde ol ahyrsoňy saklanmaly boldy.

Amerikalylaryň ýalňyşyp buýwol[131] diýip atlandyrýan bizonlary mahal-mahal gaty ses bilen molaşyp, äwmezlik bilen ýoldan geçýärdiler. Olaryň boýy ýewropa öküzleriniňkiden uly, guýruklary hem aýaklary gysgajyk. Bogun-bogun bolup duran örküç emele getirýän boýnunda ýaly göze dürtülip görünýär. Bu jandaryň şahlarynyň arasy giň açylyp, kellesinden, boýnundan hem eginlerinden ýaly aşaklygyna sallanyşyp dur. Olaryň sürüsini saklaryn diýib-ä pikirem etmeli däl. Bizonlar bir ugura ýňansoňlar, olar hiç bir päsgelçilige üns bermän şol eňip barýarlar. Bu haýwanlaryň sürüsine asla böwet bolup biljek zat ýok.

Ýolagçylar otlynyň meýdançasyna çykyp, bu täsin tomaşany hezil edip synladylar. Ýöne hemme kişiden beter howlukmaly Fileas Fog bolsa ýerindenem gozganman bizonlar ýoly boşadýançalar gaty sabyrlylyk bilen garaşdy. Paspartunyň bu haýwanlaryň sürüsi sebäpli saklanmaly bolanlaryna jyny atlanyp, gaty myrryhy tutdy. Ol özündäki sapançalarynyň ähli okuny bu jandarlara harçlamaga taýýardy.

— Ýurt bolaýşyny! — diýip, ol janyýangynlylyk bilen gygyrdy. Ýönekeý öküzler otlyny saklaýarlar. Hamala dabaraly ýörişden geçýän ýaly, hereketi bökdeýändikleri olaryň piňine-de däl! Päheý-de welin, eýesiz galmyş diýsäni! Jenap Fog öz meýilnamasynda bu bökdençligem göz öňünde tutdumyka? Meň, ana şony bilesim gelýär. Otly sürüji näme üçin aňkaryp durka? Güzürdedip, bu aňkaw mahluklaryň üstünden sürmeli-dä, otlyny!

Ýöne otly sürüji sürüniň içinden geçmäge synanyşjagam bolanokdy. Özem gaty dogry edýärdi. Elbetde, otly öňündäki bizonlaryň birnäçesini bassa basardam, ýöne näçe güýçli bolsa-da

131 Buýwol - Aziýada we Afrikada duşýan içi boş şahlylar maşgalasyna degişli goşatoýnakly jandar. Aziýa görnüşi eldekileşdirilen hem-de olar gäwmiş diýlip atlandyrylýar.

ahyrsoňy ýolundan çykardy hem-de heläkçilige uçrardy.

Sabyr edip, garaşandan gowusy ýokdy. Soňundan otlyny gatyrak sürüp, ýitirilen wagtyň öwezini dolmaga synanyşmalydy. Bizonlar üç sagatlap ýoldan geçdiler. Ýol agşama golaý boşady. Bizonlaryň soňky hatarlary ýoldan geçýärkä olaryň öňdäki hatarlary bireýýäm gözýetimden gaýyp bolupdylar.

Sagat sekizde otly Gumboldt dagynyň jülgesiniň içinden geçdi hem-de sagat onuň ýarynda Ýuta ştatynyň çäklerinde, Uly Duzly kölüň töwereginde, mormonlaryň täsin ýurdunda peýda boldy.

## ÝIGRIMI ÝEDINJI BAŞ

*Bu başda Paspartu sagatda ýigrimi mil tizlik bilen barşyna mormonlaryň taryhyny öwrenýär.*

Dekabryň bäşinden altysyna geçilýän gije otly günorta-gündogara bakan elli mil töweregi ýol geçdi. Soňra ol demirgazyk-gündogar tarapa hem şonçarak ýol ýöräp Uly Duzly köle golaýlady.

Paspartu ir sagat dokuzlarda arassa howadan dem almak üçin wagonyň daş-töwrege syn ediş meýdançasyna çykdy. Howanyň çigregi bardy. Asman tutuk bolsa-da gar diňipdi. Bulutlary böwsüp görünýän tegelek Gün ullakan altyn şaýa meňzeýärdi. Paspartu hem oňa seredip ol şaýyň näçe funt sterling çykjagyny hasaplamaga başlady. Ýöne ol juda täsin pyýadanyň peýda bolmagy sebäpli bu gyzykly güýmenjesini bes etmeli boldy.

Elko bekedinde otla münen bu pyýada gara murtly, garaýagyzdan syryk ýaly uzyn adamdy. Ol gara jorap, gara jalbar, gara gursakça geýnipdir. Başynda gara ýüpek şlýapasy bardy. Boýny ak galstukly, eline-de ýumşak gaýyş ellik geýipdir. Ol ruhana meňzeýärdi. Otlynyň ugry bilen wagondan wagona geçip barşyna, ýaňky pyýada gapylaryň her birine elde ýazylan bildiriş ýelmeýärdi.

Paspartu hem bildirişleriň biriniň ýanyna baryp okady. Onda hormatly «goja» Uilýam Hitç özüniň №48-nji otluda barýanlygyndan peýdalanyp, sagat on bir bilen on ikiniň arasynda №117-nji wagonda mormonçylyga bagyşlanan nutuk okajagy habar berilýärdi. Ol «keramatly soňky günleriň» dini syrlary barada bilmek isleýän jenaplary özüni diňlemäge çagyrýardy.

Mormonlar barada diňe olaryň durmuşynyň esasynda köp aýallylyk bardygyndan başga hiç zat bilmeýän Paspartu öz ýanyndan «baryp göräýmeli» diýen karara geldi.

Täzelik ýüzlerçe ýolagçyny alyp barýan otlynyň ähli ýerine badabat ýaýrady. Sagat on birlerde nutugy diňlemäge isleg bildiren otuzdan gowrak adam №117-nji wagonyň oturgyçlarynda ornaşdylar. Paspartu birinji hatardaky dindarlaryň arasyna geçip oturdy. Onuň hojaýynam, Fiksem nutugy diňlemekçi bolup ynjalyksyzlanyp durmadylar.

Bellenen wagtda «goja» Uilýam Hitç ýerinden turdy-da, göýä eýýämden kimdir biri özi bilen ylalaşmaýan ýaly gaharly ses bilen:

— Men size aýdýan, Jo Smit görgüli jebir çekip pygamber boldy, onuň agasy Haýrem hem jebir çekip pygamber boldy. — diýip gygyrdy. — Hökümet tarapyndan gudraty güýçliler şeýdip yzarlanyp ýörse, Braýam Ýung hem jebir çeken pygamber bolar! Şu aýdýanyma däl diýip biljegiňiz barmy?!

Missionere[132] garşy giden bolmady. Onuň doga parahat ýüzüniň galagoplugy mese-mälim bildirýärdi. Elbetde, onuň galagoplugynyň sebäbi şol mahallar mormonçylygyň yzarlanmalara sezewar bolýanlygy bilen baglanyşyklydy. Dogrudanam, Birleşen Ştatlaryň hökümetine bu boýun egmezek öz dinlerine berlen takwalary mugyra getirmek ýeňil düşmeýärdi. Braýam Ýung köp aýallylykda hem-de gozgalaňa meçew bermekde günäkärlenip, zyndana basylansoň Ýuta ştaty kynlyk bilen hökümet kanunlaryna tabyn edilipdi. Şol pursatdan başlabam pygamberiň okuwçylary hasam öjügip, häzir aç-açan bolmasa-da Kongresiň[133] kararyna dilden nägilelik bildirýärdiler.

Ynha, şonuň üçin hem «goja» Uilýam Hitç hatda otlynyň üstünde hem özüne tarapdar gazanýardy.

Ol gazap bilen ellerini daldalap, çasly gygyryp, diňleýjilerine injil döwründen bäri mormonçylygyň taryhy barada gürrüň berýärdi. Ol Ysraýylda Ýusubyň nesli mormon pygamberiniň nädip täze diniň düzgünlerini yglan edişini, ony öz ogly Moroma geçirişini; köp asyrlar geçensoň müsür ýazuwynda ýazylan gymmatbahaly bu kitaby 1825-nji ýylda açyş etmek üçin pygamber hökmünde peýda bolan, Wermont ştatyndan bolan mülkdar, kiçi Jozef Smitiň terjime edişini; lowurdap duran

132 Missioner - başga dinlileriň arasynda dini wagyz nesihat geçirmek üçin hristian buthanasy tarapyndan iberilýän adam.

133 Kongres - mejlis. Käbir döwletlerde syýasy guramalaryň ady.

tokaýlykda asmandan inen perişdäniň oňa Gudraty güýçliniň habaryny ýetirişini hyjuw bilen aýdyp berdi.

Bu pursatda gadym zamanlaryň wakalary bilen beýle bir gyzyklanmaýan diňleýjileriň birnäçesi wagondan çykyp gitdiler. Ýöne Uilýam Hitç joşgun bilen gürrüň bermegini dowam edýärdi. Ol «Kiçi Smitiň kakasynyň hem-de iki doganynyň, onsoňam birnäçe şägirdiniň goldamagy bilen «keramatly soňky günler» dinini esaslandyryşy; bu dine indi diňe bir Amerikada däl-de, Angliýada-da, Skandinaw ýurtlarynda-da[134], Germaniýada-da uýýandyklary, oňa diňe bir senetkärleriň däl-de, erkin kärdäki adamlaryňam ynanýandyklary; nädip Ogaýoda bu dine uýýanlaryň ýurt tutuşlary; olaryň esaslandyran Kirklend şäherinde iki ýüz müň dollara ybadathana gurulyşy; nädip Smitiň işewür bankçy bolup, mumyýalary görkezýän ýönekeý adamdan Awraamyň hem-de beýleki meşhur müsürlileriň hut öz elleri bilen ýazan papirusyny[135] alyşy» barada janygyp gürrüň berýärdi.

Gürrüň uzaga çekdi. Diňleýjileriň hatary barha azalýardy. Indi wagonda ýigrimi adam töweregi galypdy.

Ýöne «goja» diňleýjileriniň gaçyp gidýänine birjigem üns bermän, «1837-nji ýylda nähili ýagdaýda Jo Smitiň tozup, batyp galyşy; lüt bolup galan paýdarlaryň oňa garaýag çalyp ýelegiň üstünde togalaýyşlary; soň ýene birnäçe ýyldan onuň hasam uly şöhrat gazanyp, abraý alyp, Missuri ştatynyň Independense diýen ýerinde üç müň adamly gülläp ösýän dini jemgyýete baştutan bolup, ýaňadan peýda boluşy, dinden çykanlaryň ýigrenç bilen yzarlamaklary sebäpli, onuň Uzak Günbatara gaçyp gitmäge mejbur boluşy» barada gürrrüň berdi.

Indi diňe on sany diňleýji galdy. Olaryň arasynda gulaklaryny pakgardyp diňläp oturan Paspartu hem bardy. Şeýlelik bilen ol uzak mahallap yzyna düşülen Smitiň ýene-de Illinoýsda peýda boluşy hem-de ol ýerde 1839-njy ýylda Missisipiniň kenarynda Nowu-lýa-Bel şäherini esaslandyryşy, ol şäheriň ilatynyň ýigrimi bäş müň adamdan hem geçenini; nädip Smitiň şäher häkimi, baş kazy hem-de belent serkerdebaşy boluşy; 1843-nji ýylda onuň Birleşen Ştatlaryň prezidenti wezipesine dalaşgär boluşy; ahyrsoňy hem ony Karfagende duzaga düşürişleri; onuň zyndana

134 Skandinaw ýurtlary - Skandinawiýa ýarym adasynda ýerleşýän ýurtlar, ýagny Finlýandiýa, Şwesiýa we Norwegiýa.

135 Papirus - müsürlilerde we beýleki gadymy halklarda gargydan taýýarlanan hat ýazmak üçin serişde.

taşlanyşy hem-de ýüzi perdeli haýynlar tarapyndan öldürilişi barada bildi.

Indi wagonda Paspartunyň bir özi galypdy. «Goja» onuň ýüzüne dikanlap bakyp, oňa Smit öldürilip iki ýyl geçenden soň onuň ýoluny dowam etdiriji, Arşdan ruh berlen pygamber Braýam Ýungyň Nowuny terk edip, Duzly kölüň kenarynda ýurt tutanyny, bu taýda, şeýle ajaýyp mes toprakly ýaýlada, Ýutadan Kaliforniýa göçüp barýan adamlaryň ýolunyň ugrunda, onuň täze jemgyýeti döredenini, onuň ilatynyň köp aýallylyk baradaky mormon ýörelgeleriniň netijesinde juda köpelenini gürrüň berip, sesi bilen ony jadylaýjak bolýardy.

— Ynha, şu sebäpli hem Kongresiň göribilmezçiligi biziň başymyzdan indi, — diýip Uilýam Hitç sözüni jemledi. — Ine şuň üçinem hökümet goşunlary Ýutanyň topragyny basgylaýarlar, şu sebäpli hem biziň serdarymyz Braýam Ýung bikanun zyndana taşlandy! Bizi güýç görkezip ýeňerlermi? Hiç haçanam ýeňmezler! Wermontdan, Illinoýsdan, Ogaýodan, Missuriden, Ýutadan kowulsagam biz özümize täze, azat ýer taparys. Ol ýerde hem çadyrymyzy dikeris... Eý meniň wepaly okuwçym! — diýip, «goja» özüniň ýeke-täk diňleýjisine gazaply nazar aýlap ýüzlendi. — Siz biziň tugumyzyň astynda öz çadyryňyzy gurarsyňyzmy?

— Ýok! — diýip, Paspartu batyrgaý jogap berdi hem-de welilik satmaga bu diwananyň ýeke özüni galdyryp, onuň ýanyndan ýelk ýasady.

Ybadat edilýän mahaly otly uly tizlik bilen barýardy. Gündiz sagat biriň ýarynda ol Duzly kölüň demirgazyk-günbatar çetine bardy. Bu taýdan syýahatçylar bu içerki deňizi mazaly synlap biljekdiler. Bu köle başgaça Öli deňiz[136] hem diýýärler. Oňa Amerikanyň Iordan derýasy guýýar. Bu gözel kölüň ýakasyny etegi çuw-ak duz gatlagy bilen örtülen adam aýagy sekmedik ajaýyp gaýalar bezeýär. Birmahallar onuň suwy hasam giň meýdany tutýan ekeni. Ýöne wagtyň geçmegi bilen ilatyň artmagy netijesinde kölüň tutýan meýdany kiçelipdir, ýöne çuňlugy öňküsinden has artypdyr.

Uzynlygy ýetmiş, giňligi bolsa otuz bäş mil töweregi bolan Duzly köl deňiz derejesinden üç müň sekiz ýüz funt belentlikde ýerleşýär. Bir müň iki ýüz futdan çuň bolan Asfalt kölünden tapawutlylykda, onuň suwunyň ep-esli göterimi duz bolup, şeýle hem ol suwlarynda çärýek göterime çenli mukdarda gaty maddalaryň erginini hem saklaýar. Eger gaýnadylyp, buga öwrülip arassalanan suwuň agramyny müň hasabynda kabul eden

136 Öli deňiz - hakyky Öli deňizi Ysraýylyň, Iordaniýanyň, Palestinanyň araçäginde ýerleşýär. Oňa Iordan derýasy guýýar.

halatymyzda, bu kölüň suwunyň agramy bir müň bir ýüz ýetmişe barabar bolar. Şonuň üçin hem bu kölde balyklar ýaşap bilmeýär. Iordan, Weber we beýleki derýalardan bu köle düşen balyklar hem tiz wagtdan heläk bolýarlar. Ýöne suwuň dykyzlygy gaty ýokary bolup, oňa adam çümüp bilenokmyş diýilýän gürrüňler ýalan.

Kölüň töweregini birenaýy edilip bejerilen ýerler tutýar. Çünki mormonlar ekerançylyk bilen örän gyzyklanýarlar. Haýsy ýaňa baksaň mal saklamak üçin ranço diýlip atlandyrylýan haşarlar, arpa, süle, mekgejöwen, sorgo[137] ekilen ekin meýdanlary, al-ýaşyl öwüsýän çemenzarlyklar, ýabany bägüllerden edilen haýatlar, akasiýanyň[138] we söwdegiň jeňňelligi görünýär. Ýene alty aýdan, tomus paslynda bu ülke, ynha hut şeýle keşbe girerdi. Ýöne bu mahal ýer garyň ýukajyk gatlagyna basyrylypdy.

Günortanlar sagat ikide ýolagçylar Ogden bekedinde düşlediler. Otly agşam sagat altyda ýoluny dowam etmelidi. Şonuň üçin hem Jenap Foguň, Auda hanymyň hem-de olaryň iki ýoldaşynyň kiçeňräk demir ýol şahasy bilen Ogdenden «Keramatlylaryň şäherine» gitmäge ýeterlik wagtlary bardy. Olara Birleşen Ştatlaryň, Wiktor Gýugonyň aýtmagyna görä «tutuk ýüregedüşgünç göniburçluklar ýaly» ýeke-täk ülňisi boýunça, uzyn içgysgynç çyzykly ägirt uly küşt tagtasy görnüşinde gurlan bu amerikan şäherine aýlanmaga iki sagat doly ýeterlikdi. «Keramatlylaryň şäherini» esaslandyryjy hem anglosakslara mahsus bolan simmetriklige, ýagny deň ölçeglilige yhlas edipdir. Bu täsin ýurduň adamlarynyň aňy döwlet tarapyndan kesgitlenen düzgünleriň derejesinden juda pes. Şonuň üçinem bu ýurtda ähli zat — şäherlerem, jaýlaram, bolgusyzlyklaram pikirlenmän edilip goýberilýär.

Biziň syýahatçylarymyz eýýäm gündiz sagat üçde, Iordan derýasy bilen Uosatç dag gerişleriniň aşaky bölekleriniň aralygynda ýerleşen şäheriň köçelerine aýlanyp ýördüler. Şäherde ybadathana kän däldi. Weliniň öýi, öz-özüni dolandyryş edara jaýy hem-de gorhana onuň iň uly desgalarydy. Aýry-aýry jaýlar mawumtyl kerpiçlerden salynyp, daşyna eýwan aýlanypdyr, töweregi palma, akasiýa we rojok agaçlaryndan[139] ybarat baglyk bilen gurşalypdyr. Şäheriň daşyna 1853-nji ýylda pagsa

137 Sorgo - däneli ekinleriň bir görnüşi, jöwene meňzeş ösümlik.

138 Akasiýa - kösükliler maşgalasyna degişli agaç görnüşi.

139 Rojok agajy - kösükliler maşgalasyna degişli hemişe gök öwüsýän agaç. Miwesiniň şiresinden spirt alynýar.

bilen uly-uly daşlardan salynan diwar aýlanypdyr. Şäheriň esasy köçesinde bazar bardy, onsoňam baýdaklar bilen bezelen birnäçe myhmanhana helewleşip görünýärdi. Olaryň arasynda «Duzly köl» myhmanhanasy hem bardy.

Jenap Fog bilen onuň ýoldaşlaryna şäher beýle bir güri ilatly däl ýaly bolup göründi. Şäheriň ybadathanaly böleginden beýleki ýerlerindäki köçelerinde adam ýok diýen ýalydy. Gezendeler şäheriň daşy bagjagaz bilen gurşalan birnäçe bölegini geçip, ybadathananyň töweregine bardylar. Şäherde aýallar gaty köpdi. Bu mormon maşgalasynyň düzümi bilen baglanyşyly. Ýöne hemme mormonlar köp aýallydyr diýip pikir etmek nädogrudyr. Olaryň öz isleglerine görä maşgala gurmaga hukuklary bar. Emma Ýuta ştatynyň zenanlarynyň hemmesi çaltrak äre çykjak bolup jan edýärdiler, çünki mormonlaryň dini ygtykatlaryna görä, başy boş zenanlar o dünýäniň eşretinden mahrum bolýarlar. Bu bedibagtlar daşyndan görseň gününden razy, bagtly adama meňzemeýärdiler. Olaryň birneme baýyraklary giň gara ýüpek žaket[140] geýip, kellelerine bolsa başatgyç ýa-da ýönekeýje ýaglyk atýarlar. Galanlary çit matadan tikilen köýnek geýýärler.

Paspartu barypýatan sallah bolansoň, birnäçe bolup bir erkegiň daşynda pyrlanyşyp ýören mormon zenanlaryndan birneme howatyrlanmanam durmady. Kellesini gaty jaýdar işledip ol, bu görgüsiýaman ärsumaklaryň durmuşyny göz öňüne getirip gördi. Oňa munça zenanyň garamatyny boýun alyp, Zeminde pelegiň oýunlaryna döz gelip, olary mormon jennetine çenli eltmek, o taýda-da ol aýallar hem-de bu baky aýşy-eşrete bezeg berjek sadagasy gideýin Smit bilen ömürbaky galmak gaty gorkunç ýaly bolup görünýärdi. Munuň ýaly geljek Paspartuwa hoş ýakmaýardy. Onuň göwnüne bolmasa Greýt-Leýk-Sitiniň zenanlary oňa howsala bilen bakýan ýaly bolubam göründi.

Paspartunyň bagtyna ol «Keramatlylar şäherinde» uzak eglenmedi. Dört sagada golaý wagt geçensoň biziň syýahatçylarymyz menzilgähe dolanyp geldiler hem-de ýene-de otla münüp, öz orunlaryna geçip oturdylar.

Otly zoguldady. Ýöne onuň tigirleri herekete girip ýaňy bir bat alyp başlanda «Saklanyň! Saklanyň! » diýen sesler eşidildi.

Otly bir ugransoň saklatmaýar. Bu gygyrýan jenap otludan gijä galan mormon bolarly. Ol aýagaldygyna ylgaýardy. Onuň bagtyna menzilgähde

140 Žaket - keltejik daşky aýal geýimi.

germewem ýokdy, gapam. Ol ýoly kesip geçdi-de, iň soňky wagonyň basgançagyna towsup mündi, demi-demine ýetmän sekiniň üstüne ýykyldy.

Onuň ýerine ýetiren bu gimnastika maşklaryna seredip, daşyndan tolgunyp oturan Paspartu bu gijä galyp otla münen pyýadany juda içgin gyzyklanyp synlady. Çünki, ol Ýuta ştatynyň bu raýatynyň maşgalasynda turan topalaňdan zut gaçyp gelýänini aňdy.

Mormon birneme özüne gelensoň, Paspartu hoşamaýlyk bilen ondan näçe heleýiniň bardygyny sorady. Bu jenabyň etek alty, ýeň ýedi bolup gelşini görüp, sada oglan onuň bolmanda ýigrimi heleýi dagy bardyr öýtdi.

— Ýekeje-le jenap, ýekeje! — diýip, mormon elini asmana göterip gygyrdy. — Wah ýekeje, şonuň ýekeje özem ýetik ahyry!

## ÝIGRIMI SEKIZINJI BAŞ

*Bu başda Paspartu näçe jan etse-de ýolagçylar akylly-başly pikire gulak asmaýar.*

Uly Duzly kölden hem-de Ogden bekedinden geçip, otly bir sagatlap Weber derýasynyň kenary bilen demirgazyga baka gitdi. Ol San-Fransiskodan ugralany bäri dokuz ýüz mil ýol geçipdi. Soňra, otly gündogara öwrülip, güýçli dilkawlanan Uosatç dag belentlikleriniň üsti bilen ýoluny dowam etdi. Bu dag bilen Gaýaly daglaryň aralygyndan ýol gurmak amerikan inženerlerine, sözüň doly manysynda guýy bilen iňňe gazandan ýeňil düşmändi. Ýoluň, ine hut şu böleginiň her mili Birleşen Ştatlaryň hökümetine kyrk sekiz müň dollara düşdi. Ýoluň düzlük boýunça geçirilen böleginiň bolsa her mili bary ýogy on alty müň dollara düşüpdi. Häki aýdyşymyz ýaly, inženerler diňe bir tebigat bilen göreşmän, onuň ähli kynçylyklaryndan emel-titar bilen geçmäge çalyşdylar. Olar iki ummanyň arasyndaky bu ýoluň tutuş dowamynda, uzynlygy on dört müň futa deň bolan ýekeje tunnel gazdylar.

Duzly kölüň ýanynda demir ýoly özüniň iň belent nokadyna çykýar. Bu ýerde ol Bitterkrik deresine düşýän, örän uzyn egremçe ýoly emele getirýär. Ondan soň, Atlantika we Ýuwaş ummanlarynyň

suwaýrydyna çenli ýol ýene-de ýokary galýar. Bu daglyk sebitde çeşmedir-çaýlar gaty köp. Otly Maddi, Grin-riwer we beýleki derýajyklaryň üstüne atylan köprülerden geçdi. Öz ýüreklerine düwen maksatlaryna golaýlaşdygyça Paspartu sabyr-takadyny ýitirip barýardy. Fiksiň hem ýoluň bu kyn bölegini tizräk geçesi gelýärdi. Ol ýolda eglenmekden heder edýärdi, tötänlikde bir bedibagtlyga uçramakdan gorkýardy. Ol Britaniýanyň çäklerine ýetmäge jenap Foguň özündenem bäş beter howlukýardy.

Agşam sagat onda otly Fort-Brijer bekedinde az salym saklandy. Soňra bolsa Bitter derýasynyň jülgesinden çykman ýene ýigrimi mil geçip, Waýoming ştatyna — gadymy Dakota[141] geldi. Kolorado derýasynyň basseýnini emele getirýän suwuň esli bölegi şu ýerden akýardy.

Ertesi gün, 7-nji dekabrda otly Grin-riwer bekedinde on bäş minut saklandy. Uzak gije gar gatyşykly ýagyş dynuwsyz ýagdy. Ýöne ol tutuş diýen ýaly eräp, otlynyň hereketine hiç hili zowal ýetirmedi. Ýöne ýaramaz howa Paspartuny gaty alada goýdy. Dogrudanam, ýola gar syrasa tutuş syýahatyň puja çykaýmagy ahmaldy.

«Gyşyna syýahat etmek nirden jenap Foguň kellesine gelip ýörkä?! — diýip, Paspartu içinden pikir öwürýärdi. — Tomusa garaşaýmaly eken-dä. Şeýden bolsa jedelde utmaga mümkinçilik hasam artjak ahweti.»

Neresse ýigdekçäni asmanyň ýagdaýy, howanyň bulaşmagy alada goýýan bolsa, Auda hanymy düýbünden başga zat gaty ynjalykdan gaçyrýardy.

Grin-riwer bekedinde otly duranda ýolagçylaryň birentegi wagondan düşüp, otly ugraýança menzilgähde aýlaň-çaýlaň edip ýördüler. Ýaş gelin olaryň arasynda polkownik Stemp W. Proktory hem göräýdi. Hawa, hawa, San-Fransiskodaky ýygnakda jenap Foga gaty gödek daraşan şol amerikaly pyýada otlynyň ýanynda gezmeläp ýören ekeni. Auda hanym özüni tanatmajak bolup, şobada wagonyň içine sümüldi.

---

141 Häzirki wagtda Waýoming, Demirgazyk Dakota we Günorta Dakota ABŞ-nyň aýry-aýry ştatlary.

Bu waka ýaş zenany gaty alada goýdy. Häsiýeti boýunça gaty biperwaý bolsa-da, her gün özüne şeýle yhlaslydygyny görkezýän bu adama ýaş zenan gaty ysnyşypdy. Elbetde, özüni halas eden bu adama kalbynda dörän duýgularynyň nähili çuňňurlygyna ol entek doly düşünmeýärdi. Ol bu duýgulary halasgärine minnetdarlyk zerarly dörändir öýdýärdi. Emma köňlünde dömen bu duýgularyň minnetdarlykdan has uly bir zada öwrülip barýanyny onuň özi hem duýanokdy. Şonuň üçinem jenap Foguň, irde-giçde bolgusyzlygy üçin haklaşmakçy bolup ýören bu adamsyny görüp onuň ýüregi ýerinden gobsundy. Megerem, polkownik Proktor bu otla tötänden münen bolarly. Ýöne ol bu ýerde bar. Şonuň üçinem her edip, hesip edip Fileas Foguň öz garşydaşy bilen sataşmagyna ýol bermeli däldi.

Otly ugrap, jenap Fog hem az-kem ymyzgandy welin, Auda hanym bolan wakany Fiks bilen Paspartuwa gürrüň berdi.

— Asyl şol Proktor biziň otlymyzdamy! — diýip, Fiks gygyryp goýberdi. — Hanym, alada edip oturmaň. Entek jenap Fogdan öňürti... ol meň bilen iş salyşmaly bolar! Ol meň göwnüme has gatyrak degdi ahyry!

— Ol polkownik bolsa-da, menem onuň bilen düşünişmekçi! — diýip, Paspartu hem onuň sözüniň üstüni ýetirdi.

— Jenap Fiks, jenap Fog özi üçin başga kişiniň haklaşmagyna hiç mahal ýol bermez — diýip, Auda hanym olar bilen ylalaşmady. — Ol öz göwnüne degen adamy tapmak üçin Amerika dolanyp geljek diýip, öz dili bilen aýtdy ahyry. Eger-de ol polkownik Proktory göräýse, biz bu duşuşygyň ýakymsyz netijeleriniň öňüni alyp bilmeris. Olaryň biri-birine gabat gelmezligine gözegçilik etmek gerek.

— Dogry aýdýaňyz, hanym, olar biri-birine sataşaýsalar, onda işler pyrryk. — diýip, Fiks ylalaşdy. — Jenap Fog ýeňse-de, ýeňilse-de parhy ýok, ol gijä galar, onnoň...

— Onnoň Özgertmeler klubundaky jenaplaryň eli geler. — diýip, Paspartu hem alyp göterdi. — Ýene dört günden biz Nýu-Ýorkda bolarys! Ýöne eger-de jenap Fog wagondan çykmasa. Onuň tötänlikden bu nälet siňmiş amerikaly bilen sataşmazlygyny diläliň.

Ýer ýuwutsyn-da şol amerikalyny. Biz olaryň gabatlaşmagyna päsgel berib-ä bileris...

Şunluk bilen gürrüň gutardy. Jenap Fog ukudan oýandy-da, äpişgeden gar basan ýere seretmäge başlady. Az salym soňra Paspartu hojaýynam, Auda hanymam eşitmez ýaly pyşyrdap, aňtawjydan:

— Siz dogrudanam, onuň üçin uruşmakçy bolýarsyňyzmy? — diýip sorady.

— Ony Ýewropa diri eltmek üçin näme etmeli bolsa ederin! — diýip, Fiks gaýduwsyzlyk bilen jogap berdi.

Paspartu endamynyň dyglap gidenini duýdy, ýöne onuň öz jenabynyň dogruçyldygyna bolan ynamy mizemedi.

Ýöne jenap Fogy nädip küpede saklamaly? Nädip, onuň polkownik Proktor bilen duşuşmagynyň öňüni almaly? Elbetde, bu beýle bir kynam däldi. Sebäbi biziň jenabymyz tebigaty boýunça, it aýagyny iýen ýaly galdaw adam däldi, onuň bilesigelijilik häsiýetem ýokdy. Onuň üstesine aňtawjy ony küpeden çykarmazlygyň ýene bir gowy tärini tapdy. Biraz salym geçensoň, ol Fileas Foga ýüzlenip:

— Jenap, otluda halys wagt geçirmek hyllalla! — diýdi.

— Hawa. — diýip, jenap jogap berdi. — Ýöne her niçigem bolsa otly gymyldan-a bolýar.

— Gämide siz kart oýnaýan ýalydyňyz-la? — diýip, Fiks dowam etdi.

— Hawa. — diýip, Fileas Fog jogap berdi. — Ýöne bärde bu kynrak bolýar. Meniň kartymam ýok, kart oýnar ýaly ýoldaşymam.

— Ýak-heý! Kart tapmag-a itiň aňsady. Amerikanyň otlularynda adyny tutan zadyň satylýar. Kart oýnaşara ýoldaş babatynda aýdanymyzda bolsa Auda hanym...

— Elbetde! — diýip, Auda hanym seslendi. — Men wist[142] oýnuny oýnap bilýän. Sebäbi bu iňlis terbiýesiniň sanawyna girýär.

— Menem özüme erbet oýunçydyryn-a öýdemok. — diýip, Fiks hem alyp göterdi. — Diýmek üç bolup, onnoňam «töňňe[143]» goýup oýnaşaýarys.

— Uly höwes bilen! — diýip, otlynyň üstünde-de öz söýgüli

142 Wist - kart oýnunyň bir görnüşi.

143 Bu ýerde ýetmeýän dördünji oýunçy hakda gürrüň gidýär.

oýny bilen meşgullanmaga mümkinçilik tapanyna begenen Fileas Fog jogap berdi.

Paspartu otlynyň ýolbelediniň ýanyna eňdi hem-de tiz wagtdan iki desse kart, birgiden oýun oýnalýan şaýy, utuk sanalýan göjek hem-de üstünde oýnamak üçin daşyna mawut çekilen tagta alyp geldi. Hemme zat ýerbe-ýerdi. Oýun başlandy. Auda hanym ganymat oýnaýan ekeni. Hatda onuň oýnaşyna Fileas Foguň hem göwni ýetdi. Aňtawjy babatynda aýdanymyzda bolsa ol edil birinji derejeli oýunçy ekeni. Şonuň üçinem ol biziň jenabymyza tüýs mynasyp garşydaş boldy.

Paspartu «Indi-hä hiç ýaňa gitmese gerek. Ýerindenem gozganmaz!» diýen netijä geldi.

Ir sagat on birde otly iki ummanyň suwaýrydyna geldi. Ol ýeri Gaýaly daglar boýunça geçýän demir ýoluň iň belent nokatlarynyň biri bolan, deňiz derejesinden ýedi müň bäş ýüz ýigrimi dört fut belentlikde ýerleşen Brijer geçididi. Geçitden takmynan iki ýüz mil geçilensoň, syýahatçylar ahyrsoňy, tä Atlantik ummana çenli uzap gidýän, göýä tebigat tarapyndan ýörite demir ýol üçin ýaradylan ýaly giň düzlüge ýetýärdiler.

Dagyň Atlantik umman tarapyndaky gerişlerinden Nort-Platt-riweriň goşantlary ýa-da goşantlarynyň goşantlary bolan köp sanly derýalar akýar. Larami depesi bilen jemlenýän Gaýaly daglaryň demirgazyk bölegi ägirt uly ýarym aýlaw bolup, gözýetimiň demirgazyk we gündogar tarapyny tutuşlygyna ýapyp durdy. Bu daglaryň hem-de demir ýoluň arasynda giň, oňat suwarymly ýerler ýaýylyp ýatyrdy. Demir ýoluň sag tarapynda dag belentliginiň bärki şahalary howalanyp görünýärdi. Ol gerişler günorta tarapa gyşaryp, Missuriniň esasy goşantlarynyň biri bolan Arkanzas derýasynyň gözbaşlaryna çenli baryp ýetýärdi.

Sagat biriň ýarynda bu ýerleri edara edýän Halek forty ýolagçylaryň gözüne kaklyşyp geçdi. Ýene birnäçe sagatdan Gaýaly daglar yzda galar. Otlynyň bu geçmesi kyn geçit boýunça ýoly hiç-hili üýtgeşik waka bolman tamamlanar diýip tama etmek mümkindi. Gar ýagmasyny goýdy. Howa guraksyrady-da hasam sowady.

Ullakan guşlar otludan gorkup, çar ýana güsürdeşip uçýardylar. Öňde aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän yns-jynssyz ümmülmez çöllük bardy.

Wagona äberilen aňrybaş nahardan ertirlik edinip, jenap Fog bilen onuň ýoldaşlary ýene-de tükeniksiz oýunlaryna başladylar. Birden güýçli zoguldy eşidildi. Otly saklandy.

Paspartu äpişgeden kellesini çykaryp seretdi, ýöne otlynyň saklanmagyna sebäp bolar ýaly hiç zat görmedi. Golaý-goltumda hiç hili beket hem ýokdy.

Auda hanym bilen Fiks jenap Fog otludan düşmekçi bolar öýdüp howsala düşdiler. Ýöne biziň jenabymyz Paspartuwa:

— Hany bar, näme bolanyny görüp gel. — diýmek bilen çäklendi.

Paspartu wagondan towsup düşdi. Kyrk töweregi adam otludan düşen ekeni. Olaryň arasynda polkownik Stemp W. Proktor hem bardy.

Otly ýoly ýapyp duran semaforyň[144] gadagan ediji gyzyl duýduryşy sebäpli saklanypdyr. Ýol düşekçesine otly sürüjisi bilen ýolbeledi hem düşüpdirler. Olar Medisin-Bou bekediniň müdiri tarapyndan iberilen ýol gözegçisi bilen nämedir bir zat barada jedelleşýärdiler. Ýolagçylaram olaryň ýanyna gelip, jedele goşuldylar. Olaryň arasynda häki polkownik Proktor hem bardy. Ol hemişeki bolşy ýaly elleri bilen buýruk beriji yşarat edip, gygyryp gürleýärdi.

Paspartu olaryň golaýyna baryp, ýolbelediň:

— Eger-eger geçip boljak gümany ýok! Medisin-Bou derýasynyň üstündäki köpri halys lagşapdyr. Ol otlynyň agramyny göterip bilmez. — diýýänini eşitdi.

Bu gürrüňi edilýän asma köpri, otlynyň duran ýerinden bir mil aralykdaky akymyň üstünden geçýärdi. Ýol gözegçisiniň aýtmagyna görä, ony saklaýan polat tanaplaryň birentegi ýolunypdyr. Indi köpri aşak ýumrulaýjak bolup durmuş. Ýol gözegçisi köpri otlynyň agramyny götermez diýip, hiç-hili ulaltmaýardy. Eger-de zadyň gamyny etmeýän amerikalylar hüşgär bolup ugraýan bolsalar, onda

144 Semafor - duýduryjy enjam. Sema - belgi, foros - saklaýan diýen grek sözlerinden gelip çykan.

halys janyňdan iren bolmasaň olara gulak asmaly.

Jenap Foga bolan wakany habar bermäge ýüregi etmänsoň, Paspartu dişini gysyp, heýkel ýaly doňup galdy.

— O nähili! — diýip, polkownik Proktor gygyrýardy. — Biz näme bu ýerde galyp, garyň aşagyna kök urmaly däldiris-ä!

— Polkownik. — diýip, ýolbelet oňa ýüzlendi. — Omaha bekedine «bärik otly ugradyň» diýip telegramma edildi. Ýöne ol otly Medisin-Bowa alty sagatdan bärde gelmez.

— Alty sagatdan! — diýip, Paspartu gygyryp goýberdi.

— Hawa. — diýip, ýolbelet tekrarlady. — Biz bu aralykda pyýadalap bekede ýetip bilsek zor boldugymyz.

— Pyýada ýöremelimi? — diýip, ýolagçylaryň hemmesi hor boluşyp gygyryşdylar.

— Bekede çenli köp ýöremelimi? — diýip, olaryň birisi ýolbeletden sorady.

— Beket derýaň aňry gapdalynda, şundan on iki mil daşlykda ýerleşýär.

— Garyň içi bilen on iki mil ýöremelimi? — diýip, polkownik Proktor gaharly gygyrdy.

Ol demir ýol kompaniýasyna hem-de ýolbelede nälet baryny ýagdyryp, agzyndan gelenini sögdi. Myrryhy tutan Paspartu hem ony alyp götermekçi boldy. Olaryň öňünde keserip duran bu päsgelçilige onuň hojaýynynyň puly bilenem hötde gelip boljak däldi.

Elbetde, diňe olar däl, hemme kişi nägiledi. Gijä galanyň-a gijä galanyň, onuň üstesine hem gar basan sähraň üsti bilen pyýada gitmeli ýolam ep-esli bardy. Otlynyň ýanynda goh dik asmana göterildi. Eşidilýän goh-galmagal, oýna şeýle gyzykmadyk bolsa Fileas Foguň hem elbetde ünsüni çekerdi.

Her niçigem bolsa oňa bu wakany habar bermelidi. Şonuň üçinem Paspartu ýüzüni sallap, wagona ugramakçy boldy. Ýöne şol mahal otly sürüjisi, Forster diýen tüýs ýerinden gelen amerikaly adam:

— Jenaplar, meniň pikirimçe köprüden geçmäge bir mümkinçilik bar. — diýdi.

— Köprüden geçmägemi? — diýip, ýolagçylaryň biri sorady.
— Hawa, köprüden geçmäge.
— Biziň otlymyz bilenmi? — diýip, polkownigem sorady.
— Biziň otlymyz bilen.
Paspartu saklanyp, durşy bilen gulaga öwrüldi.
— Köpri ýumrular ahyry! — diýip, ýolbelet tekrarlady.
— Onuň hiç-hili ähmiýeti ýok. — diýip, Forster jogap berdi. — Meniň pikirimçe otlyny aňrybaş tizliginde sürsek, köpri ýykylýança aňry tarapa geçmegimiz ahmal.
Paspartu:
— Eýesiz galmyş. — diýenini duýman galdy.
Ýöne bu teklip ýolagçylaryň birnäçesiniň göwnüne ýarady. Ol hasam polkownik Proktoryň göwnünden turdy. Bu garadangaýtmaz pyýada otly sürüjisiniň bu pikirini tüýs bolaýjak zat hasaplady. Hatda ol, otly ýol guran inženerleriň birnäçesiniň «asla köpriniň geregi ýok, derýadan geçmeli ýerinde otlyny aňrybaş tizlik bilen sürüp, derýadan uçuryp geçirmeli» diýenlerini hem ýatlady. Iň soňunda-da köprüden çalt geçmek isleýänleriň ählisi otly sürüjiniň tarapyna geçdiler.
— Aňry tarapyna sag-aman geçjegimize elli göterimine jedel urýan! — diýip, ýolagçylaryň biri gygyrdy.
— Altmyş! — diýip, ýene biri onuň sözüni kesdi.
— Segsen!.. Ýüzden togsanyna goýýan!..
Paspartu tas çaşypdy. Onuň özem Medisin-Krikden geçmek üçin hemme zada taýyn bolsa-da, bu synanyşyk oňa diňe bir «amerikançylyk» bolman, «amerikançylygyňam» gözüni çykarmak ýaly bolup göründi.
«Hemmesini aňsatja edibem boljak ahyry, ýöne bular o barada pikirem edenoklar!» diýip, ol netije çykardy hem-de ýolagçylaryň birine ýüzlenip:
— Jenap, otly sürüjisi tarapyndan teklip edilen usul meniň pikirimçe juda töwekgelçilik bolýar, ynha...
— Segsenden goýýan! — diýip, ýolagçy jogap berdi-de, ýüzüni öwürdi.

— Men bu diýýäniňize düşünýän, ýöne birneme pikir etseň... — diýip, Paspartu ýene bir jenaba ýüzlendi.

— Pikir etmegiň geregi ýok! — diýip, amerikaly egnini gysyp jogap berdi. — Otly sürüji geçip boljagyny kepillendirýär ahyry.

— Elbetde, akylly-başly pikir eden halatymyzda... — diýip, Paspartu eňek bermedi.

— Näme?! Akylly-başly! — diýip, polkownik Proktor heňkirdi. Bu tötänden gulagyna ilen söz onuň myrryhyny tutdurdy. — Size aýdylyp dur-a, aňrybaş tizlik bilen diýlip! Ýa-da gepe düşeňzokmy? Aňrybaş tizlik bilen!

— Bilýän... Düşünýän... — diýip, Paspartu gaýtalady. Oňa pikirini aýtmaga halys maý berenokdylar. — Eger-de size «akylly-başly» diýen söz ýaramaýan bolsa, onda adam ýaly pikir etsek...

— Näme? O nähili? O näme «adam ýaly» diýen bolup, gep nokatlan bolýar-a?! — diýip, çar ýandan gygyryşdylar.

Oglan neresse näme diýjeginem bilmedi.

— Siz näme, gorkýaňyzmy? — diýip, polkownik Proktor sorady.

— Men gorkýamyşymmy?! — diýip, Paspartu gygyrdy. — Ýeri bolýa! Men fransuzyň amerikalydan batyrdygyny gözüňize görkezerin!

— Wagona münüň! Wagona münüň! — diýip, ýolbelet gygyrdy.

— Hawa! Wagona münüň. — diýip, Paspartu hem gaýtalady. — Wagona münüň! Özem çaltrak münüň! Ýöne diňlemeselerem, maňa ilki köprüden ýolagçylary geçirip, soňundan otlyny güzürdedip goýbermelidigi hakynda pikir etme diýjeg-ä ýok.

Ýöne onuň bu paýhasly pikirini eşiden bolmady. Dogry ony eşidäýenlerinde-de oňa pitiwa etmezdiler.

Ýolagçylar ýene-de otla mündüler. Paspartu bolan waka barada hiç kime hiç zat aýtman, ýerine geçip oturdy. Onuň ýoldaşlarynyň hemmesi tutuş durky bilen kart oýnamaga berlipdi. Otly içiňden geçip barýan ses bilen zoguldady. Otly sürüji uzagrakdan bat almakçy bolýan uzynlygyna böküji türgen ýaly edip, otlyny yza sürüp bir mile dagy äkitdi.

Soňundan otly ýene bir ýola zoguldap, öňe okduryldy. Ol tä

iň aňrybaş tizlige barynça bat aldy. Diňe otlynyň çekiji kellesiniň güwwüldisi eşidilýärdi. Onuň porşenleri sekuntda ýigrimi sapar iki baka gatnaýardy, tigirleriniň oky mazaly ýaglananyna garamazdan ala-tütün bolup tüsseleýärdi. Otly sagatda ýüz mil tizlik bilen demir ýola degmän diýen ýaly atylyp barýardy. Tizlik otlynyň agramyny ediljek ýeňledip barýardy.

Onsoň, ol atylyp derýanyň üstünden geçdi! Misli ýyldyrym ýaly bolup, köprüniň bardygynam görmän zymdyrylyp gitdi. Otly göýä derýanyň bir kenaryndan beýleki kenaryna böküp geçen ýaly boldy. Otly sürüji beketden aňry bäş mil geçende zordan otlyny saklamagyň hötdesinden geldi.

Otly derýadan geçen dessine doly lagşan köpri, çalt akýan Medison-Bou derýasyna güpürdäp ýykyldy.

## ÝIGRIMI DOKUZYNJY BAŞ

*Bu başda diňe Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň demir ýollarynda gabat gelýän käbir wakalar barada gürrüň berilýär.*

Otly şol gün agşam ýoluny dowam edip, hiç zatdan zowal tapman, Souders fortunyň deňinden geçdi, Çeýen geçidinden aşyp, Ewans geçidine baryp ýetdi. Demir ýoly bu ýerde deňiz derejesinden sekiz müň togsan bir fut beýiklikdäki özüniň iň belent nokadyna barýar. Syýahatçylar bu ýerden Atlantik ummanyň kenaryna çenli tebigatyň tep-tekiz edip düzlän uç-gyraksyz düzlügine düşmelidiler.

Bu ýerde esasy ýoldan Koloradonyň paýtagty Denwer-Siti şäherine gidýän demir ýol şahasy aýrylýar. Bu taýynyň topragy altyn-kümüş känlerine baý. Şol mahal Denwerde elli müňden gowrak ilat ýaşaýardy.

San-Fransikodan gaýdaly bäri otly bir müň üç ýüz segsen iki mil geçdi. Hasap boýunça Nýu-Ýorka çenli üç günlük ýol galypdy. Fileas Fog meýilnamasyna laýyk barýardy. Gije olar Uolbahy sag gapdalda galdyryp, ol ýeriň deňesinden ötdüler. Waýoming bilen Kolorado Ştatlarynyň araçägi bolup hyzmat edýän Lojpol derýasy

demir ýol bilen ugurdaş akýardy. Otly sagat on birde Sedgwigiň golaýyndan geçdi hem-de Plat-riweriň günorta golunda ýerleşýän Julsberge gelip, Nebraska ştatynyň çägine girdi.

1867-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda ine şu ýerde Ýuwaş umman demir ýolunyň dabaraly açylyşy bolupdy. Bu ýoluň gurluşygyna general J. M. Doj ýolbaşçylyk edipdi. Dokuz wagondan ybarat iki sany kuwwatly otly çagyrylan myhmanlary bu ýere getiripdi. Myhmanlaryň arasynda wise-prezident Tomas K. Dýurant hem bardy. Şonda, ine hut şu ýerde gutlag çagyryşlary ýaňlanypdy, siu hem-de pauni taýpalary ýygnananlaryň öňünde indeýleriň söweşini görkezipdiler, bu ýerde baýramçylyk feýerwerkiniň[145] alawlary lowlapdy. Iň esasy wakalaryň biri hem bu ýerde «Demir ýol pioneri[146]» gazetiniň ilkinji sany çap edilipdi. Çöl-beýewanyň içinden çekilen, siwilizasiýanyň[147] we ösüşiň ýolbeledi bolup, şol mahal heniz gurulmadyk şäherleri biri-biri bilen baglanyşdyrmaly bu ägirt uly demir ýoluň açylyşy şeýle dabara bilen bellenipdi. Otlynyň Amfionyň lirasyndan[148] hem has güýçli zoguldysy, tiz wagtdan adamlary Amerika topragynyň jümmüşinde ýaşaýşa çagyrmalydy.

Ir sagat sekizde Mak-Ferson fortundan geçildi. Syýahatçylarymyz Omaha ýetmek üçin ýene üç ýüz elli ýedi mil geçmelidi. Demir ýol Plat-riweriň egrem-bugram bolup gidýän günorta goşandynyň çep kenarynyň boýuny syryp gidýärdi. Otly sagat dokuzda Nord-Plat şäherine geldi. Bu uly şäher Missuri derýasynyň bu esasy goşandynyň iki golunyň aralygynda ýerleşýär. Plat-riwer Omahadan birneme ýokarrakda Missura guýýar. Nord-Platyň ýanynda iki gol bir akyma birigýär.

---

145 Feýerwerk - fire - ot we werk - iş diýen nemes sözlerinden gelip çykan, baýramçylyk dabaralarynda ýörite pirotehniki därileri ýakmak arkaly emele getirilýän dürli reňkli alawlar.

146 Pioner - «pionier» diýen fransuz sözünden gelip, «başyny tutujy» diýen many beýär.

147 Siwilizasiýa - «siwilis» diýen latyn sözünden gelip, «döwlet, raýat» diýen many berýär. Jemgyýetiň maddy we ruhy medeniýetiniň ösüşini aňladýar.

148 Amfionyň lirasy - iň gadymy saz guraly hem-de onda saz çalýan gadymy grek sazandasy. Bu ýerde «otlynyň zoguldysynyň asyrlara ýaň salandygyny» nygtamak üçin getriliýär.

Bir ýüz birinji meridian geçildi.

Jenap Fog bilen onuň bazygär ýoldaşlary oýunlaryny dowam etdiler.

Hiç kim, hatda «töňňede» ýoluň uzaklygyndan zeýrenmeýärdi. Fiks ilkibaşda birnäçe gineýa[149] utdy. Indem bar utanjasyny utdurdy. Ol jenap Fogdanam beter oýna gyzygypdy. Ertir salkyn jenabymyzyň eli geldi. Oňa diňe oýun bilen uly kartlar düşýärdi. Ol üýtgeşik bir batyrgaý oýun etjek bolup, gara güli ýörejek bolup durka, onuň arkasyndan:

— Özüm bolsam-a kerpiç ýörärdim!.. — diýen ses eşidildi.

Jenap Fog, Auda hanym hem-de Fiks başyny galdyrdylar. Olaryň ýanynda polkownik Proktor durdy.

Stemp W. Proktor hem-de Fileas Fog şobada biri-birini tanady.

— Oh-how! Asyl bu sizmidiňiz jenap iňlis! — diýip, polkownik gygyrdy. — Gara gülden ýörejek bolup duran siz ekeniňiz-ow!

— Men asyl şony ýörejek-dä. — diýip, jenap Fog sowuk jogap berdi, hem-de on garany oklap goýberdi.

— Men bolsa kerpiç ýöremek gerek diýip hasap edýärin! — diýip, polkownik gaharly gepledi.

Ol ýerdäki karty aljak boldy hem-de:

— Oýun bileňzok ahyry! — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

— Oňa derek başga bir zatdan meniň has gowy başym çykýar. — diýip, Fileas Fog ör turdy.

— Jon Bullyň nesili diýsänim, onda görkeziň-dä başarýan zadyňyzy! — diýip, onuň garşydaşam zoňtarlygyny etdi.

Auda hanymyň ýüzi ak tam boldy, gany beýnisine urdy. Ol Fileas Foguň eline ýapyşdy, ýöne ol emaý bilen onuň elini aýyrdy. Paspartu amerikalynyň üstüne özüni oklaýjak bolup durdy. Polkownik bolsa garşydaşynyň ýüzüne yzgytsyzlyk bilen bakdy. Şo mahalam Fiks ýerinden turdy-da, polkownik Proktoryň ýanyna geldi, hem-de:

— Jenap, ilki meň bilen iş salyşmalydygyňyzy ýadyňyzdan çykarmaň. Siz diňe bir meniň göwnüme degmek bilen çäklenmän, meni urduňyzam!

149 Gineýa - iňlisleriň gadymy altyn puly.

— Jenap Fiks bagyşlaň welin, bu diňe maňa degişli, şonuň üçinem siz goşulmaň. — diýip, jenap Fog garşy çykdy. — Gara ýöräp ýalňyşýanymy aýtmak bilen polkownik ýene meniň göwnüme degdi. Indi ol muňa jogap bermeli bolar.

— Haçan diýseň, nirede, haýsy ýarag bilen çyksaň çykaý! — diýip, amerikaly jogap berdi.

Auda hanym jenap Fogy saklajak bolsa-da ondan netije çykmady. Aňtawjam Proktory özüne erjeşdirjek bolup jan etdi, o-da bolmady. Paspartu polkownigi gapydan südürläp çykarmaga taýyn bolup durdy, ýöne olam hojaýyny yşarat edensoň saklanmaly boldy. Fileas Fog otlynyň syn ediş meýdançasyna çykdy. Amerikalam onuň yzyna düşdi.

— Jenap, men Ýewropa ýetmäge juda howlugýan. Sähel eglenilse meniň bähbidime uly zelel ýetjek. — diýip, jenap Fog garşydaşyna ýüzlendi.

— O zatlar bilen meniň işim ýok! — diýip, polkownik Proktor jogap berdi.

— Jenap, San-Fransiskoda sataşalymyz bäri, Ýewropadaky işlerimi bir ýan ýüzli etdigim, Amerika gelip sizi gözläp taparyn diýip ýördüm. — diýip, jenap Fog salykatlylyk bilen aýtdy.

— Dogryňyzmy?

— Ýene alty aýdan duşuşaýsak nähili bolar?

— Alty ýyl bolsa bolanokmy?

— Men alty aý diýdimmi, diýen wagtymam gelerin.

— Sypjyklyk etjek bolmaň! — diýip, Stemp W. Proktor gykylyklady. — Häzir bolmasa, ömrylla-da bolmaz.

— Ýagşy. — diýip, jenap Fog jogap berdi. — Siz Nýu-Ýorka barýaňyzmy?

— Ýok.

— Çikagomy?

— Ýok.

— Omahamy?

— Nirä baramda siziň näme işiňiz! Plam-Kriki bilýäňizmi?

— Ýok. — diýip, jenap Fog jogap berdi.

— Plam-Krik indiki beket. Otly ol ýere ýene bir sagatdan ýeter. O taýda otly on minut saklanýar. On minudam sapançadan biri-birimize birnäçe ok atyşmaga ýeterlik bolar.

— Ýagşy! Goý şeýle bolsun! — diýip, jenap Fog jogap berdi. — Men Plam-Krikde saklanaýaryn.

— Men bolsa siz ol ýerde ömürlik galarsyňyz diýip pikir edýärin. — diýip, amerikaly gödek jogap berdi.

— Görüberýäs, jenap. — diýip, jenap Fog jogap berdi hem-de öňküsi ýaly giňgöwrümlilik bilen wagona dolanyp geldi.

Gelen badyna-da Auda hanyma her bir güpläp ýören adamdan gorkup ýörmeli däl diýip, göwünlik berdi. Soňra ol Fiksden duelde özüne sekundant[150] bolmagy haýyş etdi. Fiks boýun gaçyrmady. Fileas Fog arkaýynlyk bilen arasy üzülen oýnuny dowam etdi. Özem sowukganlylyk bilen garşydaşyna gara gülden ýöredi.

Sagat on birde otly zoguldap, Plam-Krik bekediniň golaýlanyny habar berdi. Jenap Fog Fiks bilen tirkeşip, otlynyň syn ediş meýdançasyna çykdy. Paspartu hem eline birki sany sapança alyp, olaryň yzyna düşdi. Ýüzi ak kagyz ýaly bolan Auda hanym bolsa wagonda galdy.

Şol mahal goňşy wagonyňam gapysy açyldy hem-de syn ediş meýdançasynda öz sekundanty bilen polkownik Proktor göründi. Ol özüne kybapdaş sekundantam tapynan ekeni. Garşydaşlar otludan düşjek boldular welin, ýolbelet:

— Bärde düşmek bolanok. — diýip, olara gygyrdy.

— O näme üçin? — diýip, polkownik sorady.

— Biz ýigrimi minut töweregi gijä galyp barýas. Şonuň üçinem otly bu ýerde sähelçe säginip geçer.

— Men bu jenap bilen atyşmaly ahyryn!

— Gaty gynanýaryn, ýöne biz eýýäm ugraýas. — diýip, ýolbelet jogap berdi. — Ana jaňam kakyldy!

Dogrudanam, jaň sesi eşidildi hem-de otly ýola rowana boldy.

— Jenaplar, men gaty gynanýaryn. — diýip, ýolbelet duýgudaşlyk bildirdi. — Ýagdaýy bolsa size kömek ederdim. Ýöne siz beketde

150 Sekundant - duele gatnaşýanlaryň söweşiň şertlerini dogry berjaý etmeklerine gözegçilik etmek üçin taraplaryň her haýsynyň wekili.

biri-biriňize ok atyşyp bilmedik bolsaňyz, onuň başga bir alajam bar ahweti. Siz otly gidip barýarka atyşaýyň. Oňa päsgel berjek ýok ahyry.

— Bu diýýäniňize meniň garşydaşym razy bolman durubermese. — diýip, polkownik Proktor gülümsiräp aýtdy.

— Ýok tersine, men-ä şeýdiläýse kem bolmazmyka diýýän. — diýip, Fileas Fog oňa garşy çykdy.

«Biz hakyky Amerikada! — diýip, Paspartu pikir etdi. — Ýolbeledem özüni ýokary derejeli amerikan jemgyýetiniň jenaby ýaly alyp barýar!»

Onsoň, ol hem öz hojaýynynyň yzy bilen gitdi.

Iki garşydaş hem-de olaryň sekundantlary ýolbelediň ýolbaşçylygynda otlynyň içi bilen iň ahyrky wagona bardylar. Ol wagondaky ýolagçylaryň sany ondan kän däldi. Ýolbelet, bu iki jenabyň ar-namys meselesini çözlüşmegi üçin birnäçe minut wagony boşatmaklaryny olardan salykatlylyk bilen haýyş etdi.

Ýogsa näme! Ýolagçylar bu jenaplara şeýle kömek etmegi özleri üçin bagt saýyp, wagony şobada boşatdylar.

Elli fut töweregi uzynlykdaky wagon ýörite atyşmak üçin ýasalan ýaly, duel geçirmek üçin gaty amatlydy. Garşydaşlarynyň ikisi hem oturgyçlaryň arasy bilen biri-birine tarap gidip, näçe atyşaslary gelse atyşybermelidi. Henize çenli duel üçin şeýle amatlyklar döredilen däldir. Jenap Fog bilen polkownik Proktoryň her haýsy iki sany altatar sapança bilen ýaraglanyp wagona girdiler. Sekundantlar gapyny daşyndan ýapdylar. Otly haçan zoguldasa şobada garşydaşlar atyşyp başlamalydy. Şondan iki minut geçensoň sekundantlar wagona girip, bu iki jenapdan näme galsa, şonam ýygnamalydylar.

Dogrudanam, hemmesi itiň aňsady. Aňsat bolansoňdyr-da, Paspartu bilen Fiksiň howsaladan ýaňa ýürekleri ýarylyp barýardy.

Hemmeler «otly haçan zoguldarka» diýip garaşmaga başladylar. Ýöne duýdansyz ýerden jynssyz gykylyk-galmagal eşidilip başlady. Yz ýanyndanam tüpeň sesleri çykdy. Ýöne tüpeň sesleri duel geçýän wagondan eşidilmän, düýbünden başga tarapdan geldi. Atyşyk otlynyň başky wagonlarynda başlanyp, bärligine gelýärdi.

Adamlaryň gorkup çirkin gygyrýan sesleri hem-de tüpeň sesleri wagonlaryň içinde hem eşidilýärdi.

Elleri sapançaly Polkownik Proktor bilen jenap Fog wagondan syn ediş meýdançasyna böküp çykdylar-da, goh-galmagalyň hem-de tüpeň sesleriniň has gaty eşidilýän ýerine tarap eňdiler.

Olar siu taýpasyndan bolan indeýleriň otla hüjüm edendiklerine ur-tut düşündiler.

Tüýsi bozuk indeýleriň otla hüjüm etmekleri ilkinji gezek däldi. Adat boýunça olar otlynyň duraryna garaşyp durman, sirkdäki jigitleriň çapyp barýan atyň üstüne böküp münüşleri ýaly, gidip barýan otlynyň basgançaklaryna böküp münýärdiler hem-de wagonlaryň içine kürsäp girýärdiler. Adatça otla hüjüm edýänleriň sany ýüzden geçmeýärdi.

Indeýleriň tüpeňi bardy. Ýolagçylaryňam hemmesi diýen ýaly ýaraglydy. Onsoň, olar indeýleriň tüpeň atmaklaryna sapança bilen jogap berýärdiler. Indeýler ilki bilen otlynyň parowozyna tarap okduryldylar. Otly sürüji bilen koçegary[151] kastet bilen urup seňseletdiler. Siu taýpasynyň serdary otlyny saklamakçy boldy, ýöne onuň nädip saklanylýanlygyny bilmänsoň, tizligi sazlaýjynyň tutaýyny ters tarapyna towlady hem-de buguny artdyryp goýberdi welin, otly gaty gorkunç tizlik bilen zowlap, öňküsinedenem gaty gitdi.

Onýança indeýler wagonlara döküldiler. Guduz açan maýmynlar ýaly bolup, olar wagonlaryň üstünden böküp geçýärdiler, gapylaryndan hem-de äpişgelerinden içeri girip, ýolagçylar bilen gyzyl ýumruga girýärdiler. Olar ýük wagonyň gapysyny döwüp girdiler-de, ony taladylar, içindäki ähli goşlary otlydan daşaryk zyňdylar. Goh-galmagal hem atyşyk dowam edýärdi.

Ýolagçylar edermenlik bilen goranýardylar. Käbir wagonlaryň gapysy-äpişgesi mazaly berkidilensoň, sagatda ýüz mil tizlik bilen gidýän hakyky hereketli berkitmeler, galalar ýaly bolup gabawa gahrymanlarça döz gelýärdi.

Hüjüm başlanyndan Auda hanym özüni batyrgaý alyp bardy. Ol

151 Koçegar - otlynyň bug gazanlaryny gyzdyrmak üçin onuň pejiniň oduny ölçerýän işçi.

eline sapança alyp, penjireden indeýiň kellesi göründigi, döwük aýnaň arasy bilen gürpüldedip atýardy. Öldürilen indeýleriň ýigrimisi dagy otludan malçyldap aşaklygyna gaçdy. Wagonyň meýdançasyndan otly ýoluň düşeginiň üstüne gaçan indeýler-ä, otlynyň tigirleriniň astyna düşüp heläk bolýardylar.

Ok degip agyr ýaralanan, ýa-da kastet bilen urlup seňseledilen ýolagçylaryň ençemesi wagonlaryň sekileriniň üstünde ýatyrdy.

Eýdip-beýdip hüjüm edýänleň soňuna çykmalydy. Eger-de otlyny saklap bolmasa, eýýäm on minut bäri dowam edýän söweş, gutulgysyz indeýleriň ýeňşi bilen tamamlanjakdy. Dogrudanam, Kerni bekedine çenli iki mil çemesi ýol galypdy. Ol ýerde amerikanyň harby saklawy ýerleşýärdi. Ýöne, otly şol beketde saklanman geçip gidiberse, onda indiki bekede çenli indeýler otlynyň üstünde hojaýynçylyk etjekdiler.

Jenap Fog bile egin-egne berip söweşýän ýolbelede ok degdi. Ol ýykylyp barşyna:

— Ýene bäş minutdan otly saklanmasa, onda biz heläk bolarys! — diýip gygyrdy.

— Otly saklanar! — diýdi-de, Fileas Fog gapa tarap okduryldy.

— Duruň, jenap, özüm onuň gamyny iýerin! — diýip, Paspartu gygyrdy.

Fileas Fog bu batyr ýigidi saklamaga ýetişmedi. Ol indeýlere görünmän gapyny açdy-da wagonyň aşagyna girdi. Söweş dowam edýärdi. Paspartunyň kellesiniň ýokarsynda oklar iki-baka şuwwuldaşýardy. Ýöne ol köne gimnastikaçynyň çeýeligi, çalasynlygy bilen wagonyň aşagynda zynjyrlardan, buferlerden[152], otlyny duruzyjynyň leňňerlerinden ýapyşyp, ezberlik bilen otlynyň kellesine çenli ýetdi. Ony hiç kim görmedi. Dogrusyny aýtsaň ony görmek mümkinem däldi.

Ýük wagony bilen tenderiň arasynda bir elinde asyl-asyl bolup, beýleki eli bilen gorag zynjyrlaryny aýryp taşlady. Yzygiderli dartylyp duransoň birleşdiriji ildirgiji ol halys sypdyryp bilmedi. Ahyrsoňy silkinip ony aýyrmaga parowozyň özi kömek etdi.

152 Bufer - parowozda wagonlaryň arasyndaky sarsgynyň badyny gowşatmak üçin edilen ýörite tegelek demir gurluş.

Tirkegden boşan parowoz täze güýç bilen öňe okduryldy, otlynyň wagonlary bolsa ýuwaş-ýuwaşdan tizligini gowşatdy.

Otly badyna ýene birnäçe minutlap gitdi. Ýöne ýolagçylar wagonyň içindäki duruzyjylary çekdiler, onsoň otly Kerni bekedine ýüz metr töweregi ýetmän saklandy.

Fortdaky esgerler atyşygy eşidip, gyssagly otlynyň öňünden çykdylar. Indeýler olara garaşyp durman, heniz otly doly saklanmanka zut gaçyp gitdiler.

Bekediň menzilgähinde ýolagçylary atma-at barlananda birnäçe adam ýetmeýär ekeni. Olaryň arasynda hemmeleri halas eden gaýduwsyz fransuzam bardy.

## OTUZYNJY BAŞ

*Bu başda Fileas Fog bary-ýogy öz borjuny ýerine ýetirýär.*

Paspartu bilen ýene iki ýolagçy ýitipdir. Belki-de, olar söweşde öldürilendir? Bekem-de, indeýlere ýesir düşendirler? Häzirlikçe muny hiç kim bilmeýärdi.

Ýolagçylaryň köpüsi ýaralanypdy, ýöne ölüm howply ýaralanan ýokdy. Polkownik Proktor hem erbet ýaralanypdy. Ol tä gasygyna ok degip ýykylýança, gaýduwsyzlyk bilen söweşipdi. Beýleki ýaralananlar bilen birlikde ol hem bekede getirildi. Ol ýerde ýaralananlaryň hemmesine lukmançylyk kömegi berildi.

Auda hanyma söweşde hiç-hili ýara düşmedi. Fileas Foguňam özüni gaýgyrman söweşenine garamazdan, ýekeje ýeri hem sypjyrylmady. Fiksiň eline ýeňiljek ýara düşdi. Ýöne bijaý ýeri Paspartu ýitipdi. Şonuň üçinem ýaş zenanyň gözýaşy kepemeýärdi.

Ýolagçylaryň hemmesi otludan düşdi. Wagonlaryň tigirleri gana boýalypdyr. Tigirleriň gurşawydyr simlerinden et bölekleri sallam-sajak boluşyp durdy. Gara basyrylan sähranyňam nazaryň ýeten ýerinde gyzaryp gan yzy görünýärdi. Indeýleriň galany günortalygyna tutduryp, Repabliken-riwer derýasyna tarap gaçyp gidipdiler.

Fileas Fog ellerini döşünde gowşuryp, gymyldaman durdy. Ol möhüm karara gelmelidi. Auda hanym hem onuň gapdalynda sesini çykarman, oňa seredýärdi... Ol onuň bu garaýşynyň manysyny tirdi. Eger-de, onuň hyzmatkäri ýesir düşäýen bolsa näme etmeli? Fog ony indeýlerden boşatmak üçin hemme zadyny orta goýmaly dälmi?

— Men ony öli bolsa-da, diri bolsa-da gözläp taparyn. — diýip, ol Auda hanyma aýtdy.

— Wah, jenap Fog... jenap Fog! — diýip, ýaş zenan gözlerinden boýur-boýur ýaş döküp, onuň ellerine ýapyşdy.

— Ony diri taparys. — diýip, jenap Fog sözüniň üstüni ýetirdi. — Ýöne biz ýekeje minut wagty hem ýitirmeli däl!

Şeýle netijä gelmek bilen Fileas Fog bar zadyny orta goýýardy. Ol doly tozup, lagar düşmäge kaýyl bolýardy. Ol ýekeje gün eglenäýse, Nýu-Ýorkdan ugraýan gämiden gijä galmagy ähtimaldy. Bu bolsa onuň gutulgusyz jedelde ýeňilmegine getirjekdi. Ýöne ol beýle hereket etmegiň öz borjudygyna düşünensoň, birjik-de ikirjiňlenmedi. Şol mahal Kerni berkitmesiniň ýolbaşçysy kapitan onuň ýanyna geldi. Onuň garamagyndaky ýüz töweregi esger, indeýler menzilgähe hüjüm etmekçi bolaýsalar, olara gaýtawul bermäge taýýar bolup durdular.

— Jenap, ýolagçylaryň üçüsi ýitipdir. — diýip, Fileas Fog oňa ýüzlendi.

— Ölüpdirlermi? — diýip, kapitan sorady.

— Ölen bolmaklaram ahmal, ýesir düşen bolmaklaram. — diýip, Fileas Fog jogap berdi. — Muny anyklamak gerek. Siz indeýleriň yzyndan kowarsyňyz ahyry?

— Jenap, bu mesele gaty kyn. — diýip, kapitan jogap berdi. — Indeýleriň Arkanzas derýasynyň aňyrsyna geçmeklerem ahmal. Meniň özüme ynanylan berkitmäni taşlap gitmäge hukugym ýok.

— Jenap, bu ýerde üç adamyň ömri barada gürrüň gidýär ahyry! — diýip, Fileas Fog dowam etdi.

— Onyňyz dogry... Ýöne men üç adamy halas etmek üçin elli adamy howp astynda goýup bilmen ahweti.

— Men siziň näme etjegiňizi-hä bilemok, ýöne bu siziň borjuňyz.

— Jenap, bu ýerde nämäniň meniň borjumdygyny görkezmäge hiç kimiň hukugy ýok.

— Ýagşy. — diýip, Fileas Fog sowuk jogap berdi. — Meniň bir özüm gidibererin!

— Jenap, siziň bir özüňiz indeýleriň yzyndan kowmakçy bolýaňyzmy? — diýip, bu ýere gelen Fiks gygyrdy.

— Biziň hemmämizi halas eden adamyň şeýdip heläk bolmagyna men hiç-hili ýol berip bilmen. Şonuň üçinem men gitjek!

— Ýok, siz ýeke gitmersiňiz. — diýip, birden bogazy dolan kapitan seslendi. — Ýok! Siz ýürekli adam ekeniňiz! Siziň araňyzdan otuz sany meýletin tapylarmy? — diýip, ol öz esgerlerine gygyrdy.

Rota[153] tutuşlygyna bir ädim öňe ätledi. Kapitan indi olaryň arasyndan saýlap alaýmalydy. Otuz esger saýlanyp alyndy. Ýaşuly seržant[154] olara ýolbaşçy bellendi.

— Sag boluň, kapitan. — diýip, jenap Fog minnetdarlyk bildirdi.

— Menem siz bilen gitsem bolarmyka? — diýip, Fiks biziň jenabymyzdan sorady.

— Gidesiňiz gelse gidip bilersiňiz. — diýip, Fileas Fog jogap berdi. — Ýöne siz Auda hanym bilen galsaňyz maňa uly ýagşylyk etdigiňiz bolardy. Bilip bolmaz birden maňa bir zat bolaýsa...

Polisiýa gözegçisiniň ýüzi şobada üç ýuwlan ak esgä döndi. Diş-dyrnak bolup yzarlap ýören adamsyny ol şeýdip goýberäýmelimi?! Onuň täk özüni bu çöllügiň içine goýberip, bärde arkaýyn oturyp bolarmy?! Fiks dykgat bilen jenap Foga seretdi. Özüniň müňkürligine, kalbyndaky galagopluga garamazdan, ol jenabyň göwnaçyk hem-de parahat nazaryna döz gelip bilmän aşak bakdy-da:

— Bolýa, galaýaryn. — diýdi.

Soňra, jenap Fog ýaş zenanyň elini berk gysyp, özüniň içi pully, gymmatly bukjasyny oňa gowşurdy hem-de seržantyň uly bolmadyk topary bilen ýola düşdi.

Ýöne ol ýola düşülmänkä, esgerlere:

— Dostlar, eger biz ýesirleri halas edäýsek, siziň her haýsyňyza

153 Rota - goşunyň esasy bölümçesi.

154 Seržant - «sergent» diýen fransuz sözünden gelip, «gullukçy» diýen manyny berýär, harby dereje.

müň funt baýrak garaşýar! — diýip aýtdy.

Sagat bolsa ýaňy birden işleýärdi.

Menzilgähiň otaglarynyň birine girip, Auda hanym ýekelikde Fileas Fog barada, onuň gönümelligi hem-de sahawatlylygy, giňgöwrümliligi we mertligi barada pikir edýärdi. Jenap Fog öz borjuny ýerine ýetirmek üçin bar hany-manyny humara goýup, artykmaç gep-gürrüň edip durman, öz janyny hem howp astynda goýýardy. Fileas Fog onuň gözüniň alnynda gahrymana öwrülip barýardy.

Polisiýa gözegçisi Fiks başgaça pikir edýärdi. Olam öz tolgunýanyny gizläp bilenokdy. Ol menzigähde elewräp, iki-baka gatnaýardy. Birneme gahary köşeşensoň, ol ýene-de özüni ele aldy. Fog gitdi! Aňtawjy ony goýberip, dikdüşdilik edenini aňdy. Heý-de beýdäýmek bolarmy?! Ol bu adamyň yzyna düşüp, tutuş ýer togalagynyň daş-töweregini söküp ýör, indem onuň ýekeje özüni goýberdi oturyberdi! Onuň kalbynda gozgalaň turýardy. Ol özüni günäkärläp, edil paýtagtyň polisiýa gözegçisiniň ogrynyň hilesine düşen kelesaň aňtawja sögüşi ýaly, özüne sögýärdi.

«Alasamsyk, pekge! — diýip, Fiks içinden özüni kötekleýärdi. — Ýanyndaky meň kimdigimi oňa aýdan bolarly! Ol ardurja elden sypdy, indem dolanmyýa! Indi ony nireden gözlejek? Gel-gel men, aňtawjy Fiks, jübimde ony tussag etmek barada buýruk haty barka onuň hilesine düşüşimi diýsene?! Hakyky, men tüýs bir ýerinden gelme dikdüşdi, alasamsyk!» Polisiýa gözegçisi şeýdip, özüni ýerden alyp, ýere sokýardy, onuň üçin sagadam juda haýal ýöreýärdi. Ol näme ederini bilenokdy. Arasynda ol Auda hanyma hemmesini gürrüň beräýjegem bolýardy. Ýöne özüniň bu gürrüňleriniň ýaş geline nähili täsir etjekdigine gözi ýetip durdy. Onda näme etmeli? Ol gar basan sähra bilen Foguň yzyndan gitmegiňem pikirini etmän duranokdy! Ony tapmak kynam düşjek däldi, çünki toparyň aýak yzy garyň üstünde oňat görnüp durdy!..

Ýöne tiz wagtdan ýene gar ýagyp, ol yzlaryň üstüni ýapdy.

Ana, şonda Fiksiň içi ýanyp, tütedi. Onuň «gümündenem aňryk gitsin» diýip, bu işi äpberäýesem geldi. Tiz wagtdan Kerni

bekedinden çykyp gidip, özi üçin şeýle şowsuz syýahaty dowam etmäge onda mümkinçiligem döredi.

Dogrudanam, günortanlar gar petde-petde bolup ýagýarka gündogar tarapdan uzyn zoguldy eşidildi. Sary ýalpyldynyň öňüne düşüp gelýän mähnet kölege ümüriň içinden süýşüp gelýärdi. Ümür-dumanam onuň suduryny ulaldyp, oňa ertekilerdäki ýaly gorkunç görnüş berýärdi.

Gündogar tarapdan hiç-hili otla garaşylmaýardy. Telegraf boýunça sargalan otlynyň munuň ýaly çalt gelmäge haky ýokdy. Omahadan San-Fransisko barýan otly bu ýerden ertir geçmelidi. Ahyrsoňy hemme zat aýdyňlaşdy.

Yzyny üzmän çirkin zoguldap, ýuwaşlyk bilen bekede golaýlap gelýän parowoz, otludan üzülip, bihuş bolup ýatan maşinistdir koçegary hem alyp, aýylganç uly tizlik bilen öňe okdurylyp giden parowozdy. Şeýdip, ol birnäçe mile çenli zowlap gitdi, ýöne soňra pejindäki ýangyç gutaryp, ody öçensoň, buguň basyşy gowşap, otly ýuwaş-ýuwaşdan badyny gowşadyp, ýene bir sagatdan Kerni bekedinden ýigirimi mil geçip durdy.

Maşinist bilen koçegar diridi. Olar birhaýukdan özüne geldiler.

Parowoz gymyldaman durdy. Parowozyň çölüň içinde, wagonsyz beýlekisiz ýeke özüniň duranyny gören badyna, maşinist näme bolup geçenine düşündi. Nähili ýagdaýda otlynyň tirkegden boşadylanyny bilmese-de, ol otlynyň yzda galyp, betbagtçylyga uçrandygyna birjikde şübhelenmedi.

Maşinist ikigöwünli bolup durmady, çünki ol näme etmelidigini bilýärdi. Omaha tarapa ýoluňy dowam etmek, elbetde, yza otla tarap dolananyňdan has howpsuzdy. Ol ýerde indeýler henizem otlyny talamagy dowam edýän bolmaklaram ahmaldy... ýöne «näme bolsa şol bolsun» diýip, peje odun bilen kömür okladylar. Buguň basyşy ýene-de ýokarlandy hem-de parowoz yzlykgan ýöräp, iki sagat töweregi wagtdan Kerni bekedine geldi. Dumanyň arasynda yzyny üzmän zoguldaýan şoldy.

Ýolagçylar parowozyň ýene-de otlynyň başyna gelip, öz ornuny eýelänini görüp gaty begendiler. Olara şeýle hesretli kesilen

ýollaryny ýene dowam etmäge mümkinçilik döredi.

Parowoz bekede gelende Auda hanym ýola çykdy-da, konduktordan:

— Ugraýarsyňyzmy? — diýip sorady.

— Hawa hanym, eglenmän ugraýarys.

— Biziň garamaňlaý ýoldaşlarymyz, ýesirler näme?..

— Men hereket tertipnamasyny bozup bilmeýärin. — diýip, ýolbelet jogap berdi. — Onsuzam biz üç sagat gijä galyp barýarys.

— San-Fransiskodan gelýän indiki otly haçan geçýär?

— Ertir agşam!

— Ertir agşam! Bul-a juda giç bolýar. Garaşsak bolmazmyka?..

— Eger-eger, birjigem garaşyp bilemzok. — diýip, ýolbelet onuň bilen ylalaşmady. — Eger-de gitmekçi bolsaňyz, otla münüň.

— Men gijek däl. — diýip, ýaş zenan jogap berdi.

Fiks bu gürrüňi eşidip otyrdy. Mundan biraz ozal, bu ýerden gitmäge hiç hili mümkinçilik ýokka, ol Kerni bekedinden gitmek kararyna gelip otyrdy. Indi otly ugramaga taýýar bolup durka, ol hem wagonda öz ornuna geçip oturaýmalyka, haýsydyr bir güýç ony bu ýere örkläp goýupdy. Bekediň duralgasynda dursa onuň aýaklary bişip barýardy, ýöne onda-da ol otla münäýenokdy. Onuň kalbynda ýene gozgalaň turup başlady. Şowsuzlyk ony gahar-gazaba atarýardy. Ol ahyryna çenli göreşmegi ýüregine düwdi.

Oňa çenli ýolagçylaram, ýaralylaram öz orunlaryny eýelediler. Ýaralylaryň arasynda polkownik Proktoram bardy. Onuň ýagdaýy öwerlik däldi. Otlynyň peji mazaly gyzyp güwwüldäp durdy, onuň hereketlendirijisiniň gapajyklaryndan bug çüwdürilip çykýardy. Ahyry otlynyň sürüjisi parowozy zoguldatdy hem-de otly ýerinden gozgandy. Ol özüniň ak tüssesini tüweleýleýän gar syrgyny bilen garyp, tiz wagtdan gözden ýitdi.

Polisiýa gözegçisi Fiksem galdy.

Birnäçe sagat geçdi. Howa gaty ýaramazlaşdy, aňzak güýjäp başlady. Fiks menzilgähiň sekisiniň üstünde gymyldaman otyrdy. Auda hanym çapgyn şemal ösýänligine garamazdan, özüne berlen otagdan mahal-mahal daşary çykyp görýärdi. Ol otly ýoluň etegine

gelip, gar-syrgynyň içi bilen ümür-dumanly alyslara dykgat bilen seredýärdi. Nähilidir bir ses gulagyna geler öýdüp diňşirgenýärdi. Ýöne bary biderek. Ol sowukdan ýaňa galpyldap, ýene yzyna gaýdýardy. Az salymdan ýene çykýar, ýene netije ýok.

Agşam düşdi. Kiçijik topar dolananokdy. Ol häzir nirede-kä? Indeýleriň yzyndan ýetip bildilermi-kä? Çaknyşyk boldumy-ka, ýa-da dumanyň içinde ugruny ýitiren esgerler çak bilen şol eňip barýamykalar? Kerni berkitmesiniň ýolbaşçysy, bildirmejegem bolsa gaty alada edýärdi.

Gije düşdi. Gar öňküsi ýaly sepeläp durmasa-da, pessaýlyk bilen ýagýardy. Indi howa hasam sowady. Bu gözedürtme tümlük her kesiň howuny basyp biljekdi. Jülgede dym-dyrslyk höküm sürýärdi. It-guş, yns-jyns bu ümsümligi bozmaýardy.

Auda hanym uzynly gije sähraň jümmüşinde oturan bu otly duralgasynda iki-baka aýlandy ýördi. Onuň kalby bir bolmasy işi syzýan ýaly bolup durdy. Ýüregini elhenç dowul tutupdy. Oý-hyýaly ony alyslara äkidip, müň bir howpa duçar edýärdi. Bu geçmesi kyn sagatlaryň dowamynda onuň çeken jebrini ýazyp beýan etmek mümkin däl.

Fiks şol bir oturan ýerinde otyrdy. Ýöne onuňam gözüne çiş kakylan ýalydy. Kimdir biri onuň ýanyna gelip, birzatlar gürleşdi. Ýöne polisiýanyň jansyzy kellesini ýaýkansoň ol çykyp gitdi.

Gije şeýdip geçdi. Gözýetimde ümür-dumanyň içinden Gün öçügsi şöhle saçyp, ýokary göterildi. Indi iki mil töweregi uzaklyga ser salyp boljakdy. Fileas Fog topar bilen ilerligine gidipdi... ýöne ilerde iňlär siňek görünmeýärdi. Ir sagat ýedi boldy.

Gaty iňkise giden kapitan näme etjegini bilenokdy. Birinji toparyň yzyndan kömek üçin ýene bir topar ugratmalymy? Meýletinlik bilen janlaryny orta goýan ýoldaşlaryny halas etmäge ujypsyz mümkinçilik bolany üçin ýene birgiden adam kellesini etegine salmalymy? Ýöne ol uzak ikirjiňlenip durmady. Ol yşarat edip leýtenantlaryň birini öz ýanyna çagyrdy hem-de oňa Günorta tarapy barlap görmegi buýurdy. Edil şol mahalam tüpeň sesleri eşidildi. Belkem-de, bu duýduryşdyr? Esgerler berkitmeden ylgap

çykdylar hem-de ýarym mil aralykdan aman-sag dolanyp gelýän kiçijik topary gördüler.

Jenap Fog öňden gelýärdi. Onuň ýanynda indeýleriň elinden halas edilen Paspartu bilen ýene iki ýolagçy bardy.

Çaknyşyk Kerni berkitmesiniň on mil ilersinde boldy. Topar gelmezinden biraz salym öň, Paspartu bilen onuň iki ýoldaşy özlerini saklaýan garawullar bilen söweşe girdiler. Fransuz ýumrugy bilen indeýleriň üçüsini urup ýatyranda, onuň hojaýyny esgerler bilen kömege ýetişdi.

Halas edilenlerem, halasgärlerem begenjinden gygyryşyp biri-birini gutladylar. Fileas Fog esgerlere wada beren baýragyny paýlady.

Paspartu «Hojaýyn üçin meniň baham juda gymmat ýalaky» diýip, öz ýanyndan pikir etdi. Oňa şeýle pikir etmäge esas hem bardy.

Fiks sesini çykarman jenap Foga seretdi. Bu mahal aňtawjynyň kalbynda darkaş guryan duýgulara düşüner ýaly däldi. Auda hanym barada aýdanymyzda bolsa, onuň biragyz söz aýtmaga mejaly bolman, jenap Foguň ellerini eline alyp, şol gysyp saklady durdy!

Paspartu bekede gelen dessine otlyny gözlemäge başlady. Ol otly Omaha ugramaga taýýar bolup durandyr, bada-bat ugralsa ýitirilen wagtyň öwezini dolup bolar diýip tama edýärdi.

— Otly! Hany otly nirede? — diýip, ol gygyrdy.

— Otly gitdi. — diýip, Fiks jogap berdi.

— Indi otly haçan bolarka? — diýip, Fileas Fog sorady.

— Agşamdan bäri otly bolmaz.

— Hop ýagşy. — diýip, bu derýa ýaly giň jenap, onuň üçin dargursaklyk etmedi.

## OTUZ BIRINJI BAŞ

*Bu başda Fiks Fileas Foguň bähbitlerini ýüregine ýakyn saýýar.*

Fileas Fog ýigrimi sagat gijä galýardy. Muňa biygtyýar sebäp bolan Paspartu içiniň ýangyjyna özüni öldüräýjek bolýardy. Näme

diýip, näme aýtjak, ol öz hojaýynyny özüjik tozdurdy oturyberdi ahweti!

Şu pursat hem polisiýa gözegçisi jenap Foguň ýanyna gelip, onuň garagyna dikanlap bakdy-da:

— Siz dogrudanam şeýle gaty gyssanýarsyňyzmy? — diýip, sorady.

— Men hakykatdanam örän gaty gyssanýaryn. — diýip, Fileas Fog jogap berdi.

— Ýüregiňize düşýän bolsam günämi öteweriň. — diýip, Fiks dowam etdi. — Siz Nýu-Ýorka aýyň on birine, agşam sagat dokuza çenli, ýagny Liwerpula gidýän gäminiň ugramazynyň öňüsyrasy hökman baraýmalymy?

— Hökmany suratda barmaly.

— Eger-de indeýler çapawulçylyk edip, syýahatyň arasyny üzmedik bolsalar, siz aýyň on birine irden Nýu-Ýorka baraýjak ekeniňz-dä?

— Hawa-la, gäminiň ugramagyna on iki sagat galanda baryp boljakdy.

— Hop, ýagşy. Siz häzir ýigrimi sagat gijä galýarsyňyz. Ýigrimidenem on ikini aýyrýas, sekiz sagat galýar. Şu sekiz sagady tygşytlasak hemmesi ýerbe-ýer bolýar. Synanyşyp göresiňiz gelenokmy?

— Pyýadamy? — diýip, jenap Fog sorady.

— Ýok, gar arabasynda. — diýip, Fiks düşündirmäge durdy. — Ýelkenli gar arabasynda. Maňa bir adam ulagyň bu görnüşini teklip etdi.

Fiks gije menzilgähde otyrka ýanyna gelen şol nätanyş adam barada aýdýardy. Şonda, Fiks onuň teklibini ret edipdi.

Fileas Fog oňa hiç hili jogap bermedi, ýöne Fiks menzilgähiň öňünde gezmeläp ýören adamy görkezende, biziň jenabymyz onuň ýanyna bardy. Sähel salymdan Fileas Fog bilen Maj familiýaly bu amerikaly pyýada Kerni bekediniň diwarynyň alkymynda gurlan saraýa girdiler.

Ol ýerde jenap Fog öz bolşuna bir gelşiklije, nowalyja ulagy

gördi. Nowa iki sany uzyn agajyň üstünde oturdylypdyr. Agaçlaryň öň tarapy gar arabalarynyň taýgyçlary ýaly edilip, aýlanyp gaýşardylypdyr. Onuň üstünde bäş-alty adam arkaýyn ýerleşip biljekdi. Nowanyň öň böleginde uzyn bogaldak beýgelip durdy. Oňa juda mähnet üçburç ýelken berkidilipdir. Bogaldagyň demir tanaplar bilen mäkäm berkidilen düýp esasy, gäminiň burnunda ýatyrylyp goýlan demir bogaldaga direýärdi. Demir bogaldak gytak durýan uly üçburç ýelkeni goýmak üçin ulanylýardy. Arabanyň yzky böleginde bu ulagy dolandyrmak üçin enjam bardy.

Gepiň külesi, bu araba gämi ýaly edilip enjamlaşdyrylypdyr. Gyşyna düzlük gara basyrylyp doňanda, otlularyňam köplenç halatda ýola gar syransoň saklanmaly bolýan ýagdaýlarynda, şeýle gar arabalary bir beketden beýleki bekede gitmek üçin ulanylýar. Olaryň ýelkeni ýaryş gämileriniňkiden has uly bolýar, çünki gar arabalarynyň agdarlar gorkusy ýok. Ugurdaş şemal bolanda olar, düzlükde hat gatnadýan otludan çalt bolmasa haýal typýan däldir.

Az salymdan jenap Fog bilen bu gury ýer gämisiniň eýesi arasynda el uruşdylar. Şemal ugurdaşdy. Ol göni günbatardan ösýärdi. Özem güýçli öwüsýärdi. Garyň ýüzem doňudy. Onsoň, Maj jenap Fogy birnäçe sagatdan Omaha bekedine eltmegi boýun aldy. Ol ýerde otly gatnawy kändi. Çikago bilen Nýu-Ýorka tarap çekilen otly ýolam kändi. Ýitirilen wagtyň öwezini dolmaga oňat mümkinçilk bardy. Şonuň üçinem ikirjiňlenip durmagyň geregi ýokdy.

Auda hanymy üsti açyk ulagda sowuk ýelli howada horlamajak bolup, jenap Fog oňa Kerni bekedinde galmagy teklip etdi. Üstesine-de, ýokary tizlikde howa hasam sowajakdy. Paspartu hem galyp oňa esewan bolmalydy hem-de ýaş gelni has amatly ýol bilen has oňat şertlerde Ýewropa eltmelidi.

Jenap Fogdan aýra düşesi gelmän, Auda hanym bu teklipden ýüz öwürdi. Paspartu hem muňa gaty begendi. Ol öz hojaýynyny hiç-hili ýagdaýda-da Fiks bilen bile galdyrmak islemeýärdi.

Polisiýa gözegçisiniň bu mahal näme pikir edýändigini aýtmak kyn. Jenap Fog Kerni bekedine dolanyp gelensoň aňtawjy onuň ogrudygy baradaky pikirinden el çekmedimikä? Ýa-da ol ony, ýeriň

daş-töweregine aýlanyp, Angliýa dolanyp gelensoň özüne degilmez öýdýän, atyň kellesi ýaly ýürekli kezzap hasaplaýarmyka? Fiksiň Fileas Fog baradaky pikiri üýtgäýenem bolmagy ahmal, ýöne onuň öz borjuny berjaý etmek barada ynanjy welin mizmezligine galdy. Şonuň üçinem ol Angliýa dolanmaga hemme kişiden beter howlugýardy.

Ir sagat sekizde gar arabasynyň ugramagy üçin ähli zat taýýar boldy. Syýahatçylar (olara ýolagçylar diýseň birhiliräk boljakdy) özleriniň ýol ýorgançasyna mäkäm dolanyp, arabanyň üstüne geçip oturdylar. Ägirt uly iki ýelken ýokary göterildi hem-de gar arabasy ýeliň güýjüne, garyň üsti bilen sagatda kyrk mil tizlik bilen typyp gitdi.

Kerni berkitmesi bilen Omahanyň arasy gönüläp gitseň, ýa-da amerikalylaryň aýdyşy ýaly «aryň uçuşy ýaly» gitseň iki ýüz milden köp däldi. Eger-de, ýel ugurdaş bolsa bu arany bäş sagatda geçse boljakdy. Hiç hili waka ýüze çykmasa gar arabasy günortanlar sagat birde Omaha ýetmelidi.

Baý-bow, ýol ýöredik diýip, şuňa diýseň! Syýahatçylar biri-birine jebis gysylyşyp otyrdylar. Olaryň gürleşmäge ýagdaýy ýokdy. Tizligiň täsiri bilen hasam güýjeýän aňzak howa demiňi berenokdy. Gar arabasy düzlügiň üsti bilen, edil suwda ýüzüp barýan gämi ýaly, sähelçe-de yranman ýeňiljek taýyp barýardy. Ýel batly öwsende, gar arabasy ägirt uly ganatlara meňzäp duran ýelkenleri bilen uçup gidýän ýaly bolýardy. Maj gar arabasynyň dolandyryjysyny çakganlyk bilen gönükdirip, takyk ugur alýardy. Ýelkenleriň ählisi göterilipdi. Kliweri[155] täzeden goýup, stengany[156] ýokary göterdiler hem-de goşmaça ýelken goýdular. Bularyň hemmesi gar arabasynyň tizligini has hem ýokarlandyrdy. Arabanyň tizligini matematiki takyklyk bilen hasaplamak mümkin däldi. Ýöne onuň tizliginiň sagatda kyrk milden pes däldigi görnüp durdy.

— Eger ulagymyzyň bir ýeri döwüläýmese, Omaha wagtynda bararys. — diýip, Maj tekrarlaýardy.

Majyň dogrudanam, ol ýere wagtynda ýetesi gelýärdi. Çünki,

155 Kliwer - gäminiň öň tarapyndaky gytak görünýän üçburç ýelken.
156 Stenga - bogaldagyň uzaldylan bölegi.

jenap Fog öz edähedine laýyklykda oňa ep-esli baýrak wada beripdi.

Gar arabasynyň gönüläp barýan sährasy edil deňziň suwy ýaly tep-tekizdi. Ol ägirt uly doňan howdany ýada salýardy. Demir ýol bu ýerde Günorta-Günbatardan Demirgazyk-Günbatara baka, Grand-Aýlendiň üsti bilen Nebraska ştatynyň uly şäheri bolan Kolumbusdan Skulere, Frimonta hem-de Omaha barýar. Özem Plat-riweriň sag kenaryny sypdyrman gidýär. Gar arabasy, demir ýoluň aýlanyp gidýän ýolunyň oky boýunça gidip, ýoly ep-esli gysgaltdy. Frimontyň öň ýanynda uly aýlawy emele getirýän Plat-riwerden geçjek bolnanda eglenmeli bolar öýdüp Maj birjikde alada etmeýärdi. Çünki, derýanyň suwy doňupdy. Şeýlelikde, ýoluň tutuş dowamynda päsgelçilik ýokdy. Şonuň üçinem Fileas Fog diňe iki zatdan — bir-ä gar arabasynyň döwlerinden, birem ýeliň ugruny üýtgetmeginden ýa-da ýatmagyndan heder etmelidi.

Ýöne ýel gowşanokdy-da, tersine gitdigiçe bekine tutýardy. Ol şeýle bir güýçli ösýärdi welin, demir tanaplar bilen berkidilen bogaldak egrelip gidýärdi. Ägirt uly saz gurallarynyň kirişlerini ýada salýan bu demir tanaplar ýelden ýaňa, göýä göze görünmeýän sazanda kemençesini iki-baka süýkeýän ýaly zaryn ses edýärdiler. Bu zaryn sazyň astynda gar arabalary görülmedik tizlik bilen öňe gidýärdi.

— Bu demir tanaplar kwintadanam[157], oktawadanam[158] owaz berýärler. — diýip, Fileas Fog belledi.

Ol tutuş ýoluň dowamynda şundan başga bir agyz hem söz aýtmady. Ýol ýorgançasyna we possuna mäkäm dolanan Auda hanym mümkin boldugyça sowukdan goraglydy.

Paspartu babatynda aýdanymyzda bolsa aýazly howany tiz-tizden demine soransoň, onuň ýüzi ümürli howa-da görünýän Günüň sudury ýaly dym-gyzyl bolupdy. Özüne mahsus bolan mizemez ruhubelentlik bilen, ol ýene-de işleriniň ugruna boljagyna tama edip başlady. Hawa-da, olar Nýu-Ýorka irden däl-de agşam ýetjekmiş-dä, tapawudy näme, Liwerpula gidýän gämä ýetişseler boldugydyr-da!

Paspartunyň öz ýarany Fiksiň elini gysaýasy geldi. Ýelkenli gar

157 Kwinta - skripkanyň we beýleki käbir saz gurallarynyň iň ýokary sesli kirşi.

158 Oktawa - pes, ýogyn ses.

arabalaryny onuň tapany hem-de hut aňtawjy sebäpli hojaýynynyň Omaha wagtynda gelip biljegi onuň ýadyndady. Emma haýsydyr bir içki duýgusynyň yzyna eýerip, ol onuň elini gysmakdan özüni saklaýardy hem-de ozalkysy ýaly Fikse ätiýaç bilen garaýardy.

Her niçik bolsa-da Paspartu indi bir zady, jenap Foguň özüni siu taýpasynyň indeýleriň elinden boşatmak üçin ähli zadyny orta goýanyny ömürbaky ýadynda saklar. Onuň üçin jenap Fog öz hany-manyny, şirin janyny orta goýdy ahyry... Hawa! Muny onuň hyzmatkäri hiç haçan ýadyndan çykarmaz!

Syýahatçylaryň her haýsy öz içki pikirlerine gümra bolup otyrkalar, gar arabasy bu uç-gyraksyz garly halynyň üstünden uçaýjak bolup barýardy. Mahal-mahal olar kiçeňräk derýajyklary, Litl-Blu-riweriň goşantlaryny ýa-da goşantlarynyň goşantlaryny kesip geçýärdiler. Hatda muny syýahatçylar duýanokdylaram, çünki meýdanam, akarlaram hemmesi birmeňzeş ak dona bürenipdi. Sähralykda yns-jyns ýokdy. Ýuwaş umman demir ýoly bilen Kerni berkitmesinden Sent Jozefe gidýän şahanyň aralygynda ýerleşen bu ýer, ägirt uly adam aýagy sekmedik adany emele getirýän ýalydy. Bu ýerde oba-da, bekedem, berkitme-de ýokdy. Kämahal bir garyň aşagynda ýegşerip oturan, ýeliň zarbyna iki bükülýän ýalňyz oturan agaçlar görünýärdi. Käwagt ýabany guşlaryň sürüsi sähranyň üstünden güsürdäp, asmana göterilýärdi. Mahal-mahal aç-hor koýotlar[159] nämedir bir lukma ýeter öýdüp, gar arabasynyň yzyndan kowýardylar. Paspartu sapançasyny eline alyp, olaryň haýsysy golaýlaşsa atmaga häzirlenip durdy. Eger-de gar arabasyna bir zat bolaýsa, bu zabun ýyrtyjylaryň hüjümine duçar bolan syýahatçylaryň gününe it aglardy. Ýöne gar arabasy jebisligini saklap, öňe okdurylyp barýardy. Onsoň, tiz wagtdan bu ýyrtyjylaryň sürüsi uwlaşyp yzda galdy.

Günortanlar Maj haýsydyr bir alamatlar arkaly, özleriniň Platriwerden geçendiklerini bildi. Ol ýoldaşlaryna hiç zat aýtmady, ýöne onuň özi Omaha çenli ýigrimi milden köp galmandygyny anyk bilýärdi.

159 Koýot - itler maşgalasyna degişli, Demirgazyk we Merkezi Amerikada ýaşaýan möjeklere meňzeş süýdemdiriji jandar.

Şondan bir sagat geçip-geçmänkä, ezber sürüji dolandyryjydan elini aýyrdy-da, howul-hara ýelkenleri ýygnap başlady. Gar arabasy badyna ýene ýarym mil dagy gitdi. Ahyrsoňy ol saklandy hem-de Maj hatar duran jaýlaryň gar basan üçeklerini görkezip:

— Ynha, ahyry geldik! — diýdi.

Olar geldiler! Olar her günde otlularyň gaty känisiniň Birleşen Ştatlaryň gündogaryna tarap ugraýan bekedine geldiler!

Paspartu bilen Fiks towsup ýere düşdüler-de, elleriniň we aýaklarynyň gurşugyny ýazdylar. Soňra olar Auda hanyma hem-de jenap Foga düşmäge kömek etdiler. Fileas Fog gaty jomartlyk edip, Maj bilen hasaplaşdy. Paspartu hem onuň elini gysdy. Soňra olaryň dördüsi hem menzilgähe tarap eňdiler.

Nebraska ştatynyň möhüm merkezi bolan Omaha şäherinde Missisipi derýasynyň suwaýrydyny Ýuwaş umman bilen birleşdirýän Ýuwaş umman demir ýoly tamamlanýar. Omahadan, Çikago-Rok-Aýlend ýoly diýlip atlandyrylýan, göni Gündogarlygyna gidýän täze demir ýol başlanýar. Bu ýolda Çikago çenli elli beket bar.

Göni gatnaw otlusy ugramaga taýýar bolup durdy. Fileas Fog bilen onuň ýoldaşlary otla zordan münüp ýetişdiler. Omaha şäherini olar hiç hili görüp bilmediler, ýöne Paspartu muňa gynanybam durmady. Bu mahal şäher synlamagyň wagty däldigine ol düşünip durdy.

Otly Aýowa ştaty boýunça Kaunsil-Blafs, De-Moýn hem-de Aýowa-Siti şäherlerinden uly tizlik bilen geçip gitdi. Gije ol Dawenportuň ýanynda Missisipini kesip geçdi hem-de Rok-Aýlendiň üsti bilen Illinoýs ştatynyň çäklerine girdi. Ertesi güni 10-njy dekabrda, agşam sagat dörtde otly Çikago geldi. Bu şäher harabalykdan[160] täzeden ösüp, ajaýyp Miçigan kölüniň kenarynda indi hasam gözel görnüşe eýe boldy.

Çikago bilen Nýu-Ýorkuň arasy dokuz ýüz mile deň. Bu ýerde otly kändi. Şonuň üçinem jenap Fog olaryň birinden düşüp, beýlekisine münýärdi. Pittsburg — Fort-Ueýn — Çikago ýolunyň tizlikli otlusy, hormatly jenabyň wagt ýitirmeli däldigine düşünýän

160 1871-nji ýylda Çikagonyň aglaba bölegini ýangyn ýok edýär.

ýaly, aldygyna sürüp gitdi. Ol Indiana, Ogaýo, Pensilwaniýa, Nýu-Jersi Ştatlarynyň üsti bilen gadymy atlar dakylan täze şäherleriň birenteginiň deňesinden geçdi. Ol şäherleriň köpüsiniň köçelerem, ýaby goşulyp çekilýän demir ýollaram taýyndy, diňe jaýlary ýokdy. Ahyrsoňy Gudzon göründi hem-de 11-nji dekabrda, gije on ikä on bäş minut galanda otly menzilgähde saklandy. Menzilgäh derýanyň sag kenarynda, «Kunard-laýn» kompaniýasynyň gämileriniň duralgasynyň gabat garşysynda ýerleşýärdi.

Liwerpula gidýän «Hytaý» atly gämi, mundan kyrk bäş minut ozal, labyrdan boşanyp, ýola düşüpdi.

# OTUZ IKINJI BAŞ

*Bu başda Fileas Fog gönüden-göni şowsuzlyk bilen darkaş gurmaga girişýär.*

Fileas Foguň ähli umydam «Hytaý» gämisi bilen sumat bolana döndi.

Dogrudanam, Ýewropa bilen Aziýanyň arasynda gatnaýan gämileriň hiç haýsy, hala ol fransuz Transatlantika kompaniýasynyňky bolsun, hala-da «Uaýt-star-laýn» kompaniýasynyňky bolsun, «Immen» ýa-da Gamburg ugrunyňky diýermiň, aý garaz başga-da haýsy gämi bolanlygynda-da Fileas Foguň maksatlaryna laýyk gelmeýärdi.

Hakykatdanam, fransuz Transatlantika kompaniýasynyň tizligi boýunça beýleki ähli ugurlaryň gämilerinden birjikde pes oturmaýan, rahatlylygy boýunça-ha olaryň hemmesine gaýra dur diýýän ajaýyp gämileriniň biri «Pereýr» gämisi ýene iki günden, 14-nji dekabrda ýüzüşe ugraýardy. Onuň üstesine-de, edil Gamburg kompaniýalarynyň gämileri ýaly bu gämi hem göni Liwerpula ýa Londona gitmän, Gawra degip geçýärdi. Gawrdan Sautgemptona barmak üçin artykmaç geçilmeli ýol bolsa Fileas Fogy mazalyja eglejekdi hem-de onuň ahyrkyja tagallalarynyň hem üstüne atanak çekjekdi.

«Immeniň» gämileriniň biri «Pariž şäheri» gämisi ýene bir günden ýola düşýärdi. Ýöne ol barada kelle agyrdyp oturmagyň geregem ýok. Bu gämi esasan göçüp gidýänleri gatnatmak üçin niýetlenendi. Olaryň maşynlarynyň güýji pes, ýoluň köp bölegini olar ýelken bilen geçýärler. Şonuň üçinem olaryň tizligi juda çaman gelýär. Nýu-Ýorkdan Angliýa barmaga olar, jedelde ýeňmek üçin jenap Foguň ygtyýarynda galanja günlerden köp wagt sarp etjekdiler.

Biziň jenabymyz ummanyň ähli gämi ýollary jikme-jik görkezilen Bredşouyň ýol görkeziji kitapçasyna seredip bu zatlara anyk göz ýetirdi.

Paspartu gaty erbet boldy. Bary-ýogy kyrk bäş minut gämä gijä galandyklary baradaky pikir ony otdan alyp, suwa oklaýardy. Hemme zada onuň bir özi günäkär. Jenabyna kömek etmäge derek ol onuň ýoluna böwet goýýar. Bu syýahadyň külpetlerini ýatlap, diňe öz günäsi bilen ýitirilen ummasyz puly hasaplap, bu juda uly goýuma edilen jedel hakynda pikirlenip, syýahat üçin biderek ýere ýele sowrulyp, jenap Fogy tozduran pullar barada oýlanyp, neresse oglan maňlaýyny ýumruklap, özüni ýere sokaýjak bolýardy.

Ýöne Fileas Fog nägile bolup, oňa ýekeje agyz sözem diýmedi. Transatlantika ugurlary boýunça gidýän gämileriň duralgasyndan çykyp, ol öz ýoldaşlaryna:

— Gideliň. Agşamyň haýryndan ertiriň şeri ýagşy, ertir nämedir bir alaç taparys. — diýdi.

Jenap Fog, Auda hanym, Fiks hem-de Paspartu kiçijik gämide Gudzondan ýüzüp geçdiler hem-de ýeňiljek paýtuna münüp, Brodweýdäki «Sent-Nikolas» myhmanhanasyna geldiler. Ol ýerde kireýine otag alyp, gijäni geçirdiler. Gije adatdakylary ýaly gaty arkaýyn uklan Fileas Fog üçin çalt geçen bolsa-da, gaýgy-aladadan ýaňa gözlerine çiş kakylan ýaly bolan Auda hanym bilen onuň beýleki ýoldaşlary üçin geçer ýerde geçmedi.

Ertesi gün 12-nji dekabr ýetip geldi. 12-nji dekabrda ir sagat ýediden, 21-nji dekabrda agşam sekiz sagat kyrk bäş minuda çenli, dokuz gije-gündiz on üç sagat kyrk bäş minut galypdy. Eger-de Fileas Fog düýn, «Kunard-laýn» transatlantika gämi kompaniýasynyň

iň ýyndam gämileriniň biri bolan «Hytaý» gämisi bilen ýola düşäýenliginde, ol Liwerpula, soňra bolsa Londona ediljek bellenilen wagtda barardy!

Jenap Fog hyzmatkärine özüne garaşmagy hem-de Auda hanyma haçan ýör diýilse taýyn bolmalydygyny tabşyryp, myhmanhanadan çykdy.

Ol Gudzonyň kenaryna geldi hem-de duralgada duran, şeýle hem derýanyň ortasynda labyr taşlan gämileriň arasyndan üns bilen ýüzüşe taýýar bolup duranlaryny gözledi. Birentek gämi baýdagyny göterip, irki daşgyn bilen deňze çykmaga häzir bolup durdy. Nýu-Ýorkuň ägirt uly hem-de ajaýyp portundan her gün onlarça gami dünýäniň çar künjegine tarap ýola düşýärdi. Ýöne olaryň aglabasy ýelkenli gämiler bolansoň, Jenap Foga olaryň nepi degjek däldi.

Jenabymyzyň soňkuja synanyşygyndanam derek bolmajak ýaly bolup durka, birden ol kenardan bir kabeltowlyk[161] uzaklykda labyrda duran gämini gördi. Ol çarhly işleýän, daşky görnüşi gelşikli söwda gämisidi. Onuň turbalaryndan burugsap çykýan tütün tiz wagtdan ýüzüşe ugrajagyndan habar berýärdi.

Fileas Fog kireýine gaýyk tutup, oňa mündi hem-de bäş-üç kürek uransoň, agaçdan ýasalyp, daşy demir bilen gurşalan «Genriettanyň» münelgesine ýetdi.

«Genriettanyň» kapitany onuň üstünde ekeni. Fileas Fog gämä münüp, ony çagyrmagy haýyş etdi. Olam uzak garaşdyrman geldi.

Ol elli ýaşlaryndaky hakyky deňiz börisi diýdirýän pyýada ekeni. Özem iňirdewükden bir oňşuksyz adam bolarly. Peträp hanasyndan çykaýjak bolup duran ýaşylymtyl gözleri, çypar saçy, guýlan kenek ýaly göwresi onuň köpçüligiň adamsy däldigini görkezip durdy.

— Siz kapitanmy? — diýip, jenap Fog sorady.

— Hawa, men kapitan.

— Men Fileas Fog, özümem Londonly.

— Men bolsa Endrýu Spidi, Kardifden.

— Siz bahym ugraýarsyňyzmy?

— Bir sagatdan ugraýan.

161 Kabeltow - «kabeltouw» diýen niderland sözünden. Deňizde ulanylýan uzynlyk ölçeg birligi. 1 kabeltow-0,1 deňiz miline ýa-da 185,2 metre barabar.

— Nirä gidýäňiz?

— Bordo.

— Ýüküňiz näme?

— Ýüküm daş bile kesek. Hiç hili ýüküm ýok. Olaram agramlyk üçin alyp barýan.

— Ýolagçylaryňyz barmy?

— Ýolagçylarym ýok. Hiç haçan bolmazam. Ýolagçy diýeniň goh-galmagally, jana dert ýük bolýa.

— Gämiňiz gowy ýöreýärmi?

— Sagatda on bir-on iki mil. «Genriettany» tanamaýan ýok.

— Siz meni Liwerpula äkitmäge razymy? Ýanymda-da ýene üç sany ýoldaşym bar.

— Liwerpula diýýäňmi? Hytaýa gidesiň gelenokmy?

— Men Liwerpula diýip aýtdym.

— Ýok!

— Gitmersiňizmi?

— Ýok. Bordo gitjek diýdimmi, Bordo-da giderin.

— Näçe pul bolsa-da gitjek dälmi?

— Näçe pul bolsa-da gitjek däl.

Kapitan bu sözleri gaňryşyna gaýdylsa myrryhy tutýan äheňde aýtdy.

— Ýöne «Genriettanyň» hojaýyny... — diýip, Fileas Fog oňa nämedir bir zatlar aýtmakçy boldy.

— «Genriettanyň» hojaýyny men. — diýip, kapitan jogap berdi. — Bu gämi meniňki.

— Onda men ony kireýine tutýan.

— Ýok!

— Men ony satyn aljak.

— Ýok!

Fileas Fog munuň üçin eger-eger gaşynam çytmady. Ýöne ýagdaý öwerlik däldi. Nýu-Ýork Gonkonga meňzänokdy, «Genriettanyň» hojaýynam «Tankaderanyň» hojaýynyna. Şu mahala çenli biziň jenabymyzyň puly ähli böwetleri böwsüp geçýärdi. Emma bu gezek puluňam emri ýöräýenokdy.

Her zat etmeli welin, Atlantik ummanyny ýüzüp geçmäge gämi tapmalydy. Ýogsa, howa şarynda uçaýmasaň dagy alaç ýokdy. Olam gaty hatarlydy, mümkin däl diýseňem bolman durjak däl.

Fileas Foguň kellesine bir pikir geläýdi öýdýän, ol kapitandan:

— Ýagşy, siz meni Bordo äkitmäge razy dälmi? — diýip sorady.

— Ýok, siz maňa iki ýüz dollar beräýeniňizde hem äkitjek gümanym ýok!

— Men size iki müň dollar bererin.

— Adam başynamy?

— Adam başyna.

— Sizem dört adammy?

— Hawa, dört adam.

Kapitan Spidi kellesini gaşap başlady. Özem şeýlebir gaşady welin, tas maňlaýynyň hamyny sypyrypdy. Ýolugra sekiz müň dollar gazanmak! Onça pul beriljek bolsa ýolagçy diýlip atlandyrylýan ýüke bolan ýigrenjiňi içiňe salaýsaňam bolman durjak däldi. Dogrusyny aýtsaň iki müň dollara durýan ýolagçylar, ýolagçy däl-de gymmatbaha haryt ahyry.

— Men dokuzda ýüzüşe gidýärin. — diýip, kapitan Spidi gysgaça aýtdy. — Eger-de siz, onsoňam siziň ýoldaşlaryňyz...

— Sagat dokuzda biz gäminiň üstünde häzir bolarys. — diýip, Fileas Fog hem onuň edil özi ýaly gysga sözli jogap berdi.

Ir sagat dokuzyň ýarydy. «Genriettadan» düşüp, Fileas Fog kenara çykdy-da, paýtun tutdy hem-de Auda hanymy, Paspartuny, onsoňam ýanlaryndan aýrylmaýan Fiksi almak üçin myhmanhana dolanyp geldi. Fikse onuň özi özleri bilen bile gitmegi sypaýyçylyk bilen teklip etdi. Özem biziň jenabymyz nähili ýagdaý bolanda-da özüni terk etmeýän sowukganlylygy bilen muny Fikse aýtdy.

«Genriettanyň» ýüzüşe ugramaly mahaly olaryň dördüsem gäminiň üstündediler.

Özleriniň soňky syýahatynyň näçä düşjegini eşidende, Paspartu «oh-how» diýip bir içini çekdi welin, onuň sesi ýokary äheňden iň pes äheňe çenli sesleriň ählisini öz içine aldy!

Fiks barada aýdanymyzda bolsa ol, «Her näme edende-de

Angliýa banky bu işde ep-esli ýitgi çekmeli bolar» diýen karara geldi. Dogrudanam, eger-de Fileas Fog ýene birnäçe daňy puly deňize zyňaýmasa, syýahatyň ahyryna çenli onuň pully bukjasy ýene ýedi müň funt sterlingden gowrak ýeňlemelidi.

# OTUZ ÜÇÜNJI BAŞ

Bu başda Fileas Fog emele gelen ýagdaýdan baş alyp çykýar.

Ýene bir sagatdan «Genrietta» Gudzona girelgäni görkezýän, suwda ýüzýän maýagyň deňesinden ötüp, Sandi-Huk burnundan aýlanyp geçdi-de açyk deňze çykdy. Gündiz ol Faýr-Aýlendiň maýagyndan garagörnüm daşlykda Long-Aýlendiň alkymyndan geçip, gündogara tutdurdy.

Ertesi güni 13-nji dekabrda gäminiň nirä ýetenini kesgitlemek üçin bir pyýada kapitan sekijiginiň üstüne çykdy. Okyjy, elbetde ol kapitan Spididir diýip pikir edýändir. Ol düýbünden başga adam bolsa nädersiň?! Ol eskwaýr Fileas Fogdy.

Kapitan Spidi hakynda aýdanymyzda bolsa ol öz kaýutasyna salnyp, daşyndanam gulplanyp goýlupdy hem-de kapitan ýerde gaharyna hyr-hyr edýärdi. Dogry, oňa gaharlanmaga ýeterlik sebäbem bardy.

Hemme zat öz-özünden bolaýdy. Fileas Fog Liwerpula gitmek isledi, kapitanyňam ony äkidesi gelmedi. Onsoň, Fileas Fog Bordo gitmäge razy boldy, ýöne ol gäminiň üstüne münensoň otuz sagadyň içinde pulyny şeýle bir işletdi welin, gämini dolandyryjy toparyň ählisi, ýönekeý deňizçilerden başlap, gäminiň pejine ot salyjylara çenli hemmesi onuň tarapyna geçdiler. Dogrusyny aýtsaň, olar gaty bir ygtybarly däl ekeni, üstesine-de kapitan bilenem aralary gowy däl bolarly. Ine şu sebäpli hem kapitan sekisiniň üstünde Endrýu Spidiniň ýerine Fileas Fog buýruk berýärdi, Endrýu Spidiniň özi bolsa hut şu sebäbe görä öz kaýutasynda daşyndan gulplangy ýatyrdy, iň esasam hut şu sebäpli «Genrietta» hem Liwerpula barýardy. Fileas Foguň gämini dolandyryşyndan onuň birmahallar deňizçi bolany görnüp durdy.

Munuň soňunyň nähili bolanyny okyjy az-kem soňra biler. Häzir bolsa Auda hanym her näçe syr bermejek bolsa-da bu wakany juda alada edýärdi. Fiks-ä ilkibada gaty özüni ýitirdi. Bir Paspartu bu wakany tüýs bir bolaýan zat diýip hasaplady.

Kapitan Spidi «Genrietta» sagatda on bir, on iki mil geçýär diýip aýdypdy. Hakykatdanam, onuň ortaça tizligi şeýle ekeni.

Dokuz günde, ýagny 12-nji dekabrdan 21-nji dekabra çenli «Genrietta» Angliýanyň kenarlaryna ýetäýmelidi, eger-de... Ynha, şu eger-desi bar-da. Özem birem däl, gaty köp eger-desi bar. Eger-de deňiz asuda bolsa, eger-de ýel öz ugruny üýtgetmese, eger-de gäminiň hereketlendirijisine ýa-da özüne zeper ýetmese, «Genrietta» Nýu-Ýorkdan Liwerpula çenli bolan üç müň mili şol möhletde geçäýmelidi. Dogry, «Genriettada» bolan bu waka, bankdan pul ogurlanmagy bilen bilelikde biziň jenabymyzy öz barasy gelýän ýerinden düýbünden başga bir ýere eltmegem ahmaldy.

Ýüzüşiň ilkinji günleri örän gowy şertlerde geçdi. Deňiz asudady, ýelem birsyhly Demirgazyk-Gündogara baka öwüsýärdi. Ýelkeni göterdiler welin, «Genrietta» tüýs transatlantika gämisi ýaly ýüzüp gitdi.

Paspartunyň keýpi ýyldyza toýnak salýardy. Jenap Foguň soňky edermenligi ony haýrana goýdy. Onuň soňunyň nämä barjagyna fransuz gözüni ýumýardy. Gäminiň topary hiç mahal onuň ýaly şadyhorram ýigidi görmändi. Ol deňizçiler bilen warsaky urup, olara sirk oýunlaryny görkezip aňkardýardy. Olaryň berekellasyny ýetirip, her hilije içgiler bilen olary hezzetleýärdi. Onuň aýtmagyna görä deňizçiler gaty abraýly, peçleriň oduny ölçerýänler bolsa gahrymanlar ýaly gulluk edýärdiler. Onuň alçaklygy hemmeleriň göwnüni açýardy. Paspartu öňki gören kynçylyklaryny, horluklaryny ýadyndan çykardy. Ol diňe arzyly maksadyň ýakynlaşýanlygy barada pikir edýärdi. Özüniňem karary ýetmän, «Genriettanyň» peçlerindäki ýaly oda-köze düşüp barýardy. Kämahallar bu gerçek ýigit Fiksiň ýanyna baryp, oňa köpmanyly serederdi, ýöne bir agyzam geplemezdi. Sebäbi indi olaryň ozalky dostlugyndan nam-nyşan galmandy.

Fiks barada aýtsak, indi ol asla hiç zada düşünmeýärdi! «Genriettanyň» eýelenmegi, deňizçileriň satyn alynmagy, Fileas Foguň hakyky deňizçiler ýaly gämini dolandyrmagy — bularyň hemmesi ony çaşyň gözüne sereden ýaly etdi. Ol näme pikir etjeginem bilenokdy! Ýöne elli bäş müň funt sterling pul ogurlamakdan başlan jenap, iň soňunda gämi ogurlamakdan gaýdar öýdýäňmi?! Onsoň Fiks, elbetde Fog tarapyndan dolandyrylýan gämi Liwerpula däl-de, başga bir ýere barýandyr diýen netijä geldi. Ol ýerde ogry deňiz garakçysy bolar-da, özüni bütinleý howpsuz duýar! Dogrusyny aýtsaň, bu çaklama sülä gelmänem duranokdy. Onsoň aňtawjy hem bu işe baş goşanyna ökünip başlady.

Kapitan Spidi öz kaýutasynda guduz açýardy. Onuň bokurdagyna göz-gulak bolmak Paspartuwa tabşyryldy. Ol öz gujur-gaýratyna bäs gelip bilmeýän bolsa-da, kaýuta girende gaty ätiýaç etmeli bolýardy. Jenap Fog-a kapitanyň bu ýagty jahanda barlygynam unudana meňzeýärdi.

Aýyň on üçüne «Genrietta» Nýufaundlend bankasyndan[162] çykdy. Ummanyň bu bölegini geçmek gaty güzap görkezýär. Bu ýeriniň, esasanam gyşyna ümür-dumanam, gaý-tupanam ýetik bolýardy. Barometr baryp-ha düýn tapba aşak düşüp, howanyň bahym üýtgejekdigini görkezdi. Dogrudanam, gijäniň dowamynda howa gaty sowady, Günorta-Gündogardan ýiti şemal öwsüp ugrady.

Bu gaty howpludy. Jenap Fog ugury üýtgetmezlik üçin ýelkenleri düşürip, bugy güýçlendirmeli diýip buýruk berdi. Deňiziň ýagdaýy şeýle bolansoň, öňi-soňy gäminiň tizligi üzül-kesil peseldi. Mähet tolkunlar gäminiň burnuna pagşyldap urýardy. Gämi öňe-yza çaýkanyp başlady. Bu hem onuň tizligini gowşadýardy. Ýel gitdigiçe güýçlenýärdi. Indi onuň harasada öwrüler gorkusy hem ýok däldi. «Genriettanyň» tolkunlaryň şatysyna çydamajagy görnüp durdy. Harasatdan gaçyp gutuljak bolsaňam, soňunyň nämä barjagy belli däldi.

Paspartunyň ýüzem, asmanyň ýüzem birbada garaldy. Sada ýigidiň iki gün bäri gaýgy-alada edip gara jany galanokdy. Ýöne

162 Banka - deňziň ýalpak ýeri.

Fileas Fog gaty gaýratly deňizçidi. Ol suw belasy bilen nähili göreşmelidigini ilik-düwme bilýärdi. Şonuň üçinem gäminiň buguny birjikde gowşatman, diňe öňe dyzaýardy. «Genrietta» tolkunyň üstünden geçip bilmedik halatynda, gäminiň üstüni suw-sil edip, göni onuň içinden urup, parran böwsüp geçýärdi. Kämahallar deňiz gomlary gäminiň syrtyny ýokary göterende, onuň çarhlary suwuň ýokarsynda görünýärdi. Şonda gäminiň çarhlarynyň kürekleri howada ala-zenzele bolup aýlanýardy. Ýöne her näme bolsa-da gäminiň ümzügi öňedi.

Dogry, ýel elheder etdirýän derejede güýçli däldi. Bu ýel sagatda togsan mil tizlik bilen ösýän gaý-tupan däldi, ýöne gaty çapgyn şemaldy. Iň bolmaýan ýerem, ol üznüksiz Günorta-Gündogardan ösýärdi. Şonuň üçin ýelkenleri galdyrybam bolanokdy. Ýelkenleriň kömegi bolsa, özüňizem bilýänsiňiz, şu mahal tüýs ýerine düşjekdi!

On altynjy dekabrda Londondan çykylanyna ýetmiş bäş gün boldy. Umuman aýdanymyzda «Genrietta» häzirlikçe juda gaty gijä galybam baranokdy, şonuň üçin dowula düşübermegiň geregem ýokdy. Ýoluň iň kyn ýeri geçilipdi, indi ähli ýoluň ýarysyndan sähel gowrak ýol geçmelidi. Tomus bolaýanlygynda ýoly wagtynda geçjegiňe gaty arkaýyn bolsaňam bolardy, ýöne gyşyna hemme zat howanyň garaşyk etmegine baglydy. Paspartu içini hümledip ýördi. Onuň ýüreginiň töründe «Eger şemal olara garaşyk etmese, bugly maşynyň kömegi bilen maksadymyza ýeteris» diýen inçejik tama bardy.

Bu mahal gäminiň mehanigi paluba çykyp, jenap Fogy tapdy-da onuň bilen nämedir bir zat hakynda janygyp gürleşmäge başlady.

Nämüçindigini-hä bilemizok, megerem süňňi bir zatlar syzandyrda, Paspartunyň kalbyna gaýa-gopuz ýok ýerden dowul aralaşdy. Ol sekiniň üstünde näme barada gepleşilýändigini bir gulagy bilen eşitmek üçin beýleki gulagyny goparyp bermäge kaýyldy. Her niçigem bolsa bir-iki agyz söz onuň gulagyna ildi. Ol jenap Foguň:

— Siz muny gara çynyňyz bilen aýdýaňyzmy? — diýenini eşitdi.

— Gara çynym jenap. — diýip, mehanik jogap berdi. — Deňze çykalymyz bäri bug gazanlaryň ählisiniň dynuwsyz işläp duranyny

özüňizem bilýärsiňiz ahweti. Nýu-Ýorkdan Bordo çenli bug gazanyny gowşagrak ýakanymyzda kömür ýetse ýeterdem welin, munuň ýaly aldygyna ýakyşymyza Nýu-Ýorkdan Liwerpula çenli ýetmejegi köre mälim.

— Hany men biraz oýlanyp göreýin. — diýip, jenap Fog jogap berdi.

Paspartu hemmesine düşündi. Asyl kömür gutaraýan ekeni!

— Baý-baý-ow, hojaýynym munuňam bir alajyny tapaýsa, onda onuň uçursyz zor adam boldugy! — diýip, ol içini gepletdi.

Fikse gabat gelende, ol saklanyp bilmän oňa bu zatlary gürrüň beräýdi. Aňtawjy hem:

— Siz henizem Liwerpula barýandyrys öýdýäňizmi? — diýip, mydyr-mydyr etdi.

— Içigaragalmyş! Dagy nirä bolsun!

— Berebekgeý diýsäni! — diýip hümürdedi-de, polisiýa gözegçisi egnini gysyp gitdi.

Paspartu özüne berlen bu häsiýetnama üçin onuň merkini beräýeýinem bir diýdi, ýöne Fiks görgüliniň ýalan pikire gulluk edip, ýalňyşyp, biderek ýere ýeriň daş-töweregine guýruktutdy oýnap aýlanyp ýörenine nebsi agyryp, onuň bu günäsini geçmegi ýüregine düwdi.

Ýöne Fileas Fog indi nämä bil baglaýarka? Kim bilýä? Ýöne bu derýa ýaly giň jenap belli-külli pikire gelen bolarly. Sebäbi ol şol agşam mehanigi ýanyna çagyrdy-da, oňa:

— Ody güýçlendiriň hem-de tä ýangyç doly gutarýança aýagaldygyna bugy goýberiň. — diýdi.

Ýene birnäçe minutdan «Genriettanyň» turbalaryndan burum-burum bolup goýy tüsse al-asmana göterildi.

Gämi iň ýokary tizliginde ýüzýärdi, ýöne ýene iki günden, aýyň on sekizine mehanik gelip, kömrüň bir güne-de ýetmejegini aýtdy.

— Ody peseltmeli däl! — diýip, jenap Fog buýruk berdi. — Gaýtam, buguň basyşyny öňküdenem güýçlendiriň.

Şol gün günortanlar, jenap Fog gäminiň duran ýeriniň giňişligini hem uzaklygyny kesgitledi-de, Paspartuny çagyrdy hem-de oňa

kapitan Spidini alyp gelmegi buýurdy. Sada ýigit bu habary, özüne gaplaňy zynjyrdan boşatmak tabşyrylan ýaly bolup diňledi. Sekiden düşüp barşyna, ol:

— Aý, ol guduzlana döner! — diýip hüňürdedi.

Dogrudanam, birnäçe minutdan goh-galmagalyň, paýyş sözleriň arasyndan gämä bomba düşen ýaly boldy. Ol bomba kapitan Spididi. Özem ol bomba ýarylaýjak bolup durdy.

— Biz nirede? — diýip, kapitan gele-gelmäne gahardan ýaňa demi-demine ýetmän gygyrdy welin, beýnisine gan urmasa-da biri diýdirdi. — Biz nirede? — diýip, ol gahardan ýaňa çym-gyzyl bolup, sowalyny gaýtalady.

— Liwerpuldan ýedi ýüz ýetmiş mil daşlykda. — diýip, jenap Fog gaty arkaýynlyk bilen oňa jogap berdi.

— Saňa deňiz galtamany diýerler! — diýip, Endrýu Spidi hyr-hyr etdi.

— Jenap men sizi çagyryp...

— Deňiz garakçysy, talaňçy!

— ...gämiňizi maňa satmagyňyzy haýyş etmekçi bolýaryn. — diýip, Fileas Fog sözüni dowam etdi.

— Ýok! Jyn urmuş, ýok!

— Men siziň gämiňizi ýakmasam boljak däl.

— Meniň gämimi ýakjak bolýaňyzmy?!

— Hawa, bolmanda onuň agaçdan edilen ýerlerini ýakmaly boljak, ýogsa bizde ýangyç ýetmezçilik edýär.

— Meniň gämimi, elli müň dollara durýan gämimi ýak-ýakyp bol-bolarmy? — diýip, kapitan Spidiniň dili diýen etmän ugrady.

— Ynha size altmyş müň. — diýip, Fileas Fog kapitana daňy-daňy pul uzatdy.

Bu Endrýu Spidini jadylady. Altmyş müň dollara parahatlyk bilen seredip biljek ýekeje amerikalam tapylmaz. Kapitan şobada gahar-gazabynam, özüniň bendilikde oturanynam, Fileas Foga bolan ýigrenjinem ýadyndan çykardy. Gäminiň ýasalanyna ýigrimi ýyl dagy bolupdy. Şonuň üçinem beýle söwda juda jüpüne düşjekdi!.. Hany, indi ýaňky ýaryljak bolup duran bomba ýarylybilse ýarylsynda,

göreli. Şeýtdi-de, Fileas Fog bombanyň peltesini aýryp taşlady.

— Onuň daşky demir gurşawy meniň özüme galarmy? — diýip, kapitan ýumşaşyp, sorady.

— Hawa, daşky gurşawam seňki, maşynam. Razymy?

— Razy.

Onsoň, Endrýu Spidi Fileas Foguň elindäki pul daňylaryny alyp, sanady-da jübüsine dykdy.

Bu waka seredip duran Paspartunyň ýüzi ak tam boldy. Fiks-ä tas özünden gidipdi. Ýigrimi müň funt töweregi eýýäm sowuldy. Onuň üstesine-de, bu Fog diýilýän bir töwra adam gäminiň eýesine onuň daşky gurşawy bilen maşynynynam berýär. Başga gämide meňki bolsun diýer ýaly zat galýarmy, näme? Dogry, bankdan elli bäş müň funt ogurlanypdy!..

— Geňirgenip durmaň. — diýip, jenap Fog pullary jübüsine salyp duran Endrýu Spidä ýüzlendi. — Eger-de men Londona ýigrimi birinji dekabrda, agşam sekiz sagat kyrk bäş minutda baryp bilmesem, ýigrimi müň funt sterling ýitirýärin. Men Nýu-Ýorkda gämiden gijä galdym, sizem meni Liwerpula äkitmekden ýüz öwürdüňiz...

— Aý şon-a gaty oňarypdyryn, jyn urmuş diýsäni, özem elli müň jyn birlikde urawersin! — diýip, Endrýu Spidi şoh boldy. — Gaty oňarypdyryn, çünki men şeýdip, kyrk müň dollar peýda gördüm oturyberdim! — Soňundanam ol birneme parahat äheňde: — Bilýärsiňizmi, kapitan neme...

— Fog.

— Ynha, şeýle kapitan Fog, sizde amerikan gatanjy bar öýdýän.

Bu sözler onuň Fileas Foguň göwnüni götermek üçin öwen bolup aýtdygydy. Soňra Endrýu Spidi gitjek boldy, ýöne Fileas Fog ony saklady-da:

— Diýmek gämi indi meňki-dä? — diýip sorady.

— Hawa, başyndan aýagyna çenli seňki, ýöne diňe tagtalary!

— Hop ýagşy. Ähli içki germewleri söküňde, şoň bilen gazanlary gyzdyryň.

Buguň kadaly basyşyny saklamak üçin näçe agajyň gerek

bolanyny göz öňüne getirip görüň. Şol günüň özünde gäminiň ýokarky palubasynyň arka tarapy, gämi otaglary, aşaky paluba — hemmesi peje girdi.

Ertesi gün 19-njy dekabrda, palubanyň üstündäki ähli enjamlar bilen olaryň ätiýaçlyk bölekleri ýakyldy. Bogaldagy ýykdylar-da, palta bilen çapyp bölek-bölek etdiler. Gäminiň deňizçileri gaty yhlas etdiler. Paspartu hem çapýardy, hem kesýärdi hemem byçgylaýardy, gepiň külesi onuň bir özi on adamlyk işleýärdi. Garaz gäminiň üstünde weýrançylygyň piri peýda bolana döndi.

Ertesi güni, 20-nji dekabrda gämi diwarlarynyň germewleri bilen gäminiň suwuň ýokarsyndaky ähli bölekleri, palubanyňam köp bölegi ýakyldy. «Genriettany» şeýle bir jontartdylar welin, indi ol gämä däl-de suwda ýüzýän pontona[163] çalym edip durdy.

Şol günem Irlandiýanyň kenary görnüp, Fastenet maýagy aýyl-saýyl saýgartdy.

Ýöne agşam sagat sekizde gämi ýaňy bir Kinstonyň gaçysynyň deňine gelipdi. Londona barmak üçin Fileas Foguň ygtyýarynda ýene-de bary-ýogy ýigrimi dört sagat galypdy. Bujagaz wagtda «Genrietta» ähli tizligi bilen gidende-de Liwerpula baraýsa zor boldugydy. Garadangaýtmaz jenapda bolsa buguň basyşyny saklamak üçin indi odun galmandy!

— Jenap meniň size gaty haýpym gelýär. — diýip, ahyrsoňy jenap Foguň etsem-petsemlerine gyzygyp başlan Kapitan Spidi oňa duýgudaşlyk bildirdi. — Ähli zat siziň garşyňyza! Biz ýaňy Kinstona ýetdik.

— Hä-ä, şol görünýän yşyklar şoňkumy? — diýip, jenap Fog sorady.

— Hawa.

— Biz gämi duralgasyna girip bilermikäk?

— Üç sagatdan bärde girip bolmaz. Şonda daşgyn wagtynda girse bolar.

— Näme, garaşaýmaly bolar-da. — diýip, jenap Fog parahat jogap berdi. Onuň ýüzünden özüne ýeňsesini öwürýän takdyr bilen

163 Ponton - gark bolan gämileri çykarmak üçin polat esbap.

iň soňky gezek darkaş gurmakçy bolýandygyny aňjak gümanyň ýokdy!

Kinston irland kenarýakasynda ýerleşýän kiçeňräk portdy. Onda transatlantika gämileri Birleşen Ştatlaryň hat-peteklerini düşürýärdiler, ondanam hatlar aragatnaşyk otlulary arkaly Dubline getirilýärdi. Ol ýerden bolsa ýyndam gämiler ony Liwerpula eltýärdi. Şeýdip, aragatnaşykçylar umman kompaniýalarynyň iň ýyndam gämilerindenem on iki sagat dagy öňürdýärdiler.

Amerikanyň aragatnaşykçylarynyň şol utýan on iki sagadyny Fileas Fog hem utmakçy bolýardy. Ol şeýdip «Genrietta» bilen Liwerpula ertesi gün agşam barmaga derek, günortan barmakçydy, soňundanam Londona agşam sekiz sagat kyrk bäş minuda ýetişmekçidi.

Gije birlerde, daşgyn wagtynda «Genrietta» Kinston portuna girdi hem-de Fileas Fog kapitan Spidiniň elini berk gysyp hoşlaşdy. Ol bolsa özüniň sallam-sajak bolan, ýöne onda-da özi üçin alnan bahanyň bolmanda ýarysyna degýän gämisinde galdy.

Ýolagçylar kenara çykdylar. Bu pursatda Fiksiň jenap Fogy tussag edesi gelip içini it ýyrtýardy. Ýöne onda-da ol beýtmedi! Näme üçin? Onuň kalbynda nähili topalaň turýarka? Onuň jenap Fog baradaky pikiri üýtgäýdimikä? Ýa-da ol ahyrsoňy öz ýalňyşanyna düşünäýdimikä? Onçasy belli däl, ýöne ol biziň jenabymyzyň yzyndan-a galanokdy. Jenap Fog, Auda hanym hem-de heniz demini dürsemäge-de ýetişmedik Paspartu bilen, ol gije ikiň ýarynda Kinstonda otla mündi hem-de daňdanlar Dubline geldi, şobada hem olar bilen hat-pet gatnadýan gämileriň birine mündi. Ol gämi hakyky polat böwüsgiç bolup, gaty güýçli maşyn bilen enjamlaşdyrylandy. Ol hiç-hili tolkundan ätiýaç etmezden olary parran böwsüp geçýärdi. 21-nji dekabrda, ýigrimi minudy kem on ikide Fileas Fog Liwerpulyň kenarýakasyna geldi. Indi ol Londondan bary-ýogy alty sagatlyk ýoldady.

Şu pursatda onuň ýanyna Fiks geldi. Onuň egnine elini goýdy-da, oňa özüne ygtyýarlyk berýän resminamasyny görkezip:

— Siz jenap Fileas Fogmy? — diýip sorady.

— Hawa, jenap.
— Şa zenanyň ady bilen siz tussag edilýäňiz.

## OTUZ DÖRDÜNJI BAŞ

Bu başda Paspartu ýaňsa alyp gülmäge sebäp tapylýar.

Fileas Fog türmede. Ony Liwerpul gümrükhanasyndaky polisiýa saklawyna saldylar. Jenap Fog ol ýerde Londona iberilmegine garaşyp gijäni geçirmelidi.

Tussag edilende Paspartu aňtawjynyň üstüne özüni oklajak boldy, ýöne ony polisiýa işgärleri sakladylar. Wakanyň juda mojukdygyna Auda hanymyň haly teň boldy. Ol bu zatlardan bihabar bolansoň hiç zada düşünip bilmeýärdi. Paspartu oňa nämäniň nämedigini düşündirdi. Jenap Fog, bu päk ýürekli hem batyrgaý adam ogry hökmünde tussag edilen bolsa nätjek! Ýaş gelin oňa şeýle betgüman bolunmagyny oňlamady, gaharlandy, öz halasgärini halas etmek üçin elinden hiç zat gelmeýänine jany ýanyp aglady-eňredi.

Fiks barada aýdanymyzda bolsa ol biziň jenabymyzy tussag etmek bilen öz borjuny berjaý edipdi. Onuň üçin günälimi bigünämi, parhy ýok. Adalatly kanun höküm çykarar!

Şonda Paspartunyň kellesine erbet pikir geldi. Bolan zatlaryň hemmesine onuň täk özi günäkär! Dogrudanam, ol näme üçin bu wakalary jenap Fogdan gizledi, diýsene. Fiksiň kimdigini, onuň maksadyny bilen dessine, näme üçin ol öz hojaýynyna duýdurmady? Öňünden bilen bolsa Fileas Fog Fikse özüniň bigünädigini subut etmegi başarardy ahbeti. Ol, elbetde oňa ýalňyşýandygyny düşündirerdi, juda bolmanda öz hasabyna bu nälet siňen aňtawjyny yzyna tirkäb-ä ýörmezdi. Gör-ä, Birleşen Patyşalygyň çäklerine gadam basylan badyna onuň bar aladasy, özüni aş bilen urany daş bilen urmak ekeni. Özüniň biperwaýlygy, seresapsyzlygy barada pikirlenip, biçäre ýigit özüni gaty kötekleýärdi. Ol şeýle bir eňreýärdi welin, dözer ýaly däldi, neressä. Ýumruklap, maňlaýyny ýaraýjak bolýardy!

Howa çigrek bolsa-da Auda hanym bilen Paspartu gümrükhananyň

girelgesinde galdylar, bu taýdan gitmegiň pikirinem etmediler. Olar ýene bir gezek jenap Fogy görmek isleýärdiler.

Jenabymyz barada aýdanymyzda bolsa, indi ol doly hem gutarnykly tozupdy. Özem ediljek maksadyna ýetäýmeli bolup durka, ynha şeýle bolaýdy! Tussag edilmegi onuň başyna ýetdi. 21-nji dekabrda on ikä ýigrimi minut galanda Liwerpula gelensoň, onuň ygtyýarynda ýene dokuz sagat bäş minut bardy. Çünki, ol Özgertmeler klubuna dokuza on bäş minut galanda barmalydy. Bu ýerden Londona ýol bary-ýogy alty sagat alýar, ahbeti!

Şu mahal gümrükhana giren her bir adam jenap Foguň agaç oturgyçda gymyldaman, gaty arkaýyn oturanyny görerdi. Ol takdyra kaýyl bolupdyr diýip aýdar ýaly däldi. Ykbalyň soňky urgusy hem ony birjik-de aljyratmandy. Daşyndan görseň-ä şeýle ýaly. Belkem, ol ahmyryny içine salýandyr. Ol-a hasam ýaman. Sebäbi, uzak içiňe salsaň ahyrsoňy bir ýerden ýaryp çykýar. Kim bilýär, belli bir zat diýer ýaly däl. Ýöne Fileas Fog hemişekileri ýaly asuda hem parahatdy. Özem nämedir bir zada garaşýan ýaly... Ýöne nämä? Ol henizem nämedir bir zatdan tamakin bolýarmykan? Daşyndan türmäň gapysy ýapylansoňam işiniň ugruna boljagyna ynanýarmyka?

Onçasyny bilemzok, ýöne jenap Fog sagadyny emaý bilen stoluň üstünde goýup, onuň diliniň hereketine seredip oturdy. Ýeke agyz geplemese-de, onuň nazarynda birtüýsli galagopluk duýulýardy.

Her näme diýseňem ýagdaý juda myrtardy. Fileas Foguň näme pikir edýänini bilmäýeňde-de, ynha şeýle netijä gelse boljakdy:

Eger-de Fileas Fog dogruçyl, päk adam bolsa, onda ol tozdy.

Eger-de ol ogry bolsa, onda ol tutuldy.

Ol halas bolmak barada pikir edýärmikä? Ol türmeden çykmagyň alajyny gözleýärmikä? Gaçmagyň gamyny iýýärmikä? Ahmal. Dogrudanam, ol nämüçindir tarsa ýerinden turup, otagyň içine aýlanyp ugrady. Ýöne gapy pugta ýapylgydy, penjirelerem demir gözeneklidi. Ol ýene ýerinde oturdy, jübüsinden ýol ýazgysyny ýazýan ýan depderçesini çykardy-da «21-nji dekabr, şenbe, Liwerpul» diýlip ýazylan ýazgynyň yzyna «80-nji gün, irden 11 sagat 40 minut» diýip goşdy.

Soňra ýene-de garaşmaga başlady.

Gümrükhananyň binasyndaky sagat biriň jaňyny urdy. Jenap Fog öz sagadynyň iki minut ozýandygyny belledi.

Sagat iki boldy! Ol şu mahalam hat-pet gatnadýan otla münäýenliginde, Özgertmeler klubuna wagtynda baryp biljekdi. Ol gaşyny çytdy...

Iki sagat otuz üç minutda daşardan galmagal eşidilidi, jygyldap gapy açyldy, Paspartu bilen Fiksiň sesi eşidildi.

Jenap Foguň gözleri ýiteldi.

Polisiýa saklawynyň gapysy açyldy, hem-de ol özüne baka gelýän Auda hanymy, Paspartuny hem-de Fiksi gördi.

Fiks sojap dem alýardy, saçam buýr-bulaşykdy... Ol geplemäge zordan ýaraýardy:

— Jenap... — diýip, ol mydyrdady. — Jenap... günämi ötüň... juda mojuk meňzeşlik... Hakyky ogry üç gün ozal tussag edilipdir... siz... azat!..

Fileas Fog azatlyga çykdy. Ol aňtawjynyň ýanyna geldi. Onuň ýüzüne dykgat bilen seredip, ömründe ilkinji we megerem iň soňky gezek şeýle çalasyn hereket etdi, iki elinem yza çekip awtomatyň tizliginde bedibagt aňtawjyny ýumruklary bilen ýepbekledi.

— Juda ajaýyp urgy, içigaragalmyş! — diýip, Paspartu hezil edip, gygyrdy hem-de hakyky fransuzlaryňky ýaly gödeklik bilen ýaňsa alyp, Fiksiň üstünden güldi. — ynha saňa iňlis boksundan ajaýyp sapak, özem halys mugtuna, öwren!

Ýere ýazylyp ýatan Fiks ýeke agyz sözem aýdyp bilmedi. Oňa geregem şoldy, uçugynam aldy. Jenap Fog, Auda hanym hem-de Paspartu gümrükhanadan ur-tut çykdylar-da, şobada paýtun tutup, ýene birnäçe minutdan menzilgähe bardylar.

Fileas Fog bada-bat Londona gidýän ýüwrük otly bilen gyzyklandy... Sagat dört bolmaga ýigrimi minut bardy... Londona gidýän ýüwrük otly mundan otuz bäş minut ozal ugrapdyr.

Fileas Fog şobada ýörite otly sargady.

Beketde uly kuwwatlykly parowozlaryň birnäçesi taýyn bolup durdy, ýöne demir ýol hereketiniň düzgünine laýyklykda ýüwrük

otla sagat üçden bärde ugramak bolmaýardy.

Sagat laýyk üç bolanda Fileas Fog otlyny sürüji bilen baýrak babatynda bir-iki agyz gürleşdi-de, ýaş zenan bilen öz wepaly hyzmatkärini ýanyna alyp, nirdesiň London diýip eňdi.

Liwerpuldan Londona bäş ýarym sagatda baraýmalydy. Tä barynçaň ýol boş bolsa munuň müşgilligem ýokdy. Ýöne nätjek, ýolda isleseň islemeseň bökdençlik bolýar. Biziň jenabymyz Londonyň menzilgähine gelende, şäheriň ähli sagatlary on minudy kem dokuzy görkezýärdi.

Fileas Fog ýeriň daş-töweregine aýlanyp çykdy, ýöne Londona bellenilen möhletden bäş minut gijä galyp geldi!.. Haýp!..

Ol jedelde utdurdy.

# OTUZ BÄŞINJI BAŞ

*Bu başda Paspartu Fileas Foguň bir aýdanyny iki gaýtaladanok.*

Ertesi gün Sewil Rou köçesiniň ýaşaýjylaryna Fileas Fog dolanyp geldi diýseň gaty geň galardylar. Onuň ýaşaýan jaýynyň gapylaram, äpişgelerem ýapykdy. Daşyndan seretseň hiç hili üýtgeşiklik ýokdy.

Hakykatdanam, Fileas Fog menzilgähden çykan dessine Paspartuwa azyk-owkat satyn almagy tabşyryp, öýüne ugrady.

Biziň jenabymyz öz başyndan inen külpete özüne mahsus bolan mertlik bilen döz geldi. Ol indi tozupdy! Özem bir aňkaw polisiýa gözegçisi sebäpli tozdy! Ähli ýoly ynamly gadam urup geçip, müňlerçe päsgelçiligi ýeňip, müňlerçe howpdan çekinmän, hatda ýol ugruna birnäçe haýyr işi amal edip, edil maksada ýetdim diýip durkaň, ýatsaň-tursaň küýüňe gelmejek, amal edip bolmajak zoňtar güýjüň öňünde yza tesmek, bu elbetde juda ýaman degýärdi. Ýola ugranda onuň özi bilen alyp giden ep-esli pulundan oňly zat galmandy. Onuň bar galan emlägi doganlar Beringleriň bankynda galan ýigrimi müň funt sterlingden ybaratdy, onam ol jedelde utulany üçin Özgertmeler klubundaky kärdeşlerine eltip bermelidi. Bu çykaran çykdajylaryndan soňra, ol jedelde utaýanynda-da baýajak däldi. Dogry ol baýamak üçin jedelem etmändi, çünki ol

abraý üçin jedel edýän adamlaryň hataryna girýärdi. Ýöne bu jedelde utdurmagy ony düýbünden tozdurýardy. Ýöne her niçik bolanda hem ol aýgytly karara gelipdi. Biziň jenabymyz özüniň indi näme etmelidigini bilýärdi.

Sewil Roudaky jaýyň otaglarynyň biri Auda hanymyň ygtyýaryna berildi. Ýaş gelniň haly teňdi. Ol jenap Foguň gep urşundan onuň aýylganç işe baş urmakçy bolýanyny aňypdy.

Was-was keseline ýolugyp, ýok hyýalyň küýüne mübtela bolan iňlisleriň soňunyň nähili ýaman gutarýany hemmelere mälimdir. Şonuň üçinem Paspartu duýdurman, öz jenabynyň her bir hereketini gözden salmazlyga çalyşýardy.

Ilki bilen sada ýigit öz otagyna bardy hem-de segsen gün bäri ýanyp duran gazyň gözüni öçürdi. Hatlar üçin gapyrjakda ol gaz kompaniýasynyň hasap hatyny tapdy hem-de gönüden-göni özüne degişli bolan bu çykdajyny indi beri bes etmegi dogry diýip tapdy.

Gije geçdi. Jenap Fog ýerine geçip, başyny ýassyga goýdy, ýöne ol ukladymyka? Kim bilýä? Auda hanymyň-a gözüne çiş kakylana döndi. Paspartu bolsa eýesine wepaly it ýaly hojaýynynyň gapysynyň agzynda uzakly gije dik oturdy.

Ertesi gün irden jenap Fog ony ýanyna çagyrdy hem-de Auda hanym üçin ertirlik taýýarlamagy tabşyrdy. Onuň özi ýaga jyzyrdadylan çörek hem-de bir käse çaý bilen oňar. Goý Auda hanym ertirlik hem günortan naharyna ýanyna barmany üçin ony bagyşlasyn, çünki ol öz işlerini birýanýüzli etmeli. Agşam ol gürrüňdeşlik üçin özüne birnäçe minut ejaza bermegini ondan haýyş eder.

Paspartuwa özi üçin görkezilen gün tertibini ýerine ýetiräýmek galdy. Ýöne ol hemişekileri ýaly arkaýyn hojaýynyna seredip, onuň otagyndan çykyp gitmäge ýürek edip bilenokdy. Onuň ýüregi gyýym-gyýym bolup durdy. Oňa wyždany ezýet berýärdi. Sebäbi, ol bu düzedip bolmajak betbagtlyga özüni günäkär saýýardy. Hawa, eger-de ol jenap Foga duýduran bolsady, Fiksiň pyssy-pujurlyklarynyň üstüni açan bolsady, onda jenap Fog aňtawjyny yzyna düşürip, Liwerpula alyp gelmezdi, ana şonda...

Paspartu mundan artyk saklanyp bilmedi...

— Jenap Fog, meni ýazgaryň! — diýip, ol gygyrdy. — Men günäkär, hemme...

— Men hiç kimi ýazgarmaýaryn. — diýip, jenap Fog parahat jogap berdi. — Baryň, işiňiz bilen boluň!

Paspartu otagdan çykdy-da, öz jenabynyň nämeleri ýüregine düwýändigi bilen habarly etmek üçin ýaş zenanyň ýanyna bardy.

— Hanym... — diýip, ol söze başlady. — meniň-ä etjek alajym ýok! Jenap Fog maňa hiç hili pitiwa etmeýär. Belkem-de siz...

— Maňa pitiwa eder öýdýärsiňizmi? — diýip, ýaş zenan jogap berdi. — Jenap Fog başga gulak asýan adamlaryň hilinden däl! Ol meniň özüne bolan çäksiz minnetdarlyk duýgularyma hem hiç mahal düşünmedi! Ol ýekeje gezegem meniň kalbymdan çykýan sedany diňlemedi... Gadyrdan ýoldaşym, ony sähelçe salymam ýeke goýmaly däl. Siz, ol şu gün meniň bile gürleşmek isleýär diýdiňizmi?

— Hawa hanym. Ol megerem siziň Angliýada geljekki durmuşyňyzyň aladasyny etmekçi bolýar öýdýän.

— Garaşyp göreliň. — diýip, ýaş zenan aýtdy hem-de oýa batdy.

Görşümiz ýaly bu ýekşenbede Sewil Rou köçesindäki bu jaýda janly jemende bara meňzänokdy. Mejlisiň binasynyň diňindäki sagat on ikiniň ýarynyň zaňyny uranda, Fileas Fog bu jaýda ýaşaýan döwründe ilkinji gezek kluba baka ýola düşmedi.

Näme üçin biziň jenabymyz Özgertmeler klubuna gitmedikä? Indi ol ýerde oňa hiç kim garaşmaýardy. Ol düýn özi üçin bedibagt günde, şenbe güni, 21-nji dekabrda agşam sekiz sagat kyrk bäş minutda ol ýere baryp bilmedi hem-de oýnunda utdurdy. Utduran ýigrimi müň funt sterlingini alyp, hasaplaşmak üçin hatda oňa banka gitmegiňem geregi ýokdy. Onuň garşydaşlarynyň ellerinde özüniň gol çeken hasaplaşyk resminamasy bardy. Şony görkezdikleri ýetik, Fileas Foguň puly olaryň hasabyna geçýärdi.

Şeýlelikde, jenap Foga öýden çykmagyň hiç hili geregi ýokdy, şonuň üçinem ol hiç ýaňa çykmadam. Ol otagynda öz işlerini birýanýüzli etmäge gümra boldy. Paspartu bolsa uzyn gününi SewilRou köçesindäki jaýyň basgançaklaryndan bir aşak, birem

ýokaryk ylgap geçirdi. Neresse oglan üçin sagatlar gaty haýal geçdi. Ol jenabynyň gapysyna gulagyny goýup diňşirgenýärdi. Özem muny gelşiksiz hasap edenokdy! Açar sokulýan yşdan otagyň içine jyklabam görýärdi. Muňa özüniň doly haky bar diýip hasap edýärdi! Paspartu her pursatda pajygaly wakanyň bolaýmagyna garaşýardy. Mahal-mahal ol Fiksi hem ýatlaýardy, ýöne onuň aňtawjy barada pikiri indi düýpgöter üýtgäpdi. Ol polisiýa gözegçisini indi günäkärlemeýärdi. Fiks jenap Fog babatynda ýalňyşdy, ony yzarlady, tussag etdi. Ýöne ähli adamlar ýaly öz borjuny ýerine ýetirýändirin öýdüp şeýtdi. Paspartu bolsa... Bu pikir oňa hunaba ýuwutdurýardy. Ol özüni gutaran kezzap hasaplaýardy.

Paspartu ýeke özi hesretini içine salyp halys uwnup çydamasa, Auda hanymyň gapysyny kakyp, onuň otagyna girerdi-de, sesini çykarman çüňke geçerdi hem-de agyr oý-hyýala çümen ýaş zenany synlap oturardy.

Agşam sagat sekiziň ýarynda jenap Fog Auda hanymdan özüni kabul etmegini haýyş etdi hem-de olar tiz wagtdan otagda ikiçäk galdylar.

Fileas Fog oturgujy alyp, pejiň ýanynda, ýaş gelniň gabat garşysynda oturdy. Onuň ýüzünden hiç zat aňar ýaly däldi. Jenap Fog syýahatdan dolanyp gelensoňam, edil syýahada gitmezinden öňki döwürdäki ýalydy.

Olar bäş minut çemesi dymyşyp oturdylar. Soňra jenap Fog Auda hanyma gabagyny galdyrdy-da:

— Hanym, sizi Angliýa äkelenim üçin günämi ötermikäňiz? — diýdi.

— Men siziň günäňizi ötmelimi? Jenap Fog, men... — diýip, ýaş gelin dilini peltekledip gürledi. Onuň ýüregi gürs-gürs edip urýardy.

— Sözümi soňlamaga ejaza beriň. — diýip, jenap Fog dowam etdi. — Sizi özüňiz üçin howply ýurtdan alyp gaýdamda men baýdym, baýlygymyňam belli bir bölegini siziň ygtyýaryňyza bermekçidim. Siz erkin hem bagtyýar durmuşda ýaşardyňyz. Indi bolsa men tozdum.

— Jenap Fog, men muny bilýärin. — diýip, ýaş zenan jogap berdi.

— Menem sizden yzyňyza düşüp gaýdanymy bagyşlamagyňyzy haýyş edýärin. Siziň tozmagyňyza meniň sebäp bolan bolmagymam ahmal, kim bilýä?

— Hanym, size Hindistanda galmak bolanokdy, siz ol dindarlaryň eline düşmezligiňiz üçin olardan mümkin boldugyça daşraga gitmegiňiz gerekdi.

— Diýmek jenap Fog, — diýip, Auda hanym sözüni dowam etdi. — Siz meni elhenç ölümden halas etmek bilen çäklenmän, ýat ülkede meniň bolelin ýaşamagymy üpjün etmäge hem özüňizi borçly hasap edýän ekeniňiz-dä?

— Hawa, hanym. — diýip, jenap Fog sowuk jogap berdi. — Ýöne meňki ugruna bolmady. Her niçigem bolsa men özümde galan az-owlak zadymy siziň ygtyýaryňyza bermäge rugsat etmegiňizi haýyş edýärin.

— Jenap Fog, siziň özüňiz näme işlejek? — diýip, Auda hanym sorady.

— Hanym, maňa hiç zat gerek däl. — diýip, jenap sowuk jogap berdi.

— Siz öz geljegiňize nähili garaýarsyňyz?

— Bolmalysy ýaly garaýan. — diýip, jenap Fog jogap berdi.

— Her näme diýseňizem, siz ýaly adam mätäçlik çekmez. Siziň dostlaryňyz...

— Hanym, mende dost ýok.

— Siziň dogan-garyndaşlaryňyz...

— Mende doganam ýok, garyndaşam.

— Oň ýaly bolsa meniň size gaty haýpym gelýär, çünki ýalňyzlyk ýaly ýowuz dert ýokdur! Ýöne o nähili beýle bolýar! Dogrudanam, öz hasratyňyzy paýlaşar ýaly siziň hiç kimiňiz ýokmy? Ýalňyzdan Taňry bizar diýipdirler. Jübüte ýoksullygam kär etmezmiş!

— Hawa, hanym, o gürrüňleri menem eşidipdim.

— Jenap Fog. — diýip, ýaş zenan ýerinden turdy-da, oňa elini uzatdy. — Size birbada doganam, garyndaşam, dostam boljak adam bar. Meniň siziň ýanýoldaşyňyz bolmagymy isleýärsiňizmi?

Bu sözleri eşidip, jenap Fog hem ýerinden turdy. Onuň

didelerinde özüne mahsus bolmadyk mähir göründi, dodaklary hem tibirdeýän ýaly boldy. Auda hanym oňa dykgat bilen nazaryny dikdi. Asylly zenanyň öz kalbyndakyny gönüläp, akýüreklilik bilen aýtmagy, özüniň ömrylla borçly bolan adamsyny halas etmek üçin hemme zada kaýyl bolan ýaş gelniň dogumlylygy hem-de mähirliligi ilkibada ony haýran galdyrdy, soňam kalbyndaky inçe duýgulary gozgalaňa saldy.

Ol göýä onuň nazarynyň öz gözleriniň içinden geçip, kalbynyň jümmüşine göz aýlamagyndan çekinýän ýaly, onuň nazaryna döz gelip bilmän bir pursatlyk gözlerini ýumdy... Soňra gözlerini açdy-da:

— Men sizi söýýärin! — diýdi. — Zemindäki ähli mukaddesliklerden ant içýän, men sizi söýýärin, men ähli durkum bilen size bagly.

— Waý, gowudygyny. — diýip, Auda hanym elini ýüregine goýup gygyrdy.

Jenap Fog Paspartuny çagyrdy. Ol şobada häzir boldy. Fileas Fog Auda hanymyň ellerini eline alyp durdy. Paspartu hemme zada düşündi. Onuň ýüzüne yssy ýurtlarda Güneşiň süýr günortan şöhle saçyşy deýin, nur kuýaş çaýyldy. Jenap Fog ondan «Merile Bon buthanasyndan keramatly ata Semýuel Uilsona duýdurylsa giç bolaýarmyka?» diýip sorady.

Paspartu mähirli ýylgyryp:

— Heýem bir giç bolarmy? — diýdi.

Sagat dokuzdan bäş minut işleýärdi.

— Onda, ertir duşenbe günündemi! — diýip, Paspartu takyklady.

— Ertir duşenbe güni nähili bolýar? — diýip, jenap Fog ýaş zenana bakyp sorady.

— Hawa, ertir duşenbe güni! — diýip, Auda hanym jogap berdi.

Paspartu atylyp öýden çykdy.

# OTUZ ALTYNJY BAŞ

*Bu başda Fileas Fog ýene-de birža gymmatlygyna öwrülýär.*

Indi, hakyky ogry Jeýms Strendiň ele salynanlygy barada habar ýaýransoň, Birleşen patyşalykda jemgyýetçilik pikirinde nähili öwrülişik bolanlygy barada aýtmagyň wagty geldi. Ogry 17-nji dekabrda Edinburgda ele düşüpdi.

Mundan üç gün ozal Fileas Fog polisiýa tarapyndan gözlenýän jenaýatçy hasaplanylýardy, indi bolsa ol özüniň Ýeriň daş-töweregine geň-enaýy syýahatyny örän takyklyk bilen amala aşyrýan ak ýürekli jenaba öwrüldi.

Gazetlerde baý şowhun turuzdylar-a! Jenap Foguň «tarapyna» ýa «garşysyna» el urulyp, soňam ýatdan çykarylan ähli jedeller jadylanan ýaly bolup, ýene ör boýuna galdy. Ozalky goýulan pul goýumlary ýene-de öňki güýjüni saklaýar diýlip hasap edildi. Öňküden iki esse gyzgalaň bilen täzeden jedel baglaşyldy. Fileas Foga ýene biržada nyrh kesip başladylar.

Biziň jenabymyzyň Özgertmeler klubundaky bäş sany kärdeşi soňky üç güni gaty aladaly geçirdiler. Fileas Fog olaryň ýadyndan çykaňkyrlapdy. Al saňa gerek bolsa! Ol ýene ýagty jahanda peýda bolýar! Indi ol niredekä? 17-nji dekabrda Jeýms Strendiň tussag edilen güni, Fileas Foguň Londondan çykanyna ýetmiş alty gün bolupdy, ondanam habar-hatyr ýokdy! Ol şowsuzlyga sezewar boldumyka? Göreşmegini bes etdimikä ýa-da henizem öz saýlan ýoly bilen eňip barýarmyka? Şenbe güni, 21-nji dekabrda laýyk sekiz sagat kyrk bäş minutda, takyklygyň alamaty ýaly bolup, ol Özgertmeler klubunyň işiginden içeri giräýermikä?

Bu üç günüň dowamynda iňlis jemgyýetiniň çyrpynyşyny dagy diýsene, asyl ony ýazyp beýan eder ýaly däl. Amerika, Aziýa Fileas Fogy yzlap, habar bary ýollandy. Her gün säher bilen, agşamara Sewil Roudaky jaýy barlamaga-da gitdiler. Netije bolmady... Polisiýanyň özem ýalňyş ugur boýunça barýan aňtawçysyna, Fikse näme bolanyny bilenokdy. Ýöne bu zatlar halaýygyň öňküdenem has köp pul goýup jedel etmeklerine birjik-de päsgel bermeýärdi. Fileas

Fog aýlawa goşulan bedew ýaly soňky öwrümden aýlanypdy. Indi onuň garşysyna, bire ýüzden goýanokdylar-da, ýigrimiden, ondan, bäşden goýýardylar. Ysmaz keseline uçran garry lord Olbermeýl bolsa deň şertde jedel edýärdi.

Şeýlelikde, şenbe güni Pel Melde hem-de onuň ýakynyndaky köçelerde mähelle bary ýygnandy. Dellallaryň giden bir topary Özgertmeler klubunyň binasynyň ýanyndan aýrylmaýardy. Ýol boýunça hereket etmegem kynlaşypdy. Hemme ýerde jedelleşýärdiler, gygyryşýardylar. Biržalarda iňlis gymmatlyklarynyň nyrhyny aýdyşlary ýaly edip, «Fileas Foguň» nyrhyny yglan edýärdiler. Polisiýa gullukçylary mähelläni zordan saklaýardy. Fileas Foguň dolanyp gelmeli wagty golaýlaşdygysaýy mähelläň galagoplugy ýetjek derejesine ýetdi.

Bu agşam biziň jenabymyzyň jedelleşen ýoldaşlarynyň bäşisem agşam dokuz bolmagyndan kän ozal Özgermeler klubunyň uly otagynda jemlendiler. Iki bankçy Jon Selliwan bilen Semýuel Fallentin, inžener Endrýu Stýuart, Angliýa bankynyň dolandyryjylarynyň biri Gotýe Ralf hem-de piwo gaýnadyjy Tomas Flenagan dagy sabyrsyzlyk bilen garaşýardylar.

Diwar sagadynyň dilleri dokuzdan ýigrimi bäş minut işlände Endrýu Stýuart ýerinden turdy-da:

— Jenaplar, ýene ýigrimi minutdan Jenap Fog bilen belleşilen möhletimiz bolar. — diýdi.

— Liwerpuldan iň soňky otly haçan geldi? — diýip, Tomas Flenagan sorady.

— Ýedi sagat ýigrimi üç minutda. — diýip, Gotýe Ralf jogap berdi. — Indiki otly bolsa gije birden on minut işlände geler.

— Ynha şeýle, jenaplar. — diýip, Endrýu Stýuart sözüni dowam etdi. — Eger-de, Fileas Fog soňky otly bilen gelen bolsa bireýýäm bärde bolardy. Biz jedelde utduk diýip aýdyp bileris.

— Garaşalyň. Wagtyndan öň netije çykarmalyň. — diýip, Semýuel Fallentin garşy çykdy. — Ýoldaşymyzyň üýtgeşik birtöwra adamdygyny hemmäňiz bilýärsiňiz ahbeti. Onuň gaty takyklygy gowy görýändigi hem öňýetene mälim. Ol hiç mahal wagtyndan kän

bir öňem gelmez, beýlebir gijä hem galmaz. Men-ä ol bärik iň soňky minutda geläýse-de birjik-de geňirgenmeýän.

— Men-ä ony bärde görsemem gözüme ynanman. — diýip, Endrýu Stýuart hemişekileri ýaly gyzmalyk bilen jogap berdi.

— Hakykatdanam, Fileas Foguň ýüregine düwen işi juda ýeňilkellelik bolýar. — diýip, Tomas Flenagan gürrüňe goşuldy. — Ol her näçe hasabyna jür bolanda-da, şeýle uzak syýahatyň dowamynda, o diýer, bu diýer, garaz eglenmeli bolar, asyl gitjek ýeri bolmaz. Onsoň iki-üç gün eglendigem, wessalam iş tamam, onuň işi pyrryk.

— Ýeri gelende ýene bir zady bellemek gerek, bize şu mahala çenli jenap Fogdan hiç hili habar-hatyr gowuşmady. — diýip, Jon Selliwan aýdylanlaryň üstüni ýetirdi. — Ýogsam däninim, onuň ýol ugrunda telegraf gyt däl ahbeti.

— Jenaplar, ol bu jedelde utdurdy. — diýip, Endrýu Stýuart tekrarlady. — Ýöne-möne-de däl, jüllikgötin utuldy! Onsoň, özüňizem bilýäňiz, Nýu-Ýorkdan Liwerpula wagtynda gelmek üçin, ol diňe «Hytaý» gämisine münäýmeli, onuň başga alajy ýok. Ol gämem düýn geldi. Ynha, «Şipping-gazetde» «Hytaý» gämisiniň ýolagçylarynyň sanawyny çap edipdirler. Ol sanawda hem Fileas Foguň ady ýok. Ol şu mahal Amerikada bolsa zor boldugy! Meniň pikirimçe ol bellenilen möhletden bolmanda ýigrimi gün dagy gijä galyp geler. Goja lord Olbermeýliňem bäş müň funty ýele sowrular.

— Bu görnüp duran zat-la — diýip, Gotýe Ralf hem onuň bilen ylalaşdy. — Ertir bize doganlar Beringleriň bankyna baryp, jenap Foguň hasap resminamasyny görkezäýmek galýar.

Jaýyň diwar sagady bu mahal sekiz sagat kyrk minudy görkezýärdi.

— Ýene bäş minut galdy. — diýip, Endrýu Stýuart seslendi.

Özgermeler klubunyň agzalarynyň bäşisem biri-birine garanjaklaşdylar. Olaryň ýürekleri böküp duran bolarly, çünki köpi gören jedelkeşler üçinem munça goýum az-küş pul däldi! Ýöne olar ýürekleriniň gürsüldäp urýanyny biri-birine bildirmejek bolup, özlerine basalyk berýärdiler. Şonuň üçinem Semýuel Fallentin kart

oýnamagy teklip eden badyna, olar stoluň başyna geçdiler.

— Eger-de meniň dört müň funtyma derek, maňa üç müň dokuz ýüz togsan dokuz funt berjek diýselerem, men-ä jedeldäki paýymy kişä berjek gümanym ýok. — diýip, Endrýu Stýuart tekrarlady.

Sagadyň dilleri sekiz sagat kyrk iki minudy görkezdi. Oýunçylar eline kart alsalaram, olaryň oýun bilen seri ýokdy. Olar zol-zol sagada seredýärdiler. Olaryň utjakdyklaryna ynamy näçe uly bolsa-da, olaryň ömründe hiç haçan wagt beýle haýal geçmändi!..

— Sekiz sagat kyrk dört minut! — diýip, Tomas Flenagan Gotýe Ralfyň özüne uzadan kart dessesini kesip durşuna aýtdy.

Hemmeler bir minut çemesi dymyşyp oturdylar. Giň otagyň içine ümsümlik aralaşdy, ýöne daşardan mähelläň goh-galmagaly gelýärdi. Gowurdynyň arasynda mahal-mahal çirkin sesli gykylyklaram gulaga ilýärdi. Diwar sagady takyklyk bilen şykgyldap sekuntlary sanaýardy. Sagadyň sesi her oýunçynyň gulagynda aýdyň ýaňlanyp durdy. Olaryň her biri içinden sekuntlaryň şykgyldysyny sanaýardy.

— Sekiz sagat kyrk dört minut! — diýip, Jon Selliwan seslendi. Onuň sesiniň biygtyýar sandyraýandygy duýulýardy.

Ýene bir minutdan bu oýunçylar uly utuşa eýe bolýardylar. Endrýu Stýuart hem-de onuň ýoldaşlary kartlary stoluň üstüne taşlap, oýnamaklaryny bes etdiler. Indi olar sekuntlary sanaýardylar.

Kyrkynjy sekunt — üýtgeşiklik ýok! Ellinji sekunt — henzem üýtgeşiklik ýok!

Elli bäşinji sekuntda köçeden gök gümmürdeýän ýaly gowurdy eşidildi, el çarpyşmalary, «Ura» diýip gygyryşýan sesler, hatda paýyş sözlerem gulaga ilýärdi. Olaryň hemmesi garyşyp köçe üznüksiz güwwüldäp durdy.

Oýunçylar ýerlerinden galdylar.

Elli ýedinji sekuntda otagyň gapysy açyldy, sagadyň dili altmyşynjy sekunda baryp ýetişmänkä, işikde Fileas Fog peýda boldy. Dälilik hetdine ýeten mähelle-de onuň yzy bilen güpürdäp, kluba girdi.

— Ynha, men jenaplar! — diýip, ol parahatlyk bilen seslendi.

# OTUZ ÝEDINJI BAŞ

*Bu başda Fileas Foguň ýeriň daş-töweregine syýahat etmek bilen bagtdan başga utan zadynyň ýoklugy subut edilýär.*

Hawa! Bu Fileas Foguň hakyt özüdi.

Biziň syýahatçylarymyz Londona gelenlerinden soňra, takmynan bir gije-gündiz geçensoň, agşam sekiz sagat bäş minutda, Paspartuwyň keramatly ata Semýuel Uilsona ertesi gün nika gyýmalydygyny duýdurmaga ugradylany, megerem okyjynyň ýadyndadyr.

Paspartu bu tabşyrygy ýerine ýetirmäge keýpihonlyk bilen ugrady. Ol keramatly ata Semýuel Uilsonyň öýüne ýüwrüp gitse-de ony ol ýerden tapmady. Elbetde, Paspartu garaşmaly boldy. Onsoň ol tutuş ýigrimi minutlap oňa garaşdy.

Gepiň gysgasy sekiz sagat otuz bäş minutda ol keramatly atanyň öýünden çykdy. Ýöne nähili ýagdaýda çykdy! Başy açyk, saçy buýr-bulaşyk, özem aldyrany bar ýaly şeýlebir ylgaýardy welin, şol köçede henize bu güne çenli oň ýaly ylgan ýokdur. Ýanýodadan tüweleý turuzyp ylgap barşyna, ol öňünden çykan ötegçileri süsüp, ommaldyp goýberýärdi.

Üç minut geçip-geçmänkä, ol Sewil Rou köçesindäki öýlerine geldi-de, demi-demine ýetmän jenap Foguň otagyna kürsäp girdi.

Soňam dili tutulyp, bir agyzam gepläp bilmän dur.

— Näme boldy? — diýip, jenap Fog ondan sorady.

— Jenap... —diýip, Paspartu bazzyk-buzzuk etdi. — nik... nika... b-bol-lanok-k...

— O nähili bolanok?

— H-hawwa... ertir bolanok.

— Näme üçin?

— Sebäbi ertir... ýek-ýekşenbe!

— Ertir duşenbe, —diýip jenap Fog onuň bilen ylalaşmady.

— Ýo-ýo-ok... şuş-şu gün... şenbe.

— Şenbe diýýäňmi? Haky ýok!

— Hawa, hawa, hawa! — diýip, Paspartu bogazyna sygdygyndan

gygyrdy. — Siz bir gün ýalňyşypsyňyz! Biz ýigrimi dört sagat ir gelipdiris... Ýöne indi biziň bary-ýogy on minudymyz galdy!..

Paspartu öz hojaýynynyň ezeneginden tutup, ony öz yzy bilen süýräp, hasyr-husur köçä çykardy. Fileas Fog hem gökden düşen ýaly bolup zada düşünmän, hyzmatkäriniň yzyndan itenek-çomanak bolup, köçä çykyşyna derrew paýtun saklap üstüne özüni oklady. Onsoň, olar arabekeşe ýüz funt tölemegi wada berip, ýolugrunada iki sany itiň üstünden basyp, ýene bäş sany paýtunam çalarak sydyrdyp, Özgertmeler klubuna geldiler.

Ol klubuň uly otagyna girende diwar sagady laýyk sekiz sagat kyrk bäş minudy görkezýärdi...

Fileas Fog segsen günde ýeriň daş-töweregine syýahat etdi...

Fileas Fog jedel edip, ýigrimi müň funt sterling utdy...

Ýöne şeýle hasabyna jür, şeýle hatyrjem adam nädip bir gije-gündiz wagt ýalňyşdyka? Nädip ol, syýahata ugranyna bary-ýogy ýetmiş dokuz gün bolanda, Londona 20-nji dekabrda anna güni gelen bolsa-da, 21-nji dekabrda şenbe güni gelendirin öýtdikä?

Ynha, onuň ýalňyşmagynyň sebäbi. Özem gaty ýönekeý.

Fileas Fog her güni depderine bellese-de, özi bilmezden bir gije-gündizi utdy. Çünki, ol ýeriň daş-töweregine aýlananda diňe Gündogara tarap gitdi. Eger-de, ol syýahat edende, tersine, ýagny Günbatar ugra tarap hereket edäýenliginde-de bir gije-gündizi ýitirerdi.

Dogrudanam, Fileas Fog Gündogar tarapa hereket etmek bilen mydama Güne tarap gitdi, netijede bu ugur boýunça onuň geçen her gradusynda gije-gündiziň uzaklygy dört minut gysgaldy. Ýeriň daş-töweregi üç ýüz altmyş gradusa bölünýänligi üçin, şol üç ýüz altmyş gradusy dört minuta köpeltsek, onda laýyk ýigrimi dört sagady, Fileas Foguň özi bilmezden utan ýigrimi dört sagadyny alaýarys. Başgaça aýtsak, Fileas Fog Gündogara tarap gitmek bilen günüň meridianyň üstünden geçenini segsen sapar gördi. Onuň Londonda galan ýoldaşlary bolsa günüň dogup-ýaşmasyny ýetmiş dokuz gezek gördüler. Ana, şonuň üçinem hut şol gün, ýagny Fileas Foguň pikir edişi ýaly ýekşenbe güni däl-de, şenbe güni olar Özgertmeler

klubunda oňa garaşdylar.

Ýadyňyzda bolsa Paspartu, syýahatyň dowamynda öz meşhur sagadynyň dilini süýşürmändi, şonuň üçinem onuň sagady elmydama London wagtyny görkezýärdi. Ana, şol Paspartunyň atasyndan galan sagady, sagat bilen minutdan başga, güni hem görkezýän bolsady, onda bu ajaýyp sagat bu ýagdaýy hem hasaba alardy.

Şeýlelikde, Fileas Fog ýigrimi müň funt sterling utdy. Ýöne ol ýolda on dokuz müň funt töweregi sowansoň, jedelden pul babatynda gören peýdasy beýle bir uly bolmady. Ýöne öň aýdyşymyz ýaly, biziň bu täkmekli pyýadamyz pul diýip ölüp-öçübem baranokdy. Ol bu jedeli bäsleşik hökmünde kabul edipdi. Ol utuşdan galan müň funty Paspartu bilen görgüsiýaman Fikse paýlap berdi. Polisiýa gözegçisine gaharlanmaga onuň ýüregi etmeýärdi. Dogry, ol hasabyna şeýle jür bolansoň Paspartunyň paýyndan, onuň günäsi bilen bir müň dokuz ýüz ýigrimi sagatlap ýanyp duran gazyň nyrhyny tutdy.

Şol gün agşam hemişekileri ýaly parahat hem-de deryýa ýaly giň jenap Fog:

— Hanym, siz henizem meniň bilen nikalaşmaga razymy? — diýip, Auda hanyma ýüzlendi.

— Jenap Fog, indi men sizden şeý diýip soramalykam diýýän. — diýip Auda hanym jogap berdi. — Siz tozupdyňyz, indem öňkiňiz ýaly ýene-de baýadyňyz...

— Bagyşlaň hanym, bu baýlyk maňa däl-de size degişli. Eger-de, siziň kelläňize nika barada pikir gelmedik bolsa, meniň hyzmatkärim hem keramatly ata Semýuel Uilsonyň ýanyna gitmezdi. Ýalňyşanlygymy hem hiç kim maňa habar bermezdi hem-de...

— Gadyrly jenap Fog... — diýip, ýaş zenan seslendi.

— Gadyrly Auda... — diýip, Fileas Fog oňa jogap berdi.

Elbetde, şondan kyrk sekiz sagat geçensoň, olaryň durmuş toýy boldy. Paspartu bezenip-beslenip, buýsanç bilen, gelin tarapyndan şaýat boldy. Bolmanam, ony ölümden halas edensoň, ol şeýle hormata mynasypdyr ahyry?

Ertesi gün irden, Paspartu öz hojaýynynyň gapysyny batly kakdy.

Gapy açyldy hem-de äwmezek jenap işikde peýda boldy.

— Näme boldy, Paspartu? — diýip, ol sorady.

— Näme boldy diýýäňizmi? Jenap, ynha şu mahal meniň kelläme bir pikir geldi...

— Nähili pikir?

— Biz ýeriň daş-töweregine syýahaty bary-ýogy ýetmiş sekiz günde hem amala aşyryp biljek ekenik.

— Elbetde, Hindistandan geçmedik bolsak. — diýip, Fileas Fog jogap berdi. — Ýöne men Hindistana barmadyk bolsam, Auda hanymy halas edip bilmezdim, olam meniň gelnim bolmazdy, onsoň...

Şeý diýdi-de, jenap Fog parahatlyk bilen gapyny ýapdy.

Şeýlelikde, Fileas Fog jedelde utdy. Ol segsen günde ýeriň daş-töweregine aýlanyp çykdy! Ol munuň üçin ähli ulag serişdelerini gämileri, otlylary, arabalary, gaýyklary, söwda gämilerini, gar arabasyny, hat-da pilem ulandy. Bu üýtgeşik adam syýahat mahalynda ajaýyp häsiýetlerini — hasaba jürlügini, sowukganlylygyny görkezdi. Hawa, indi näme? Özüniň bu täsin syýahatynyň netijesinde ol näme utdy? Özüne näme gazandy?

Birentek adam «hiç zadam gazananok» diýer. Hawa, eger-de onuň perizat ýaly owadan gelnini hasap etmeseň, başga hiç zadam gazananok. Size ýalan, maňa çyn, gelni ony dünýäde iň bagtyýar adama öwürdi!

Diňe şoň özem Ýeriň daş-töweregine aýlananyňa degýär ahbeti!

*1873*

# Mazmuny

Birinji baş....................................................................5
Ikinji baş....................................................................10
Üçünji baş....................................................................14
Dördünji baş....................................................................22
Bäşinji baş....................................................................26
Altynjy baş....................................................................29
Ýedinji baş....................................................................34
Sekizinji baş....................................................................37
Dokuzynjy baş....................................................................41
Onunjy baş....................................................................48
On birinji baş....................................................................53
On ikinji baş....................................................................62
On üçünji baş....................................................................70
On dördünji baş....................................................................77
On bäşinji baş....................................................................84
On altynjy baş....................................................................91
On ýedinji baş....................................................................97
On sekizinji baş....................................................................104
On dokuzynjy baş....................................................................109
Ýigriminji baş....................................................................117
Ýigrimi birinji baş....................................................................124
Ýigrimi ikinji baş....................................................................133
Ýigrimi üçünji baş....................................................................141
Ýigrimi dördünji baş....................................................................149
Ýigrimi bäşinji baş....................................................................155
Ýigrimi altynjy baş....................................................................163
Ýigrimi ýedinji baş....................................................................169

Ýigrimi sekizinji baş...........................................................175
Ýigrimi dokuzynjy baş.........................................................184
Otuzynjy baş.......................................................................192
Otuz birinji baş....................................................................199
Otuz ikinji baş......................................................................206
Otuz üçünji baş....................................................................211
Otuz dördünji baş.................................................................220
Otuz bäşinji baş....................................................................223
Otuz altynjy baş....................................................................229
Otuz ýedinji baş....................................................................233